**T.Baýarow, I. Jumagulyýew**

# Filosofiýa

**Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi**

**AŞGABAT**
**TOHU – 2010**

**BBK 15 (575.4)**

**T. Baýarow, I. Jumagulyýew Filosofiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. Aşgabat. TOHU. 2010 ý.

Filosofiýa dersiniň maksady talyplara we bu ders bilen gyzyklanýanlara dünýäniň wakalarynyň we hadysalarynyň ösüşiniň umumy kanunlaryny öwretmek bilen birlikde biziň täze Galkynyş eýýamymyzy gurujy, döredíji adamlara akyl ýetiriş prosesiniň özüniň umumy kanunlary baradaky hakykylygy açmagyň ýollary we formalary baradaky taglymat bilen ýaraglandyrmak.

Okuw kitap Filosofiýa dersiniň maksatnamasyndan ugur alnyp, häzirki döwrüň talaplaryndan hem-de Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň görkezmelerine, çykyşlaryna, we ýazan eserlerine esaslanyp ýazyldy. Bu synag okuw kitabynyň 1,2,3,4,5,7,9,10,12-nji temalaryny filosofiýa ylymlarynyň kandidaty I. Jumagulyýew, 6,8,11,13-nji temalary bolsa filosofiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent T. Baýarow tarapyndan ýazyldy.

**© S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti.**

**Aşgabat 2010.**

## Umumy bölüm

Ýokary okuw mekdeplerinde geçilýän filosofiýa dersi umumy bilim berýän dersdir. Bu dersde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda täze döwrüň filosofiýasy dünýäniň wakalarynyň we hadysalarynyň ösüşiniň umumy kanunlaryny öwrenip, bu kanunalaýyklygy diňe bir ylmy hakykatyň üsti bilen däl-de, eýsem gymmatlyklaryň üsti bilen açyp görkezmeklige uly üns berýär. Gymmatlyk adamyň diňe bir islegini ýa-da zerurlygyny kanagatlandyrýan zat bolman, eýsem onuň üçin oňaýly ýa-da oňaýsyz mana eýe bolýan ýörelge, gözükme we ynanç bolup biler. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ýurdy galkyndyrmaklyk we döwrebaplaşdyrmak syýasaty hünärmenleriň, ýolbasçy kadrlaryň filosofiki medeniýetini ýokarlandyrmagy talap edýär. Onuň üçin bolsa, hormatly Prezidentimiziň ylmy döredijiligini açyp görkezýän ähli kitaplarynyň, makalalarynyň, çykyşlarynyň, şol sanda “ösüşiň täze belentliklerine tarap”atly saýlanan eserleriniň birinji we ikinji tomlarynyň ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan filosofiýa dersinde öz beýanyny tapmaklygy gerek. Ýokary okuw mekdeplerinde filosofiýa dersiniň girizilmegi şu wajyp işiň başlangyjy bolýar. Bu başlangyjyň doly amal edilmegi geljekki hünärmenleriň, ähli işewirleriň biziň täze galkynyş eýýamymyzy gurujy, döredijі adamlary bolup ýetişmeklerine, olaryň netijeli iş alyp barmaklaryna we olaryň dünýägaraýşynyň artmagyna hem-de pikirlenmek we döretmek ukybynyň ýokarlanmagyna gerek bolan ylmy, ruhy esas döreder. “Filosofiýa” dersiniň ýokary okuw mekdeplerinde öwrenilmeginiň ähmiýeti örän uly. “Filosofiýa” kursy ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan beýleki okuw dersleri bilen arabaglanyşykda okadylyp, umuman dersiň bitewi dünýägaraýyş hökmünde kabul edilmegine gerek bolan paýhas esaslaryny döredýär.

Filosofiýa synag okuw kitaby Filosofiýa dersiniň okuw maksatnamasy esasynda ýazyldy. Bu okuw kitap Filosofiýa dersini okaýan talyplar we bu ders bilen gyzyklanýanlar üçin

niýetlenildi. Okuw kitap ýazylanda Türkmenistanda we Russiýada soňky ýyllarda çap edilen okuw kitaplary ulanyldy.

## Filosofiýa we onuň jemgyýetiň hem-de adamyň ýaşaýyş durmuşyndaky orny we ähmiýeti.

**Filosofiýanyň predmeti we onuň ylmy bilimler sistemasyndaky orny.** Häzirki döwürde adamzat dünýädäki bolýan wakalaryň, hadysalaryň, üýtgemeleriň, çalt – çalyşýan, ösýän döwründe ýaşaýar. Gysga döwrüň içinde bütin dünýäde ykdysadyýetde, syýasatda, medenýetde, ylym we tehnikada uly üstünlikler gazanyldy. Bu üstünliklerde adamyň roly barmy? Adam bilen barlygyň gatnaşygy nähili? Häzirki dünýäde adamyň tutýan orny nähili? Adamyň ýaşaýşynyň manysy we gymmaty nämeden durýar? Adamzadyň geljegi nähili we şuňa meňzeş diýen soraglar adamzady gyzyklandyrýar. Bu soraglara ylymda, tehnikada jogap berip bilmeýär. Ýokardaky soraglaryň jogabyny diňe filosofiýa ylmy doly jogabyny berip bilýär.

Filosofiýanyň manysy akyl ýetirmeklik we hakykadyň gözlegini aňladýar. “Filosofiýa” düşünjesi grek sözünden bolup türkmençe öwrende parasatlylygy söýmek, başgaça aýdanda paýhasa bolan söýgi diýen manyny aňladýar. Pilosofiýa sözüni ilkinji bolup Pifagor (b.e. öňki VI asyryň aýagy – V asyryň başy) ulanypdyr. Şol döwürden başlap filosofiýa ylmy döräpdir we başga ylymlary hem öz içine alypdyr.

Filosofiýa düşünjesini düşündirmek üçin gadym döwrüň filosoflary “Paýhas näme?” diýen soraga jogap berjek bolup çalyşypdyrlar.

Ýaşaýyş täsin, ol ýaryş meýdanyna meňzeýär: käbirleri oňa ýaryşmaklyk üçin gelýärler, başgalar-söwda etmeklige, iň bagtyýarlary bolsa-seretmeklige; durmuşda hem şonuň ýaly bir entegi, gullar kimin, şöhrata we gazanja gysganç bolup dogýarlar, filosoflar bolsa olardan tapawutlylykda diňe hakykada mätäç bolýarlar – diýip grek filosofy Pifagor belläp geçýär. Onuň pikiriçe filosofiýanyň, diýmek paýhasyň hem

manysyny hakykaty gözlemekden görýär. Gadymy grek filosofy Geraklit takmyndan b.e. öňki 520–460-njy ýyllar) hem bu pikiri goldapdyr.

Sofistler (grekçe sophists – ussa, suratçy) diýen filosofiki akymlaryň wekilleri bu pikir bilen ylalaşman, olar paýhasa hakykaty gözlemek diýip düşünmän, paýhas, olaryň pikiriçe, her kimiň öz dogry we peýdaly diýen zadyny subut edip bilmeklige düşünüpdirler. Onuň üçin bolsa ähli usullary, hatda dürli hili hilegerligi we mekirligi hem ulanyp, ýalan delilleri, esaslary we düşünjeleri çalyşmaklyga daýanýar.

Meşhur grek filosofy, akyldary Platon (b.e. öňki 428-427-347-nji ýyllar) filosofiýanyň wezipesini baky we gutarnykly hakykylyklara akyl ýetirmeklikde görüp, bu wezipäni diňe dogulandan paýhas ukybyna eýe bolan adamlar başarýarlar diýip belläpdir.

Grek filosofy Aristotel (b.e.öňki 384-322-nji ýyllar) filosofiýanyň wezipesi dünýäniň özündäki ähli umumylyga akyl ýetirmek, onuň predmeti bolsa barlygyň başlangyçlary we sebäpleri bolup, filosofiýa ýeketäk özüne gerekli ylym bolup, "bilimiň we düşünmäniň bilime we düşünme" gerekligini ýüze çykarýar diýip öz pikirini öňe sürýär.

Biziň döwrümizde filosofiýanyň wezipesine dürli hili garaýarlar. Häzirki filosoflaryň köpüsi ony dünýä akyl ýetirmekligiň çäginden daşary çykarýarlar. "Filosofiýa özüniň akyl ýetirmekliginiň içki baglanşygyny dünýäde däl-de adamdan gözlemeli" diýip XX asyryň başynda nemes alymy W. Dilteý (1833 – 1911 ) aýdyp geçipdir. Fransuz filosofy A. Kamyu (1913 – 60) filosofiýa adamyň öz şahsy meselelerini çözmekligiň görnüşi hökmünde garaýar: "Ýaşaýşyň, onuň çylşyrymly ýolundan geçmeklige mynasyplygyny çözmeklik filosofiýanyň iň düýpli meselesi. Galanlary bolsa – dünýäniň üç ölçegi barmy, paýhas dokuz ýa-da on ölçegden ugur alýarmy – ikinji derejeli meseleler. "köp filosoflar filosofiýany sungat diýip düşünýärler. Ispan filosofy M. Unamuno (1864 – 1936 ) " ... filosofiýa ylymdan şygyrýete has ýakyn Haýsy hem bolsa bir döwürde takyk

ylymlaryň gazananlaryny soňuna çenli jemleýän görnüşde oýlanylan ähli filosofiki ulgamlar awtoryň bar ruhy duýgularynyň doly aňladylmasy bolan ulgamlardan has az manyly görünýärler” diýip belleýär.

Adamzadyň ruhy durmyşynda filosofiýanyň tutýan ornuna bolan garaýyşlaryň şeýle giňligi – dünýäniň başlangyçlaryna göz ýetirmeklik ukybyndan adamyň öz-özüni aňlamaklyk mümkinçiligine çenli-onuň adamyň ruhy hereketiniň ähli görnüşleri – ylym, sungat, ahlak, din bilen baglanyşygyny aýdyňlaşdyrmaklygy gerekligine şaýatlyk edýär. Şol bir wagtda ýokarda getirilen dürli pikirlerde hem belli bir umumylygyň barlygyny görse bolýar. Filosofiýa adamyň bähbitleri bilen baglanşykly meselelere garaýar, emma ol ýöntem gereklilikden ýokary galýar. Adamyň ýaşaýşynyň manysy baradaky meseläni çözende, filosofiýa ony asla ýaşaýşyň manysynyň meselesi hökmünde çözýär, ýagny filosofiýa ähliumumy, hemme zatlara gerekli jogaplary tapmaklyga çalyşýar.

Filosofiýa ylmynyň özboluşlylygyna köp filosofiki taglymatlary özleşdirmek, öz şahsy filosofiki medeniýetine eýe bolmak bilen göz ýetirse bolýar. Ýöne filosofiýanyň ýoluna filosofiýanyň başlangyç kesgitlemesine eýe bolmazdan düşünip bolmaýar. Has umumy manyda filosofiýanyň predmeti adamyň we dünýäniň özara täsiriniň ähliumumy şekilleri barada bolan nazaryýet işiň aýratyn görnüşi bolup, dünýä filosofik akyl ýetirilişe aýdylýar.

Filosofiýanyň we ylmyň özara gatnaşygy ýörite ylymlara degişlilikde filosofiýanyň taglymat hyzmatlarynda ýüze çykýar. Mysal hökmünde takyk ylymlarda esasy zweno bolup durýan atomistikany görkezmek bolýar. Atomistik ideýasy ilki gadymy dünýäniň filosofik sistemasynda döredi, soňra dürli filosofiýa mekdeplerinde ösdürildi. Bu proses takyk ylymlar we tehnika ýeterlik derejä ýetmänkä, takyk ylmy faktyň filosofik häsiýetini öňünden aýtma (öňden görme) öwrenmek üçin bolan wagta çenli dowam etdi.

Umumy aýdanda filosofiýa adamyň daşky gurşaw (dünýä) bilen umumy gatnaşygyny öwrenmek bilen tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşindäki ähliumumy baglanyşyklary we kanunlary açyp görkezýän we öwrenýän ylym.

Filosofiýa beýleki hususy ylymlar bilen hem ýakyn baglanşykda. Hususy ylymlar tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüş we üýtgeýiş kanunlaryny öwrenýän bolsa, filosofiýa hususy ylymlaryň gazanan netijelerini ulanyp umumy netije çykarýar we olara metod, (usyl) metodologiýa (usulyýet) bolup hyzmat edýär.

**Filosofiýa we dünýägaraýyş.** Her bir filosofiýa dünýägaraýyş bolup, ol dünýägaraýşyň teoretiki (nazaryýet) özeni hökmünde çykyş edip, ýaşaýşyň esasy dünýägaraýyş derejesiniň teoretiki esaslaryny düzýär.

Dünýägaraýyş ylmyň, sungatyň gazananlaryny, dini garaýyşlaryň esaslaryny we emperiki düşünjeleri şonuň bilen birlikde jemgyýetiň ahlak we estetiki garaýyşlarynyň inçe ugurlaryna we şuňa meňzeşlere daýanýar.

Durmuşda her bir dünýägaraýyşyň filosofiýa bolýandygyny aňlatmaýan ýagdaýlaryna duş gelinýär. “Dünýägaraýyş” düşünjesi “filosofiýa” düşünjesinden giň bolup, dünýägaraýyş filosofiýany öz içine alýanlygyny görkezýär. “Miwe” diýen düşünjäniň almanam, üzümem, injirem we başgalaram öz içine alyşy ýaly “dünýägaraýyş” düşünjesini diňe filosofiýa bilen çäkläp bolmaýar. Ol başga mifologiki, çeper, dini hem-de dürli akymlaryň garaýyşlaryny öz içine alýar.

Dünýäde hadysalaryň, wakalaryň we zatlaryň köplügine görä,olara bolan dünýägaraýyş hem köpdürlidir. Mysal üçin: materialistik, idealistik, dini, ateistik dünýägaraýyşlar.

Materializm filosofiki dünýägaraýyş bolup onuň esasy barlyk, materiýa,hemme zadyň substansiýasy, başlangyjy materiýanyň barlygynyň esasy diýip düşündirýärler. Idealizm bolsa olam filosofiki dünýägaraýyş bolup bu taglymata görä hakyky barlyk materiýa däl-de, ruhy başlangyç –

paýhas, erk diýip ykrar edilýär. Material we ruhy dünýä ýeke täk materiýanyň birligini emele getirýän düşünjedir. Ýokardaky görkezilen prinsiplere eýermezden biz barlyga onuň düzgünlerine, obýektiw maksadalaýyklara, älemiň garmoniki sazlaşygyna jogap bermek mümkin däl.

Filosofiýa jemgyýetçilik aňynyň bir formasy bolup, bu düşünjeler teoretiki taýdan esaslandyrylyp, ol adaty dünýägaraýyşa seredende uly derejeli ylmy gymmatlyga eýedir. Dünýägaraýyş adamyň ruhy gymmatlyklarynyň tutuşlaýyn jemlenmesini aňladýar. Filosofiýa her bir adamyň dünýägaraýyşy bolmak bilen birlikde ol bütin adamzada degişlidir. Adamzat käbir logiki yzygiderli pikirler, düşünjeler bilen çäklenmän, dünýäniň ähli ösüşlerini, üýtgemelerini bitewilikde özünde jemleýär. Dünýägaraýyşyň gymmatlyk ugurlary, ideal ynamlar düýpli ynançlar we adamynyň jemgyýetdäki ýaşaýyş obrazy – sistemalaýyn görnüşde amala aşyrylýar.

Filosofiýa bilen dünýägaraýyş adamyň we jemgyýetiň dünýägaraýyşynyň hem-de olaryň idealarynyň sistemasydyr.

Garalýan meseläniň ýene bir tarapy hakykaty şöhlelelendirmekligiň derejeleri bilen bagly. Dünýägaraýyş we filosofiýa dünýäni şöhlelendirmekligiň, netijesi bolýarlar, ýöne şöhlelelendirmägiň düýpliligi dürli hili bolýar. Şöhlelendirmäniň ýöntem görnüşi duýmaklyk derejesinde bolup geçýär. Dünýägaraýyşa degişlilikde ol dünýäni duýmaklyk ýa-da dünýä ser salmaklyk bilen baglanşykly. Bu ýerde diňe barlygyň käbir ýüze çykmalary, onuň manysy dälde daşky görnüşleri bellenilýär. Şu manyda şöhlelendirmekligiň düýpliliginiň indiki derejesi dünýä duýgurlyk we dünýä düşünmeklik bolýar. Bu ýerde eýýam dünýäniň bütewi şekili döreýär, hadysalaryň we hereketleriň özara baglanşygy görkezilýär, olaryň meňzeşligi we tapawudy bellenilýär. Ýöne dünýägaraýyşyň bu derejesinde duýgulaýyn aňlama oýlanşykly aňlamadan agdyklyk edýär. Diňe düşünjeleriň üsti bilen şöhlelendirilende hereketleriň we hadysalaryň manysyny açmaklyga ukyply dünýägaraýyş

kemala gelýär. Düşünjeleýin şöhlelendirme şöhlelendirmäniň abstrakt oýlanşyk we nazarýet akyl ýetirmesi bilen baglanşykly iň düýpli görnüşi bolýar. Dünýägaraýyşyň bu derejesine dünýä düşünmeklik diýse bolar. Hut şony hem filosofiýa açyp görkezýär. Şeýlelikde filosofiýa dünýägaraýyşyň iň ýokary derejesi we görnüşi bolup, ol dünýägaraýyşyň teoretiki özeni, ulgamlaýyn-rasional dünýägaraýyş bolup çykyş edýär. Filosofiýa dünýäniň we adamyň ýaşaýşynyň we ösüşiniň ähliumumy kanunlaryny we rasional manysyny açyp görkezmeklige borçly bolýar.

**Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy**. Filosofiýa gutarnykly düzülen ylym ylgamy hökmünde köp sanly özboluşly meseleleri çözýär. Olaryň biri – "filosofiýa näme?" diýen sorag bilen biz ýokarda tanyşdyk. Ol meseläniň çözlüşine görä, filosofiýa takyk meseleleri kesgitleýär we ony açyp görkezmeklik üçin ol ýa-da beýleki düşünjeleri ulanýar.

Her bir filosofiki ulgamyň özüniň esasy meselesi bolýar. Şol meseleleri çözmeklik onuň manysyny we mazmunyny kesgitleýär. Mysal üçin, antiki filosoflar üçin bu mesele ähli zadyň ilkinji başlangyçlary, Sokrat üçin "öz – özüňe akyl ýetir" diýen ýörelge, täze döwrüň filosofiýasy üçin akyl ýetirmekligiň mümkinçilikleri bilen bagly boldy. Ýöne filosofiki oýlanyşyň häsiýetini açýan umumy soraglar hem bar. Bu soraglar filosofiýanyň esasy meselesini düzýär. Filosofiýanyň esasy meselesi pikirlenmäniň barlyga, ruhyň tebigata bolan gatnaşygy hakyndaky meseledir. Şolaryň içinde ilki bilen, näme ilkinji: tebigat, barlyk, materiýa ilkinjimi ýa-da ruh, akyl, aň ideýa ilkinjimi? Başga sözler bilen aýdylanda, näme nämeden öňürti bar eken? Materiýa, tebigat, barlyk, aňdan öňürti bar ekenmi ýa-da, munuň tersine, aň, ruh materiýadan öňürti bar ekenmi?

Barlyk, materiýa pikirlenmäni, aňy kesgitleýärmi ýa-da munuň tersinemi? Şu mesele filosofik dünýägaraýyşyň emele getirilýän mahalynda mydama esasy mesele bolupdyr. Bu sowalyň çözlüşi umuman barlyga düşünşimiz bilen bagly bolýar, sebäbi ideallylyk we materiallyk onuň çetki

häsiýetleri bolýarlar. Başga sözler bilen aýdylanda materiallyk we ideallykdan (ruhy zatlardan) başga barlykda hiç zat ýok.

Materiallaýyn zat we ruhy zat – munuň özi dünýädäki hemme zatlary öz içine alýan iň giň düşünjelerdir. Şoňa görä dünýägaraýyş her hili bolsa-da, onuň özi hökman materiallaýyn zat bilen ruhy zadyň arasyndaky gatnaşyk hakyndaky meselä garaz bir hili jogap bermekden ugur alýar.

Esasy meseläni, ýagny pikirlenmäniň barlyga gatnaşygy hakyndaky meseläni çözüşlerine garap, filosoflar iki sany esasy ugra bölünýärler. Filosoflaryň materiýany ilkinji diýip ykrar edýänlerine materialistler diýilýär. Olar biziň töweregimizdäki dünýäni hiç kim ýaratmandyr, tebigat ebedi dowam edip gelýär diýip hasap edýärler. Materialistler dünýäni düşündirenlerinde, dünýäden daşarda bolýan hiç hili tebigatdan daşary güýçlere salgylanman, dünýäniň özünden ugur alýarlar. Idealistler (bu söz “idea”-pikir diýen grek sözündendir), munuň tersine, hemme zatlaryň ilkinji esasy pikirlenmedir, ýa-da “ruhdyr” diýip hasap edýärler. Olar ruh tebigatdan öňürti we oňa garaşsyz ýaşaýar eken diýip tasyklaýarlar. Din ýaly, idealizim hem dünýä ýaradylypdyr diýip ykrar edýär, materiýanyň äbediligini inkär edýär we tebigatyň wagt taýdan başlangyjy bolupdyr diýip tassyklaýar.

Pikirlenmäniň barlyga gatnaşygy hakyndaky meseläniň her bir hili filosofik dünýägaraýyşyň esasy meselesi bolup duranlygynyň sebäbi – filosofiýanyň mesgullanýan beýleki meselelerinede berilmeli jogabyň şol meseläniň çözülüşine baglydygydyr. Meselem, näme ilkinji, ruh ilkinjimi,ýa-da tebigat ilkinjimi diýen meseläniň çözülişine garap, filosoflar dünýä äbedi dowam edýärmi ýa-da wagt taýdan onuň öz başlangyjy barmy, giňişlik barada ol çäksizmi ýa-da çäklimi diýen meselelere we şuňa meňzeş meselelere dürli-dürli jogap berip gelipdirler.

Dünýä hadysalarynyň kanunalaýyklygynyň bardygy we häsiýeti hakyndaky meseläniň hem çözülmegi materiýanyň

ýa-da aňyň ilkinjiliginiň ykrar edilişine baglydyr. Materialistler dünýä adamyň aňyna garaşsyz ýaşaýar diýip hasap edýärler. Eger-de şeýle bolsa, onda dünýäniň dürli-dürli hadysalarynyň arasyndaky baglanyşyklar hem adamyň pikirlenmesi bilen bagly bolman, oňa garaşsyz dowam edýär. Şoňa görä materialistler obýektiw kanunlary, biziň töweregimizdäki dünýäde hemme hadysalaryň we prosesleriň şol kanunlara tabyndygyny ykrar edýärler.

Idealistler bu meseläni başga hili çözýärler. Olaryň birleri (subyektiw idealistler diýilýänler) adamyň aňyny ilkinji diýip hasap edýärler. Olar adam dos-dogry diňe hut öz aňynyň hadysalary bilen: ten duýgulary, göz öňüne getirmeleri, düşünjeleri we ş. meňzeşler bilen-iş salyşýar we aňdan daşarda haýsy-da bolsa bir zat bardyr öýtmäge hakly däldir diýip tassyklaýarlar. Obyektiw dünýäniň bardygyny inkär edip we zatlary ten duýgularynyň we ideýalaryň jemi, hasap edip, subýektiw idealizm hadysalaryň obyektiw kanunalaýyklygyny inkär edýär.

Idealizmiň beýleki ugry-obyektiw idealizm – göýe adamdan daşary we adama garaşsyz ýaşaýan ruhy ideýany ilkinji diýip hasap edýär. Obýektiw idealistler tebigatda belli bir tertibiň bardygyny, hadysalaryň kanunalaýyklygyny ykrar edýärler, emma şu kanunalaýyklygyň çesmesini olar tebigatyň özünden, sebäpleriň we netijeleriň tebigy baglanyşygyndan gözlemän “bütündünýä paýhasyndan”, “obsalýut ideýadan” “dünýä erkinden” gözleýärler.

Filosofiýanyň esasy meselesiniň ikinji tarapy: biziň ideýalarymyz, pikirlerimiz, dünýä hakyndaky bilimimiz şu dünýä nähili gatnaşykda? Hakyky dünýä, barlyga akyl ýetirmäge biziň pikirlenmämiziň güýji ýetýärmi? diýen tarapyny öz içine alýar.

Bu meseläni çözmekde-de filosoflaryň arasynda gapma-garşylykly jedel gidýär.

Materializm dünýä obýektiw, aňa garaşsyz ýaşaýar, adamlar bolsa tebigatyň bir bölegi bolup durýarlar we ony özleriniň aňynda şöhlelendirýärler diýip tassyklaýarlar. Olar

dünýä ýa-da daşky gurşawa, barlyga we onuň ösüşiniň kanunalaýyklygyna akyl ýetirmek mümkin diýip ykrar edýärler.

Idealistleriň hem birentegi dünýä akyl ýetirmegiň mümkindigini ykrar edýänlerem bar, emma olaryň hemmesi akyl ýetirişe obyektiw reallygyň şöhlelenmesi hökmünde garaýşy ret edýärler. Bu bolsa dünýä akyl ýetirip boljagynyň inkär edilmegi ylmyň mertebesini peseldýär.

Täze döwrüň filosofiýasy dünýäniň wakalaryny we hadysalaryny diňe bir ylmy hakykadyň üsti bilen däl-de, eýsem gymmatlyklaryň üsti bilen hem açyp görkezmeklige uly ünüs berýär.

Gymmatlyklaýyn oýlanşygyň tebigaty ylmy oýlanşykdan tapawutlanýar. Gymmatlyklaýyn oýlanyş garalýan meseläniň düýp manysynyň bizde ol barada öň dörän düşünje bilen kybaplaşdyrmaklygy talap edýär. Gymmatlyk adamyň diňe bir islegini ýa-da zerurlygyny kanagatlandyrýan zat bolman, eýsem onuň üçin oňaýly ýa-da oňaýsyz mana eýe bolýan ýörelge, gözükme we ynanç bolup biler. Diýmek, gymmatlygyň filosofiki aňladylyşy haýsy gymmatlyklary ulanmaklyk adamyň, jemgyýetiň tebigatyna, olaryň hakyky bähbidine jogap berýänligini kesgitlemeklige kömek berýär. Olar ideallar, sosial ideallary taplamaklyga hem esas bolýarlar.

## Soraglar.

1. Filosofiýa dersiniň pretmeti näme we näyhili funkisýany (wezipeleri) ýerine ýetirýär?
2. Filosofiýanyň manysy nämäni aňladýar?
3. Dünýägaraýyş näme?
4. Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy nämäni aňladýar?
5. Kimlere materialistler hem-de idealistler diýilýär?

## Barlyk hakyndaky taglymat

**Barlyk hemme zady öz içine alýan reallyk hökmünde.** Barlyk filosofiýanyň esasy düşünjeleriniň biri bolýar. “Barlyk” düşünjesi “bar” sözünden döreýär. Bu düşünje filosofiki mesele hökmünde haçanda filosofiki pikir öz öňünde ýaşaýyş baradaky meseläni goýandan we ony derňäp başlandan soňra ýüze çykýar. Filosofiýa öz predmeti hökmünde bitewi dünýäni, maddy we ruhy başlangyçlary arabaglanşygyny, adamyň jemgyýetdäki we dünýädäki orny bilen baglanşykly soraglary özünde jemleýär. Başga söz bilen aýdylanda filosofiýa dünýäniň we adamyň barlygy barada meseleleri anyklamaklyga çalyşýar.

Häzirki döwriň filosofiýasynda “barlyk” sözüniň iki manysyna üns berilýär. Dar manyda oňa aňdan aýralykda bar bolan dünýä diýilip düşünilýär. Giň manyda bolsa ol diňe bir maddy dünýä bolman, eýsem, adamlaryň aňy, pikirleri,duýgusy, hyýallary hem bolýar. Barlyk hiç zada bagly däl reallyk hökmünde “materiýa” diýen düşünje bilen aňladylýar.

Diýmek, barlyk bu ähli bar bolan zatlar, goý ol adamy ýa-da haýwan, tebigatmy ýa-da jemgyýet, ymgyr uly Galaktikamy ýa-da biziň zeminimiz, şahyryň arzuw hyýallarymy ýa-da matematikanyň takyk taglymaty. Barlyk özüniň garşydaş – ýokluk düşünjesine eýe bolýar. Eger barlyk ähli bar zatlar bolsa, onda ýokluk ähli ýok zatlar. Olar biri-biri bilen nähili gatnaşýarkan? Şu sowalyň jogabyny tapmaklyk üçin biz filosofiýanyň taryhyna ýüzleneliň.

**Barlyk kategoriýasyna taryhy taýdan aň ýetirilişi.** Bu gürrüňi hem Eleý mekdebiniň filosofy Parmenidden başlalyň. Onuň döredijiliginiň ösen döwri biziň eramyzdan öňki 504-501-nji ýyllar bilen gabat gelýär. Olar özüniň “Tebigat baradaky” filosofiki poemasynda barlyk we ýokluk meselesiniň üstünde durup geçýär. Bu ýerde akyldar: “

Barlyk bar, ýokluk bolsa asla ýok; bu şübhesizlige ýol, ol hakykata hem ýakynlaşdyrýar” diýip belleýär.

Ýene bir ýol – ýoklugyň barlygyny tassyklamak. Şu hili garaýyşy Parmenid asla inkärleýär. Onuň üçin bar bolan zat bar, bar bolmadyk zat ýok. Göräýmäge şeýle hem bolmaly. Ýöne bu ýerden nähili netije çykýar. Bu ýerde esasy zat – barlyk hereketden aýrylan. Barlyk täzeden ýüze hem çykanok, ol ýok bolup hem gitmeýär, onuň geçmişi hem ýok geljegi hem, ol diňe häzirki döwürde bolýar.

Filosofiki pikire eýermeýän adam üçin ýokarky garaýşyň görnüp duran zatlara ters gelýänligi sebäpli geň bolup görünmegi mümkin. Biz elmydama hereketde, tebigatda-da, jemgyýetde-de zatlaryň ýüze çykýanlygyna we ýok bolýanlygyna gözegçilik edýäris. Ýakyn geçmişde SSSR atly ägirt uly döwlet dargady. Bu dünýäden adamlar hem ötýärler. Bize bolsa barlyk hereketsiz diýişýärler. Onda ýokarky pikiri neneňsi delillendirse bolar?

Parmenidiň tarapdarlarynyň ony şu hili delillendirmekleri mümkin. Birinjiden, Parmenid barlyk barada gürrüň edende ol ýa-da başga zady däl-de umumy barlygy göz öňünde tutýar. Ikunjiden, ol tötänleýin zatlary kabul etmeýär. Barlyk akyl taýdan aňlanylýan many, eger duýgy akylyň tassyklaýan zadyny inkärleýän bolsa, onda akyldan ugur almaklyk gerek.

Şonuň üçin Parmenide Geraklit (onuň döredijiliginiň ösen döwri hem b.e. öňki 504-501-nji ýyllar) garşy çykýar. Ol Parmenitden tapawutlylykda herekete esasy orun berýär. Ol hereketi gapma-garşylyklaryň biri-birine geçiş hökmünde garaýar. Barlyk we ýokluk üznüksiz. Geraklit: “Diri we ölen, oýa we ukydaky, ýaş we garry bary bir zat. Sebäbi birinji ikinjide, ikinji bolsa birinjide ýitýär” diýýär. Gadymy filosoflaryň dünýäniň dört başlangyjy: toprak, suw, howa we ot barada pikir ýöredendiklerini biz bilýäris. Şol başlangyçlar, Geraklitiň pikiriçe, diňe bir bar zatlar bolman, eýsem, biri-birine geçýän zatlar hem bolýarlar. Geraklit: “Topragyň ölümi

– suwuň döremegi, suwuň ölümi – howanyň döremegi, howanyň ölümi – oduň döremegi we tersine” diýen.

Demokrit (460-370 b.e.öň) barlyk barada ozal öňe sürülen taglymatyň gapma – garşylygyny atom baradaky ylmy garaýşy öňe sürüp aradan aýyrmaklyga çalyşan. Ähli görünýän zatlar atomlardan durýarlar olary biri-birinden boşluk bölýär. Bu bolsa zatlaryň bolmaklarynyň we olaryň hereketleriniň şerti bolýar. Aristotel özüniň “Metafizika” atly işinde Demokritiň atom we boşluk baradaky taglymatynyň barlyk we ýokluk taglymaty bolýanlygyny belläp, bu ýerden barlygyň ýoklukdan artykmaç bolup bilmejekligi baradaky pikiriň gelip çykýanlygyna ünsi çekýär.

Geçen filosoflaryň bitewi kosmos baradaky garaýyşlary Platon (427-347 b.e.öň) tarapyndan düýpgöter üýtgedilýär. Ol barlygy deň bolmadyk görnüşlere bölýär: 1) ilki bilen üýtgemeýän ideal manylaryň dünýäsi, pikirleriň dünýäsi. Bu dünýä zatlaryň dünýäsinden öň ýüze çykyp, olary kesgitleýär. Ol barlygyň täze görnüşi bolýar; 2) biziň daş töweregimizi gurşaýan zatlaryň dünýäsi. Olaryň barlygy kemter görnüşe eýe bolýar; 3) materiýa. Ol dünýä ruhunyň barlygynyň ideýalarynyň obrazy esasynda ruhy döredijiligiň döredýän zatlary. Materiýanyň barlygy, Platonyň pikirine görä, ýokluga ýakyn, sebäbi ol özbaşdak ýaşamaklykdan mahrum edilen barlyk bolup diňe zat görnüşinde ýüze çykýar. Umuman, Platonyň filosofiýasyna barlygyň aýratyn görnüşini, jemgyýetçilik aňyň barlygyny ýüze çykarýan usul hökmünde garasa bolar. Platonyň ideýalar baradaky taglymaty, täze eýýamyň başynda Plotin (203 – 269) tarapyndan ösdürilip, belli bir derejede gutarnykly häsiýete eýe bolýar.

Plotonyň öz filosofiki garaýyşlarynyň toplanýan döwri geçiş döwrüne gabat gelýär. Antiki dünýä kem-kemden dargap onuň ýerine hristian dünýäsi gelýär. Öňki köphudaýlylyk pikiriniň ýerine ýekehudaýlyk pikiri döreýär. Bu dünýägaraýyşda bolup geçen düýpli öwrülişik döwri bolýar. Dini filosofiýa üçin barlygyň iki görnüşini: Hudaýyň barlygyny we onuň döreden tebigatynyň barlygyny

tapawutlandyrmaklyk örän wajyp bolýar. Barlyk we ýokluk, hudaý we adam baradaky düşünjeleriň baglanşygy beýleki filosofiki meseleleri çözmekligiň ýoluny kesgitleýär.

Dini ideologiýanyň uzak döwrüň dowamyndaky agalygy, materialistik garaýyşlaryň gowşaklygy we onuň täsiriniň çäkliligi, adamyň we jemgyýetiň barlygyna bolan garaýyşlaryň üýtgemänligi örän uzak döwrüň dowamynda materialistik taglymatda hem jemgyýetiň barlygy baradaky ylmy garaýyş idealistik nukdaý-nazardan çözülip gelindi. XIX asyryň 40-50-nji ýyllarynda düýpgöter täze ýagdaý ýüze çykdy. Bu döwürde dialektiki materializmiň esaslary işlenip düzülip, taryha materialistik nukdaý nazar esasynda düşünmekligiň esasy ýörelgeleri kesgitlenildi.

Bu iş nemes filosoflary Karl Marks (1818 – 1883 ) we Fridrih Engels (1820-1895) tarapyndan amal edildi. Filosofyýa “jemgyýetçilik barlygy” diýen täze düşünje girizildi. Jemgyýetçilik barlygy tebigy barlyk bilen bir meňzeş bolmaýar. Jemgyýetçilik barlygy öz aňlaryna we ony kesgitleýän zatlara bagtly bolmadyk adamlaryň maddy gatnaşyklaryny we biri-biri bilen gatnaşyklaryny aňlatmak üçin ulanylýan filosofiki kategoriýa bolýar. Ol jemgyýetiň ýaşamaklygynyň we ösmekliginiň esasy bolýar. Tebigatyň esasynda döräp we onuň bilen aýrylmaz baglanşykda bolup, jemgyýet özboluşly düzüm bolup ýaşap başlaýar. Jemgyýetiň we onuň maddy esaslarynyň – maddy önümçiligiň öz-özüniň ösüş kanunlary – ozal bolmadyk kanunlaryň täze görnüşleri döreýär.

Jemgyýete bolan täze garaýyşlar adama bolan täze garaýyşlary döredýär. Adam indi öňki dini garaýyşdaky Hudaýyň döreden zadam däl, köne materialistleryň aýdyşy ýaly tebigatyň döreden zadam däl, ol jemgyýetiň taryhy ösüşiniň netijesi bolýar.

Barlygyň obýektiw we subýektiw görnüşleri bolýar. Ýokarda beýan edilişine görä, akyl ýetirmäniň, has hem filosofiki akyl ýetirmäniň taryhy ösüşiniň dowamynda barlygyň dürli görnüşleri, ýagny bar bolan – obýektiw

(tebigat, jemgyýet, adam), şonuň ýaly-da oýlanyp tapylan (absolýut manylaryň dünýäsi, jemgyýetçilik aňyň görnüşleri), görnüşleri ýüze çykarylýar. Olar dürli görnüşde düşündürilýär. Aslynda, barlyga diňe bizi gurşap alýan maddy dünýä, ýagny, bar bolan maddy zatlaryň jemi ýa-da haýsy hem bolsa ýokarky barlyk – hudaý ýa-da Dünýäniň ruhy bolmaýar. Barlygyň adamyň döredijilik başlangyjy bilen baglanyşykly subýektiw görnüşi hem bolýar.

Subýektiw sebäplere köpçiligiň, sosial toparyň, döwletiň, aýry-aýry şahsyýetleriň maksadalaýyk hereketi, şonuň ýaly-da olaryň aňlary, erkleri, herekete bolan ukyplary girýärler. Obýektiw sebäpler elmydama kesgitleýji bolýarlar, ýöne olaryň täsiri subýektiw sebäpleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Şu hem obýektiw we subýektiw barlyklaryň özara baglanşygyny kesgitleýär.

Şonda barlyk obýektiw we subýektiw reallygyň bitewiligi bolup çykyş edýär. Bu kategoriýanyň aýratyn manysy hem, onuň adam bilen baglanşyklylygy bolýar. Sebäbi bu dünýäniň özi adamyň döreden subýektiw reallylygy bolmadyk ýagdaýynda garyplaşardy we onuň hereketliligi peselerdi.

Subýektiw reallygyň täsiri bilen reallygyň özi mana eýe bolup, täze hadysalar, tehniki we tehnologiki desgalar, landşaftlaryň täzelenmägi, kosmosyň özleşdirilmegi bilen baglanyşýar. Olar adamyň döredijilikli hereketleriniň netijesi bolýarlar.

**Men barlyk.** Adamyň döredijilikli häsiýetini nygtamaklyk üçin filosofiýada “Men” diýen düşünje ulanylýar. Bu düşünjäni açyp görkezmeklik üçin Men – konsepsiýasy işlenip düzülen. Bu konsepsiýa adamyň özüni göz öňüne getirişini açyp görkezýän garaýyşlar ulgamy bolýar. Onuň esasynda adam beýlekilere we özüne bolan gatnaşygyny gurnaýar. Ol adamyň özüne bolan gatnaşygynyň ýörelgesi bolup çykyş edýän, içki gapma-garşylykly onuň meniniň görnüşi bolýar. Bu konsepsiýa durmuş tejribesi esasynda döreýär. Onuň düzümine: hakyky. Men (şu pursatda

adamyň özüni göz öňüne getirişi), ideal. Men ( adamyň pikiriçe, onuň ahlak kadalaryna eýeren ýagdaýynda bolmaklyk mümkinçiligi), hereketli. Men (adamyň adam bolmaklyk niýeti), fantastik. Men (mümkinçilikler dörän ýagdaýynda adamyň adam bolmaklyk islegi)

Men konsepsiýasynyň döremekligine nemes filosofy Fihte (1762 – 1814) uly goşant goşan. Ol Mene gutarnykly döredijilikli başlangyç hökmünde garaýar. Adamyň döredijilik ukyplary barlyga akyl ýetirmekligi bilen açylýar. Barlyk bize, haçanda barlyga ýakyn bolan ýagdaýymyzda – wyždan ýa-da söýgi duýgusyny başdan geçirýän halatymyzda, elýeter bolýar. Şonda adamyň kalbynda barlygyň owazy bilen ýaňlanan sözler we pikirler döreýär. Bu pikirleri erkiň güýji bilen getirip bolmaýar, bu sözleri oýlap tapyp bolmaýar. Barlyk elmydama bar. Ýöne ol bize oňa kybapdaş bolan ýagdaýymyzda açylýar. Bu ýagdaý hem onuň özboluşlylygyny, aýratynlygyny kemala getirýär.

Adamy gaýtalanmaýan, aýratyn adam edýän zatlar – onuň psihologiki özboluşlylygy, çagalyk tejribesi, durmuş ýoly we jemgyýetde tutýan ornunyň gapma-garşylygy. Şol aýratynlyk hem “Men” diýen düşünje bilen aňladylýar. Bu ýerde adamyň barlygynyň kategoriýalary bolup erkinlik, ýaşaýyşyň manysyny gözlemek, döredijilik, söýgi, ynanç, bagt we beýlekiler çykyş edýärler.

## Soraglar.

1. Barlyk düşänjesi nämäni aňladýar?
2. Barlyk kategoriýasyna şu aşakdaky filosoflaryň garaýşy:
   a. Eleý mekdebiniň filosofy Parmanidiň;
   b. Geraklitiň;
   c. Demokritiň;
   d. Platonyň
   e. Nemes filosoflary Karl Marks we Fridrih Engilsiň;
3. Men barlyk düşünjesi nämäni aňladýar?

**Dialektika we matafizika barada umumy düşünje.** Adamyň akyl ýetiriş we praktiki işleriniň filosofik metodologiýasynyň iki esasy görnüşi bar. Olar dialektiki metodologiýa we metafiziki metodologiýadyr. Bulardan başga-da her bir filosofik akymyň her bir filosofik konsepsiýanyň özboluşly metodologiýasy, özboluşly pikirleniş, akyl ýetiriş usuly bar. Meselem filosofik metodlaryň analitiki, intuitiw, fenomenologik, germenewtik, pozitiwistik, ekzistensialistik, pragmatistik,transsendentalistik, strukturalistik, teleologik we ençeme beýleki görnüşleri bar. Olaryň köpüsi esasan metafiziki metodologiýanyň çäklerinden çykmaýar ýa-da filosofik metodologiýanyň iki esasy görnüşiniň elementlerini eklektiki birikdirip, garym – gatym edip ulanýar. Şonuň üçin filosofik metodologiýanyň iki esasy görnüşini gysgaça seljermek maksada laýykdyr.

Ozaly bilen, filosofik metodologiýanyň umumy ylmy we hususyylmy metodologiýalardan tapawudyny belläp geçmek gerek. Filosofik metodlar (metodlar ulgamy, metodologiýa) ähliumumy, uniwersal häsiýetlidir, ýagny abstragirlemegiň (ylymy abstraksiýalary döretmegiň) iň umumy, iň ýokary derejesidir. Başgaça aýdylanda, filosofik metodologiýanyň aňladýan kanunlary we kategoiýalary dünýädäki uçdantutma ähli hadysalaryň we predmetleriň iň umumy, has umumy mazmunyny, alamatlaryny, gatnaşyklaryny suratlandyrýar. Olar jansyz we janly tebigatyň, adamzat jemgyýetiniň, adamlaryň ruhy dünýäsiniň ähli hadysalaryna we obýektlerine degişlidir.

Filosofik metodologiýa hakykatyň islendik ugruny, ýagny ähli ugurlaryny öwrenmekde ulanylýar. Emma filosofik metodologiýa hususy, anyk alymlaryň metodlaryny aradan aýyrmaýar, olaryň ornyny tutmaýar. Filosofik metodologiýa ylmy barlag geçirmek üçin ýa-da praktiki işleri amala aşyrmak üçin has umumy düzgünleri, ýörelgeleri berýär, umumy gollanma bolup hyzmat edýär.

Filosofik metodologiýanyň iki esasy görnüşi barada aýdylanda, matafiziki metodologiýanyň örän çäklidigini,

ylmy akyl ýetiriş üçin hem, praktiki işleri amala aşyrmak üçin hemdialektiki metodologiýanyň iň netijeli, has oňyn häsiýetlidigini nygtap aýtmak gerek.

Metafizika düşünjesiniň iki manyda ulanylýandygyny bellemek gerek. Metafizika sözi gadymy Gresiýada umuman filosofiýa manysynda ulanylypdyr. Grekçe meta – soňky, metafizika – fizikadan soňky, ýagny filosofiýa diýmekdir. Häzirki wagtda hem metafizika sözüniň filosofiýanyň sinonimi hökmünde ulanylýan halatlary bar.

Metafizika adalgasynyň ikinji manysy akyl ýetirişiň we praktiki işleriň metodologiýasydyr. Şeýle manyda metafizika XVII – XVIII asyrlarda agalyk ediji metodologiýa bolupdyr. Munuň özi şol döwürde tebigaty öwreniş ylymlarynyň ýaňy döräp başlamagy bilen, olaryň arasynda diňe mehanikanyň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Munuň özi tebigaty öwreniş ylymlarynyň dünýäniň hadysalaryny we predmetlerini, olaryň alamatlaryny aýry-aýrylykda öwrenýän, olar barada köp sanly faktlary toplaýan döwri bolupdyr.

**Metafiziki metodologiýanyň häsiýetli alamatlary:**

1) ol mehanistik häsiýetlidir. Dünýäniň ähli hadysalaryny, olaryň ähli alamatlaryny öwrenmekde mehanikanyň düzgünlerini gollanmakdyr. Metafizikler hereketiň diňe mehaniki görnüşini ykrar edipdirler. Olar predmetleriň hereketini giňişlikde we wagt taýdan ýönekeý ornuny çalyşmagy hökmünde häsiýetlendiripdirler.

2) hakykata bir taraplaýyn çemeleşmek, onuň birnäçe pursatlaryny çişirip görkezmek, beýlekilerini bolsa äsgermezlik etmek, öwrenilýän obýektleriň ähliumumy baglanşyklaryny nazarda tutmagy başarmazlyk metafizika üçin häsiýetlidir.

3) metafizikler dünýäde bolýan üýtgeşmeleri, özgerişleri ýapyk halkanyň, tegelegiň içinde aýlanyp durmak, şol bir geçilen basgançaklary gaýtalamak hökmünde düşünýärler, ösüşiň ilerläp öňe gitmek häsiýetini inkär edýärler.

4) metafizikler, kada hökmünde, predmetleriň we hadysalaryň hil taýdan otnositel durnuklylygyny çişirip

görkezýärler, hil taýdan üýtgeýändigini görmeýärler. Eger-de olar ösüş barada gürrüň edäýseler hem, ösüşe mukdar taýdan üýtgeýiş, ýönekeý köpelmek ýa-da azalmak hökmünde düşünýärler.

5) hereketiň we ösüşiň çeşmesi, sebäbi hakyndaky meseläni hem metafizika ýüzleý we bir taraplaýyn çözýär. Mehanistik düşünjelerden ugur alyp, metafizika tutuş dünýäniň we her bir jisimiň üýtgemeginiň we ösmeginiň sebäbini olaryň öz içindäki proseslerden gözlemän, eýsem nähilidir bir daşarky güýçlerden, daşarky sebäplerden gözleýär.

Dünýä akyl ýetirmäge metafiziki çemeleşmegiň çäklidigini pozitiwizm we neopozitiwizm akymlarynyň mysalynda hem açyk görmek bolýar. Pozitiwizm düşünjesi latynça pozitiwus oňyn, položitel diýen sözden gelip çykýar. Bu filosofik metafiziki akymy XIX asyryň 30-njy ýyllarynda fransuz alymy Ogýust Kont (1798 – 1857) esaslandyrypdyr. Ol filosofiýanyň metodologik ähmiýetini inkär edýär. Oňyn pikirine görä, hakyky, oňyn polojitel bilimler diňe anyk, hususy ylmy pudaklaryň netijeleri hökmünde, ol netijeleriň sintetiki birleşdirilmegi esasynda döredilip bilner. Şonuň üçin aýratyn ylym hökmünde filosofiýanyň ýaşamaga hem hukugy ýokdur” ylym öz – özüniň filosofiýasydyr” diýen düzgün pozitiwizmiň esasy ýörelgesidir.

Kontyň ideýalaryny soňra XIX – XX asyrlarda günbatar ýurtlarda ýaýran neopozitiwizm ýa-da logiki pozitiwizm akymynyň wekilleri ösdürdiler. Onuň görnükli wekili awstriýaly matematik we filosof Lýudwig Witgensteýn (1889-1951) “filosofiýa” sözi ylmyň aşagynda ýa-da üstünde duran nähilidir bir ruhy taglymat hökmünde kabul edilip bilner. Filosofiýanyň predmeti diňe bilimleri beýan etmegiň serişdesi bolan dili öwrenmek bolmalydyr diýip hasap edipdir.

Neopozitiwizmiň wekilleri ylym bilen filosofiýany biri-birine garşy goýup, ýeke-täk dogry bilimler diňe ýörite anyk ylmy pudaklaryň bilimleridir diýip, netije çykarypdyrlar.

Neopozitiwizmiň wekilleriniň tebigaty öwreniş we gumanitar ylymlaryň metodologiýa meselelerini işläp düzmekde belli bir hyzmatynyň hem bardygyny aýtmak gerek. Olar ylmy pikirlenmegiň simwoliki – nyşan serişdelerini öwrenmekde, ylmyň teoretiki esaslary bilen empiriki netijeleriniň mynasybeti barada, ylmyň matematizasiýalaşmagynyň we formallaşmagynyň mazmunyny we wezipelerini analiz etmekde belli bir oňyn netijeleri gazandylar.

Metafiziki akym hökmünde neopozitiwizmiň çäklidigi dünýädäki ähliumumy baglanyşyklary äsgermezlik etmekden, filosofiýanyň predmetini diňe ylmyň dilini öwrenmäge syrykdyrmakdan, akyl ýetirişde emeli – simwoliki diliň we formal logikanyň roluny absalýutlaşdyrmakdan, diňe taýýar bilimleri, olaryň düzümini öwrenip, emma döreýiş we ösüş taryhyny äsgermezlik etmekden, şeýlelikde taryhylyk ýörelgesini inkär etmekden ybaratdyr.

Neopozitiwizmiň şu kemçiliklerini soňra XX asyryň 60-njy ýyllarynda dörän postpozitiwizm akymynyň wekilleri Popper, Kun, Lakatos, Feýerabend belli bir derejede ýeňip geçmäge çalyşdylar.

**Dialektiki metodynyň häsiýetli alamatlary.** Hazirki zaman ylmynyň ösüşinde dialektiki metodologiýanyň netijeli ähmiýetiniň bardygyny aýratyn belläp geçmek gerek.

Dialektiki metody işläp düzmekde klassyky nemes filosofiýasynyň wekilleri Immanuil Kantyň, Iogann Fihteniň, Fridrih Şellindiň, ylaýta-da Georg Wilgelm Fridrih Gegeliň uly hyzmatynyň bardygyny aýtmak gerek. Meselem, I. Kant Gün sistemasynda we beýleki ýyldyzlar dünýäsinde, şeýle hem adamzat jemgyýetinde, onuň ahlagynda, sosial durmuşynda ösüş prosesiniň bolýandygyny gökezmäge çalşypdyr. Beýik nemes filosofy G.W.f. Gegel (1770-1831) dialektikanyň esasy kanunlaryny we kategoriýalaryny

teswirläpdir. Onuň esasy eserleri: “Ruhuň fenomenologiýasy”, “Filosofiýa ylymlarynyň ensiklopediýasy”, “Logika ylmy” we beýlekilerdir. Gegeliň bitiren uly hyzmatlarynyň biri onuň şol döwürde agalyk eden pikirlenmegiň metafiziki metodyny tankyt etmeginden we hususy ylymlarda dialektikany ulanmagyň zerurdygyny esaslandyrmakdan ybaratdyr.

Gegeliň filosofiýasynda ösüş ideýasy esasy orun tutýar. Ösüş aşakky formalardan ýokarky formalara tarap ilerläp öňe gitmek häsiýetlidir. Ösüşiň ähliumumy kanunlary bar. Olar mukdar özgermeleriniň hil özgermelerine geçiş kanuny, inkär etmäni inkkär etmek kanuny we garşylyk kanunydyr. Gegel garşylygy her bir hereketiň we ösüşiň çeşmesi hasaplapdyr. Emma Gegel dialektikanyň kanunlaryny maddy dünýäniň kanunlary däl-de, eýsem absolýut ideýanyň, dünýä ruhunyň ýüze çykyş we ösüş kanunlary hasap edipdir. Ol dialektiki metody idealistik filosofiýa sistemasy bilen birleşdiripdir.

Häzirki zaman görnükli rus filosofy A.G.Spirkiniň belläp geçişi ýaly, Gegeliň dialektiki metody bilen onuň idealistik sistemasynyň arasynda çuňňur garşylyk bar. Dialektiki metod dünýäniň we oňa akyl ýetirmegiň tükeniksiz ösüşini ykrar etmegi talap edýär. Emma onuň idealistik sistemasyna görä, akyl ýetirmegiň ösüşi absolýut ideýanyň öz-özüne akyl ýetirmegi bilen tamamlanýar, gutarýar, soňra ösüşiň ilkinji basgançagyna, arassa absolyut ideýa gaýdyp barylýar. Gegel özüniň folosofiýasyny absalyut ideýanyň öz-özüni akyl ýetirmegi we şonlukda filosofiýanyň bütündünýä taryhynyň iň soňky we gutarnykly netijesi hasaplapdyr.

Dialektiki metodolgiýa dünýägaraýşyň materialistik filosofik sistemasy bilen birikdirilende, has netijeli bolýandygyny ylmyň ösüşi we praktiki durmuş görkezýär.

Dialektikany materilaizm bilen birleşdirmegiň başlangyç, ýönekeý görnüşini baryp gadymy Gresiýanyň filosoflary Geraklit, Demokrit, Epikur we beýlekiler amala aşyrypdyr. Meselem, Geraklitiň (b.e.ö. 530-470) pikirine görä, bir bitewi dünýä hudaýlaryň hiç biri tarapyndan hem, adamlaryň hiç biri tarapyndan hem döredilen däldir, ol ebedi janly ot bolupdyr,

häzir hem şeýle, geljekde hem şeýle bolar. Ol kanunalaýyk ýalynlap ýanýar we kanunalaýyk sönýär. Dünýäde hemme zat hereketdedir, hemme zat akýar. Şol bir derýanyň suwuna iki gezek düşüp bolmaz, sebäbi ol akyp dur. Üýtgemeýän zat ýok, sowuk zat ýylaýar, ýyly zat sowaýar, öl zat guraýar, gury zat öl bolýar, döremek we ýogalmak, ýaşaýyş we ölüm biri-birine öwrülýärler. Hadysalaryň bir ýagdaýdan başga ýagdaýa geçmegi gapma-garşylyklaryň göreşi netijesinde bolýar. Gapma-garşylyklaryň göreşine Geraklit baky we ähliumumy Logos diýip, ýagny ähli zatlaryň ýaşamagynyň umumy kanuny diýip at berýär. Geraklitiň materializmi we dialektikasy sada synlaýjylyk paýhasa esaslanypdyr. Ol köphudaýlylyk dinine uýupdyr.

Dialektiki metody yzygiderli materializm bilen birleşdirmegi XIX asyr nemes filosofy we ykdysatçysy K.Marks (1818-1883) amala aşyrdy. Materialistik dialektika metodologiýasy K. Marksdan soňky döwürde häzirki zaman belli filosoflarynyň eserlerinde, ensiklopedik sözlüklerde, filosofiýa boýunça okuw kitaplarynda ösdürildi we kämilleşdirildi.

Häzirki döwürde filosoflar we anyk, hususy ylymlaryň alymlary dialektiki metodologiýany ylmy akyl ýetirişiň iň netijeli, has oňyn görnüşi hökmünde ykrar edýärler.

Ylmy akyl ýetirişiň dialektiki metodologiýasynyň birnäçe esasy ýörelgeleri bar:

1) Obýektiwlik ýörelgesi. Munuň özi dünýäniň obýektiw kanunalaýyklyklaryny ykrar etmäge esaslanmakdyr. Bu ýörelgeden duýgulaýyn – predmetleýin praktikanyň isleglerinden ugur almak; akyl ýetirişiň we praktiki işiň subýektiniň, işjeň roluna düşünmek we durmuşa geçirmek; düşünjeleriň logikasynda zatlaryň logikasyny beýan etmegi başarmak; öwrenilýän predmete adekwat usullaryň sistemasyny saýlap almak we yzygiderli amala aşyrmak ýaly talaplar gelip çykýar.

2) Öwrenilýän predmetlere, hadysalara hemmetaraplaýyn çemeleşmek ýörelgesi. Bu ýörelge dünýäniň ähli

hadysalarynyň we predmetleriniň ähliumumy baglanyşygyny we şertleşigini aňladýar.

3) Anyklyk, konkretlik ýörelgesi. Munuň özi öwrenilýän obýektlere empiriki barlaglarda duýgulaýyn – anyk we teoretiki akyl ýetirişde paýhaslaýyn – anyk hadysalar hökmünde çemeleşmegi aňladýar.

4) Taryhylyk ýörelgesi. Bu ýörelge dünýäniň öz-özünden ösmeginiň wagt taýdan geçmiş, häzirki döwür we geljek basgançaklarynyň yzygiderliligini nazarda tutmagy talap edýär. Öwrenilýän obýekte doly akyl ýetirmek üçin onuň diňe häzirki ýagdaýyny seljermek bilen çäklenmän, eýsem onuň geçmişini rekonstruksiýa etmeli, pikirde dikeltmeli, ýagny onuň genezisini, gelip çykyşyny, taryhy ösüşiniň esasy basgançaklaryny anyklamaly, şeýle hem onuň mundan beýlekki ösüşiniň meýillerine, ýollaryna akyl ýetirip, onuň geljegini öňünden kesgitlemeli.

5) Garşylyk ýörelgesi. Bu dialektiki ýörelge dünýäniň predmetleriniň içinde we olaryň öz aralarynda obýektiw garşylyklaryň barlygyndan ugur alýar. Bu ýörelgeden öwrenilýän obýekte mahsus bolan esasy we esasy däl garşylyklary, olaryň gapma-garşy taraplarynyň her birini anyk öwrenmek, ol taraplaryň özara garşylygynyň häsiýetini, ol gapma-garşy taraplaryň bir wagtyň özünde bitewilikdigini, ol garşylyklaryň çözgüdiniň tilsimlerini anyklamak ýaly talaplar gelip çykýar.

## Soraglar.

1. Filosofik metodologiýasynyň esasy görnüşleri haýsylar?
2. Filosofik metodologiýanyň aňladýan kanunlary we kategoriýalary haýsylar?
3. Filosofiki metodologiýanyň umumyylmy we hususyylmy metodologiýadan tapawudy nämeden ybarat?
4. Metafiziki metodologiýanyň häsiýetli alamatlary haýsylar?
5. Ylmy akyl ýetirişiň dialektiki metodologiýasynyň nähili ýörelgeleri bar?

**Materiýa barada düşünje.** Geçen umumy okuwlarymyzda belleýşimiz ýaly filosofiýanyň esasy meselesi materiýanyň aňa bolan gatnaşygy barada mesele bolanlygy üçin biz materiýanyň nämeligini we onuň aň bilen nähili gatnaşygynyň barlygyny anyklamakdan başlaýarys.

Filosofiýada materiýa dünýädäki ähli zatlaryň we hadysalaryň esasyny, substansiýasyny kesgitleýär.

Adamyň daş töweregini köp dürli zatlar we prosesler, hadysalar hem-de wakalar, şonuň bilen birlikde haýwanlar we ösümlikler, dürli maşynlar we gurallar, himiki birleşmeler, tebigatyň hadysalary we şuňa meňzeşler gurşap alýar. Biziň bilşimiz ýaly bu zatlaryň hemmesi malekulalardan we bölünmeýän atomlardan düzülýär. Olar özüniň köp dürlüligine seretmezden adamyň aňyndan daşarda we adamyň aňyna bagly bolmadyk, ýagdaýda ýaşaýar. Başgaça aýdanymyzda bizi gurşap alan ähli zatlar we prosesler obýektiw hakykylygy ýa-da obýektiw reallygy düzýär.

Materiýa obýektiw hakykylygy we reallygy aňladýan kategoriýa bolup, filosofiýanyň iň düýpli, iň esasy düşünjeleriniň biridir. Materiýa ylmy akyl ýetirişiň belli bir etabynda, basgançagynda materiýa baradaky sintetiki, sistemalaşdyrylan we bitewi garaýyşdyr.

Materiýanyň nämeligini, onuň nämelerden düzülendigini, näme üçin gerekligini anyklamak we oňa akyl ýetirmek, her bir adamyň aň düşünjesiniň artmagyna hem-de dünýä garaýşyny we göz ýetimini şonuň bilen birlikde her bir adamyň pikirlenmäge bolan ukybyny artdyrýar. Wagt taýdan hem, giňişlik taýdan hem çäksiz çylşyrymly, tükeniksiz köp görnüşli materiýa özi baradaky toplanan bilimlerden has baýdyr, has köp taraplydyr. Çäksiz, tükeniksiz materiýany ylym diňe çäksiz we hiç haçan gutarmajak ösüş netijesinde dogry suratlandyryp biler. Diýmek, ylymyň ösmegi üçin tükeniksiz mümkinçilik bar.

Materiýa we onuň elementleri baradaky düşünjeleri döretmekde ylym ozalky taryhy eýýamda toplanan ylmy bilimlerden, şol sanda gadymy dünýäde kemala gelen

naturfilosofiýadan gözbaş alyp gaýdýar. Naturfilosofiýa latynça natura-tebigat sözi bilen baglanyşyklydyr we tebigatyň filosofiýasy diýmekligi aňladýar.

Naturfilosofiýa materiýanyň we ondaky bolup geçýän hadysalaryna ýönekeý synlaýjylyk arkaly toplanan tebigy, ylmy düşünjeler esasynda tebigata umumy filosofik baha bermekdir. Özbaşdak ugur hökmünde naturfilosofiýa esasan gadymy Gresiýada kemala gelýär. Grek naturfilosoflary dünýäniň şonuň bilen birlikde materiýanyň gelip çykyşyny, gurluşyny we ösüşini düşündirmäge çalşypdyrlar, şol esasda materiýa kesgitleme bermek üçin synanyşypdyrlar. Aslyýetinde naturfilosofik garaýyşlar filosofiýanyň ilkinji taryhy formasydyr.

Dünýä ýa-da materiýa barada düşünjäni döretmekde naturfilosofik garaýşy esaslandyrmakda gadymy Grek matematigi Pifagoryň (b.e.ö. VI asyr) mekdebi möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Pifagor, ilkinji bolup “Filosofiýada” ödelgysyny ulanypdyr. Pifagor we onuň şägirtleri dünýädäki, şonuň bilen birlikde materiýadaky ähli zatlaryň başlangyjy substansiýasy sanlardyr diýip hasap edipdirler. Elbetde, dünýäniň, materiýanyň hadysalarynyň, şol sanda kosmos (älem) jisimleriniň gatnaşyklarynda mukdar taýdan belli bir sazlaşygyň bardygy mälimdir. Pifagorçylar dürli predmetlerde mukdar, san gatnaşyklaryny öwrenipdirler. Pifagoryň özi dürli matematiki subutnamalary işläp düzüpdir. Pifagorçylar sanlaryň ähmiýetini absolýutlaşdyryp, idealistik dünýä garaýşa eýeripdirler. Muňa garamazdan, Pifagoryň we onuň mekdebiniň netijeleri matematiki usullaryň materiýanyň ýerleşýän ýeri bolan giňişligiň we materiýanyň hereketiniň dowamlylygy bolan wagty ölçemekde möhüm ähmiýetiniň bardygyny görkezipdir.

Materiýanyň nähili elementlerden düzülendigini, ol barada düşünjäni kesgitlemekde gadymy grek materialistleri Ỳewkipp (b.e.ö.V asyr). Demokrit (b.e.ö. 460-takmynan 370) we Epikur ( b.e.ö. 341-270) uly goşant goşupdyrlar. Olar materiýanyň bölünmeýän atomlardan düzülendigini, olaryň

göze görünmeýän örän kiçijik maddy bölejiklerdigini we boşlukda, boş giňişlikde hereket edip, olar birleşende, dürli zatlary emele getirip, darganda bolsa, ol zatlar ölýändigini, ýok bolýandygyny aýdyp geçipdirler. Şeýlelikde, atomistika taglymatyny döreden filosoflar materiýanyň içerki gurluşy baradaky meselä ünsi çekipdirler.

Gadymy grek filosofy Emredok (b.e.öň takmynan 490-430) hem-de Hindistandaky çarwaklaryň mekdebi materiýa barada özboluşly düşünje döredipdirler. Olaryň pikiriçe, älemi, dünýäni şonuň bilen birlikde materiýany 4 element – 4 başlangyç – ot, howa, suw, toprak düzýär. Olar hil taýdan üýtgemeýärler, olar ebedidir, bakydyr, emma biri-birleri bilen birleşip bilýärler. Ahli zat şol 4 elementden düzülendir.

Gadymy grek idealisti, filosofy Platon (b.e.öň 427-347) 4 element baradaky taglymaty atomistik taglymat bilen birleşdiripdir. Özüniň “Timeýa” atly eserinde Platon 4 element – ot, howa, suw, toprak zatlaryň iň ýönekeý, iň kiçi bölejikleri däldir. Olara zatlaryň başlangyjy diýmek bolar. Emma 4 elementiň özleri hem iň kiçijik bölejiklerden-atomlardan düzülendir diýip Platon hasap edipdir. Onuň pikirine görä elementler bölejikler geometrik köpburçlyk ýa-da üçburçlyk formasyndadyr. Idealist hökmünde Platon maddy zatlar dünýäsi ideýalar dünýäsine garaşlydyr diýip hasap edipdir.

Beýik grek ensiklopediýaçy alymy Aristorel (b.e.ö. 384-322) öz döwrüniň dünýä, materiýa baradaky esasy bilimlerini sistemalaşdyrypdyr. Onuň pikirine görä hakyky barlyk Platonyň ideýalary hem däldir, Pifagoryň sanlary hem däldir. Hakyky barlyk, materiýa, anyk ýekeleýin zatlardyr. Ỳekeleýin zat materiýa bilen formanyň birleşmegidir. Emma materiýa hem barlyk däldir, ol barlygyň mümkinçiligidir. Anyk zada öwrülmek üçin materiýa belli bir formany kabul etmelidir. Ilkinji materiýa düýbünden formasyzdyr, zatlaryň basgançagynda ol iň aşakky derejede ýerleşýär. Onuň üstünde dört element ýerleşýär. Ilkinji güýçleriň, ýagny gyzgynlyk, sowuklyk, gurulyk, çyglylyk güýçleriniň täsiri netijesinde

ilkinji materiýa belli bir forma kabul edensoň 4 elementiň birine öwrülýär. Meselem, gurylyk bilen gyzgynlygyň birleşmegi ody döredýär, gurylyk bilen sowuklyk topragy, gyzgynlyk bilen çyglylyk howany, sowuklyk bilen çyglylyk suwy döredýär. Elementleriň dürli birleşmeleri, dürli zatlary döredýär.

Älem giňişlik taýdan çäklidir, ondan aňyrda hiç zat ýok, kosmos (älem) bakydyr we hereketsizdir, ol maddy jisimlerden doldyrylandyr; aýyň aşagyndaky mesgendäki ähli jisimler 4 elementlerden – toprakdan, suwdan, howadan, otdan düzülendir, olar döreýärler, özgerýärler we ösýärler; aýyň ýokarsyndaky mesgende asman jisimleri – ýyldyzlar, planetalar, aýyň özi bar, olar belli bir tegelek aýlow boýunça öwrüm edýärler, olar üýtgemeýärler, ol mesgende 5 element – efir hem bar, efir “Birinji jisimdir”, ol  bakydyr we beýleki elementler bilen garyşmaýar; kosmosyň (älemiň) merkezinde hereketsiz ýer planetasy ýerleşýär diýip, Aristotel hasap edipdir.

Ellenizm döwründe (b.e.ö. IV – b.e. I asyrlary) hem esasan Aristoteliň ilkinji elementler baradaky taglymatyna eýeripdirler. Stoisizm filosofik akymyň fizikasynda oňa käbir täzelikler goşupdyrlar. Stoikleriň pikirlerine görä ot bilen howanyň birikmegi “pnewma” – “ýylydem” atly substansiýany emele getirýär, ol substansiýa dünýäniň, materiýanyň janydyr, ol zatlaryň logosydyr, zatlara özboluşlylyk berýän güýçdir, pnewma dünýäniň, materiýanyň işjeň güýjidir, fiziki jisimler oňa garaşlydyr diýip hasap edipdirler. Materiýa we onuň elementleri barada köp filosoflar, görnükli gadymy we soňky döwürdäki alymlar öz pikirlerini we düşünjesini ýazypdyr. Filosoflaryň birnäçesi biziň daş-töweregimizi gurşap alan ähli zatlara materiýa diýip kesgitleme beripdirler. Emma materiýa barada filosoflaryň beren kesgitlemeleri doly we dogry däldigini ylym subut etdi.

Berilen kesgitlemeleriň içinde rus alymy we filosofy W. I. Leniniň “Materializm we empiriokritisizm” diýen işinde

materiýa beren kesgitlemesi filosoflar tarapyndan doly we dogry diýip ykrar edildi.

**1-nji çyzgy**
**Materiýanyň kesgitlemesi.**

| |
|---|
| Materiýa – bu obýektiw reallygy kesgitlemek üçin filosofiki kategoriýa bolup, bu obýektiw reallyk adamyň ten duýgularyna berilendir, ol adamyň aňyna garaşsyzlykda ýaşap, ten duýgulary arkaly suratlanýar, şekillenýär we kopiýalaşýar. |

W.I.Leniniň materiýa barada kesgitlemesinde materiýany aňa gapma-garşy goýup filosofiýanyň esasy meselesini materialistik nukdaý nazardan çözýär.

Materiýa baradaky düşünje diňe bir ýa-da aýry bir näçe topar hadysalara degişli bolman, bütin obýektiw dünýäniň ähli hadysalarynyň ähliumumy häsiýetlerini aňladýan ylmy hakykat.

Materiýa esasan 2 görnüşde zat we meýdan (2-nji çyzgy) görnüşinde bolup, olaryň üýtgemegi materiýanyň ösmegine, üýtgemegine getirýär.

**2-nji çyzgy.**




Materiýanyň kesgitlemesi ylmyň ösmegi bilen materiýanyň elementleri barada täze ylmy açyşlaryň, düşündirişleriň öňe sürülmegi mümkin, emma materiýanyň kesgitlemesindäki bu obýektiw reallygyň adamyň ten

duýgularyna berlenligi we onuň adamyň aňyna garaşsyzlykda ýaşaýanlygy baradaky häsiýet ýa-da prinsip hemişe galýandygyny filosofiýa ylmy subut etdi.

Materiýa diýlende biz materiallaýyn we ideallaýyn zatlary göz öňüne tutýas. Materiýa baradaky kesgitlemede "reallyk" diýen düşünje bar, bu düşünje materiallaýyn we ideallaýyn zatlaryň hemmesini öz içine alýanlygy sebäpli dünýädäki ähli bar zatlar bu kesgitlemede ünsden düşürilmänligi sebäpli bu kesgitleme doly we dogry ylmy tarapdan subut edilen diýlip ykrar edilýär.

Ahli material zatlar bir näçe elementlerden düzülip, olar bir-biri bilen üznüksiz baglanyşykly bolup bir bitewi sistemany düzýärler. Elementleriň arasyndaky üznüksiz baglanyşyk-bu sistemanyň düzümini aňladýar. Her bir sistemanyň öz gurluşy bar, sistemany düzýän elementleri bar. Bu elementleriň üýtgemegi bütin sistemanyň üýtgemegine ýa-da başga öňki üýtgän sistemanyň esasynda täze sistemanyň döremegine getirýär. Täzäniň döremeginiň netijesinde, predmetleri, hadysalary aňladýan täze häsiýetler döreýär.

Materiýany düzýän elementler we sistemalar bir-biri bilen otnositel tapawutlylykda bolýarlar. Olar özüniň gurluşynyň çylşyrymlylygyna görä, bir-biri bilen ýerlerini çalyşýarlar.

Sistemalaryň çylşyrymlylygyna görä ony düzýän elementleri tapawutlandyrmak mümkin bolmadyk ýagdaýynda elementleri düzýän atomlaryň, molekulalaryň, öýjükleriň we adamzat jemgyýetiniň üsti bilen aýratynlygyny tapawutlandyrylýar. Olaryň bir-birine täsiri, baglanyşygy dünýäniň maddy birligini düzýär.

Filosofiýa materiýanyň birinjiliginden, aňyň ikinjiliginden, özbaşdaklygyndan ugur alýar. Materiýanyň birinjiligi dünýäniň substansiýasy hökmünde materiýanyň ýeketäkligini, materiýadan başga hiç bir zadyň ýoklugyny aňladýar. Materiýanyň ýeketäkligi onuň maddy birligi dünýäniň bitewiligi barada ideýany döretdi. Dünýäniň maddy birligi barada düşünje materiýanyň birinjiligini doly subut

edýär. Dünýäniň maddy birligi baradaky ideýa materiýanyň atributy ýa-da elmydama mahsus häsiýetleri bolan hereket, giňişlik we wagt (3-nji çyzgy) baradaky düşünjäni döretdi. Materiýa diňe öz atributynda öz haşiýetleri bilen ýaşaýar. Bu barada şu aşakdakylar subut edýär.

**Hereket we onuň esasy formalary.** Hereket materiýanyň ýaşamagynyň esasy usuly. Hereket bu dünýä akyl ýetirmegiň şerti.

3-nji çyzgy.

**Materiýanyň atributy ýa-da elmydama mahsus häsiýetleri** → **hereket**, **giňişlik**, **wagt**

Hereket dünýäni düzýän predmetleriň hadysalaryň, wakalaryň adamzat jemgyýetiniň içki elementleriniň we sistemalarynyň ýerini çalyşmagyna, bir-birine täsirine, üýtgemegine, baglanyşygyna aýdylýar. Ol dünýäni ýönekeý görnüşde duýmaklykdan, onuň ýokary – aşakly çylşyrymly şekilini döretmeklige çenli häsiýetli taraplaryny aňladyp, herekede diňe materiýanyň esasy häsiýeti hökmünde garalýar.

Hereket materiýanyň atributy hökmünde ähliumumy, ýok edilmeýän, täzeden döredilmeýän häsiýete eýe. Materiýanyň ýaşamagynyň sebäbiniň ýoklugy ýaly, hereketiň hem sebäbi ýok. Hereket elementleriň bir-birine täsiriniň, olaryň üýtgemeginiň, baglanyşygynyň we şuňa meňzeşleriň netijesinde dörän gapmagarşylyklara daýanýar. Materiýany hereketsiz, bir-birine täsirsiz, üýtgemeýän, ösmeýän ýagdaýda göz öňüne getirmek mümkin däl. Hereketsiz materiýa ýok, materiýasyz hereket.

Hereket düşünjesine dogry düşünmek üçin diňe hereket edýän materiýa üns berip, hereketsiz, dynçlykda, asudalykda duran materiýany ünsden düşürmeklik herekete dogry düşünmäge päsgel berýär. Hereket hemişe, hemme ýerde bar. Şonuň üçin ol baky, absalýut “Dynçlyk” wagtlaýyn otnositel.

Muňa nähili düşünmeli? Hereket hemişe absolýutlygy üçin ony saklap, duruzyp, ýok edip bolanok. Dynçlykda duran zatlar mysal üçin öýüň içinde duran stol, stul we beýleki enjamlar hereketsiz, asuda, dynçlykda ýaly dur. Onuň dynçlygy, asudalygy başga bir zada ýagny öýüň diwaryna seredende, olar bilen deňeşdirilende dynçlykdadygy göze görünýär. Şonuň üçin ol otnositel. Dynçlykda duran zatlar ýer şary bilen bilelikde hereket edýär. Ondan başga-da dynçlykdaky zatlary düzýän içki elementler hereketde, emma olar göze görünmeýär.

Hereket bilen dynçlyk bir – biri bilen gapma – garşy dälde, olar yzygiderli baglanyşykda, birligi düzýär.

Dünýädäki materiýa köp görnüşli bolşy ýaly, ondaky hereket hem köp görnüşde. Emma olaryň hemmesini öwrenmek mümkin däl. Sonuň üçin materiýanyň herekediniň häsiýedine, tutýan ornuna, ýerine ýetirýän wezipesine we şuňa meňzeşlere görä şu aşakdaky formalara bölünýär: mehaniki, fiziki, himiki, biologiki we sosial hereket ( 4-nji çyzgy).

**4-nji çyzgy**




Bu herekediň formalary hili boýunça bir-biri bilen tapawutlanýar we predmetleri dörediji element bolup hyzmat edýär. Her bir ýokardaky materiýanyň herekedi özünden aşakky herekediň esasynda döreýär, emma onuň bilen

birleşmän, her haýsy birligi döretmek bilen öz wezipesini aýrylykda ýerine ýetirýär.

Mehaniki hereket – giňişlikde gaty, gazgörnüşli we suwuklyk ýagdaýyndaky zatlaryň bir-birine täsirini we olaryň ýeriniň üýtgemegine aýdylýar.

Herekediň fiziki formasy molekulalaryň we elektromagnit prosesiniň özara täsirine, ýylylyk energiýasynyň döremegine we ýaýramagyna aýdylýar.

Himiki hereket–atomlaryň molekulalara, himiki elementleriň başgalara öwrülmek prosesine aýdylýar.

Biologiki hereket-janly organizmleriň adamlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň organizminde bolup geçýän üýtgemelere aýdylýar.

Herekedtiň sosial formasy adamyň jemgyýetçilik döredijiliginiň ähli görnüşiniň jemine aýdylýar.

Herekediň ýokary formasyny iň aşakdaky forma ýa-da çylşyrymly formany has ýönekeý forma birikdirmek, eger ösüşiň öňki basgançagy bilen bagly bolmasa bolmaýar. Sebäbi her bir hereket özüne degişli kanun esasynda hereket edýär. Materiýanyň herekedi giňişlikde we belli bir wagtda amala aşýar. Giňişliksiz we wagtsyz materiýanyň herekedini göz öňüne getirip bolmaýar.

**Giňişlik we wagt, olaryň hereket edýän materiýa bilen özara baglanşyklary.** Giňişlik we wagt barada aýdylanda, ähli zatlaryň giňişlikde ýaşaýandyklary, hereket edýändikleri, şol bir wagtda-da adamyň we onuň daşyny gurşap alýan zatlaryň wagt ölçeginde bolýandyklygy sebäpli “giňişlik” we “wagt” düşünjeleri örän ir kesgitlenen we ulanylyp başlanan “Giňişlik” we “Wagt”kategoriýalary filosofiýanyň we ylmyň esasy düşünjeleriniň biri bolýarlar. Ol bu kategoriýalaryň barlygyň has umumy ýagdaýyny aňladýandyklary bilen bagly. Wagt barlygyň ol ýa-da beýleki zatlarynyň barlygyny ýa-da ýoklugyny häsiýetlendirýär, olaryň ýaşaýşynyň, üýtgeýşiniň, herekediniň, häsiýetiniň içindäki aýrylmaz bölek bolýanlygy sebäpli, onsuz olaryň hiç biri bolup bilmeýär.

Giňişlik we wagt-materiýanyň ýaşamagynyň formasy. Materiýanyň herekediniň netijesinde olar ýaşaýar. Giňişlik diýlip ähli zatlaryň ýerleşýän ýerine aýdylýar. Wagt diýlip materiýanyň herekediniň, üýtgemeginiň, ösmeginiň, baglanşygynyň dowamlylygyna aýdylýar. Giňişligem, wagtam hereket bilen aýrylmaz baglanşykda bolýarlar. Giňişlik we wagt materiýanyň işjeňligini aňladýan forma. Olar barlygyň ähli umumy şertini görkezýänligi üçin giňişlik we wagt hemişelik, baky, obsalýut. Emma olaryň häsiýetleri materiýanyň herekediniň görnüşine bagly bolany üçin olar wagtlaýyn, otnositel. Giňişligiň we wagtyň esasy häsiýetleri giňişligiň üç ölçeginiň: uzynlygynyň, ininiň we beýikliginiň (5-nji çyzgy) barlygy we bularyň her haýsysynyň aýratynlykda herekediniň: öňe-yza, saga-çepe, ýokaryk-aşak (6-njy çyzgy) tarap yza gaýtmagynyň mümkinligindedir.

**5-nji çyzgy**

**Giňişligiň ölçegleri** → **uzynlygy**, **ini**, **beýikligi**

**6-njy çyzgy**

**Giňişligiň ölçeginiň yza gaýtmagy** → **öňe-yza**, **saga-çepe**, **ýokaryk-aşak**

Wagtyň bolsa bir ölçeginiň: geçmişden şu güne, şu günden geljege (7-nji çyzgy) tarap bolup, wagty saklap, duruzyp, yza gaýtaryp bolmaz. Giňişlik we wagt tükeniksiz, ahyry ýok.

**7-nji çyzgy**

**Wagtyň ölçegleri** → **Geçmişden → şu güne, şu günden → geljege tarap**

Giňişlik we wagt obýektiw materiallaýyn zat bolup, adamyň aňyna we erkine bagly däl. Giňişlik we wagt filosofiýanyň kategoriýasy bolup, ol obýektiw giňişligiň we obýektiw wagtyň esasy, uniwersal häsiýetini aňladýar. Şonuň üçin filosofiýa we häzirki ylym giňişligiň we wagtyň hereket edýän materiýa bilen bölünmezligi, giňişlikde we wagtda materiýanyň herekediniň tükeniksizligini ylmy tarapdan tassyklady.

Häzirki döwürde ylmy akyl ýetirmäniň kämilleşmegi bilen materiýa we onuň atributlary: giňişlik, wagt we hereket baradaky garaýyşlar giňelýär we çylşyrymlaşýar. Materiýanyň her bir gurnalyş derejesinde herekediň we zatlaryň arabaglanyşygynda özboluşlylygyny, giňişlik gurnalyşynyň we wagt özgerişiniň dowamlylygynyň özboluşly görnüşlerini ýüze çykarýar. Şonuň üçin soňky döwürde şu aýratynlyklara üns berlip, dürli “wagt” we dürli “giňişlik”, mysal üçin biologiki özgerişiň wagty we giňişligi barada gürrüň edilip başlandy. Ỳöne “biologiki wagt” ýa-da “sosial wagt” düşünjeleri belli bir ägälik bilen kabul etmeli. Wagt her bir material ulgamyň ýaşaýşynyň dowamlylygyny we onda özgerişleriň çalşyşynyň yzygiderliligini aňladýan wagtyň görnüşiniň barlygy bolýar. Giňişlik bolsa her bir maddy ulgamlaryň uzynlygyny, düzümini, topologiýasyny häsiýetlendirýän materiýanyň barlygynyň görnüşi bolup, giňişlik, wagt, we hereket edil materiýa kimin umumylygy düzüp, olar biri-biri bilen aýrylmaz baglanşykda bolýarlar.

## Soraglar.

1. Materiýa diýmek name?
2. Materiýa diýlende nähili zatlary göz öňünde tutulýar?
3. Hereket näme we onuň esasy formalary haýsylar?
4. Giňişlik nämäni aňladýar we onuň näçe ölçegli bar?
5. Wagt näme we onuň ölçegi nähili?

## Filosofiýanyň esasy kategoriýalary

**Ýekeleýin, aýratyn, umumy kategoriýasy.** Dünýä filosofik akyl ýetirilişi, onuň ewristik we prognostik (maglumat) düzümleri ylmyň ösmegi üçin zerur şertler bolup durýar. Ol akyl ýetirmegi üpjün edýän predmet gurluşy bolan ideal obýektleri ylmy teoretik taýdan operirlemek herekedine şert döredýär.

Dünýä islendik akyl ýetiriş, şol sanda ylmy akyl ýetiriş, her bir taryhy döwürde kategoriýalaryň belli bir sistema laýyklykda amala aşyrylýar. Olaryň kömegi bilen dünýäniň bölünmeginiň we onuň obýektleriniň sinteziniň belli bir usuly hasaba alynýar. Dünýäniň bir bitewidigini, dünýädäki aýry-aýry bölekleriň, hadysalaryň we prosesleriň öz biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny ylym görkezdi. Ylymyň wezipesi öwrenilýän hadysalaryň şu uniwersal baglanyşygyny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Zadyň takygyna ýetmek diýildigi onuň baglanşyklarynyň, ylalaşyklarynyň ähli köp tüýslilikleri bilen öwrenmek diýildigidir.

Ylmyň ösüş taryhy (adamyň rasional – predmet işi) sistemaly obýektleriň dürli tiplerini öwrenendigini görkezýär. Oňa sostawly (düzümli) predmetler we öz-özünden ösýän çylşyrymly sistemalar girýär. Sistemaly gurnalyşyň her tipi üçin öz kategorial apparatynyň talap edişine laýyklykda anyk ylmy düşünjeleriň ösüşi bolup geçýär. Olar öz gezeginde,gurluşyň detallaryny we barlanylýan obýektleriň özlerini alyp barşyny häsiýetlendirýär.

Filosofiýanyň esasy kategorýalary 6 sany jübütleýin kategoriýalary bolup, olar esasy däl kanunlar hem diýilýär. Olara: ýekeleýin, aýratyn, umumy kategoriýasy, sebäp we netije, mazmun we forma, düýp mazmun we hadysa, zerurlyk we tötänlik, mümkinlik we hakykat degişlidir.

Ýekeleýin, aýratyn, umumy kategoriýasy, real zatlaryň obýektiw dowam edýän umumylygyna ähliumumy zat diýlip aýdylýar. Bu umumylyk olaryň häsiýetleriniň, alamatlarynyň we sypatlarynyň birliginde ýüze çykýar. Ýekeleýin (ýa – da aýry) zat diýlip tebigatda we jemgyýetde bolýan zatlara, hadysalara, proseslere, wakalara düşünilýär. Ýekeleýin zat hökmünde zatlaryň, hadysalaryň tutuş bir topary-da başga belli bir umumylyk bilen birleşen has umumy topar barada garalan mahalynda, öňe çykyp biler.Mysal üçin Türkmen döwleti .

Ähliumumy zat we ýekeleýin zat diýen kategoriýalar bilen bir hatarda ylym aýratyn zat diýen düşünjäni hem emele getiripdir, bu düşünje bolsa ýekeleýin zat bilen ähliumumy zadyň arasyndaky baglanyşdyryjy halka ýaly bir zatdyr. Ýekeleýin zat barada alanyňda aýratyn zat ähliumumydyr, ähliumumy zat barada alanyňda bolsa – ýekeleýin zatdyr. Meselem, bugdaý – ýekeleýin zatdyr, däneli ösümlik – aýratyn zatdyr,ösümlik – ähliumumy zatdyr. Däneli ösümlik aýratyn zat hökmünde alnanda bugdaý barada ähliumumydyr we ösümlik barada ýekeleýin zatdyr.

Ähliumumy zady we onuň ýekeleýin zada gatnaşygyny dürli-dürli filosofik ugurlar her dürli düşündirýärler. Obýektiw idealizm üçin ähliumumy zady absolýutlaşdyrmak häsiýetlidir. Ähliumumy zat ýekeleýin zatdan öň bolupdyr we döräpdir diýen pikiri öňe sürüpdirler. Nemes filosofy Gegeliň pikiriçe: “Ähliumumy zat ýekeleýin zadyň esasydyr we gögerýän topragydyr, kökidir we substansiýasydyr” Gegeliň pikiriçe umuman miwe we umuman mineral ýekeleýin miwelere hem-de minerallara garaşsyz we olardan öň dowam edýär.

Materialist filosoflar ýekeleýin zadyň-da, ähliumumy zadyň-da obýektiwdigini ykrar edip, olar bir-biri bilen aýrylmaz baglylykda real ýaşaýarlar. Rus alymy we filosofy W. I. Leniniň belleýşine görä “aýry zat umumy zada alyp barýan baglanyşyk içinde ýaşamakdan başga hili ýaşamaýar. Umumy zat diňe aýry zatda, aýry zadyň üsti bilen ýaşaýar. Her bir aýry zat (eýlelik ýa-da beýlelik bilen) umumy zatdyr. Her bir umumy zat aýry zadyň (bölejigidir) ýa-da bir tarapydyr ýa-da düýp manysydyr. Her bir umumy zat hemme aýry zatlary diňe takmynan öz içine alýar. Her bir aýry zat umumy zada doly däl suratda girýär we ýene-ýene ş. m. Her bir aýry zat başga kysymly aýry (zatlar, hadysalar, prosesler) bilen müňlerçe geçişler arkaly baglanyşyklydyr”.

Ýekeleýin zat bilen umumy zadyň baglanşygy hemme ýerde ýüze çykýar. Himik haýsy-da bolsa bir himiki elementi, meselem, wodorody öwrenende, onuň başga elementler bilen baglanyşygyny takyklaýar. Ol wodorodyň gazdygyny barlap tapýar. Umumy zat (gaz görnüşlilik) diňe ýekeleýin zatda (wodorodda, kislorodda, azotda we ş.m-lerde) bar. Şol umumy zat ýekeleýin zadyň (wodorodyň) diňe ýekeje häsiýetidir we zadyň bütin baýlygyny öz içine almaýar. Beýleki her bir ýekeleýin zatdaky bolşy ýaly, wodorodda ummasyz köp mukdarda häsiýetler bar, şol häsiýetleri arkaly ol beýleki hemme elementler bilen baglanyşyklydyr. Ýekeleýin hadysanyň beýleki hadysalaryňky ýaly umumy häsiýetleri-de bar, diňe şu hadysa mahsus we ony beýleki hadysalardan tapawutlandyrýan spesifik, aýratyn häsiýetleri-de bar. Şunda umumy zat we aýratyn zat şol hadysada aýrylmaz baglanşyklylykda ýaşaýarlar. Umumy zat ýekeleýin hadysalaryň pursatydyr, tarapydyr, häsiýetidir.

Ähliumumy zada diňe ýekeleýin hadysalaryň, prosesleriň köp sanlysyny öwrenmek we deňeşdirmek arkaly akyl ýetirmek bolar. Akyl ýetirişiň özi ýekeleýin zatdan başlap, aýratyn zadyň üsti bilen ähliumumy zada tarap ýokary çykmakdyr.

**Sebäp we netije.** Sebäplilik – hadysalaryň ähliumumy kanunalaýyk baglanyşygynyň formalarynyň biridir. Hemme ylymlar, hadysalary öwrenenlerinde, şol hadysalaryň emele gelmeginiň, ösmeginiň we üýtgemeginiň sebäplerini ýüze çykarmaga jan edýärler. Bilmegiň özi ozaly bilen sebäpleri bilmekdir.

Sebäp we netije – biri-birine gatnaşykly düşunjelerdir. Başga bir hadysany döredýän hadysa şol hadysa barada sebäp hökmünde ýüze çykýar. Sebäbiň täsiriniň döreden zady netijedir. Sebäpliligiň özi hadysalaryň arasyndaky şeýle bir baglanyşyk bolup, şol baglanyşygyň bar mahalynda, her gezek bir hadysanyň yzyndan başga bir hadysa hem bolýar. Meselem, suwuň gyzdyrylmasy onuň buga öwrülmeginiň sebäbidir, çünki her bir gezek suw gyzdyrylanda, bug dörediş prosesi emele gelýär.

Sebäp we netije kategoriýalarynyň ägirt uly ämiýeti bardyr. Pikirlenme bu kategoriýalarda obýektiw dünýäniň iň möhüm kanunalaýyklygyny şöhlelendiripdir. Bu kanunalaýyklygy bolsa bilmek adamlaryň praktiki işi üçin zerurdyr. Sebäp we netije hakyndaky düşünjeler jemgyýetçilik praktikasynyň we dünýä akyl ýetirmegiň prosesinde emele gelipdir. Meselem, zähmetde adam süýkemäniň ýylylyk döredýändigine akyl ýetiripdir. Sebäp wagt taýdan hemişe netijeden öňürti bolýar we netijäni döredýär.

Sebäbi bahanadan tapawutlandyrmak gerek. Bahananyň özi başga bir wakanyň dos-dogry öň ýanynda bolýan, şol wakanyň peýda bolmagyny başladýan, emma ony döretmeýän wakadyr. Bahana bilen netijeniň arasynda baglanşyk bar, emma ol baglanyşyk daşarky baglanyşykdyr, düýpli däl baglanyşykdyr. Meselem, talybyň sapakdan ikilik almagyna umumy ýaşaýyş jaýynda elektrik çyranyň ýanmazlygy ikilik alanlygynyň bahanasy bolýar. Dersden ikilik almagynyň sebäbi onuň okamanlygydyr.

Hadysalaryň sebäpli baglanyşygy uniwersal, ähliumumy häsiýetdedir. Dünýäde hemme hadysalar, hemme üýtgeşmeler sebäpleriň täsiriniň netijesinde emele gelýär. Sebäpsiz

hadysalar ýokdyr. Hadysalaryň sebäpli baglanyşygyna adam dürli-dürli derejede bolan takyklyk bilen akyl ýetirýär. Käbir hadysalaryň sebäpleri bize henize çenli mälim däl, emma şol sebäpler obýektiw suratda dowam edýär. Meselem, bir näçe döwletlerde ýerasty baýlyklaryň barlygynyň, bir naçesinde bolsa ýoklugynyň sebäbi belli däl.

Sebäplilik barada materializm bilen idealizmiň arasynda göreş barýar, çünki biziň sebäplilik hakyndaky bilimlerimiziň çeşmesi dogrusyndaky meseläni görkezmekde olar dürli pikirleri öňe sürýärler. Materializm hadysalaryň obýektiw erke we aňa garaşsyz sebäpli baglanyşygyny we adamyň kellesinde şol baglanyşygyň azdan-köpden dogry şöhlelenýändigini ykrar edýär. Idealistler hakykatyň hemme hadysalarynyň sebäpli şertleşigini inkär edip ýa-da sebäpliligi obýektiw dünýäden netije edip çykarman, aňdan, paýhasdan netije edip çykaryp, şunuň bilen-de pikirlenmäni tebigatdan üzüp aýyrýarlar.

Dünýädäki hemme hadysalar sebäpli şertleşikdedir diýen düzgün sebäplilik kanunyny aňladýar. Şu kanunyň obýektiwligini ykrar edýän ony hemme hadysalar barada ýöredýän filosoflara deterministler diýip at berilýär (bu söz latynça determino – kesgitleýärin diýen sözdendir). Sebäplilik kanunyny inkär edýän filosoflara indeterministler diýlip at berilýär. Sebäplilik kategoriýasy ýa-da kanuny hemme hadysalaryň tebigy suratda düşündirilmegini talap edýär we tebigat hem-de jemgyýet hadysalaryny tebigatdan daşary, o dünýä güýçleri arkaly düşündirmegiň mümkinçiligine ýol goýmaýar.

Sebäbiň we netijeniň özara täsiri olaryň biri-birine mydama täsir etmegini aňladýar, şonuň netijesinde bolsa sebäp-de, netije-de üýtgeýär. Meselem, ylym we önümçilik biri-biri bilen dyngysyz özara täsir etmegi netijesinde ösýär. Önümçilikde üýtgeşiklikleriň bolmagy ylymda düýpli üýtgeşikleriň bolmagyna sebäp bolýar. Ylmy açyşlar bolsa önümçiligiň tehnikasynyň we tehnologiýasynyň täzeden gurulmagyna getirýär.

**Mazmun we forma.** Gapma-garşylyklaryň göreşi arkaly ösüşiň iň möhüm we ähliumumy aňladylmalaryndan biri predmetleriň mazmuny bilen formasynyň arasynda garşylyklaryň emele gelmeginden, ösmeginden we ýeňlip geçilmeginden ybaratdyr.

Mazmun we forma kotegoriýalarynyň ösüş proseslerine düşünmek üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Her bir predmetiň öz mazmuny we öz formasy bar, bulara diňe olaryň arasyndaky ysnyşykly baglanyşykda düşünmek bolar. Mazmunyň özi predmetiň hil aýratynlyklaryny kesgitleýän we onuň hemme elementlerinde ýüze çykýan esasydyr, esasy tarapydyr. Meselem, her bir janly organizme öz töweregindäki sreda bilen madda alyşmagyň belli bir tipi, şol madda alyşmak prosesinde onuň ýerine ýetirýän belli bir funksiýalary mahsusdyr. Munuň özi janly mahlugyň mazmunydyr, bu mazmun onuň düzülişinde, onuň organlarynyň formasynda ýüze çykýar. Çeper eseriň mazmuny onuň ideýalaryndan, hakykatyň, adamlaryň ýaşaýşynyň haýsy-da bolsa bir tarapyny şöhlelendirýän ideýalaryndan ybaratdyr. Bu mazmun bütin eseriň: onuň sýujetiniň, şekilleriniň (obrazlarynyň), diliniň we ş.m. içinden geçip gidýär. Önümçilik usulynyň mazmuny – munuň özi onuň öndüriji güýçleridir, öz jemgyýetçilik formasy hökmünde önümçilik gatnaşyklaryny kesgitleýän öndüriji güýçleridir.

Mazmun formasyz ýaşamaýar. Forma mazmunyň ýaşamagynyň usulydyr, mazmunyň ýaşamagyny mümkin edýän içki gurlyşydyr, strukturasydyr. Öndüriji güýçler olaryň ösüş formasy bolup duran belli bir önümçilik gatnaşyklary bolmasa, dowam edip bilmezler.

Predmetiň içki formasyny onuň daşky formasy bilen gatyşdyrmak gerek däl. Poema ýa-da roman üçin poligrafik formalaşdyrmak (kitabyň formaty, gaýyş ýa-da karton jildi, ownuk ýa-da iri şrifti we ş.m.) – munuň özi çeper eseriň mazmuny üçin ähmiýeti bolmadyk daşky formadyr. Çeper obrazlar, dil, sýujet, kompozisiýa we ş.m. bolsa ideýa mazmunyna aňlatma berýän we mazmunyň bolmagy üçin

hökman zerur bolan içki formadyr. Şuňa görä predmetiň formasy onuň barlygynyň formasydyr. Dialektikanyň hemme beýleki kategoriýalary ýaly, mazmun we forma bir-birine geçip bilýärler. Olaryň arasynda absolýut çäk ýok we bir baglanyşyklarda we gatnaşyklarda mazmun bolup duran zat başga baglanyşyklarda we gatnaşyklarda forma bolýar.

Forma bilen mazmunyň arasynda çylşyrymly dialektiki özara gatnaşyklar bar. Şonuň üçin olar birigip birligi döredýär. Olaryň biri bolmasa, beýlekisi-de ýokdyr. Her bir predmetde, her bir prosesde hemişe mazmun we forma bardyr. Mazmun şu birlikde esasy, kesgitleýji roly eýeleýär. Mazmun formany kesgitleýär, öz formasyny döredýär, forma mazmuna baglydyr. Forma öz-özünden bolýan zat däldir, ol belli bir mazmunyň formasydyr. Mazmunyň özi belli bir forma girmese, şu mazmun bolmagyny bes edýän bolsa-da, her halda ol bularyň arasyndaky özara täsiriň esasydyr. Öz mazmunyna bagly bolmak bilen, forma passiw däldir. Ol mazmuna işeňňir täsir edýär we ösüşde onuň roly ägirt ulydyr. Forma iki hili rol oýnap biler, ýagny ol predmetiň ösmegine kömek edip biler we tersine şol ösüşi bökdäp biler.

**Düýp mazmun we hadysa.** Düýp mazmunyň özi obýektiw hakykatyň içki, otnositel durnukly tarapydyr, şu hadysanyň tebigatyny kesgitleýän tarapydyr. Düýp mazmundan tapawutlanyp, hadysa obýektiw hakykatyň daşky has hereketli we üýtgeýji tarapydyr. Hadysa düýp mazmunyň konkret ýüze çykmasydyr.

Düýp mazmun we hadysa hakyndaky düşünjeler ylmy-bilimiň dowam etmeginiň ilki başyndan başlap peýda boldy. Akyl ýetirişiň ösüşiniň logikasy we praktiki işiň islegleri adamy zadyň ýa-da predmetiň düýp mazmuny bolup duran zady olaryň ilki başda bize görnüşinden tapawutlandyrmagyň zerurdygyna getirdi.

Metafizika üçin hadysany düýp mazmundan üzňeleşdirmek häsiýetlidir. Bu üzňeleşdirmek dürli-dürli görnüşde ýüze çykýar. Käbir filosoflar aýratyn ideal esas hökmünde düýp mazmun özleriniň düýp mazmuny bolmadyk

hadysalardan aýratynlykda ýaşaýar diýip hasap edýärler. Obýektiw idealizmiň bir entek wekilleri şeýle garaýşa goşulýarlar. Nemes filosofy Kantyň we onuň şägirtleriniň pikirine görä düýp mazmun zatlaryň özünde bar, emma ol adam üçin elýeterlik däldir diýip hasap edýärler. Olaryň pikirine görä, adamyň akyl ýetirişiniň özi zatlaryň obýektiw düýp mazmunyny aňlatmaýan hadysalar dünýäsidir. Düýp mazmun bilen hadysanyň arasynda uçrum bolup, ol adamyň akyl ýetirişi tarapyndan döredilýär.

Materialistler bolsa hadysa bilen düýp mazmunyň içki, üznüksiz baglanyşygyny, birligini görkezýär. Rus alymy we filosofy W. I. Lenin düýp mazmun we hadysa hakynda “bu ýerde-de biz biriniň beýlekisine geçişini görýäris: düýp mazmun hadysada ýüze çykýar. Hadysa düýp mazmunlydyr” diýip belleýär.

Düýp mazmun ýüze çykýar diýmegiň özi haýsy-da bolsa bir hadysalarda ýüze çykmaýan sap düýp mazmunlaryň ýokdugyny aňladýar. Her bir düýp mazmun anyk predmetlerde, zatlarda, proseslerde, wakalarda, gatnaşyklarda we ş.m. ýüze çykýar. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletimiziň düýp mazmuny ykdysady ösüş “Döwlet adam üçin” diýen şygaryň many-mazmunynda, raýatlaryň ýaşaýyş durmuşynyň gowulaşmagy, olaryň saglygy barada aladada we ş.m. ýaly ýagdaýlarda ýüze çykýar.

Hadysa düýp mazmunlydyr diýmekligiň özi her bir hadysada düýp mazmunyň ýüze çykýandygyny aňladýar. Her bir hadysa düýp mazmun bilen ol ýa-da başga hili baglanyşyklydyr, onuň ýüze çykmasydyr. Meselem, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletinde halkyň hal-ýagdaýynyň gowulaşmagynyň düýp mazmuny - “Döwlet adam üçin” diýen şygaryň durmuşa geçirilmegidir.

Düýp mazmunyň aýry-aýry ýüze çykmalaryna akyl ýetirip, biz şunlukda düýp mazmunyň özüne akyl ýetirmek ýoly bilen barýandygymyzy aňladýar. Düýp mazmun bilen hadysa diňe bir bitewilik däl, belki gapma-garşydyrlar, olar hiç wagt bir-birine doly gabat gelmeýärler. Olaryň gapma-

garşylyklygy öz aralarynda dürli gatnaşyklarda ýüze çykyp, özleriniň düýp mazmunyny bildirýän hakykat predmetleriniň içki garşylyklarynyň aňladylmasydyr. Düýp mazmun bilen hadysanyň arasyndaky garşylygyň aýdyň ýüze çykmasy bolup daşky görnüş hyzmat edýär.

**Zerurlyk we tötänlik.** Determinizm prinsipiniň yzygiderli ýöredilmegi zerurlyk we tötänlik mynasybeti problemasynyň dogry çözülmegi bilen baglanyşyklydyr. Şu mynasybeti aýdyň bilmän, obýektiw kanunlaryň hereketine düşünmek bolmaz.

Ýokarda görkezilişi ýaly, kanunalaýyk baglanyşyklar obýektiw sypatda şertlenişiklidir, düýplidir we zerurdyr. Zerur zadyň özi zatlaryň düýp mazmunyndan, içki baglanyşygyndan gelip çykýan we gutulgysyz sypatda bolmaly zatdyr. Zerurlyga gapma-garşy zat tötänlikdir. Tötänlik durnukly däldir, prosesiň düýp mazmuny bilen gös-göni baglanyşykly däldir. Tötäni hadysa bolup hem biler, emma bolman hem biler, beýle bolup hem biler,emma başga hili bolup hem biler. Zerurlygyň sebäbi öz içindedir, tötänligiň sebäbi başga zatdadyr. Meselem, haýsy-da bolsa bir ösümligiň tohumynyň ozal hiç wagt şol ösümligiň tohumynyň düşmän gelen ülkesine eltilmegi tötänleýindir. Şol tohumyň özüniň bitmegi üçin şol ýerde şertler tapanlygy tötänleýindir. Bu hadysalaryň sebäbi tohumdan daşardadyr. Tohumyň ösmeginiň gidişinde onuň haýsy-da bolsa bir ülkä geçirilmeginiň sebäpleri ýokdyr: tohumyň nähili şertlere düşjekligi, özüniň bitjek ýerinde onuň nähili päsgelçiliklere duş geljekdigi tohuma bagly däldir. Şu aýdylýan tohumyň şu aýdylýan ülkä düşmegi, onuň şol ýerde amatly şertler tapmagy we ş.m. asla hökman däldir. Haýsyda bolsa bir ösümligiň tohumy bişensoň ol tohumyň şondan beýläkki ýaşamagy birentek tötänliklere baglydyr.

Umumy zadyň ýekeleýin hadysalar arkaly ýüze çykyşy ýaly, zerurlygyň özi ummasyz köp tätänlikler arkaly ýüze çykýar. Şoňa görä ylmyň wezipesi tötänlikleriň bur-bulaşyklygy ýaly bolup görünýän zadyň içinde gizlengi zerurlygy, kanunalaýyklygy açmakdan ybaratdyr. Şoňa görä

zerurlyk tötänlik bilen dialektiki baglanyşykda. Tötänleýin zat zerurdyr, zerurlyk bolsa özüne tötänlikleriň üsti bilen ýol salýar. Munuň özi ýöne bir boş söz, samrama bolman, hakykatda zatlaryň obýektiw baglanyşygyny dogry şöhlelendirýän çuň manydyr.

Filosofiýa tötänligiň we zerurlygyň özara baglanyşygyny, materiýanyň ösüşi prosesinde, olaryň biri-birine geçişini çuň we hemme taraplaýyn ýüze çykarýar. Tötänlik zerurlygyň ýüze çykyş formasydyr. “Zerur zat hökmünde hasaplanýan zat sap tötänliklerden düzülýär, tötäni zat diýlip hasap edilýän zat bolsa özüniň aňyrsynda zerurlyk durýan formadyr” diýip nemes filosofy we akyldary F. Engels belläp geçýär.

Tötänlik sebäpsizlik däldir. Hemme tötänlikleriň öz sebäpleri bardyr. Önümçilikde pes netije alynmagynyň sebäbi önümçiligi häzirki talaba laýyk gurnap bilmezlik, häzirki ylmy tehniki progresiň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmazlyk we ş.m. Sebäp we onuň hereketi üçin şertler bar mahalynda, şondan netije zerury suratda gelip çykýar. Säbäplilik – hadysalaryň baglanyşygynyň ähliumumy formasydyr. Emma sebäbiň hereketi üçin şertler bolup hem biler, bolman hem biler. Sebäpleriň özleri-de dürlü-dürlüdir. Ösüş prosesiniň içki logikasyndan gelip çykýan ýagny zerur bolup durýan sebäpler-de bardyr, tötänleýin häsiýetde bolan, bolmazlygy-da mümkin bolan sebäpler-de bardyr.

Ylym tötänlikleriň üsti bilen bir näçe açyşlar edýär. Tötänlik obýektiw sypatda dowam edýär we ony ylym öwrenýär. Emma ylym munda aýak çekmän, tötänlikleriň aňyrsyndaky zerurlygy, tötänliklerde bolan kanunalaýyklygy ýüze çykarmalydyr.

Tötänlikler biziň ýaşaýşymyza dürli hili täsir edýär. Tötänlikleriň birleri amatly bolýar, beýlekileri heläkçilikli täsir edýär, birleri ösüş prosesini tizleşdirýär, beýlekileri çylşyrymlaşdyrýar we haýallandyrýar. Jemgyýetiň ösüşiniň dürli basgançaklarynda adamlaryň ýaşaýşy tebigatyň tötänliklerine dürli-dürli derejeler-de bagly bolup geldi.

**Mümkinlik we hakykat.** Tebigatyň we jemgyýetiň hedysalarynyň çylşyrymly hem köp tüýsli kanunalaýyk baglanyşygynyň formalarynyň biri – mümkinçiligiň hakykata öwrülmegidir.

Hadysalaryň, prosesleriň birleriniň ýa-da başgalarynyň emele gelmeginiň mümkinligi materiýalaýyn dünýäniň obýektiw kanunlarynyň hereketinden gelip çykýar we belli-belli şertlerde hakykatlyga geçýär, hakykata öwrülýär. Hakykat – amala aşyrylan mümkinçilikdir. “Hakykat” diýen termin başga giň manyda bütin töwerekdäki dünýä we şol dünýädäki hemme mümkinlikler hökmünde hem ulanylýar. Mümkinlik hadysalaryň kanunalaýyk hereketiniň belli bir meýlini aňladýar. Emma mümkinligiň özi diňe bir zerurlyk bilen däl, belki tötänlik bilen hem baglanyşyklydyr. Haýsy-da bolsa bir mümkinlik hadysalaryň belli bir hatarynyň diňe kanunalaýyk zerur hereketine däl, belki ýagdaýlaryň tötänleýin utgaşygyna hem baglydyr. Meselem, şu ýylda Türkmenistan döwletimizde dänäniň gowy hasylyny ýygnadylar. Bu netijäniň gazanylmagynyň mümkinligi birentek kanunalaýyk faktorlara (gowy sortly tohumyň ekilmegi, topragy öz wagtynda iýmitlendirmek we bejermek we. ş.m.) esaslanandyr. Emma bu mümkinligiň özi birentek tötänleýin ýagdaýlara (şu ýyl ýagan ygallaryň we güneşli günleriň sanyna, hasyl ýygnalýan mahalynda howanyň ýagdaýyna we ş.m.) hem bagly boldy. Şuňa görä mümkinlikleriň ýüze çykarylan mahalynda, şu mümkinligi kesgitleýän zerur faktorlary-da, tötänleýin faktorlary-da nazara almak gerek.

Mümkinlik mümkin dälligiň gapma-garşysynadyr. Mümkinligi we mümkin dälligi konkret sypatda gözden geçirmek gerek. Şertleriň üýtgeşmelerine we täze kanunlaryň emele gelmegine garaşlylykda mümkin däl zadyň mümkin zat bolmagy we munyň tersine bolmagy mümkin. 1960-1970-nji ýyllarda SSSR-iň dargamagy oňa bakna bolan respublikalaryň garaşsyzlyk almagy mümkin däldi, emme soňra 1990-njy ýyldan soň SSSR-iň halklarynyň arasynda agzalalygyň,

deňsizligiň we totalitar sistemanyň güýçlenmegi 1991-nji ýylda SSSR-iň dargamagyna we bir näçe respublikalaryň garaşsyzlyk, özbaşdaklyk almagyna mümkinlik döräp, mümkinlik bolsa hakykada öwrüldi.

Mümkinlik we hakykat ösüşiň iki tarapy hökmünde ösüşiň ugur alyş pursaty we netijesi hökmünde biri-birine otnositel gapma-garşydyr. Ösüşiň özi wakalar tirkeşiginiň zynjyry bolup durýandygyna görä, şol zynjyrdaky her bir halka beýleki halklaryň biri barada ugur alyş pursatydyr we başga biri barada netijedir, hem-ä mümkinlikdir, hem-de hakykatdyr. Oba hojalygyň ösmegi ylmyň we tehnikanyň ösmegine mümkinçilik döredýär. Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny önümçilikde ulanmak oba hojalygyň ösmeginiň mümkinçiligini döretdi.

Mümkinlik we hakykat bir-birine geçýän bolsa-da, olary pugta tapawutlandyrmak gerek. Mümkin zady hakyky zat diýip kabul etmeklik gödek ýalňyşa sezewar boldugyň bolar, özüňi we başgalary ýalňyşdyrdygyň bolar. Eger-de bütin mümkin zat şol wagtyň özünde hakyky zat hem bolup durýan bolsa, onda tebigatda we jemgyýetde hiç hili ösüş bolmazdy. Syýasatda mümkin zady we hakyky zady gatyşdyrmaklyk öz-özüňi aldamaklyga hem düýpli ýalňyşlara getirýär.

Mümkinçilik dürli hili bolup biler. Durmuşda bar bolan şertlerden, bar bolan we hereket edýän kanunalaýyklyklardan gelip çykýan mümkinçilige real mümkinçilik diýilýär. Emma obýektiw kanunalaýyklygyň bar bolmagy heniz haýsy-da bolsa bir real mümkinligiň emele gelmegi üçin ýeterlik däl. Şu kanunalaýyklygyň hut şu aýdylýan formada ýüze çykmagyna ýol açjak şertler gerek. Belli bir kanunalaýyklygyň bar bolmagy diňe abstrakt, formal mümkinlige şert döredýär. Bu mümkinlik bolsa häzirki konkret-taryhy ýagdaýda heniz hakykata öwrülip bilmeýär, sebäbi heniz onuň durmuşa geçirilmegi üçin deslapky şertler ýok.

Tebigatyň, jemgyýetiň we umuman ýaşaýşyň ösüşine, üýtgeýşine düşünmekde we akyl ýetirmekde filosofiýanyň (dialektikanyň) esasy kategoriýalarynyň ähmiýeti uludyr.

Obýektlere düşünmegiň we akyl ýetirmagiň adaty usullarynyň çäginden çykmak üçin zerur bolan kategorial gurluşyň işlenilip düzülmegi filosofik akyl ýetirişiň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Filosofiýa ylmy barlag üçin zerur bolan kategorial matrisany (esasy) güýje getirmek ukybyna eýedir. Kategoriýalaryň güýje getirilmegi obýektleriň laýyk gelýän tipleriniň özleşdirilmeginden öňürti amala aşyrylýar. Akyl ýetiriş prosesinde filosofiýa öz kategoriýalaryny ösdürýär. Şeýle hem filosofiýa takyk we sosial ylymlar üçin olaryň geljekki düşünje apparatynyň deslapky maksatnamasyny taýýarlaýar. Anyk ylmy barlaglarda ulanylýan filosofik kategoriýalar baýlaşýar we mazmun taýdan ösýär. Emma kategoriýalaryň täze mazmunyny bellige almak üçin ylma bolan filosofik refleksiýa gerek. Ol (refleksiýa) hakykata filosofik ýetmegiň aýratyn aspekti bolup çykyş edýär.

Tebigatda, jemgyýetde we pikirlenmede hereket edýän, ähliumumy häsiýete eýe bolan filosofiýanyň ähliumumy kanunlary bar, olar barada indiki okuwymyzda aýdyp geçeris.

## Soraglar.

1. Filosofiýanyň esasy kategoriýalary haýsylar?
2. Ýekeleýin, aýratyn, umumy kategoriýalary nämäni aňladýar?
3. Sebäp we netije baglanyşygynyň häsiýetli aýratynlygy nämeden ybarat?
4. Mazmun we forma kategoriýasynyň ösüş prosesini düşündürmekde ähmiýeti?
5. Düýp mazmun we hadysa kategoriýasynyň we ylym, bilim bilen baglanyşygy nähili?

## Filosofiýanyň ähliumumy kanunlary

**Gapma-garşylyklaryň birligi we göreş kanuny.** Bu kanun filosofiýanyň şonuň bilen birlikde dialektikanyň esasy ýadrosy, özeni bolup durýar. Bu kanun bolmasa filosofiýanyň beýleki ähliumumy kanunlaryny ýagny hil üýtgemeleriniň mukdar üýtgemelerine we bir-birine geçiş kanunyny hem-de inkär etmäniň inkär etme kanunynyň düýp mazmunyna düşünmek mümkin bolmazdy. Bu kanun bilen filosofiýanyň esasy jübtleýin kategoriýalaryda bir-biri bilen özara gatnaşyklarynyň esasynda durýar. Şoňa görä gapma-garşylyklaryň birligi we göreş kanuny durmuşda ylaýta-da filosofiýada möhüm orun tutýar. Onuň roly we ähmiýeti onuň ösüşiň içki çeşmelerini we impulslaryny ýüze çykarýandygy bilen kesgitlenýär. Gapma-garşylyklar göreşi – ösüşiň çeşmesidir. Şoňa görä şu kanuna garaýyş ösüş baradaky bu ýa-da beýleki teoriýanyň ylmylygyny we ýaşaýşa ukyplylygyny barlamaga esas bolýan daýançdyr.

Filosofiýa ylmyň obýektiw maglumatlaryndan we adamzadyň taryhy tejribesinden ugur alyp, hemme predmetlere we hadysalara içki garşylyklar mahsusdyr, her bir predmet gapma-garşylyklaryň birligidir, gapma-garşy taraplaryň, häsiýetleriň, meýilleriň birligidir diýip tassyklaýar. Eger biz predmeti absolýut aýny bir zat hökmünde beýnä ornaşdyrsak, onda ylmyň wezipesi onuň şol ýalňyşyny ýeňip geçmekden we predmetiň içki garşylyklaryny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Diňe içki garşylyklary ýüze çykarmak arkaly predmetlere, olaryň düýp mazmunyna, olaryň ösüş kanunlaryna akyl ýetirmek bolar. Filosofiýa hemme predmetlere we hadysalara garama-garşy taraplar we içki garşylyklar mahsusdyr diýip tassyklaýar. Garama-garşy taraplar diýlip – maddy we ruhy zatlaryň umumylygyny aňladýan aýratynlyga, garama garşy elementlere, taraplara, gurluşa aýdylýar. Garşylyk-garama-garşylygyň özara baglanyşygy bolup bütewi zatlaryň düzüminde ýerleşmek bilen bir-biri bilen gapma-garşy duran we bir-birine täsir

edýän taraplara aýdylýar. Olar birlikde bolup bir-biri bilen hemişe göreşde bolýarlar. Olaryň hemmesiniň özleriniň tersin we oňyn taraplary bar, özleriniň geçmişi we geljegi bar, özleriniň könelýän we ösýän ýeri bar, bu gapma-garşylyklaryň göreşi, köne bilen täzäniň arasyndaky göreş, öz ömrüňi geçirip barýan bilen ýaňy emele gelýäniň arasyndaky göreş, könelýän bilen ösüp barýanyň arasyndaky göreş-ösüş prosesiniň içki mazmunydyr, mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine öwrülmeginiň içki mazmunydyr diýen düzgünden ugur alýar.

Gapma-garşylyklar hem predmetleriň, hadysalaryň we hereketiň köp dürli bolşy ýaly köp dürlidir. Mysal üçin içki we daşky, esasy we esasy däl, antagonistik we antagonistik däl gapma-garşylyklar bar.

Içki garşylyk diýlip şol bir predmetde gapma-garşy taraplaryň we meýilleriň bardygyny aňlatmak bilen predmetiň, prosesiň düýp mazmunyndaky garşylyga aýdylýar. Daşky garşylyk diýlip dürli predmetleriň ýa-da dürli prosesleriň arasyndaky garşylyga aýdylýar.

Içki garşylyk diýip predmetiň gapma-garşy taraplarynyň arasyndaky şeýle özara gatnaşyga düşünmek gerek, ýagny şunda şol gapma-garşy taraplar biri-birini göz öňünde tutýar, şertlendirýär we şunuň bilen birlikde biri-birini inkär edýär, biri-birine ýol goýmaýar. Tutuş zadyň çäklerinde garşylyklaryň bir tarapy, beýleki tarapy bolmasa, ýaşap bilmez we şunuň bilen birlikde olaryň gapma-garşy häsiýeti zerarly olar biri-birini inkär edýärler. Şu biri-birine baglylyk we biri-birini inkär etmeklik içki garşylygyň esasy sypatydyr. Mysal üçin, oňyn we tersin zat, demirgazyk we günorta polýus, yşyk we kölege, dartyş we iteriş we ş.m. Bularyň her biri beýlekisiniň tersine bolup, bir-biri bilen baglanyşykly gatnaşykda, bir-birini inkär edip, hut biriniň ýaşamagy beýlekisi bilen şertlendirilendir.

Gapma-garşylyklaryň göreşi esasynda garşylygyň ösmegi netijesinde ýalňyş zat barha ikä bölünýär we ahyrda garşylygyň ösüşinde şeýle bir basgançaga ýetilýär, ýagny

şonda gapma-garşylyklar indi birlikde ýaşap bilmeýärler. Şonda garşylyklaryň çözüliş pursaty başlanýar.

Garşylyklar diňe göreşde we göreş arkaly çözülýär. Garşylyklar barlyşdyrylmaýar, belki ýeňlip geçilýär. Garşylyklaryň ösüş, ýaýbaňlanyş, giňeliş prosesi olary çözmegiň kanunalaýyk stadiýasyny taýýarlaýan göreş prosesidir.

Garşylyklaryň çözülmek pursaty ösüşde iňňän möhüm ähmiýete eýedir. Köne zat öz möwritini tamamlaýan we täze zadyň ýolundaky tormoza, bökdenje öwrülýän mahalynda, olaryň arasyndaky garşylyk könäniň ýok bolup gitmegi we täzäniň ýeňmegi arkaly çözülýär.

Eger-de gapma-garşylyklar birliginiň pursaty hemişelik faktor bolan bolsa, onda ösüş, predmetleriň hil taýdan öwrülmegi mümkin bolmazdy. Gapma-garşylyklar birliginiň otnositelligi predmetiň hemişelikliginiň, wagtlaýyndygynyň, predmetiň öz başynyň we aýagynyň bardygynyň aňladylmasydyr. Gapma-garşylyklar göreşiniň absolýutdygy hereketiň ýekeje minutda togtamaýandygynyň, onuň predmetiň hemişelikligini weýran edip, onuň kanunalaýyk hil üýtgemesiniň taýýarlaýandygynyň aňladylmasydyr. Munuň özi garşylyklar öňe iterýär diýen belli dialektiki formulany düşündirýär.

Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanunynyň düýp mazmunyny şeýle düşündirse bolýar.

Gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi şeýle bir kanun bolup, şu kanuna görä hemme zatlara, hadysalara, proseslere göreş ýagdaýynda bolan içki garşylykly taraplar, meýiller mahsusdyr. Gapma-garşylyklaryň göreşi ösüş üçin içki impulsy berýär, belli etapda könäniň ýok bolup gitmegi we täzäniň peýda bolmagy arkaly çözülýän garşylyklaryň ýaýbaňlanmagyna tarap alyp barýar.

Dialektikanyň ýa-da filosofiýanyň her bir ähliumumy kanuny ýaly, gapma-garşylyklaryň birligi we göreşi kanuny-da akyl ýetiriş kanunydyr, dialektiki logikanyň kanunydyr.

Dialektika herekete, ösüşe içki garşylyklaryň göreşi we ösüşi zerarly bolýan öz-özünden hereketlenme, öz-özünden ösme hökmünde düşünmegi talap edýär. Emma dialektika ösüş prosesinde daşky garşylyklaryň möhüm rolynyň bardygyny sähelçejik-de äsgermezlik etmeýär. Her bir predmet başga köp predmetler bilen baglanyşyklydyr we olar bilen özara täsirde bolýar. Mundan ösüşde daşky garşylyklary we olaryň ähmiýetini hem nazara almagyň zerurdygy gelip çykýar. Mysal üçin, ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýşynyň daşky şertler bilen özara gatnaşygyny ünsden düşürmek bolmaz.

Tebigatyň we jemgyýetiň ösüşinde esasy we esasy däl garşylyklar bar. Olar hadysalaryň we prosesleriň ösüşindäki içki we daşky garşylyklarynda aýratyn tapawutlanýar. Esasy garşylyk – hadysalaryň we prosesleriň ösüşinde kesgitleýji rol oýnaýar. Ol materiýanyň herekediniň ähli görnüşlerine degişlidir.

Esasy däl garşylyk – diýlip hadysalaryň, predmetleriň we prosesleriň ösüşinde üns berilmeýän, esasy orun tutmaýan garşylyklara aýdylýar. Emma esasy däl garşylyklar esasy garşylyklara ösüp geçip bilýär.

Jemgyýetçilik ösüşinde garşylyklaryň iki görnüşini – antagonistik (duşmançylykly) we antagonistik däl (dostlukly) garşylyklary tapawutlandyrmak bolýar.

Sosial garşylyklaryň antagonistik ýa-da antagonistik däl häsiýetdedigi jemgyýetiň strukturasy bilen kesgitlenýär. Antagonistik garşylyklaryň özi duşmançylykly jemgyýetçilik güýçleriniň, bähbitleriniň, maksatlarynyň, meýilleriniň konfliktlere we çaknyşmalara alyp barýan barlyşyksyz garşylyklarydyr. Taryha ýüzlensek gullar bilen gul eýeleriniň, pomeşikler bilen daýhanlaryň, burjuaziýa bilen işçileriň arasyndaky gatnaşyk antogenistik garşylyklaryň mysaly bolup durýar.

Antagonistik garşylyklaryň ösüşiniň umumy kanunalaýyklygy, olaryň ösüp we ýitileşip, gapma-garşy

taraplar we meýiller arasyndaky üzül-kesil konflikte baryp ýetýänliginden ybaratdyr.

Antagonistik däl garşylyklar antagonistik garşylyklardan tapawutlanyp, duşmançylykly gapma-garşylyklaryň däl-de, garşylyklar bilen bir hatarda umumy düýp bähbitler hem bolan güýçleriň we meýilleriň garşylyklaryny aňladýarlar. Meselem, işçiler bilen daýhanlaryň arasyndaky, öňde baryjylar bilen yza galaklaryň, alyjylar bilen satyjylaryň we ş.m. arasyndaky garşylyklara aýdylýar.

Antagonistik garşylyklar bilen antagonistik däl garşylyklar arasyndaky tapawut bu ýa-da beýleki jemgyýetçilik garşylyklarynyň aýratynlyklaryny öwrenmegiň, barlamagyň nähili möhümdigini görkezýär.

**Mukdar we hil üýtgemeleriniň biri-birine geçişi.** Mukdar üýtgemeleriniň hil üytgemelerine we olaryň bir-birine geçiş kanunynyň ösüşe düşünmek üçin uly ähmiýeti bar. Bu dürli sferada tebigatda, jemgyýetde we adamzadyň pikirlenmesinde mukdar üýtgemeleriniň kem-kemden toplanyş prosesini ýüze çykarýar, şol mukdar üýtgemeleri bolsa belli basgançakda predmetleriň hil taýdan üýtgemelerine, bir predmetiň başgasyna öwrülmegine, könäniň täze bilen çalyşmagyna getirýär.

Ylym, ylmy tehniki ösüş (progres) hakykata tarap çylşyrymly we garşylykly ýol bilen haýal, emma gyşarnyksyz gidip, dünýäniň hil taýdan köp dürliligi barada ýeke-täk dogry garaýşyň peýda bolmagyny getirdi. Fizikanyň, himiýanyň, biologiýanyň, geologiýanyň we beýleki ylymlaryň ösmegi adamyň akyl ýetirmeginiň hadysalaryň düýp mazmunyna aralaşmagyna getirdi hem-de predmetleriň birleriniň başgalaryna hil taýdan öwrülmelerine çuň düşünmäge mümkinçilik berdi.

Filosofiýanyň mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine geçişi hakyndaky taglymaty tebigat hakynda ylymlaryň köp sanly maglumatlarynyň umumylaşdyrylmasydyr, adamzadyň dünýä taryhynyň bütin tejribesiniň ösüşiň iň möhüm obýektiw kanunlaryndan birini ýüze çykarýan umumylaşdyrylmasydyr.

Şu kanuna oňat düşünmek üçin ozaly bilen hil we mukdar diýen düşünjeleriň nämedigini bilmek zerurdyr. Her bir zatda köp görnüşli hil bar. Olaryň arasynda aýratyn hili bellemek gerek. Aýratyn hil diýip – zatlaryň tebigatyny we onuň aýratynlygyny aňladýan häsiýetleriň jemine aýdylýar. Onuň üýtgemegi zatlaryň özüniň üýtgemegine getirýär. Biz haýsy-da bolsa bir predmeti derňeýän, öwrenýän mahalymyzda, ozaly bilen predmetiň ony başga predmetlerden tapawutlandyrýan kesgitliligi biziň gözümize ilýar. Hut şol kesgitlilik predmetiň hili bolup durýar. Tebigat köp dürli predmetleriň, hadysalaryň, prosesleriň, hereket formalarynyň birligidir. Tebigatyň şol köp dürliligi predmetleriň, arasyndaky hil tapawudynyň aňladylmasydyr. Meselem, organiki däl tebigat bilen organiki tebigatyň arasynda çuň hil tapawudy bar, janly-jandarlar diňe öz töweregindäki sreda bilen üznüksiz madda çalyşmak şertinde ýaşap biler, jansyz zatlar maddalaryň şonuň ýaly çalyşmagyna mätäç däldir. Meselem, demir günüň, howanyň we suwuň täsiri astynda poslaýar, weýran bolýar. Öz nobatynda organiki tebigatyň dürli bölekleriniň arasynda, meselem, ösümlikler bilen haýwanlaryň arasynda hem çuň hil tapawutlary bar. Adam bolsa eýýam başga hildir. Ol kosmo, bio, psiho we sosial jandar bolup haýwanlara garanyňda adamyň hil taýdan aýratynlygy onuň öz zähmeti bilen tebigata täsir edip, tebigaty öz isleglerine görä tabyn edýänliginden ybaratdyr.

Hil taýdan kesgitlilik ähli jemgyýetçilik hadysalaryna hem mahsusdyr. Meselem, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletimiz kesgitli hildir. Özi üçin ençeme möhüm häsiýetleriň, sypatlaryň we taraplaryň jemidir. Zähmet erkinligi, eýeçiligiň dürli görnüşlerine ýol berilmegi, adam üçin alada, ýer astyndaky we üstündäki baýlyklara halkyň eýeçiligi we olar üçin, olaryň ýaşaýyş durmuşyny gowulandyrmak üçin sarp edilişi, "Döwlet adam üçindir" diýen şygaryň durmuşa geçirilip halka hyzmat edişi we ş.m. Getirilen mysallar hiliň ozaly bilen predmetleriň we hadysalaryň kesgitlidigine, olary hut şol predmetler we

hadysalar edýän möhüm sypatlarynyň, taraplarynyň durnuklylygydygyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Hil taýdan kesgitliligi bolmadyk hadysalar we predmetler ýokdyr. Hil taýdan kesgitliligi bolmadyk barlyk mümkin däldir. Çemenlik, köl, agaç, ýyldyz, haýwan, toprak we ş.m. bularyň hemmesi özleriniň hil taýdan kesgitliligi netijesinde dürli predmetlerdir.

Emma hil ýöne bir kesgitlilik däldir. Munuň özi predmete içki taýdan mahsus kesgitlilikdir, şu zerarly hiliň üýtgemegi şol predmetiň üýtgemegini aňladýar. Eger janly organizm töwerekdäki sreda bilen madda çalşygyny amala aşyrmagy bes etse, onda ol heläk bolar, janly organizmlik hilini ýitirer, çünki onuň barlygynyň, ýaşaýşynyň düýp mazmuny madda çalyşmagyndan ybaratdyr.

Hil häsiýetler arkaly ýüze çykarylýar. “Hil” we “häsiýet” düşünjeleri köplenç birmeňzeş manyly düşünjeler hökmünde ulanylýan bolsa-da, olaryň arasynda tapawut bardyr. Häsiýetiň özi hiliň daşky aňlatmasyndaky, şu predmetiň başga predmetlere gatnaşygyndaky hildir. Hil hakynda, ýagny predmetiň içki kesgitliligi hakynda biz diňe onuň özüne mahsus häsiýetlerde nähili ýüze çykýandygy boýunça bilip bileris. Meselem, bu ýa-da başga adam hakynda, onuň adamçylyk hilleri hakynda biz diňe onuň başga adamlara gatnaşygy esasynda pikir ýöredip bileris.

Zat haýsy-da bolsa bir häsiýet bilen däl, belki köp häsiýetler bilen sypatlandyrylýar. Hil zadyň hemme häsiýetlerini baglanyşdyryp jemleýän, zadyň bütewidigini kesgitleýän zatdyr. Hil bilen häsiýeti tapawutlandyranyňda, olary absolýut çäk bilen bölmek nädogry bolardy. Zadyň iň möhüm häsiýetlerini, zadyň beýleki häsiýetleriniň hemmesini kesgitleýän we zadyň hut şol zat bolmagy üçin hökman zerur häsiýetlerini onuň hili diýip doly hukuk bilen hasap etmek bolar.

Predmetiň hemme häsiýetleri birden ýüze çykmaýar. Onuň köp häsiýetleriniň haýsysynyň öň hatara çykýandygy onuň başga predmetler bilen onuň baglanşyklaryna baglydyr.

Bir baglanşykda predmetiň bir häsiýeti, başga baglanyşyklarda başga häsiýetleri ýüze çykýar. Predmetiň häsiýetleri onuň töwerekdäki dünýä bilen baglanyşyklarynyň uýtgemegine baglylykda üýtgäp biler. Belli bir predmetiň çäklerinde üýtgemegi mümkin bolan hemişelik däl häsiýetlerden tapawutlanyp, hil predmetiň otnositel durnuklylygyny, hemişelikligini aňladýar. Hiliň netijesinde predmet hut şol, bolşundaky zatdyr. Predmetiň dowam ediş wagty onuň kesgitli hil hökmünde barlygy bilen kesgitlenýär. Hil üýtgemesi şu predmetiň dowam etmeginiň bes edilmegini, onuň başga predmete öwrülmegini aňladýar.

Hil düşünjesi obýektiw dünýäniň hemme predmetleriniň, hadysalarynyň we prosesleriniň möhüm tarapyny şöhlelendirýär. Aýdylanlary jemlemek bilen, hili predmetiň özi bilen üznüksiz baglanyşykly kesgitlilik hökmünde, predmete otnositel durnuklylyk berýän we ony başga predmetlerden tapawutlandyrýan hemme möhüm sypatlaryň jemi hökmünde kesgitlemek bolar.

Predmetleriň hili olaryň mukdar tarapy bilen ýakyn baglanyşykda bolýar. Mukdar düşünjesi-de her bir predmetiň, hadysanyň ýa-da prosesiň möhüm taraplaryndan birini şöhlelendirýän ähliumumy kategoriýadyr. Mukdar predmetiň kesgitliligi hökmünde ýüze çykýar, emma hilden tapawutlanyp, ol predmeti onuň häsiýetleriniň ösüş derejesi taýdan sypatlandyrýar. Mukdar – zatlaryň göwrümini, uly-kiçiligini, sanyny, agramyny, ýogyn-inçeligini we ösüşiň depginini, derejesini we ş.m. aňladýar.

Predmetiň mukdarynyň, mukdar taýdan kesgitliliginiň hile garanyňda ençeme aýratynlyklary bardyr, mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemeleline geçiş kanunynyň düýp mazmunyna düşünmek üçin şol aýratynlyklary bilmek örän möhümdir. Predmet öz hilini ýitiren mahalynda, ol özüniň öňki bolşyndan aýrylýar: diýmek, hil predmetiň özi bilen aýny bir zatdyr. Predmetiň mukdar tarapy hakynda muny aýtmak bolmaz. Mukdary artdyrmak ýa-da kemeltmek bolar, emma şunda predmet özüniň hil ýagdaýyny ýitirmeýär. Meselem,

eger misiň temperaturasy $600^0$-a ýa-da hatda $1000^0$ s-e çenli ýokarlandyrylsa-da onuň agregat ýagdaýy üýtgemez. Mukdar predmet bilen hil ýaly şeýle ýakyndan baglanyşykly bolmadyk, ilki göräýmäge predmetiň hiline dahylsyz ýaly bolup görünýän, has daşky kesgitlilikdir. Predmet belli çäge çenli mukdar taýdan üýtgände öňki bolşyndan aýrylmaýar.

Emma mukdar üýtgemelerine we ösüş prosesinde olaryň ähmiýetine ýakynrakdan garap göreliň. Biz garaz bir zady, onuň hilini ýitirmezden, artdyrmak ýa-da kemeltmek bolar diýip tassyklaýan mahalymyzda, biz şol mukdar taýdan üýtgemäniň çägini, pellesini nazara almaýarys. Hakykatda bolsa, eger suwuň temperaturasyny $100^0$-a çenli ýokarlandyrylsa, suw gaýnap buga öwrülýär. Şu mysal mukdar üýtgemelerine predmetiň dahylsyzlygynyň diňe belli bir wagta çenli bolýandygyny görkezýär, netijede şeýle bir pursat başlanýar, ýagny şol pursatda sanyň, ululygyň, göwrümiň ýa – da başga bir mukdaryň ondan beýläk üýtgemegi predmetiň ykbaly üçin asla dahylsyz bolmaýar.

Şeýlelik bilen, mukdar üýtgemeleri hem hil, predmet bilen içki taýdan baglanyşykly bolup çykýar, emma şol baglanşyk badabat mälim bolmaýar we ýüze çykmaýar. Mukdar-da edil hil ýaly, predmetiň araçägidir, emma şol araçägiň häsiýeti, tebigaty başgaçadyr. Araçäk ýa-da çäk – zatlaryň hil we mukdarynyň birligini aňladýar. Predmetiň hil araçäginiň “bozulmagy” predmetiň özüniň üýtgemegine alyp barýar. Predmetiň mukdar araçägi bolsa bu ýa – da başga tarapa süýşüp durýar. Netijede mukdar üýtgemeleri eýläk – beýläk süýşip biler, uly ýa-da kiçi bolup biler we munuň özi predmetiň hiliniň üýtgemegine bada – bat eltmez, emma mukdaryň – da predmetiň araçägidigini biz mukdar üýtgemeleri ösdürilen wagtynda bileris. Mukdar üýtgemeleri prosesinde kanuna laýyk suratda şeýle bir pursat başlanýar, ýagny şol pursatda mukdaryň sähelçejik üýtgemegi düýpli, hil üýtgemesi täze hiliň emele gelmegine alyp barýar. Başgaça aýdanyňda, mukdar üýtgemeleriniň pellesi, çägi

bardyr, şol pelleden, çäkden çykylmagyny özi predmet üçin täsirsiz galmaýar.

Mukdar üýtgemeleriniň belli çäge ýetip, hil üýtgemelerine öwrülýändiginiň aýdyň mysallaryny himiýa berýär. Şol bir elementleri dürli mukdar proporsiýalarynda birleşdirip, biz hil taýdan dürli maddalary alýarys. D.I. Mendeleýewiň açan periodik kanuny mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine geçişine esaslandyrylandyr.

Mendeleýewiň himiki elementleriniň häsiýetleri olaryň atom agramynyň ululygyna baglydyr diýip hasap edýärdi. Häzirki zaman ylmynyň üstünlikleri şol düzgüni takyklamaga we Mendeleýewiň tablisasynda her bir himiki elementiň ornunyň onuň ýadrosynyň zarýadynyň ululygy bilen kesgitlenýändigini subut edmäge mümkinçilik berdi. Şol ululygyň mukdar taýdan üýtgemegi elementleriň hil öwrülmelerine alyp barýar. Şular ýaly mysallary ylmyň her bir ugryndan tapmak bolar.

Predmetiň, hiliň mukdara şu garaşlygynda hiç bir gizlin syr ýokdur. Zadyň mukdar tarapy hil tarapyndan bölünip aýrylan däldir. Mukdaryň özi belli bir hiliň mukdarydyr. Ýagny predmetiň ululygy, göwrümi, intensiwligi, ösüş derejesidir. Mukdar üýtgemeleriniň özi diňe otnositel özbaşdak prosesdir. Her bir predmet üçin kesgitli çäkden äňryk geçen wagtynda, mukdar üýtgemeleri hil bilen üzül-kesil garşy – gelýär, hil bilen bir ýere sygyşmaýar. Ine şol wagtda predmet, hil üýtgeýär.

Şeýlelikde predmetleriň hil we mukdar taýdan kesgitliligi öz aralarynda ýakyndan baglanyşyklydyr. Biriniň üýtgemegi beýlekisiniň kanunalaýyk üýtgemelerini emele getirýär. Mukdar üýtgemeleri her bir zat üçin belli bir çäge ýetip, hil üýtgemelerini emele getirýär. Emma mukdar bilen hiliň arasyndaky baglanyşyk bir taraply däldir. Diňe bir mukdar üýtgemeleri hil üýtgemelerine däl, belki hil üýtgemeleri mukdar üýtgemelerine-de geçýär. Mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine geçişiniň her bir prosesi şunuň bilen birlikde hil üýtgemeleriniň täze mukdar üýtgemelerine geçişini hem

aňladýar. Munuň özi bolsa tebigydyr, çünki täze hil täze mukdar bilen, täze mukdar proporsiýalary bilen organiki suratda utgaşýar.

Predmetleriň diňe bir hil taýdan kesgitliligi mukdara bagly bolman, eýsem, tersine, predmetleriň mukdary, mukdar taýdan kesgitliligi hem olaryň hil spesifikasy bilen şertlendirilendir. Hil bilen mukdaryň birligi, özara baglanyşygy we özara garaşlylygy ölçeg düşünjesinde aňladylýar. Her bir predmet özüniň hil aýratynlygynyň esasynda kesgitli mukdaryň durandygy we tersine, onuň mukdar araçägininiň onuň hil tarapyna baglylygy manysynda ölçegdir. Nemes filosofy Gegel ölçege “hil mukdary” diýip at beripdir. Edil şunuň ýaly, ölçege “ mukdar hili” diýip hem at bermek bolar. Ölçeg hil bilen mukdaryň birligidir we özara täsiridir. Hil kesgitliligi hökmünde predmet çem gelen mukdar bilen baglanyşykda däl-de, belli bir, hatda belli çäklerde üýtgäp durýan bolsa-da, belli bir mukdar bilen baglanyşykda ýaşap biler, onuň üýtgemeleriniň mukdar araçäkleri bolsa predmetiň hil taýdan kesgitliligi bilen şertlendirilendir.

Ölçeg filosofiýanyň möhüm kategoriýalaryndan biridir. Ölçegiň kömegi bilen biz predmeti onuň hiliniň we mukdarynyň birliginde, sintezinde kabul edýäris. Ölçeg predmetiň barlygynyň çägidir. Ölçegiň bozulmagy şu barlygy, şu predmeti ýoga çykarýar. Predmetiň ýaşaýandygyna görä, oňa öz ölçegi mahsusdyr. Bu ýa-da beýleki hadysanyň ýa-da prosesiň ölçeginiň bozulmagy betnyşanlyklara we ýoýuşlara alyp barýar.

Mukdar üýtgemeleriniň predmetiň ölçeginden çykmagy kanunalaýyk hadysadyr we obýektiw dünýäniň ösüş şertidir. Ölçegden çykmagy zerarly mukdar üýtgemeleri düýpli, hil üýtgemelerine getirýär. Köne hil ýitip gidýär, täze hil emele gelýär. Şunuň bilen birlikde täze ölçäg emele gelýär. Täze ölçägiň çäklerinde-de ýene mukdar üýtgemeleri bolýar. Bular belli bir basgançakda täze hil üýtgemelerine, köne möwriti geçen formalaryň täze formalar

bilen çalyşmagyna getirer. Tükeniksiz ösüş şeýle bolup durýar.

Ýokardaky aýdylanlardan şu aşakdaky netije gelip bolýar. Mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine geçiş kanuny şeýle bir kanun bolup, şu kanuna görä ownuk, ilkibaşda göze ilmeýän mukdar üýtgemeleri kem - kemden toplanyp, haýsy-da bolsa bir basgançakda predmetiň ölçegini bozýar we düýpli hil üýtgemelerini emele getirýär, şu zerarly predmetler üýtgeýär, köne hil ýok bolup gidýär, täze hil peýda bolýar.

Mukdaryň hile we tersine, hiliň mukdara geçmeginiň filosofiki kanunyna goldanyp, biz öz akyl ýetirişimizde hil proseslerin-de, mukdar proseslerini-de nazarda tutmalydyrys, olaryň baglanyşygyny we özara şertliligini , olaryň birligini we garşylygyny, biri-birine geçişini görmelidiris. Diňe şunuň ýaly çemeleşme hakyky akyl ýetirişiň iň möhüm şertlerinden biri bolup durýar.

**Inkär etmäni inkär etmek kanuny.** Gapma-garşylyklaryň göreşini we mukdar üýtgemeleriniň hil üýtgemelerine geçiş prosesi analizlenen wagtynda, biz ösüşiň hökmany we kanunalaýyk pursat hokmünde inkär etmäni öz içine alýandygyny gördük. Hil üýtgemesi köne hiliň inkär edilmegini aňladýar. Inkär etme bolmasa, bir zadyň başgasyna geçmegi mümkin bolmazdy. Gapma-garşylyklaryň göreşi bir gapma-garşylygyň beýlekisini ýeňmegi bilen tamamlanýar, munuň özi-de biriniň inkär edilmegini we beýlekisiniň tassyklamagyny aňladýar. Diýmek, inkär etmä ösüş prosesine daşyndan ilteşdirilýän bir hili keseki pursat däldir. Ol ösüşiň düýp mazmunynyň özi bilen kanunalaýyk suratda şertlendirilýär. Inkär etme ýalňyz zadyň ikä bölünmegi we hadysalarda hem-de predmetlerde biri-birine ýol goýmaýan bölekleriň, meýilleriň, güýçleriň emele gelmegi arkaly gidýän ösüşiň netijesidir. Nemes filosofy F. Engels hakyky dialektiki (filosofiki) inkär etme gapma – garşy zatlara bölünmekden, olaryň göreşünden we munuň çözülmeginden ybaratdyr diýip görkezýär.

Inkär etme tebigatyň, jemgiýetiň we pikirlenişiň hemme proseslerinde möhüm rol oýnaýar. Şunda ol dürli proseslerde dürli-dürli ýüze çykýar. Mysal üçin: pyntygy gülüň, güli bolsa miwäniň inkär etmegi ösümligiň ösüşiniň zerur pursatlarydyr. Möwriti geçen sosial tertipler täze tertipler tarapyndan inkär edilmese, jemgyýetiň taryhy bolup bilmez. Akyl ýetiriş hereketiniň-de dogry bolyp çykmadyk gipotezalary inkär etmek arkaly ösýän praktika ters gelen teoriýalary we formalary inkär etmek arkaly amala aşandygyny ylmyň taryhy görkezýär.

Inkär etmek diýip ösüşiň obýektiw pursadyna aýdylýar. Ol üýtgeýşiň bir görnüşinden başga, täze görnüşe geçmegine aýdylýar. Inkär etmeklik ähliumumy, zerurlyk häsiýete eýe. Inkär etmekliksiz ösüş bolanok. Inkär etmeklik gapma-garşylyk bilen baglanşykly bolup, könäni ýok edýär. Täzäni tassyklaýar, köneden peýdaly zatlary alyp täzäniň döremegine şert döredýär. Emma ösüşdäki inkär ediş pursatyny ykrar etmek ýeterlik däl. Inkär etmäniň tebigatyna, onuň dialektiki, filosofiki häsiýetine dogry düşünmek gerek. Diňe şu şert bolan mahalynda, ösüşdäki esasy kanunalaýyk liniýa, meýil aýdyň bolar.

Inkär etmäni inkär etmekden ybarat bolan dialektiki kanun ösüş kanunydyr. Şuňa görä dialektika inkär etme hakynda gürrüň edýän mahalynda, ol her bir inkär etmäni dälde, ösüşiň şerti bolup hyzmat edýän inkär etmäni nazarda tutýar. Suratlandyryp aýdanyňda, dialektiki düşünilýän inkär etme şeýle bir "ýok" diýmekdir, ýagny munuň özi şunuň bilen birlikde "hawa" diýmekligi, ýagny inkär etmäniň we tassyklamanyň birligini öz içine alýar.

Elbetde, tebigatda absolýut inkär etme, ýagny netijesi doly ýokluk bolan inkär etme bolup bilmez. Meselem, biz ösümligiň ösmegi üçin şert döretmegiň deregine ony ýakýan mahalymyzda, şu inkär etme diňe şol predmetiň, şol ösümligiň ösmegi üçin ýol goýmaýar. Emma ösümligiň ýandyrylmagyndan emele gelen kül topragy meseldip, başga ösümlikleriň ösüş şerti bolup biler. Şuňa görä inkär

etmäniň her bir usulynyň ösüş şerti bolup bilmejekdigi hakynda gürrüň edende dialektika ýagny filosofiýa hut şol predmetiň ösüşini göz öňünde tutýar. Ösümligiň ýakylmagy şol ösümligiň ösüş şerti bolup hyzmat etmeýän inkär etmedir. Diýmek, inkär etme düşünjesi otnositeldir, oňa hadysalaryň özara baglanyşyklarynyň we özara täsirleriniň bütin çylşyrymlylygyny ünsden sypdyrman, belli predmetler we prosesler bilen baglanyşyklylykda garamak gerek. Bir baglanyşykda ösüşiň arasyny kesýän, ösüşe mümkinçilik bermeýän inkär etme başga bir baglanyşykda ösüşiň zerur şerti bolup biler.

Ösüş şerti bolan inkär etme şunuň bilen birlikde ösüşiň üznüksizliginiň, mirasa geçijiliginiň, ösüşiň dürli stadiýalary bilen pursatlarynyň arasyndaky, inkär edilýän zat bilen inkär edýän zadyň arasyndaky baglanyşygyň aňladylmasydyr. Munyň özi inkär etmäniň örän mohym tarapydyr. Dialektiki inkär etme ösüşdäki ara üzülme hökmünde, köne bilen täzeniň arasyndaky baglanyşygy inkär etmek hökmünde düşünmek bolmaz. Täze zadyň ýok ýerden däl-de, diňe köne zatdan döreýändigi zerarly-da, täze zat bilen köne zadyň arasynda baglanyşyk bardyr. Şol baglanyşyk täze zadyň köne zatda bolan bütin oňyn zatlary özünde saklaýandygyndan-da ybaratdyr. Şeýlelik bilen, köne zat özüniň täze zady döredýän hereketinde ýöne zyňlyp taşlanmak, belki täze zat tarapyndan “aýrylýar”. Aýyrmak diýen filosofik düşünje bir wagtyň özünde inkär etmäni we saklamany ozalky ýagdaýyň inkär edilmegini we ozalky ösüşiň gazanan bütin oňyn zatlarynyň täze zatda saklanmagyny aňladýar. Mysal üçin, inkär edmäniň dialektiki prosesi akyl ýetirmede-de bar. Duýgulaýyn, synlanýan abstakt zada tarap ýekeleýin zatdan umumy zada tarap gidip, akyl ýetiriş ozal gazanylan zady täze basgançakda ýitirmeýär, gaýtam ony özünde saklaýar, ony baýlaşdyryp, ýokary basgançaga çykarýar. Umumy zady bilmekde ýekeleýin zady bilmeklik bardyr, emma “aýrylan“ görnüşdedir. Meselem, “materiýa” düşünjesinde materiýalaýyn dünýäniň

bütin köp görnüşli predmetleri şöhlelendirilendir, emma “aýrylan” görnüşde özüniň iň umumy tarapyndan – obýektiw reallyklar hökmünde şöhlelendirilendir.

Filosofiýa ylmy inkär etmä birinji derejeli ähmiýet berýär, ony ösüş şerti we ösüşiň dürli basgançaklary arasyndaky kanunalaýyk baglanyşygy aňladýan pursat hasap edýär. Munuň özi üç sferada, ýagny tebigatda, jemgyýetde we pikirlenişde ösüşiň esasy ugry hakyndaky meseläni dogry çözmäge mümkinçilik berýär.

Inkär etmäniň roluny analizlemegiň özi hakykadyň ösüşiniň ilerleýjiligi hakyndaky netijä getirýär. Hakykatdan-da, eger dialektiki inkär etmäniň tebigaty şeýle bolsa, ol könäniň ýöne ýok edilmegini däl-de bütin onyň zadyň saklanmagy bilen könäniň aýrylmagyny aňladýan bolsa, onda täze basgançagyň ozalky basgançaga garanda ösüşiň ep – esli köp mümkinligini getirýändigi aýdyňdyr. Ilerleýji ösüş her bir täze inkär etmäniň ozal gazanylan zady özüne siňdirýänliginiň we ony mundan beýläkki hereket üçin esas edýänliginiň kanunalaýyk netijesidir. Şuňa görä ösüşiň täze basgançagy her bir täze zikli könäni gaýtalamaýar – da, köneden ýokarda durýan, öňki ösüş tarapyndan gazanylan köne zady mundan beýläkki ösüş üçin badalga hökmünde peýdalanýan täze aýlaw bolup durýar.

Meselem, biz Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletiniň taryhyna üns bersek, Türkmenistan döwleti özünden öňki SSSR döwletini inkär edip, ondan peýdaly zatlary alyp, täze milli Türkmen döwletiniň döremegine we ösmegine şert döredenligini görýäris. Netijede, inkär etmäniň dialektiki tebigaty we onuň ösüşdäki möhüm roly ilerleýji hereketiň, aşakky zatdan ýokarky zada tarap, sada zatdan çylşyrymly zada tarap ösüşiň sebäbini bize düşündirýär.

Inkär etmäni inkär etmek kanuny, ýeke inkär etmäk düşünjesi bilen çäklenmän, iki ýola inkär etmek, inkär etmäni inkär etmek düşünjesini öňe sürýär, sebäbi obýektiw ösüşiň özünde şol iki ýola inkär etme bar. “Inkär etmäni inkär etmek” düşünjesi bolsa biziň aňymyza

garaşsyz geçýän prosesleri diňe şöhlelendirýär. Inkär etmägiň her birini ösüşiň bir basgançagy hökmünde seredilip, täze dörän inkär etmä ýa-da täze basgançak özünden öňki bilen gapma-garşylykda bolup olar bir0biri bilen göreşip, täze basgançakda gapma-garşylyklaryň göreşi netijesinde her bir basgançaga mahsus bolan bir taraplylyklar ýeňlip geçilýär we ýokary hakykada ýetilip, onda ozal bar bolan oňyn zatlaryň hemmesi saklanýar şunuň bilen birlikde hakyky däl geldi – geçer zatlar ýitip gidýär. Netijede täze basgançak inkär etmäni – inkär etmek hökmünde ýüze çykýar. Diýmek, inkär etmäni inkär etmek gapma-garşylyklaryň göreşini çözmegiň kanunalaýyk netijesidir. Ýokarda aýdylanlardan görnüşine görä her bir prosesiň , ösüşiniň näme üçin ilkinji inkär etme bilen tamamlanman, öz nobatynda şu inkär etmäniň inkär edilmegini talap edýändigini görkezýär. Täze zat tarapyndan inkär edilýän köne zat we köne zady inkär edýän täze zat gapma-garşylyklardyr. Şol gapma-garşylyklaryň her birine soňraky ösüşde ýitirilip bilinmejek elementler, häsiýetler hem mahsusdyr. Şu gapma-garşylyklar soňraky ösüşde ýitip gidýän bir taraplylyklar ýaly bolup durýarlar. Munuň özi bolsa hut inkär etmäni inkär – etmek basgançagynda bolýar.

Şeýlelik bilen, ösüş hadysanyň tassyklanmak (ýasamak) basgançagyny soňra onuň inkär edilmeginiň basgançagyny we ahyrda, inkär etmäni inkär etmäk basgançagyny geçýär. Ilkinji iki basgançakda bolan gymmatly zadyň şu ýokary basgançakda “sintezlenýändigi”, özleşdirilýänligi, gaýtadan işlenýändigini we şol ilkinji basgançaklaryň möwriti geçen elementleriň ýitip gidýändigi,ýok bolýandygy netijesinde tutuşlaýyn ösüş sada zatdan çylşyrymly zada tarap, pes zatdan ýokary zada tarap, ýokarlaýjy liniýa boýunça gidýär. Ine şuňa görä inkär etmäni inkär etmek kanunyň ösüşiň esasy meýlini düşündirmek üçin möhüm ähmiýeti bardyr.

Dialektikanyň her bir başga kanuny ýaly, inkär etmäni inkär etmek kanuny-da ösüşiň iň umumy ugryny we meýlini görkezýär. Her bir kanun ýaly, ol hem özüniň amala aşmagynda predmetiň tebigatyna we predmetiň ösüşiniň geçýän şertlerine baglylykda kämilleşýär, üýtgeýär. Inkär etmek usuly her bir aýry-aýry halatyň aýratyn tebigatyna baglydyr.

Ýokardaky görkezilenlerden ugur alyp, biz inkär etmäni inkär etmek kananynyň düýp mazmunyny formulirläp we akyl ýetiriş üçin onuň ähmiýetini belläp bileris.

Inkär etmäni inkär etmäk kanuny şeýle bir kanun bolup, inkär edilýän zadyň we inkär edýän zadyň arasyndaky baglanyşyk, mirasa geçijilik şol kanunyň hereketi bilen şertlendirilýär. Şunuň netijesinde dialektiki inkär etme ozalky ösüşiň hemmesini ret edýän boş, biderek inkär etme hökmünde däl-de, ozalky stadiýalaryň oňyn zatlarynyň hemmesini tassyklaýan we özünde saklaýan, başlangyç basgançaklaryň käbir sypatlaryny ýokary esasda gaýtalaýan we tutuşlylygyna ilerleýji, progressiw häsiýetde bolan ösüş şerti hökmünde ýüze çykýar. Umuman aýdanda, ösüşiň ähliumumy dialektiki kanunlaryny we dialektikanyň kategoriýalaryny bilmeklik bizi hakykat, öwrenilen wagtynda-da praktiki işde-de hakykata dogry çemeleşmegiň ylmy metody, deslapgy şerti bilen jogaplandyrylýar. Dialektikanyň kanunlaryny we kategoriýalaryny bilip hem-de olary gollanyp, biz her bir aýry-aýry hadysada, prosesde , wakada dürli taryhy şertlerde, dürli praktiki wezipeler çözülen wagtynda umumy kanunlaryň täsir nähili formalarda ýüze çykan bolsa, şol aýratyn formalary tapmalydyrys, ele salmalydyrys, tassyklamalydyrys.

**Soraglar**

1. Filosofiýanyň ähliumumy kanunlary haýsylar?
2. Gapma – garşylyksyz ösüş bolarmy ?
3. Garşylyklaryň görnüşleri haýsylar?
4. Mukdar we hil näme?
5. Inkär etmäk diýmek näme?

## Adam we onuň dünýädäki barlygy

**Adam hakynda umumy düşünje.** Häzirki zaman ylmynda adam barada, onuň düýp manysyny beýan etmek, şahsyýetiň häsiýetlerini ýüze çykarmak şu günki döwrüň dünýägaraýşynda möhüm bir mesele bolup durýar. Bu mesele adamzadyň häzirki zaman jemgyýetinde, düýpli hem özboluşly gumanizasiýa prosesiniň bolup geçýän döwründe uly ähmiýete eýedir. Hakykatdan hem häzirki zaman döwre gumanizasiýa döwri diýip aýtmak ýerliklidir. Ynsana bolan garaýyşda, onuň mertebesine sarpa goýmak, onuň jemgyýetde kesgitleýji sosial güýçdügine düşünmek möhüm mesele. Durmuşda adam kim diýen soraga jogap berlende, ilki bilen "adam" düşünjesine analiz bermek, özi hem oňa "adam" düşünjesi bilen "Şahsyýet" düşünjesiniň arasyndaky tapawudy ýüze çykarmak esasda seredilse, onuň ähmiýeti has ýokary bolar. Bu düşünjeler bir toparyň, bir ulgamyň düşünjeleri bolýan hem bolsa, olar bir meňzeş, deň derejeli düşünjeler däldir. Adam bir tarapdan tebigatyň bir bölegi, ikinji bir tarapdan sosial zat, jemgyýetde sosial indiwid, jemgyýetiň anyk agzasy. "şahsyýet" düşünjesi adamyň esasan sosial mazmunyny şöhlelendirýär. Bu ýerde şahsyýetiň jemgyýetdäki düýpli sosial manysy görkezilýär we ol aslynda jemgyýet bilen bile ösýär.

Adam – bu tebigy (biologiki) we jemgyýetçilik (sosial) taýdan bir bitewilik. Şu ýerde bir häsiýetiň başga bir häsiýetsiz bolup bilmejekdigini görkezmek zerur. Adam biologiki zat hökmünde janly jandar bolmak bilen , ýagny ol dogulýar, özüne iýmit gerekdigini duýýar, näsaglaýar, nesli dowam etdirýär, ölýär we ş.m. Şonuň üçin hem onuň gyzylganly, sakalynyň-saçynyň bolmagy ony entek adam derejesine götermeýär. Diňe, onuň genetiki we sosial maksatnamalary oňa doly baha berýär we häsiýetlendirýär. Hakyky filosofiýa, paýhasnama adamyň düýp manysyny açyp görkezende, arassa biologik ýa-da arassa sosial taýdan çemeleşmäni ykrar etmän, olaryň ikisiniň bir bitewiligini ykrar edýär.

Her bir adamyň biologik tarapyna üns bersek, onda adamy haýwanlar bilen ýakynlaşdyrýan biologik häsiýeti boýunça hem ol täze biologik organizm bolmak bilen beýleki jandarlardan tapawutlanýandygyna göz ýetirýäris. Şunlukda, onuň biologiki taýdan hem birnäçe tapawutlyklarynyň barlygy ýüze çykýar. Olardan: adamyň anatomiki taýdan tapawudy, daş-töweregini özüniň görşi, onuň duýgusy; eliniň we barmaklarynyň başarnygy; giňişlikde tebigata dogry düşünmegi; beýnisiniň ululygy we beýniniň çylşyrymly nerwlerden bolan düzümi; sesiniň çylşyrymly mehanizimi; sözleyiş ukuby; onuň pikirlenmesi we ş.m. adamyň özboluşly täze biologiki organizmdigini, hat-da onuň sosial mazmunyna seretmezden, garamazdan hem görýäris.

"Adam" düşunjesini kesgitlemekde, onuň düýp manysyny açyp görkezmekde we oňa degişli bolan häsiýetleriň düzüminde esasy hem kesgitleýji orun adamyň zähmetine bagly bolup, onuň zähmet döredijiligine degişlidir. Adam düşünjesiniň düýp manysy barada pikir ýöredilende, adamyň kesgitleýji alamaty döredijilikli zähmetidigini, ýeri gelende bolsa adam üçin zähmetiň ölçeg hökmünde kesgitleýji bolýandygyny ykrar etmeli. Adam zähmetiniň köpçülikleýin, sosial mazmunyny esas edip, onuň zähmetini kesgitleýji hökmünde almaly. Adamyň zähmeti ilkibaşdan köpçülikleýin-sosial mazmunda bolýar. Adam özüniň zähmet işjeňligi bilen tebigaty, jemgyýeti we hut özi-özüni üýtgedýär. Adam özüniň döredijilikli zähmeti bilen, özünde täze, sosial alamatlary: adam pikirlenmesini we pikirlenmäniň ösüşini, sözleyiş hem-de dürli beýleki adamlar arasyndaky arabaglanşygy, adamlaryň möhüm ýaşaýyş düzgünlerini döredýär hem-de olary durmuşa girizýär.

Adamyň sosial faktorynyň düzüminde, öň belleýşimiz ýaly, onuň zähmeti düýpli we kesgitleýji orna eye bolýar. Ýöne adamyň düýp manysy, onuň döredijilik işi bilen bir hatarda, onuň ähli beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy bilen adam öz beýanyny ýüze çykarýar.

**Adam we adamzat.** Häzirki zaman adamsyna degişli alamatlar. Häzirki zaman adamsy üçin negatiw (ýaramaz), otrisatel gatnaşyklaryň aýrylyp gitmegi barada aladalanmaly. Ýagşylyk adam üçin in oňat dermandyr. Ýaramazlyk ýene-de ýaramazlygy döredýär. Her bir adam beýleki adamda gowulygy görmeli, oňa elinden gelen kömegi bermeli. Adalatly ýaşamaklyk, açyk göwünli bolmaklyk, adamyny bagtly durmuşa çagyrmaklyk, bu diňe bir ýaşaýşyň manysy bolman, ol ölümiň öňüni almagyň möhüm bir şertidir.

Adamzat düşünjesine teswirleme bermek üçin her bir adamyň kimligine, onuň jemgyýetde, durmuşda, köpçülikde nähili orun tutýandygyna düşünmegimiz gerek. Biz ilki bilen her bir adamynyň bir bütewiligiň bölegidigine düşünmeli. Bu bütewilik bolsa adamzatdyr. Elbetde, adamzat kim diýen soraga jogap tapmaly. Bu barada oňa ilki-ilkiler jogap berlende. "Ýerde ýaşaýan adamlaryň" toplumyna "adamzat”diýilýär diýip ulanylypdyr. Häzirki döwürde bu düşünjä goşmaçalar girizilip, adamzat adamlaryň taryhy umumylygy bolmak bilen, dürli halklar we ýurtlar arasynda bar bolan ykdysady, habar beriji serişdeleriň, medeni we syýasy baglanyşyklaryň barlygyndan dörän adamlaryň umumylygydyr diýilip kesgitlenilýär. Elbetde, bu ýerde ýene-de ýer togalagynyň ähli adamlarynyň bitewiligi göz öňünde tutulýar, ýöne olaryň hemmesi üçin global meseleleriň döreýändigini unutmaly däl. Adamzat umumylygynyň ýa-da adamlaryň taryhy umumylygynyň has birleşmegi üçin adamzadyň öňünde döreýän ykbal kesgitleýji meseleleriniň çözgüdini tapmaklyk, häzirki zaman adamlary üçin adamzat bilen bagly bolan, negatiw ýagdaýlaryň öňüni almak meselesi esasy bolup durýar (uruş we parahatçylyk, atmosfera we daşky gurşawy goramak we ş.m).

Häzirki döwrüň iň bir gaýragoýulmasyz meseleler toplumynyň biri hem halklar arasyndaky ynsanperwerlik prinsipini ýokarlandyrmak we ony ýokary derejede saklamaklykdyr. Adamlar we ýurtlar arasynda: deňlik, özbaşdaklyk, erkinlik, birek-biregiň işine goşulmazlyk,

parahatçylygy goramak, demokratik prinsiplerini has ýokarlandyrmaklyk we beýlekiler häzirki zamanyň gaýragoýulmaz zerury meselesidir.

Ynha, şeýle meseleleriň çözgüdini tapmak "adam" we "adamzat" düşünjeriniň has ýokary derejedäki "adam" we "adamzat" düşünjeleri üçin, olaryň doly mazmunyny beýan etmek üçin zerurlyk bolup durýar.

Adama we adamzada degişli maddy baýlyklar baradaky içki we daşky meseleleriň has giňişleýin beýan edilmegi hem gerek. Adamzat üçin, adamlaryň asuda, abadan, parahat ýaşamaklary üçin, dünýäde adamlar arasyndaky deňagramlylygy saklamakda ýurt baýlyklarynyň orny bimöçberdir.

Çünki, adam geljekde jemgyýeti ýokary derejä galdyrmakda kesgitleýji sosial güýçdür. Adam faktory jemgyýetde möhüm orna eýedir. Adamzat dünýäsiniň abat bolmagy üçin dörän global meseleleriň bütindünýä derejesinde çözgüdiniň tapylmagy, onuň tiz we çalt çözülmegi şu günki günüň öňde durýan iň bir zerury meselesidir. Bu mesele tebigatyň hem-de jemgyýetiň kanunlaryna we kanunalaýyklygyna esaslanyp çözülende, tebigat hem jemgyýet ejir çekmezden öz ýaşaýşyny abadanlykda dowam eder.

**Adam we şahsyýet. Şahsyýet we onuň ösüşindäki meseleler.** "Adam" we "adamzat" düşünjeleri baradaky filosofik dünýägaraýyşda "şahsyýet" düşünjesi möhüm orny eýeleýär. Jemgyýetiň durmuşynda "şahsyýet" iň bir çylşyrymly sosial organizm bolmak bilen, şahsyýetiň durmuşda tutýan ornuna ylmy dünýägaraýyşda has giňişleýin garamaly. "Şahsyýet" düşunjesiniň many-mazmunyna düşünmek üçin ony "şahsyýet" we "jemgyýet" düşünjeleriniň birliginde, olaryň özara baglanyşygynda we gatnaşygynda seredilmegi kanunydyr. Şahsyýet-subýekt hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň önümi - diýip aýtmak bolar. Elbetde, jemgyýetiň ösüş taryhynda "jemgyýet" we "şahsyýet" düşünjeleri barada ylmy taýdan birmeňzeş ylmy garaýyş

bolmandyr. Onuň şeýledigini taryhy geçmişe ser salanymyzda hem görmek bolýar. Bu mesele boýunça fransuz. materialisti Celwesiý Klod Adrian (1715-1771ý) şeýle teswirleýär, ýagny jemgyýet bu diňe adamlaryň aýry-aýry ýygyndysydyr. Bu pikiri goldap filosof we hukukçy Bentam Jeremiýa (1748-1832ý) jemgyýet bu fiktiw (hasaba almak, bellige almak) bitewilik, şahsy (indiwidlerden) adamlardan duran bitewiligiň, guramanyň agzalary-diýip kesgitleýär. Jemgyýetiň islegi hakynda gürrüň edeňde bolsa, ol oňa degişli aýry-aýry agzalaryň islegleridir-diýip belleýär. "Şahsyýet" düşünjesi barada gürrüň edilende aýry-aýry adamlaryň birleşmesindäki, bilelikdäki pikirine goşulyşýanlaryň agzalary bilen gönüden-göni ýa-da sowa baglylykda bolýar. Biogenetiki, sosial faktorlar (gurşaw, şertler, düzgünler) hem-de onuň psihosional özeni bolan "meni" şahsyýetiň tapawutlandyryjysydyr.

"Şahsyýet" bilen "şahsy" hususy (indiwidual) düşünjeler biri-biri bilen baglanyşykly bolsa hem "indiwid" - özüniň hususy, şahsy aýratynlyklary bilen, ýeke-täk öz häsiýeti bilen beýlekilerden tapawutlanýar. O1 öz isleglerini köpçüligiň islegine garşy goýýar, onuň döreýşi hem şahsy we hususy eýeçiligiň düýp manysy bilen baglydyr. Bu düşünje latyn sözi bolup, indiwiduus-bölünmeýän, bölüşmeýän diýen manylary aňladýar. Marksistik filosofiýany esaslandyryjy K. Marks indiwid-bu jemgyýetçilik hadysa diýip belleýär.

Emma "şahsyýet" düşünjesi adamyň özüniň sosial hem-de şahsy häsiýetleri bilen şertlendirilýär, ol häsiýetleriň birliginde seredilýär we onuň intellektuwallygy-akyly, paýhasy, sowatlylygy, medeniýetliligi we ş.m., sypatlary hem-de emosional-ruhy taýdan başdan geçirmeleri, ýagny ýigrenç, gynanç, erki bilen öz isleg arzuwlaryny, öňde goýýan maksadyny amal etmek, saglygy üçin belli bir wagtda iýip-içmek, ýatyp-turmak, ol ýa-da beýleki arzuw-isleglerini ýerine ýetirmek, amal etmek-bularyň ählisi şahsyýetiň many-mazmunyny beýan edýär.

Diýmek, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy adamy şahsyýet derejesine çykarýar. Şahsyýet adamyň, şahsy görnüşi

bolup, ol özüniň sosial häsiýetleri esasynda anyk taryhy işi hem jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenilýär. Köplenç edebiýatlarda şahsyýetiň alamatlary gaty adalatly edilip görkezilýär, ýagny şahsyýet jemgyýetçilik taýdan ösen adam, özüniň jogapkärligini duýýan, maşgalasynyň, dostlarynyň, öz halkynyň ykbalyna jogapkärli garaýan adam hökmünde şöhlelendirilýär.

Şahsyýetiň funksional işi (ýerine ýetiren işi, durmuşdaky sosial roly) onuň jemgyýetde özüni alyp barşy, bilen şertlendirilýär. Ýöne sosial durmuşda her bir adam birgiden hyzmatlary ýerine ýetirýär: ol kimdir biriniň ogly, ol kimdir biriniň kakasy (gulak asyjy ogul ýa-da diýeni ýerine ýetirmeýän, alada edýän ýa-da alada etmeýän kaka), (ähli ukyby bilen okaýan talyp ýa-da ähli ukyby bilen okamaýan talyp, belli bir ugur bilen gyzyklanýan ýa-da gyzyklanmaýan talyp, sport, çeper höwesjeňleriň işine gatnaşýan we gatnaşmaýan talyp we ş.m)

Adam jemgyýetçilik durmuşynda diňe bir işi ýerine ýetirmek bilen çäklenmeýär. Yetginjek, özüne kär saýlamak, aňly-düşünjeli, akylly-başly bolmak ýaly häsiýetleri özünde kemala getirýär. 01 özbaşdak zähmet döredijiligine başlamak bilen bolýar. Şahsyýetiň özüni durmuşa uýgunlaşdyrmagy onuň üçin zerurlykdyr. Elbetde jemgyýet şahsyýetiň durmuşda özüne orun tapmagy üçin ähli mümkinçilikleri döredýär. Ýöne, köp zat şahsyýetiň özüne bagly.

Häzirki zaman şahsyýeti baradaky mesele has giňdir, bu barada täze döwür bilen bagly düýpli ylmy pikirleri öňe çykarmaly. Şahsyýet, indiwid, adam, adamzat düşünjeleriniň filosifik many- mazmunyny hemme taraplaýyn teswirlemeli.

Hakykatdan-da, şahsyýetiň işjeňliginde durmuşda özüňi alyp barmaklygyň jemgyýet tarapyndan kabul edilen düzgünleri uly ähmiýete eýedir. Garaşsyz, baky Bitarap Turkmenistan döwletinde adam üçin, adamzat üçin, şahsyýet üçin, şahsyýetiň ösmegi üçin döwlet tarapyndan ynsanperwerligiň ähli şertleri döredilendir. Biziň döwletimizde her bir adama şeýle hem şahsyýete öz

başarnygyny, ukybyny durmuşda ulanmak üçin doly şert bar. Täze Galkynyş eýýamynda "Döwlet adam üçindir" diýen parasatly pähim jemgyýetiň ideýalogiýasyna öwrülmegi bilen, her bir şahsyýete kämilleşmäge giň ýol açylýar. Diýmek jemgyýetde öz ornuňy tapmaklyk diňe şahsyýete bagly.

Jemgyýetiň syýasy, ykdysady, sosial-durmuş we ruhy-medeni ugurlarynyň her birinde şu günki türkmen we türkmenistanly üçin şahsyýetiň öz ukybyna görä döwrebap, ýagny, Beýik Galkynyş eýýamyna mynasyp şahsyýet bolup ýaşamaga ähli şertler bardyr we olaryň her birine döwrebap ýaşamak borçdur-parzdyr.

Şunlukda, adam jemgyýetçilik taryhy prosesde, jemgyýetiň subýekti bolmak bilen, ol dünýä derejesinde maddy we ruhy medeni baýlyklary ösdürijidir. Adam biososial hadysadyr, onuň esasy häsiýetleriniň biri hem zähmet gurallaryny döredýänligindedir we kämilleşdirýänligindedir. Adamyň pikiri, any, ahlak normalary, psihiki duýgulary we ş.m. ony beýleki janly organizmlerden düýpli tapawutlandyrýar.

Şahsyýet-adamynyň sosial sypatlarynyň toplumyny özünde jemleýän jemgyýetiň has ýokary derejedäki agzasydyr.

Häzirki zaman filosofik dünýägaraýyşda "adam", "adamzat", "şahsyýet", "indiwid", "şahs" düşünjeleriniň hemme taraplaýyn many-mazmunynyň açylyp görkezilmegi gerekdir.

## Soraglar.

1. Durmuşda adam kim we ol nähili orny eýeleýär?
2. Adamyň düýp manysyny açyp görkezmekde oňa degişli bolan häsiýetleriň düzmünde esasy we kesgitleýji orun nämä berilýär?
3. Geljekde jemgyýeti ýokary derejä galdyrmakda kesgitleýji sosial güýç name?
4. Şahsyýet näme?

5. Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler döwründe Türkmenistan döwletimizde adam we admzat üçin, şahsyýet we şahsyýetiň ösmegi üçin nähili şertler döredilýär?

## Ruh, aň we paýhas.

**Ruh hakynda umumy düşünje.** Jan we ten, olaryň birligi. Ruh we ruhy gymmatlyklar.Adam dünýäniň zatlarynyň düzüminde iň bir ýokary nygmaty eýeleýän janly organizmdir. 01 pikirlenip bilýän we özüniň aňy we oý-pikiri bilen daş-töweregini, şeýle hem özüni özgerdip, üýtgedip bilýär.

Adam aňy, adam aňynyň syrlary baradaky pikirler gadymyýetde alymlary, akyldarlary bilimdarlary birahatlandyryp gelipdir. Dünýäniň in güýçli, ýokary derejeli akyldarlary hem aňyň tebigatyna, onuň düýp manysyna ýetmeklige, düşünmeklige çalyşypdyrlar. Janly däl dünýäden nähili edip adamlar, adamzat ýaly janly dünýä döräpdir? Munda hem aň näme? Aňyň gurluşy, onuň ýerine ýetirýän işi (funksiýasy), şonuň ýaly hem duýmaklykdan, kabul etmeklikden pikire we pikirlenmä geçişiň mehanizmi, anyk-ten duýgularyndan teoretiki paýhasa geçişde adam aňynyň mehanizmi bolan adam beýnisinde bu bolup geçiş prosesi nähili ýagdaýda amala aşýar diýen soraglar döräpdir.

Bu soraglara ilki bilen diniň we idealizmiň wekilleri öz garaýyşlary, düşündirişleri, olaryň manysy baradaky pikirleri bilen obýektiw dünýä düşündiriş bermäge synanyşypdyrlar. Gadymy grek filosofy Eflatun-Platon (427-347ý) ruh babatynda örän özboluşly pikirleri aýdypdyr. 01 ilki bilen özüň tarapyndan edilen näsazlyklar üçin dünýäde jeza beriljekdigini belläp geçýär. 01 ruhuň meseleleri boýunça ilki bilen ruhuň öz-özlügindäki hereketi, onuň hudaýlaryň ruhundan daşgary adam ruhuna degişli görnüşi barada öz pikirini beýan edýär we olary şu aşakdaky görnüşde görkezýär.

1) akyldarlaryň ruhy;

2) patyşalaryň ruhy;
3) praktiki döredijileriň ruhy;
4) wraçlyk ruhy-adamyň teni bilen bagly;
5) ýazyjylaryň ruhy;
6) şahyrlaryň ruhy;
7) suratçylaryň ruhy;
8) senetçiniň ruhy;
9) ýigrenji döwlet dolandyryjy ýolbaşçynyň – basyp alyjynyň ruhy;

Şol ýerde jandarlaryň ruhy diýip hem belleýär. Nemes filosofy Gegel (1770-183lý) adamda ruh söz, sözleýiş, dil görnüşinde oýanýar, soňra ol pikirlenmä söz görnüşine geçýär diýýär. Gegeliň tassyklamagyna görä, ruh "öz-özlüginde", "obýektiw ruh". Olar mydama hereket edýärler. 01 ruhuň hereketini şeýle shema salýar, ýagny şeýle shema düzýär. "Tezis"- "antitezis"-"sintez". Bular Gegeliň pikirine görä gaýtalanyp durýar.

Dini dünýägaraýyş boýunça ruh-ten ýagny jan we ten birlikde, bir bütewilikde ýaşaýar, ýöne ten gurpdan gaçansoň, hereket haýallap, soňky derejesinde jan teni taşlaýar we jan-ruh tenden çykýar. Bu ýaşaýyşdaky gudratdyr, adam hudaý tarapyndyr. Adam bilen baglanyşykly bolan ten we ruh meselesinde şeýle pikirleri peýdalanmak ýerliklidir, ýagny bir zadyň täzeden jana gelip, täzeden döreýşi-dogluşy ýaly, atalarymyzyň ruhy biziň durmuşymyzda direlýär. Ruh-ruhdan, jan-jandan döräpdir, ruh-ruhda-da gaýtadan döreýär. Bu zeýilli pikir gadymy grek alymy Eflatun-Platon hem ykrar edýär.

Ruhuň elbetde, iki manyda, ýagny jan hem aň manysynda ulanylmagy ýerliklidir. Ruh jan manysynda täzeden döreýän ten üçin zerurlyk, şeýle hem ruh aň manysynda ata-babalaryň ruhynyň nesilden-nesle geçmegi hem kanunalaýyklaýyndyr, ýöne ol bir durkunda durmaýar, ösýär, özgerýär we täzelenýär, ýuwaş-ýuwaşdan milli häsiýetleriň iň ýokary derejä ýetmegi netijesinde milli häsiýetler umumyadamzadyň häsiýetine geçip biler, ýöne bu prosese ýönekeý, sada zat hökmünde garamak bolmaz. Çünki milli ruhuň-aňyň umumyadamzat

derejesine galmagy, milli ruhuň umumyadamzat ruhuna-aňyna geçdigi bolýar. Bu proses geljegiň durmuş, kanunydyr. Adamzat üçin şeýle bitewilik ýagdaýa gelmeklik örän çylşyrymly we dowamly prosesdir. Hakykatdan-da, türkmeniň täze Galkynyş eýýamyny göz öňüne getirsek, şol prosesiň häsiýetleriniň döreýşinde türkmen jemgyýetindäki özgerişler we ösüşler umumyadamzat gymmatlyklaryny özünde jemleyär diýen pikiri öňe sürmäge hakymyz bardyr. Biziň ýurdumyzda bar bolan "Açyk gapylar syýasaty", türkmeniň baky Bitaraplygy, "Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi" baradaky ýörelgeler hakykatdan hem diňe bir türkmen durmuşynda parahatçylygy, abadançylygy, asudalygy, agzybirligi ynsanperwerligi aňlatmak bilen çäklenmän, dünýäniň beýleki ýurtlary üçin hem umumyadamzat ýaşaýşynyň nusgasydyr. Her bir milli ruhuň özüniň ösüşiniň kanunalaýyklygy bar, ol hem ilki bilen her bir milletiň ruhy dünýäsini joşdurýan, durmuşa höwes döredýän onuň asylly aňyrsy ata-babalary bar we olaryň ruhy-aňy ýatyr. Her bir milletiň öz milletine, diline, dinine, tebigatyna, aýdymyna, sazyna, maşgalasyna, milli durmuşyna özboluşly milli halal däp-dessuryna bolan söýgüsi bar.

Türkmen milletiniň, türkmen adamsynyň hakydasynda Oguzhan nesilbaşymyzyň, Gorkut ata türkmeniň, Görogly beg türkmeniň, Magtymguly danamyzyň ýaşaýan ruhy meýdany ýatyr.

Bu prosesiň özi, birinjiden, milli ruhuň-aňyň ösmegidir, kämilleşmegidir, ikinjiden, beýleki milli ruhlar bilen deňeşdirmek we aýratynlygyny ýüze çykarmak üçin zerurdyr, üçünjiden, belläp geçişimiz ýaly, milli ruhuň-aňyň umumyadamzat ruhuna-aňyna geçmekliginde möhüm faktordyr. Her bir halkyň ruhy dünýäsinde mydama onuň arzuwy; ýagny göwnüniň galkynyp durmagy, adamyň dünýäde mydama umyt bilen ýaşamagy, şol umydyna ýetjegine göz ýetirmegi, Watanyna, halkyna, adalata ynanmagy, özüniň isleg-arzuwlarynyň kanagatlandyryljagyny

bilmegi – bu zatlaryň hemmesi umumyadamzat dünýägaraýşynyň özeninde durýar.

Älemiň ähli halkyýetleri, milletleri, halklary, ýurtlary, döwletleri bileleşige, doganlaşyga, dostlaşyga, abadanlyga, parahatlyga ymtylýar. Durmuşyň dünýä derejesindäki ýoly hakykata, adalata, parahatlyga, erkin zähmete barýar. Durmuşyň mazmuny döretmekden, agtarmakdan, gözlemekden, gurmakdan ybarat. Umumyadamzat ruhunyň-aňynyň bu meseleleriň çözgüdini tapmaga häzirki zaman dünýäsinde diýseň uly hem bimöçber mümkinçiligi bar. Belki, Alla, adamzadyň geljek ýoly şoňa gönüksin!.

Bütin Älem, adamzat şeýle ýaşaýşa ukyply, döredijilik häsiýete eye bolan umumyadamzat aňynyň döremegine barýar. Bu bolsa adamzadyň geljeginiň many mazmunydyr.

Adam ruhy bilen onuň aňynyň biri-birinden tapawutly bolýandygyna düşünmegimiz gerek.

Ten-jan, jan-ruh, ruh-aň bular biri-biri bilen baglanyşykda bolýan hem bolsa, olaryň arasynda düýpli tapawut saklanýar. Biziň şu tema boýnça esasy meselämiz: aň we onuň döreýşi, aňyň funksiýasy, aň we sözleýiş, aň we pikirlenme, aň we häzirki zaman tilsimaty ýaly mesele.

**Aň we onuň düýp manysy.** Aňyň kesgitlenilişi.Adam aňyna bolan dürli garaýyşlaryň biri hem materialistik garaýyşdyr. Aň adam beýnisiniň önümidir. Aňyň düýp manysy işjeň hem hakykaty maksadalaýyklaýyn derejede şöhlelendirmekdir. Bu meseläni oňyn çözmek üçin, örän köp zähmet siňdirmeli bolýar. Materialistik akymyň wekilleriniň käbirleri kynçylykly ýagdaýlara düşüp, aňa materianyň atributy hökmünde garapdyrlar. Beýleki bir topar materialistler aň diňe iň ýokary derejedäki materiýanyň gurluşyna degişli diýip - tassyklaýarlar. Aň adam beýnisiniň işi, özi hem sosial durmuş bilen baglanyşykdaky işi diýen pikiri öňe sürýärler.

Dialektiki materialistik topar bu meselede şöhlelenme prinsipine esaslanýar. Adam beýnisi obýektleri duýmak, kabul etmek, göz öňüne getirmek, ol bir tarapdan, başga bir

tarapdan, pikirlenmäniň formalary bolan düşünje, pikir ýöretme, pikir netijesi ýaly pikirlenmäniň formalary bilen iş salyşýar - diýip tassyklaýarlar.

Adam aňy onuň zähmeti netijesinde, jemgyýetde sosial gatnaşyklarynyň hem-de özara pikir alyşmalaryň netijesinde döreýär. Adam beýnisi-örän çylşyrymly apparat bolup, ol örän köp nerw öýjüklerinden düzülendir. Adam beýnisi 15 milliard öýjüklerden durýar. Olar biri-biri bilen örän ýakyn baglanyşykda bolýar.

Daşky dünýä bilen adam organizmi arasyndaky, adam organizminiň özara bölekleri bilen baglanyşygy reflekleriň kömegi bilen amala aşyrylýar

Adam beýnisiniň işi barada rus alymlary Seçenow, Pawlow, Uhtomskiý we beýlekiler uly iş edipdirler. Materialistik dünýägaraýşa görä, olar fiziologik häsiýet bilen psihiki häsiýetiň birligini ykrar edip, olaryň birligini tassyklaýarlar. Adam beýnisi pikiriň organydyr-diýen pikir gadymyýetiň jümmüşinde ýüze çykyp, ol häzirki döwürde ylymda ymykly orna eye boldy.

Duýgy organlary: görüş, eşidiş, ys alyş, tagam hem-de ten taýdan duýmak.

Obýektiw dünýäniň subýektiw obrazy aňdyr. Aň arkaly obýektiň, dünýäniň subýektiw obrazy görkezilýär. Bu pikir ýöretmelere görä dünýäniň zatlarynyň şöhlelenmesi real hakykatdyr. 0l barlykdyr, ol pikirlenmäniň formalary arkaly şöhlelenýär. Elbetde, obýekt hem, subýekt hem barlyk. Pikir hem aň hem barlyk. Ýöne obýektiw reallyk däl-de, subýektiw ideallykdyr. Adam aňy dünýäniň zatlaryny şöhlelendirmäge gönükdirilendir. Şol zerarly akyl ýetirme dünýä zatlaryny şöhlelendirmekde subýektiň döredijilik işidir. Adam – akyl ýetirişiň subýekti.

Psihika we aň birmeňzeş ýa-da bir zat däl, sebäbi psihika aňdan giň düşünje, psihika hat-da haýwanlarda hem bar. Psihiki durmuş ýaňy doglan çagada hem bar, emma onuň heniz aňy ýokdur.

Aň giden bir tutuş düzümi aňladyp, ol akyl ýetiriş we emosional-erk taraplary özüne birleşdirýär. Aň adamyň ösüşinde onuň şahsyýet bolup ýetişmeginiň şertidir. Hakykatdan hem adamyň idealy (grek sözi-onuň pikirlenmesiniň we işiniň usuly), borçlary, özüni alyp baryş motiwi (ugry) bularyň hemmesi şahsyýet üçin esasy şertlerdir.

Adam aňynyň ilkinjisi ten duýgusydyr - duýmakdyr. Duýmaklygyň üsti bilen obýekt bilen subýektiň arasyndaky gös-göni baglanyşyk amala aşyrylýar. Duýmaklyk zatlaryň, hadysalaryň aýratyn häsiýetleriniň şöhlelenmesidir.

Bu janly syzmaklykda, duýguda zadyň häsiýetiniň onda-da onuň hil tarapynyň şöhlelenmesidir. Zadyň ol we beýleki tarapy barada gürrüň edenimizde duýmaklykda biz, onuň hil tarapy boýunça duýanlarymyz hakda söz açýarys. Sebäbi biz onuň "gyzyl", "gök", "süýji", "talh" we ş.m hil tarapyny duýýarys.

Adama duýmaklyk häsiýeti mahsus, eger-de adamda duýmaklyk mümkinçiligi ýitse, onda adamyň aňynyň ýitmegine getirip biler we ol aňyny ýitirip biler.

Adam duýmaklyk bilen zadyň aýratyn häsiýetini şöhlelendirýär. Ýöne predmet, zat, hadysa bir giden dürli häsiýetleri özünde jemleýär. Adamyň öňünde olara tutuşlaýyn zat görnüşinde garamak meselesi ýüze çykýar, we zada degişli toplumlaýyn häsiýetleri bilmeklik meselesi döreýär, ine bu işi bolsa adamyň akyl ýetiriş prosesinde ten duýgusynyň görnüşi bolan kabul etmeklik (wospriýatiýa) ýerine ýetirýär. Diýmek, kabul etmeklik zadyň bilinmegidir. Adam kabul etmek arkaly zadyň manysyny, düýp manysyny pikirinde aýlamak bilen, hat-da onuň häsiýetlerini we gatnaşyklaryny hem ünsden düşürmän, oňa akyl ýetirip bilýär. Ýöne, kabul etmeklik adamyň bilim derejesiniň ýokarylygyny hem-de onuň ol zada bolan höwesiniň bolmagyny talap edýär.

Ten duýgularynyň üsti bilen zatlara akyl ýetirmeklik diňe duýmak we kabul etmeklik bilen çäklenmeýär. Ten duýgularynyň iň ýokary formasy ol hem göz öňüne getirmedir .Göz öňüne getirme obýektiň obrazynyň bilinmegidir. Ol

geçmişde kabul edilen zat, hadysa bolup, şu mahal, şu pursat onuň bolmadyk, ýok halyndaky aňladylmasydyr. Göz öňüne getirme zadyň daşky görnüşiniň täsiriniň ýatda galan obrazynyň dikeldilmegidir. Meselem; geçen Gurban baýramynyň geçiriliçi, milli bahar baýramy - Nowruz baýramynyň dabarasy we ş.m.

Zadyň obrazynyň döredilmeginde adam aňy diňe bir öňki kabul eden zadyny göz öňüne getirmek bilen çäklenmeýär. Adam özüniň döredijilik mümkinçilikleri bilen her bir zadyň obrazyny aňynda döredip bilýär. Adam aňynda göz öňüne getirmäniň in ýokary formasy zady pikirde döretmekdir, fantaziýa arkaly hyýalda döretmekdir.

Göz öňüne getirme ten duýgularynyň iň ýokary formasydyr. Onuň beýleki ten duýgularynyň formasyndan esasy artykmaçlygy pikirlenmä has ýakynlygyndadyr, pikirlenmä alyp barýandygyndadyr. Bir tarapdan, göz öňüne getirme we pikirlenme dialektiki taýdan özara baglanşykdadyr.

Adam özüniň tebigaty boýunça, jemgyýetçilik hadysasydyr. Taryhy taýdan adam pikirlenmäniň kadalaryny, hukuk normalaryny, ahlagy, estetiki duýgulary döredipdir. Bular adamyň özüni alyp barşyny we adamy akylly-başly derejä ýetirmegi düzgünleşdirýär we belli bir ýaşaýyş, obrazyny, onuň medeniýetini, psihologiýasyny emele getirýär.

Adam aňynyň başlangyç prinsipi, esasan aňyň, adamyň döredijilik işiniň we onuň praktiki durmuşynyň bir-biri bilen aýrylmaz özara baglanşygyndadyr.

Aň adam beýnisiniň funksiýasy bolýan hem bolsa, hakykaty aňlamaklygy adam beýnisi öz-özünden amal etmeýär, ony hakykatda taryhy sosial subýekt hökmünde adam özüniň subýektiw döredijilik işi bilen ýerine ýetirýär. Diýmek, beýniniň düýp manysyny diňe onuň anatomiýa-fizologik häsiýeti bilen açyp görkezmek ýeterlik däl. Aňyň döreýşini, funksiýasyny we onuň ösüşini diňe jemgyýetde, adamlaryň praktiki döredijilik işi esasynda bolýandygyny açyp görkezmek gerek. Obýektiw dünýäniň bize täsirini ýetirmegi

bilen onuň zatlary we hadysalary adam aňynda şöhlelenýär, ideal zada öwrülýär. Öz gezeginde aň ideal zat, ol adamyň praktiki işi bilen hakykata, reallyga-barlyga öwrülýär.

Adam aňynyň daşky dünýä işjeň döredijilik gatnaşygy özüniň özüne, şeýle hem adamyň sosial döredijilik işi bilen häsiýetlendirilýär. Aňyň işjeňligi adamyň daşky dünýäni maksadalaýyklaýýn, saýlap almak esasda şöhlelendirmegidir. Adam aňy dünýäni aýnanyň ýüzünde ýaly görkezmeýär, adam ony döredijilik taýdan üýtgedilen görnüşde öz aňynda aňlaýar. Adam aňy hakykatdan hem özüniň döredijilik häsiýetleri bilen bellidir, ol obrazlary döretmäge ukyplydyr, oňa öňden görüjilik häsiýet mahsusdyr.

Adam beýnisi şeýle gurlan, ýagny ol diňe kabul etmek bilen çäklenmän, ol informasiýalary (habarlary-maglumatlary) işläp, saklap hem-de şol esasda öz hereketiniň täze maksatnamalaryny düzüp bilýär. Adamyň hereketi mydama maksadynyň netijesine gönükdirilendir, belli bir maksada ýetmeklik bilen ol öz maksadyna ýetýär.

Maksadalaýyk, maksada gönükdirilen netijä ýetmek üçin adam belli bir serişdeleri ulanmak üsti bilen öňünde goýan maksadyna ýetýär. Adam heniz tebigatda bolmadyk şeýle bir zatlary döredýär. 01 onuň üçin dürli konstruksiýalary, tejribeleri ulanýar we özüne zerur bolan gerekli zatlary döredýär. Adam aňy diňe bir obýektiw dünýäni şöhlelendirmek bilen çäklenmän, ol täze zatlary döredýär, çünki dünýäde bar bolan zatlar adamy kanagatlandyrmaýar, ol öz öňünde tebigatyň zatlaryny üýtgetmeklik maksadyny goýýar.

Adam beýnisiniň hakykaty şöhlelendirip bilmek ukyby örän köpwagtlaýyn, uzakwagtlaýyn häsiýete eye bolup, ol ýokary derejede guralan materiýanyň ösüşi bilen baglydyr.

Materiýanyň şöhlelenme häsiýetiniň bolmaklygy dünýäniň predmetleriniň we hadysalarynyň uniwersal taýdan özara baglanyşykda we özara gatnaşykda bolýandyklary bilen şertlendirilendir. Zatlaryň, hadysalaryň, prosesleriň biri-birine täsir etmekleri ol we beýleki üýtgemelere getirýär, bu

häsiýetleriň esasynda ondan belli bir yz galýar, ol "yzyň" kesgitliligi oňa täsir eden zadyň, hadysanyň aýratynlygy bilen aňladylýar.

Adaty ýagdaýda haýwanlaryň özlerini alyp barşynda instiniktiw hereket agdyklyk edýär. Olarda instinktiw gatnaşyklar nesilden-nesle geçýär. Haýwanlarda biologik ähmiýetli häsiýet bar. (olaryň daş-töweregini gurşap alan zatlary tapawutlandyrmagy, iýmit bilen özüni kanagatlandyrmagy howpdan sypmaklygy we ş. m.)

**Dil, söz we pikirlenme.** Häzirki döwürde adamyň beýnisiniň gurluşy, onda bolup geçýän elektrohimiki reaksyýalar, ýadyň biohimiki esaslary we basg. düýpli öwrenilen. Yöne, adam nähili pikirlenýär, adamyň kellesine pikir nähili gelýär diýen soraglaryň jogaby tapylanok. Filosofiýa adama ömrüniň dowamynda birnäçe gezek hakyky pikiriň gelýänligini we onuň hemme adama gelmeýänligini belleýär. Şonuň üçin pikire taýýar bolmaly. elmydama kelläňi arassa saklamaly.

Gadymy hindi paýhasy onuň üçin: ertirki nahardan soňra aýbogdas oturup, elleriňi dyzyň üstinde goýup 15 minudyň dowamynda hiç bir zat hakynda pikir etmezlige çalyşmaklygyň gerekligini aýydýar. Ýatmazdan öň hem şu ýagdaýy gaýtalamaly. Hiç zat hakynda pikirlenmezlik kyn, ýöne oňa öwrenşip bolýar. Şeýle ýagdaýda hakyky pikiriň gelenini aňsa bolar. Hakyky pikiriň gelmekligi bolsa elmydama gudrat. Adamyň özüniň bir zady görmekligi, özüniň bir zada düsünmekligi elmydama kyn. Bu ýagdaý örän seýrek we ajaýyp pursat. Ilkinji gezek bir zady görmek hem adamyň kellesine pikiriň gelendigini aňladýan bolsa gerek. Pikirlenmek - görmekligi, onda-da ýöne bir gözüň bilen däl, ähli dürkuň bilen görmekligi aňladýar.

Pikirlenmeklik diliň kömegi bilen amal edilýär. Ýöne, filosofiýada diliň we pikirlenmäniň gabat gelmeýänligi ir döwürlerde bellenen. Iň gadymy dil yşarat dili bolýar. Yşarat şonda hereket görnüşde ýüze çykýar. Onda-da yşarat amaly hereket däl-de, özüniň real esasyndan aýrylan hakyky hereketi

aňlatmaklyk bolýar. Yşarat abstraksiýa tarap ilkinji ädim bolup çykyş edýär.

Söz abstraksiýanyň indiki, özem yşaratdan ýokarky basgançagy bolýar. Amaly hereketem, yşaratam, sözem hereketiň görnüşleri bolandyklary sebäpli, dilde algaritmler we pikir galyplary saklanyp galyp başlaýarlar. Duýgularyň we kabul etmeleriň esasynda ýüze çykýan obrazlar we göz öňüne getirmeler kem-kemden özbaşdak ýaşaýşa eye bolýarlar. Şonda maddy zatlardan üzňe bolan abstrakt pikirlenme ýüze çykýar. Dil adamlaryň habarlaşmagynyň we özara düşünişmeginiň serişdesi hökmünde baýlaşýar we çuňňur pikirleri aňlatmaklyk ukybyna eye bolýar.

Diller köp dürli, ösen we ösmedik diller bolýarlar. Soňkyda düşünjeleriň baýlygy gramatikanyň ösmekligi bilen däl-de äheň, labyz dürliligi bilen aňladylýar. Şol bir sözler bu dillerde dürli äheňde aýdylyp, her gezek başga manyny aňladýarlar. Gramatika näçe çylşyrymly boldygyça dil şonça bay bolýar. Işlik görnüşleriniň, düşümleriň, sypatlaryň üsti bilen pikiriň örän inçe öwüşginlerini berse bolýar.

Her bir halkyň pikir ýöredişi çalt ösýär: her gün täze ylmy açyşlar, täze hadysalar ýüze çykýarlar. Dil bolsa örän haýal üýtgeýär. Şonuň üçin dil pikiriň ösüşinden yza galýar. Ýöne, halkyň edebi dili, mysal üçin, Magtymgulynyň, Mollanepesiň ýa-da Berdi Kerbabaýewiň dili elmydama türkmen medenýetiniň esasyny düzen, diliň baýlaşmagyna esaslary döreden. Eger dil medeniýet bolýan bolsa, onda ony ýoýmak bolmaýar ýa-da islegiňe görä üýtgedip bolmaýar. Diliň arassalygynyň goralmagy we saklanmagy gerek.

Dil bilen pikirlenmäniň arasynda çylşyrymly, gapma-garşylykly baglanşyk bolýar. Bir zat hakynda pikirlenmek bir zat, aýtmak bolsa - köplenç başga zat. Öz pikiriňi diliň we hatyň üsti bilen beýan etmeklige nähili öwrenmeli? Ony täzeçe, täsirli aýtmaklygy her bir adam başaranok. Ýöne düşnükli, diňleýjä ýeter ýaly beýan etmeklik her bir adamyň borjy. Onuň üçin bolsa diliň gudratly güýjini aňmaklyga ymtylmaly.

## Soraglar.

1. Ruh diýmek näme we ol nämäni aňladýar?
2. Aň diýip näme aýdylýar?
3. Duýgy organlary haýsylar?
4. Dil, we sözleme düşünjeleri nämäni aňladýar?
5. Pikirlenme nämäniň kömegi bilen amala aşýar.

## Akyl ýetiriş teoriýasy.

**Akyl ýetiriş teoriýasyna umumy garaýyş.** Akyl ýetirmek filosofiýa predmetiniň esasy meseleleriniň biri bolup, dünýä akyl ýetirmek bolarmy ýa-da bolmazmy diýen mesele adamzadyň dünýä bolan düýpli gatnaşyklaryny aňladýar. Adamzadyň tebigaty täze bilimleri ele almaklyga ymtylyp gelipdir. Adam paýhasy barlyk baradaky syrlary bilmekde iň ýokary ymtylyşly, döredijilikli çemeleşipdir. Bu bolsa adamzadyň beýik guwanjyny döredipdir. Müňlerçe ýyllaryň dowamynda barlygyň mazmunyna akyl ýetirmegiň ýolunda çarkandakly, kynçylykly ýollarda sadaja düşünjelerden has çuňňur we köp taraply çylşyrymly düşünjelere aralaşyp bilipdir.

Biziň aňymyz dünýäniň kanunlaryna akyl ýetirmek bilen birlikde tebigaty we adamyň öz-özüni özgertmeklige, tebigat bilen garmoniki ýaşaýyşy dowam etdirmäge kömek egýär.

Adamyň akyl ýetirişi çylşyrymly sistemany emele getirýär we sosial ýatkeşlik hökmünde ruhy baýlyklary nesilden-nesile geçirýär. Akyl ýetiriş ýa-da gnoseologiýa (grekçe gnosis-bilim, akyl ýetirmek) filosofiýanyň döremegi bilen filosofiýanyň fundamental meselesine öwrülýär. Akyl ýetiriş taglymaty akyl ýetirişiň tebigatyny öwredýär. Akyl ýetirişiň görnüşlerini, kanunalaýyklygyny predmetler, obýektler barada ýüzleý düşünjeden başlap, olaryň düýp manysyna, hakykata akyl ýetirmeklige, şonuň bilen birlikde hakykata akyl ýetirmekligiň ýollary-da, derejeleri-de

öwrenilýär. Adam hakykata akyl ýetirmekde ýalňyşlyklary goýberýär we şonuň esasynda hem adam ol ýalňyşlyklary düzedýär we ýeňip geçýär. Gnoseologiýanyň iň esasy wajyp meselelerininiň biri hem älem barada, adam we adamyň döreden jemgyýeti barada hakykata laýyk gelýän bilimleri öwredýär. Şonuň ýaly hem köp soraglar beýleki ylymlarda we jemgyýetçilik durmuşynda köp gabat gelýär. Akyl ýetiriş taglymatynyň giň meseleleri häzirki zamanda ýüze çykarylýar. Barlygyň düýp manysyny bilmeklik adamyň öz talaplaryna, isleglerine laýyk ulanmaklygada, barlygy özgertmeklige-de täsiri bolup döretmeklige getirýär. Bilmeklik başarnygy, ukyby hem aňladýar. Bilim adamynyň tebigat bilen arabaglanyşygyny, adam ruhunyň we praktiki işiniň sazlaşygyny aňladýar.

Akyl ýetirişiň esasy özeni obýektiw reallygyň şöhlelenmesinden başlanýar. Akyl ýetirmeklik filosofiýanyň ýüregi iň bir zerur merkezi meselesi bolup durýar.

Şöhlelenme diýen düşünje baryp gadymy döwürlerde hem öňe sürülipdir. O1 akyl ýetiriş bilen deňeşdirilýär. Demokrit akyl ýetirişi şöhlelenme bilen deňeşdiripdir. Şöhlelenme eýdos diýlipdir. Platon hem şöhlelenmäni akyl ýetirişiň esasy diýip ýatlaýar. Materialistler şöhlelenme biziň aňymyzda garaşsyz ýaşaýan obýektiw reallyk bolup, akyl ýetirişiň esasy çeşmesi hökmünde garaýarlar. Idealist filosoflar bolsa, ähli zamanada şöhlelenme düşünjesinden gaça durýarlar. Akyl ýetirişi diňe subýektiň döredýän prosesi diýip, düşündirmeklige synanyşýarlar, ideýalar aňyň ruhuň çuň gatlaklarynda bolup, olar öz-özünden ýüze çykýarlar diýip, belleýärler. Bu filosoflaryň pikirine görä, obýektiw dünýä adam aňynyň döredeni diýip, düşündirmeklige deňeşdirme hökmünde synanyşýarlar. Filosoflaryň bir toparlary dünýäniň şöhlelenmesine akyl ýetirip bolar, beýleki bir topary bolsa akyl ýetirip bolmaz diýip tassyklaýarlar. Şeýle-de bolsa, idealizmiň umumy ýalňyşlyklarynyň bardygyna garamazdan akyl ýetiriji subýektleriň, olaryň paýhasynyň, ruhunyň döredijilik işeňňirliginiň bardygyny doly tassyklaýarlar.

Häzirki zaman materialistik filosofiýasy akyl ýetirişi jemgyýetçilik taryhy, durmuş-praktikanyň üsti bilen akyl ýetirmeklige dialektiki metod bilen çemeleşýär. Gnoseologiýa babatda iň gowy filosofiki pikirleri öňe sürýär we jemleýär. Ähli ideýalar tejribede ýüze çykarylýar, hakykatda bolsa dogry ýa-da ýoýulan görnüşde şöhlelenmeler bolýar diýip, rus filosofy W. I. Lenin belleýär. Soňra bu meseläni dialektiki-materialistik esaslarda ösdürip, şöhlelenmäniň prinsipi ylmy-akyl ýetiriş taglymatynyň özenini emele getirýär diýlip, dogry bellenilýär. Şonuň esasynda hem hakykatyň we praktikanyň hili we esaslary barada akyl ýetirişiň ylmy taglymaty işlenip düzülýär we adamynyň döredijilikli aktiwligi netijesinde adam akyl ýetiriji subýekt hökmünde çykyş edýär.

Akyl ýetirişde ýeketäklik we umumylyk düşünjeler ulanylýar. Akyl ýetirişiň özi iň ýokary derejedäki işeňňirligi aňladýar. Bilmeklik jemgyýetçilik-taryhy praktiki prosesi logiki netijeliligini aňladýar. Akyl ýetirişde bir tarapdan adam aňynyň şöhlelenmesinde göz öňüne getirme, düşünje, pikir ýöretme subýektiw obrazlar baradaky taglymatlar öňe sürülýär.

Bilmeklik köptaraply tebigy we emeli häsiýetde bolýar. Sadaja bilmeklik biologiki kanunalaýyklar bilen hem baglanyşyklydyr. Aýratyn nerw sistemasy ösen jandarlarda duýmak, bilmek, aňlamak ýönekeý häsiýetleri-de bardyr. Adamynyň akyl ýetirmekligi, bilmekligi düypli prinsipial aýratyn häsiýete eýedir. Adamyň bilimi dürli görnüşlerde ylymdan öňki, adaty-ýaşaýyş, çeper, ylmy hakykaty özleşdirmekde dürli empiriki, teoretiki derejelerde özleşdirilýär. Durmuşy-ýaşaýyş, aň-bilimiň ähli görnüşleri bilen baglanyşykly bolup durýar. Adaty durmuş sagdyn aňa esaslanýar we adamynyň özüni alyp barşyna, özara gatnaşyklara hem tebigat bilen gatnaşyklaryna täsir edýär. Bu görnüşdäki akyl ýetiriş hem ylmy, çeperçilik bilen baglanyşykly akyl ýetirişde ösýär we baýlaşýar. Akyl ýetirişde gündelik adaty akyl ýetirişden uly baý tejribeleri özüne alýar.

Akyl ýetirişde ähli faktorlar hasaba alnyp ylmy çaklama (prognozirlemek) ýüze çykýar.

Çeperçilik taýdan akyl ýetirmeklik özboluşly aýratynlygy bolup köp taraply keşp-sypatlara, reňklere, saza, gözellige akyl ýetirmeklik ukyplary bilen adamlar tapawutlanýarlar.

Adamynyň pikirlenmesi mydama hereketde bolup, bilmezlikden bilmeklige, ýüzleý bilmekden çuňňur bilmeklige tarap hereket edýär we şonuň esasynda hem adam dünýäni we adamzat öz-özüni üýtgedýär.

**Akyl ýetirişiň mümkinçilikleri. Optimizm, skeptisizim, agnostisizm.** Dünýä akyl ýetirmek bolarmy diýen prinsipiň üstünde adamzat mydama çekeleşip alada edip geldi. Hakykatdan hem älem tükeniksiz, çäksiz bolsa-da adam aňy bu tükeniksizliklere akyl ýetirmeklikde kynçylyklar çekýär. Bu mesele filosofiki pikirlerde dürli görnüşlerde yzarlanýar. Bu meselä jogap bermekde optimizm, skeptisizm, agnostisizm ýaly üç ugur takyklanyldy. Optimistler dünýä akyl ýetirip boljakdygyna prinsipial tassyklaýarlar, agnostikler, sneptikler dünýä akyl ýetirmekligi düýpli inkär etmeýärler. Munuň tersine ony inkär edýärler. Bilimlere akyl ýetirişe mümkirlik bilen garaýarlar. Şeýle-de bolsa bu üç bölege bölmeklik ýönekeýligi, sadalaşdyrmaklygy aňlatmaýar. Bu agnostikler dünýä akyl ýetirmekligi inkär etselerde käbir esaslandyrmalary ulanmaklygy başarýarlar we käbir meselelere akyl ýetirmeklik hakykatdan hem kynçylyk döredýär we ol meselä jogap bermeklik häzirlikçe mümkin däldir. Agnostisizmiň esasy meselesi barlyga akyl ýetirmeklik biziň duýgularymyzdan, mümkin däldir diýip, düşündirmeklige synanyşýarlar. Predmetler barada olaryň boluşy barada düýpli biz bilmeýäris, ol mümkin däl. Dünýä başlangyçsyz, tükeniksiz, biz bolsa öz formulamyz bilen çemeleşýäris, diýen düşünjäni agnostikler öňe sürýärler. Dünýäniň müdimiligi, çäksizligi düşüniksizdir diýip olar tassyklaýarlar. Dünýäniň gurluşyna akyl ýetirmeklikde kanunlar, kategoriýalar, düşünjeler ýeterlik däldir diýip, olar düşündirýärler. Şeýlelik-de dünýä biziň düşünjelerimizden

akyl ýetirişimizden ýapyk syrly dünýä diýip düşünýärler we olar barada anyk takyk düýpli akyl ýetirmeklik hem mümkin däldir diýip, tassyklaýarlar. Dünýä öz-özi dowam edýär diýip, käbir gnoseologiki düşünjelerde beýan edilýär. Şeýle-de bolsa agnostikleriň logikasynda ylmyň ösüşi bilen akyl ýetiriş her ädimde inkär edilýär. Pozitiwizm taglymatyny esaslandyryjy 0. Kontyň aýtmagyna görä adamzada Günüň himiki düzümini bilmekleri mümkin däldir diýip, aýtmagyndan kän wagt geçmänkä, spektral analiz arkaly Günüň himiki düzümi baradaky maglumatlar bilindi.

Käbir filosoflar mahizimiň wekilleri atom diýen düşünje ham-hyýal, boş hyýal, adam fantaziýasynyň göz öňüne getirmesiniň alamaty diýip, düşündirýärler. Mälim boluşy ýaly, atomistik taglymat häzirki zaman tebigat ylymlarynyň esasyny emele getirýär. Häzirki zamanyň günbatar filosoflary äleme akyl ýetirmek aýratyn hem jemgyýetde, adamyň öz-özüne akyl ýetirmekligi baradaky meselelerde agnostisizme ýykgyn edýärler. Agnostiki netijelere gelmeklik filosofiýanyň dürli akymyna neopozitiwizime, fenomonologiýa, eksiztensializme, pragmatizme we şuňa meňzeş ugurlara mahsusdyr. Adamzat tejribäniň ukybyň esasynda tebigatyň in syrly çäklerine aralaşmagy has-da güýçlenýär.

Kant adam ukybynyň tejribesiniň hem çäklidigini her bir hakykat özi bir bilimden öňe çykýar diýip, tassyklaýar. Agnostisizmiň gnoseologiki ýalňyşlygy dünýäniň material birligi barlyk bilen pikirlenmäniň birligini inkär edýär.

Agnostisizm, skeptisizimiň çendenaşa bir görnüşi bolup çykyş edýär. Skeptisizm akyl ýetirmekligi prinsipial ykrar etsede, müňkürlik hakykata akyl ýetirmekde müňkürligiň uly rolunyň bardygyny ykrar edýär. Skeptisizm öňki düşünjeler, ýörelgeler, gymmatlyklar özgerýän, üýtgeýän döwründe has-da güýjeýär, ylaýta-da öň hakykat diýilýän düşünjeler ylmyň, praktikanyň netijesinde inkär edilende has-da bu taglymat örç alyp güýçlenýär.

Skeptisizimiň taglymaty hakykatdan hem zyýanlydyr. Adamynyň akyl ýetiriş mümkinçiliklerini iş ýüzünde ýalana

çykarýar. Yüzleý biderek ugursuz skeptisizim we köre-kör fanatizm düşünjesi çäkli adamlarda köp duş gelýär. Şeýle-de bolsa hem skeptisizm paýhasly çäklerde ulanylanda peýdaly ähmiýeti hem bardyr. "Adamlar köphalatlarda gülýärler, inkär edýärler. Bu ýeňil zat. Haçanda adamzat özleri üçin peýdaly, ýakymly beýik başlangyçlary bozmak, ýok etmek üçin çalyşmagy uly masgaraçylyk" diýip, rus alymy K. E. Siolkowskiý belleýär. Akyl ýetirişde skeptisizm güman etmek, müňkürlik etmek akyl ýetirişde bir ädim öňe ädimdir. Akyl ýetirişiň özi problemasyz bolup bilmeýär. Şübhelenmesiz hem problema ýokdur. Adamynyň paýhasy çyra yaly bolup ol näçe köp ýagtylyk berdigiçe şonça-da şübhelenme bardyr diýip, hindi ýazyjysy R. Tagor aýdypdyr. Dini ynam bar ýerinde şübhelenmä hiç bir ýol berilmeýär. Eger adam ähli meseleleri şübhe nazaryndan geçirmese onda ol hem dogmatizme ýakyn adam bolup galýar. Bu iş ýüzündäki hakykata filosofiki şübhelenme arkaly ýetilýär diýip, rus ýazyjysy L. Tolstoy belläpdir.

Bu filosofiki şübhelenme, sagdyn skeptisizmdir dünýä akyl ýetirmeklikde optimistik dünýägaraýyşa garşy durmaýar.

**Akyl ýetirişiň subýekti we obýekti.** Dünýä akyl ýetirişde subýekt we obýekt düşünjeleri giňden ulanylýar. "Subýekt", "obýekt" birek-birege laýyk gelýän düşünjelerdir. "Subýekt" barada aýdylanda biz adam-subýekti-akyl ýetiriş, hereket ediş, baha beriş diýip düşünýäris. "Obýekt" barada aýdylanda bolsa öz-özümizden soraýarys: nämäniň obýekti-akyl ýetirişiň, baha berşiň, hereket edişiň obýekti diýen düşünjeler ulanylýar.

Subýekt tutuş sosial çylşyrymly iýerarhiýany emele getirýän düşünjedir, onuň esasy fundamenti tutuş sosial ýaşaýyşy aňladýar. Ahyrky netijede adamzadyň bilim-paýhasy ýokary öndüriji güýç bolup çykyş edýär. Onuň taryhy ösüşinde birnäçe umumylyklar bolup halklar-subýekt hökmünde hereket edýärler. Her bir halk aýry-aýry düzgünleri, normalary, gymmatlyklary döredip öz medeniýetlerini emele getirýärler. Tebigatdaky hadysalara, jandarlara, ösümliklere

şonuň ýaly-da dürli halklaryň ahlagy, däp-dessurlary gymmatlyklary barada asyrlardan-asyrlara merjen dänesi ýaly maglumatlar toplanylmagy akyl ýetiriş üçin uly ähmiýeti bardyr. Hakyky manysyndaky subýekt gnoseologiýada akyl ýetiriş bilen baglaşdyrylýar.

Subýekt we akyl ýetiriş işleri takyk taryhy döwürde birmeňzeş hem bolup bilýär. Akyl ýetirişde subýektiw we obýektiw gatnaşyklar döreýär. Obýekt subýekte men näme? Maňa akyl ýetir? diýip, ýüzlenýäne meňzeşdir.

Akyl ýetirişde subýekt obýektsiz, obýekt hem subýektsiz bolup bilenok. Häzirki zaman gnoseologiýasynda obýekt we akyl ýetiriş predmeti tapawutlandyrylýar. Obýekt diýlip barlygyň real fragmentini aňladýar.01 barada barlaglar geçirilýär. Adamynyň özini hem köp ylymlar - biologiýa, medisina, psihologiýa, sosiologiýa, filosofiýa we beýleki ylymlar obýekt hökmünde öwrenýärler.

Şeýle-de bolsa hem adam barada her ylymyň öz çemeleşişi bar. Meselem psihologiýa adamynyň psihikasyny barlaýar, medisina adamynyň näsaglylygyny ony bejermegiň ýollaryny öwredýär.

Mälim boluşy ýaly adam öz tebigaty boýunça döredijilik, taryhyň subýektidir. Şonuň ýaly-da sosial taryhy dörediji hem-de şol bir wagtda akyl ýetirişiň obýekti hem bolup durýar. Sosial akyl ýetirişde adam öz hususy taryhy jemgyýetçilik manysyny hem öwrenýär. Bu özara subýektiň we obýektiň gatnaşygynyň täsirinde akyl ýetiriş has-da çylşyrymlaşýar, bu ýerde obýekt bir wagtyň özünde taryhy dörediji subýekt hökmünde hem çykyş edýär. Sosial akyl ýetirişde ähli mesele adam sferasynyň daşynda aýlanýar. Obýekt - adamlaryň özleri we olaryň döredijiliginiň netijeleri bolmak bilen birlikde olar akyl ýetirişiň subýekti hem adamlaryň özleri bolup durýar. Akyl ýetirişiň prosesinde döredilen zähmet gurallary, ýadygärlikler barada gözi bilen görenleriň şaýatlygy, resminamalary, soraglary, anketalar arkaly öwrenilýär. Jemgyýetde ol ýa-da beýleki adamynyň bähbitleri goralman hiç bir hereket edilmeýär. Adamlaryň raýatlylygy onuň ahlak

ýüzi, hakykata laýyk gelýän idealy iň uly zerurlykdyr we diýseň ähmiýetlidir.

## Soraglar.

1. Akyl ýetirmek diýip näme aýdylýar?
2. Akyl ýetirişiň esasy özeni näme?
3. Akyl ýetirişiň mümkinçilikleri haýsylar?
4. Akyl ýetirişiň obýekti we subýekiti diýen düşünjeler nämäni aňladýar?
5. Akyl ýetirişde subýekt obýektsiz obýekt hem subýektsiz bolup bilermi?

**Akyl ýetirişde praktikanyň ähmiýeti.** Adamynyň ýaşaýşynda esasy praktiki işeňňirlik, predmetleri duýmaklyk, ruhy-teoretiki işleri durmuşda ornaşdyrmak prosesi bolup geçýär. Adam işeňňir hereket ediji jandar bolup ýaşaýyşda synçy bolmak bilen birlikde-de özüni gurşap alan tebigata gatnaşykda bolup, öz jemgyýetçilik we şahsy isleglerini kanagatlandyrmak üçin yzygiderli üns berýär.

Praktika adamlaryň material dünýäsini, predmetleri duýmagyny, tebigaty, sosial obýekti özleşdirmegini we özgertmekligini adamzat jemgyýetiniň we akyl ýetirişiniň esasy hereketlendiriji güýji hökmünde çykyş edýär. Praktika öňi bilen her bir adamynyň predmetleri duýmaklary we bütin adamzadyň ösüşiniň taryhy tejribesini-de aňladýar. Özüniň mazmuny boýunça amala aşyrylyşy boýunça adamlaryň praktiki işi jemgyýetçilik häsiýetine eýedir. Häzirki zaman praktikasy bütindünýä taryhynyň netijesi bolup adamlaryň tebigat bilen özara gatnaşygyny material önümi öndürmeklikde, önümçilikde we birek-birek bilen özara gatnaşygynyň netijesidir. Praktika jemgyýetçilik barlygynyň bir görnüşi bolup, çylşyrymly, tutuşlaýyn sistemany aňladýar. Şeýle aýratynlyklary, islegleri, maksatlary, sebäpleri, hereketleri, işleri, predmetleri we oňa gönükdirilen serişdeleri,

ahyrky netijesini görkezýär. Praktika akyl ýetirmek üçin birnäçe şertleri ýüze çykarýar.

Jemgyýetçilik praktikasy akyl ýetiriş teoriýasy bilen dialektiki özara baglanyşykly bolup durýar. Akyl ýetirişde üç funksiýany(wezipäni) ýerine ýetirýär.

Birinjiden, praktika akyl ýetirişiň çeşmesi. Hereketlendiriji güýç, akyl ýetirişe faktlary, materiallary teoretiki taýdan işlemek üçin praktiki mümkinçilik berýär. Şeýlelik bilen praktika agajyň ösüşine topragyň zerur hyzmat edişi ýaly hyzmat edýär. Real dyrmuşdan üzňeleşmeklige ýol bermeýär.

Ikinjiden, praktika bilimleriň siňdirilýän sferasy bolup hyzmat edýär. Ylmy açyşlar praktiki ähmiýete haçan eye bolýarlar diýlende, haçanda ol açyşlaryň praktiki ähmiýeti bolanda hakyky öz güýjine eye bolýar. Akyl ýetirişiň ahyrky maksady diňe bir akyl ýetirmeklikden başga-da dünýäni praktiki taýdan özgertmekligine getirýär. Material ruhy islegleri kanagatlandyrýar, tebigat bilen gatnaşyklary sazlaşdyrýar

Üçinjiden bolsa, praktika akyl ýetirişiň kriteriýasy-kesgitleýjisi bolup hyzmat edýär. Praktikanyň ýangynly odyny geçen bilimler obýektiwdir, hakykydyr.

Şeýlelik bilen praktikanyň esasynda akyl ýetiriş formirlenýär we ösýär. Adam ilkibada äleme-dünýä akyl ýetirýär soňra daşarky sredanyň praktikanyň netijesinde hereket edýär.

Praktikanyň esasy görnüşi bolup adamlaryň material-önümçilik işidir we köpçüligiň sosial, syýasy we ruhy babatdaky we jemgyýetçilik ýaşaýyşy ylmy praktikany emele getirýär.

Tebigat ylymlary we sosial eksperimentler, modelirlemek akyl ýetirişiň aýratyn görnüşini emele getirýär. Ylmy teoriýalar we praktika gapma-garşylygyň birligini emele getiryär. Hakykatdan hem praktika esasy görnüşlere empiriki şonuň ýaly-da logiki derejelerede üns berýär. Teoriýalar jemgyýetçilik praktikasy ýönekeý jemlemeleri bilen

çäklenmeýär, empiriki materiallary döredijilikli öwrenýär. Teoriýa praktika bolan gatnaşyklarda programmalaşdyrylan rol oýnaýar.

Ylmy akyl ýetirişiň şaýatlyk etmegine görä haýsy hem bolsa bir açyşyň praktikada ulanylmagy bilen baglanyşykly ýene-de teoretiki pikirler ösdürilýär, kämilleşdirilýär. Ylmy teoriýa we praktika şeýle birlikde bolsalarda gapma-garşylykda-da bolup bilýär.

Marksizimden öňki filosofiýada we häzirki zaman filosofiýasynda akyl ýetirişde praktikanyň roluna başgaça garalýar. Idealizmde akyl ýetiriş esasan hem döredijilikli işeňňirlik ruhuň çäginden çykmaýar diýip çäklendirilýär. Gegeliň pikirine laýyklykda praktika erkin ideýalaryň netijesi diýip düşündirýär. Subýektiw idealizm praktika diýip işjeňligi, döredijilikli erki, intuisiýany aňyň aşagyndaky, täsirindäki başlangyç bilen baglaşdyrýarlar.

Mälim boluşy ýaly, her bir praktiki iş akyl ýetirilen häsiýetde bolýar. Şonuň üçin hem akyl ýetiriş praktikadan üzňeleşdirilmeli däldir. Dialektiki materializme material dünýäni, praktikany, ruhy teoretiki döredijiligi aýry-aýrylykda görkezmek, düşündirmek bolmaz. Şularyň arasynda aýrylmaz dialektiki baglanyşyk bardyr.

**Akyl ýetirişde bilmekligiň içki logikasy.** Bilmeklik jemgyýetiň material isleglериniň täsirinde ýüze çykýar we ösýär. Ylmy döredijilik belli bir derejede özbaşdak häsiýete-de eýedir. Ylmy teoriýa logiki esaslar emele gelenden soňra praktika bagly däl diňe gelejekde duýmaklyk we akyl ýetirmeklik mümkin bolup durýar. Ylmyň belli bir özbaşdak ösüşiniň, akyl ýetirişiň zerurlygy netijesinde bilimler sistemalaşdyrylýar. Ylymlaryň dürli görnüşleri we ylymlaryň özara aýratynlyklary birek-birege täsirleri, adamlaryň ruhy döredijilikleri, pikir alyşmalary netijesinde-de özbaşdaklyk duýulýar. Şeýlelikde bilimleriň ösüşiniň içki logikasy içki stimullar esasynda akyl ýetirişiň dowamynda ýüze çykýar. XIX asyryň ahyrlarynda Russiýa ykdysady taýdan belli bir derejede yza galan döwlet bolsa-da ylymda belli bir açyşlar,

medeniýetde, sungatda öňe gitmeler bolup geçdi. Bu ýagdaý dünýäniň birnäçe ýurtlaryna mahsusdyr.

Ylmy pikirleriň içerki logikasynyň hereketi beýleki ylymlaryň ösmeginede itergi berýär. Ylmyň beýleki bir ugrundaky açyşlarada ýardam edýär. Peýda bermeýän açyş ýokdur. Açyşlardan soňra yzygiderli beýleki açyşlarada ýol açylýar. Ylmy barlaglardan dürli praktiki meseleler öňürti çözülýär. Soňra bolsa gelejege degişli strategiki meseleler, fundamental ylmy barlaglar alnyp barylýar. Özi bir ylym akyl ýetiriş adamzadyň material ruhy taýdan gowy ýaşamaklygyna getirýär.

**Hakykylyk, onuň obýektiwligi we düýp mazmuny.** Hakykat gymmatly we gelşikli düşünje bolup bu düşünjeler mydama sazlaşykly hereket edýär. Gadymy müsür akyldarlary ýalňyşmazlyk we parasatlylyk altyna barabar maksatdyr we iň gymmatly daşdyr hem hakykatdyr diýip, düşündiripdirler. Afinada gadymy grek hudaýyna bagyşlap paýhasly Parfenonyň hramy solmaýan owadanlygy, garmoniki sazlaşygy hakykatyň kuwwatyny ýeňip bolmaýanlygynyň alamaty bolup çykyş edýär. Mifologiýada hakykatyň nusgasy hökmünde owadan, namysjaň we asylly aýal köp halatlarda söýgi hem-de owadanlyk hudaý Afrodita iki tigirli arabada kepderiň ganat germegi hakykatyň alamaty hökmünde görülipdir. Hakykata gözellige ýetmeklik ymtylmaklyk Platonyň pikirine görä aşa gaharlanmaklyk, aşa şatlanmaklyk çäksiz söýmeklikdir, diýip belleýär. Hakykaty söýmeklik her bir minutda öňki hakykat diýlenlerinden el çekip, ýokary hakykaty bilmeklige taýyn bolmaly diýip, meşhur rus ýazyjysy L.Tolstoy ýazýar.

Adamzadyň beýik akyldarlary hakykata ahlak-estetiki häsiýet beripdirler, rus ýazyjysy F. M. Dostoýewskiý gözellik dünýäni halas eder diýip, ýazýar.

**Hakykat** – beýik sosial we şahsy gymmatlykdyr. Ol jemgyýetiň ýaşaýyşyna kök urup dowam edýär we sosial, ahlak, psihologiki taýdan wajyp rol oýnaýar. Hakykatyň

bahasy hemişe-de çäksizdir wagt onuň ähmiýetini has-da güýçlendirýär.

Beýik gumanizmiň hakykylygy, sosial adalatlylygy gan, jan bermek, ölüm bilen gazanylypdyr, hakykaty gözleýänler halkyň bähbidini goraýarlar we özleriniň ýaşaýyş manysyna öwürýärler, magaryfyň, ukybyň, medeniýetiň esasynda hakyky bagta progresse ýetilýär.

**Hakykat, ýalňyşmaklyk we ýalan.** Adatça hakykat bilimiň obýekte laýyk gelişini kesgitleýär. Hakykat obýekt barada informasiýalar duýgy, intellektual akyl ýetirmek, düşünmek ýa-da hakykylyk baradaky takyk habarlary bilmeklikdir. Şeýlelik bilen hakykat obýektiw bolmak bilen subýektiw ruhy reallygy, informasion gymmatlygy hem aňladýar. Bilmek duýmak görnüşinde obrazlara, teoriýalara, sistemalara düşünmek arkaly şöhlelenýär. Maksat, hyýal mälim boluşy ýaly, geçmişi we häzirki döwri bilmek esasynda gurnalýar. Şu esasda bu maksatlar hakykata laýyk gelýän ýaly bolup görünýär. Hyýaly maksady hakykat diýip düşünmek bolmaz ýa-da muňa meňzeş gelýän pikirler belli-belli toparlar üçin aýry-aýry şahsyýetler üçin peýdaly bolýan meselelerde hakykat diýip bolmaz. Hyýaly maksat hakykat ýa-da ýalňyşlyk diýen düşünje bilen däl-de onuň maksadalaýyklygy, ahlaklylygy, dogrulylygy we durmuşa geçirip bolujylygy bilen kesgitlenýär. Hakykat reallygyň şöhlelenmesini, ösüşini dinamikasyny aňladýar. Hakyky ylym adamlara öz praktiki işlerini paýhasly guramaklyga mümkinçilik berýär. Adamzat hakykata seýrek ýagdaýda ýetýär, ýalňyşlyklar esasynda akyl ýetirýär. Akyl ýetiriş ýoly tekiz ýol däldir. Bir adamyň has netijeli açyş etmegi üçin ýüzlerçe adamlara yzygiderli netijeleri gazanmak bilen hakykatyň üstüni açmaklaryda zerurdyr.

Ýalňyşmaklyk hem aňyň bir ýagdaýyny aňladýar. Mysal üçin, dini aňdaky hyýallar hakykat hökmünde garalýar we kabul edilýär. Yalňyşmaklygyň hut özi gelejekde hakykata golaýlaşmagyň bir usulydyr. Akyl ýetirilişiň taryhynda ýalňyşlyklar hem hakykaty aňladýar. Özi bir pikir-hyýallarda

hakykatyň merjen däneleri bardyr. Adamzadyň aňy-pikiri hakykada ymtylýandyr. Has-da halys fantaziýa ýugrulan ertekilerde hem hakykatyň durmuşyň alamatlaryny yzarlamak bolar.

Ylmy akyl ýetirişde hem käbir ýalňyş düşünjeler hakykat hökmünde kabul edilýär. Yalňyş ylmy teoriýalar ylmyň ösüşiniň taryhynda aýdyňlaşdyrylýar. Meselem Ptolomeýiň geosentriki taglymaty baradaky düşünjesi, Nýutonyň giňişlik we wagt baradaky düşünjeleri ylmy açyşlaryň esasynda olaryň ýalňyşdygy anyklanyldy.

Şeýlelik bilen ýalňyşlyklaryň hem gnoseologiki, psihologiki we sosial esaslary bardyr. Ýöne olary tapawutlandyrmaklyk zerurdyr. Yalňyşlyklyk hakykatyň ýoýulmasydyr, birlerini ýalan ugra gönükdirmekligi maksat edinýär. Ýalňyşlygyň oýlanyp tapylmagy ýa-da ol beýleki bar zatlaryň aňly ýörite gizlenmegini hem aňladýar. Yalňyşlygyň çeşmesi logiki ýalňyş pikirleriň hyýallaryň özi-de bolup biler. Ylmy akyl ýetiriş özüniň manysy boýunça dürli pikirleriň hat-da özüne gapma-garşy garaýyşlar, ynamlaryň, pikirleriň, jedelleriň, azaşmalaryň esasynda ýalňyşlyklar ýüze çykýar. Ýalňyşmaklyk meselesi ylymda hem dowam edýär. Ylmy barlaglarda gözegçiliklerde, ölçeglerde, hasaplamalarda, pikir ýöretmekde, akyl ýetirmekde ýalňyşlyklar goýberilýär. Galileo Galileýiň pikiriçe ýalňyşlyk goýbermezlik mümkin däldir.

Şeýle-de bolsa hem adam göwniçökgünlik etmeli däldir, adam aňy mydama gözlegdedir, öňdedir. Şu öňe gitmelerde hemişe adam öňe gitmelere ymtylýar we ýalňyşýar. Ylymda ýalňyşlyklar kem-kemden aradan aýrylýar we hakykata, ýagtylyga tarap ýol açylýar.Ylma berlen hakyky adam hakykaty aýtmakdan gorkmaly däldir.

**Otnositel we obsalýut hakykat.** Adaty aňda hakykat adaty taýyn görnüşli bir zat hökmünde gözöňünde getirilýär. Hakykat taryhy häsiýete eýedir. Şonuň üçin hem hakykat "döwrüň çagasydyr". Her bir ylmy açyş şol nähili takyk bolsada otnositel häsiýete eýedir. Otnositel alnan bilimleriň doly anyk däl häsiýetlidigini anyklaýar. – Adamzat mydama

absalýut hakykady bilmeklige ymtylýar. Absalýut hakykat diýilip ylymda obýekt barada gutarnykly ähli taraplaýyn ýokary derejä ýetilen düşünjeleri aňladyp indi akyl ýetirmek üçin mesele galmaýar. Ylmyň ösüş prosesi absolýut hakykata köp halatlarda goşulýar we her bir soňky açyşlar öňkiden has takyk bolýar. "Absolýut" diýen düşünje özi bir otnositel hakykat diýlen düşünjede ulanyp bolýar: ol obýektiw häsiýete eýedir, hil pursatynda obsolýut mazmuna geçýär. Şu manyda özi bir hakykat hem obsalýutdyr hem-de otnositeldir. Şunlykda adamzadyň bilimlerinde absolýut bilimleriň çägi mydama artýar.

Şeýlelik, bilen ylym diňe bir absolýut hakykata eye bolmak bilen birlikde otnositel häsiýete-de eýedir. Şeýle-de bolsa absolýut hakykat bölekleýin aňymyzda, bilimimizde durmuşa geçirilýär. Absolýut hakykat bilen meşgullanýan diýip, tassyklamak gowy däldir. Biziň bilimlerimiziň çäksizligi barada olaryň ýene-de bir gezek otnositel häsiýetdedigine düşünmeklik diýseň maksadalaýykdyr. Akyl ýetirişde diýseň ötegeçmelere-de ýol berilmeli däldir. Mysal üçin, K. Popperiň tassyklamagyna görä,özi bir ylmy düzgünler bary-ýogy ylmy çaklamadyr. Şeýlelik-de ylym-bilimler asyrlardan alynýan çaklamadyr. Onuň durnukly takyk daýanjyda ýokdur diýlip düşündirýär.

Hakykatyň otnositel häsiýeti barada aýdylanda, ylmy hakykat diýilýän düşünje bilimler dünýäsinde-de absolýut takyk diýip düşünmek bolmaz. Ýagny häzirki günlerde Fransiýanyň karoly ýok, ol barada absolýut faktlar almak hem mümkin däl, diýen ýalydyr. Akyl ýetirişde absolýut takyk faktlar, adamlaryň praktiki işleri diýseň zerurdyr. Şeýle-de kazy kazyýet mejlisinde seredilýän adam jenaýat etdimi ýa-da etmedimi geliň jeza bereliň diýip, pikirlenmän aýtmana haky ýokdur. Kazynyň jenaýat barada doly hemme taraplaýyn degerli ynamy bolmasa adamy jezalandyrmaga haky ýokdur. Lukman operasiýa etmek üçin ýa-da kesellä güýçli täsir ediji derman bermek üçin öz gelen absolýut kararyna esaslanmalydyr. Absolýut hakykat takyk bilinýän faktlara

esaslanýar. Başgaça aýdylanda, absolýut hakykat obýekt bilen pikirlenmäniň birek-birege laýyk gelmeýän pikirleri aňladýar.

Mysal üçin, ylymda şeýle düzgünler bardyr. Dünýäde hiç zat bolmasa bir sebäpsiz zat döremeýär, hiç zat dereksiz, nyşansyz hem gitmeýär, ýok bolmaýar. “Ýer Günüň daşyndan aýlanýar" diýen düşünjäni soňky ylmy ösüşler hem inkär etmeýär we bilimleriň üsti ýetirilýär, kämilleşdirilýär.

Akyl ýetirişde induksiýa we deduksiýa metodlary hem ulanylýar. Bu metodlar ýeke-täkliklerem, umumylyklara akyl ýetirmekde diýseň uly ähmiýete eýedir. Döredijilikli adam paýhasy, dürli garşylyklaryň esasynda elmydama açyşlara ymtylýar. Akyl ýetirişde ýiti zehinlilik, ukyplylyk, intuisiýa uly netijelere we açyşlara getirýär.

## Soraglar.

1. Praktika näme we onuň akyl ýetirişde ähmiýeti nähili?
2. Praktikanyň esasy görnüşleri haýsylar?
3. Akyl ýetirişde bilmekligiň içki logikasy nämeden ybarat?
4. Hakykylyk näme we onuň obýektiwligi näme bilen düşündirilýär?
5. Otnositel we absolýut hakykata nähili düşünýärsiňiz?

## Emperiki we teoretiki akyl ýetiriş.

**Emperiki akyl ýetiriş.**Ylmy akyl ýetirişiň iki derejesi empiriki we teoretiki derejesi bolýar. “Empiriki derejede duýgulaýyn, synlamak agdyklyk edýär, akyl ýetirişiň abstrakt pikirlenme formalary tabynlyk ýagdaýynda bolýar. Bu dereje öwrenilýän obýektiň esasan daşarky baglanyşyklary we sypatlary suratlandyrylýar.

Empiriki akyl ýetirmegiň mazmuny öwrenilýän obýekt barada faktlary, maglumatlary toplamak, olary ýönekeý jemlemek, ýazyp beýan etmek, ststema salmakdan ybaratdyr.

Empiriki akyl ýetirişiň esasy formalary, usullary ylmy synlamak, ýazyp beyan etmek, deňeşdirmek, ölçemek, eksperiment, tejribe geçirmekden ybaratdyr. Gürrüň ylmy barlag (derňew) barada barýarka, akyl ýetiriş prosesi tutuşlygyna däl-de, ylmy akyl ýetiriş göz öňünde tutulýar.

Akyl ýetiriş prosesi özüne diňe bir ylmy däl-de, akyl ýetirişiň duýgy we rasional derejesi netijesinde bolan gündelik akyl ýetirişi hem goşýar.

„Duýgy" we „rasional" kategoriýalary öz mazmuny boýunça “emperiki" we „teoretiki" kategoriýalara golaý durýar. Emma has çuňňur seredilende, olaryň arasynda düýpli tapawut belli bolýar.

Duýgylaýyn aň we rasionallyk (pikirlenmek) adaty, gündelik akyl ýetirişiň derejeleridir. Empiriki we teoretiki akyl ýetiriş ylmy akyl ýetirişiň derejeleridir.

Temanyň ikinji soragy empiriki derňewiň usullaryny öwrenmäge bagyşlanýar. Şol sebäpden, häzir biz „duýgy" we „empiriki" kategoriýalaryň arasyndaky tapawuda seredeliň.

Empiriki akyl ýetiriş arassa duýgy bilen sensualizm arkaly baglanyşýan hem bolsa, diňe oňa syrykmaýar. Hatda synlamanyň ilkinji maglumatlary gündelik düşünjeler we özboluşly ylmy adalgalar ulanylýan belli bir dilde hemişe bellige alynyar. Synlamalaryň we praktiki bilimiň maglumatlaryny duýgy şekillerine - ten duýgularyna, göz öňüne getirmelere syrykdyrmaly däldir. Eýýäm empiriki derejede duýgylaryň we rasionallygyň belli bir birleşmesi bolup geçýär. Mysal üçin, gowy hasyl ösdürip ýetişdirýän we şol wagtyň özünde ylmy agronomiýany bilmeýän daýhanyň bilimi duýgylaryň we rasionallygyň birleşmegini aňladýar.

Ýöne empiriki akyl ýetirme diňe synlamalaryň maglumatlary bilen kanagatlanmaýar. Bu maglumatlaryň esasynda bilimiň aýratyn tipi – ylmy fakt emele gelýär. O1 synlamanyň we eksperimentiň maglumatlarynyň örän çylşyrymly rasional işlenilmeginiň netijesi hökmünde döreýär.

Fakt, latynça edilen, amala açyrylan diýlip terjime edilýär. Onuň aşakdaky manylary bar:

a) islendik obýektiw hakykata, akyl ýa-da akyl ýetiriş sferasyna degişli bolan hakykatyň bölekleri, obýektiw wakalar, netijeler;
b) hakykylyk düşünjesiniň manydaşy, sinonimi;
w) synlamalaryň we eksperimentiň netijesinde alnan empiriki bilimi beýan edýän sözlem.

Fakt haçanda ylmy bilimleriň anyk sistemasynyň logiki gurluşyna goşulanda öz ylmy statusyna (derejesine) eye bolýar. Şeýle goşulma düşünjeleriň belli bir düzümi arkaly mümkin bolýar, onuň kömegi bilen fakt bellige alynýar, teswirlenýär.

Häzirki zaman ylmy metodologiýasy fakta iki sany garşylykly diametral nukdaýnazardan baha berýär. Birinji nukdaýnazar – faktualizm. Oňa laýyklykda faktlar dürli teoriýalara garaşly däldir, özbaşdakdyr, awtonomdyr. Ikinji nukdaýnazar-teoretizm. Oňa laýyklykda faktlar teoriýalara gös-göni garaşly bölýarlar. Eger-de teoriýa çalşygy bolup geçse, onda ylmyň faktlarynyň bütin bazisi hem üýtgeýär. Ylmy akyl ýetirişde faktlaryň toplumy ylmy çaklamalary öňe sürmek we teoriýalary döretmek üçin empiriki esasy emele getirýär.

Faktlaryň teoriýalary döretmekdäki ähmiýeti faktyň emele gelmeginde teoriýa dahylsyz barlanan bilimleriň gatnaşmagy bilen baglanyşyklydyr.

Faktlar öz gezeginde täze teoretik bilimleriň döremegi üçin itergi berýär. Esaslandyrylan we dogry teoretik bilimler has täze faktlaryň emele gelmegine ýene-de gatnaşyp bilýär we ş.m.

Teoriýalaryň barlanyşynda, tassyklanylyşynda we inkär edilişinde faktlara uly rol degişlidir. Eýsem ylmy teoriýalar faktlara laýyk gelmelidir. teoriýanyň faktlar bilen laýyk gelmezligi ýa-da aýrylyşmagy (tapawutlanmagy) – bu teoriýanyň düýpli ýetmezçiligidir. Şunuň bilen birlikde teoriýa bilen faktyň

arasyndaky gapma-garşylyklar döräp biler. Olar teoriýanyň ösüş prosesinde ýa-da eksperiment tehnikasynyň kämilleşdirilmegi netijesinde aradan aýrylyp bilner.

Bellenişi ýaly, empiriki barlag barlagçynyň öwrenýän obýekti bilen gönüden-göni özara praktiki täsirine esaslanýar. Täze obýekt öwrenilende barlagçynyň belli bir wagtda täze predmet bilen ýa-da problema bilen „öwrenişmegi" zerurdyr. Diňe şeýle „öwrenişmek" (bu empiriki akyl ýetiriş derejesinde bolup geçýär) bolup geçenden soň , uzak garaşylan çözgüt (indi teoretiki derejede) bolup geçýär. Mysal üçin, himiki elementleriň periodik kanunyny uzak wagtlap gözlän D.I.Mendeleýew öwrenýän problemasy bilen şeýle bir öwrenişipdir we oňa gözlegiň çözgüdi düýşünde haýsydyr bir kynçylyksyz belli bolupdyr. Barlanylýan obýektleriň gurluşynyň şeýle duýdansyz açylyşyna subýektiň obýekt bilen „bagry badaşmagynyň uzak döwri gerek, oňa intuisiýa (latynça intuitus - synlamak, garamak, gözlemek) diýilýär.

Günlerde bir gün Eýnşteýniň dokuz ýaşly ogly kakasyndan onuň näme üçin şeýle meşhurdygyny sorapdyr. Eýnşteýn: „Görýärmiň, haçanda kör tomzak şaryň üst ýüzünde süýşende (süýrenende), ol özüniň geçen ýolunyň gyşarýandygyny bilmeýär, maňa bolsa geçilen ýoluň şeýledigini görmek bagty miýesser etdi" diýip jogap beripdir. Meşhur alymyň bu sözlerinde islendik bilimiň döremek özboluşlylygy şöhlelenýär. O1 täze bilimiň gös-göni çeşmesiniň tejribe bolýandygyndan ybaratdyr.

Ylmy akyl ýetirişiň empiriki derejesiniň nämedigini düşündirip, onuň usullaryny gözden geçireliň.

Ylmy akyl ýetirişiň empiriki derejesiniň usullarynyň biri ylmy synlamadyr. Ony ýönekeý synlama bilen deňeşdirip, tapawutly taraplaryny ýüze çykarmak bolýar. Ol barlagçynyň synlanan hadysasyndan ol baradaky hasabata geçmäge kömek berýän bilimi, maksady we serişdeleridir. Ylmy barlagyň praktikasynda synlama işjeň akyl ýetiriş prosesidir. 01 duýgylaýyn maglumatlary düşündiriş serişdelerini hem

usullaryny ulanýar. Ylmy synlama berk talaplar goýulýar. Oňa aşakdakylar girýär:

a) synlamanyň anyk maksadyny goýmak;

b) usuly saýlap almak we meýilnamasyny işläp düzmek;

w) sistemalylyk, yzygiderlilik;

g) ýalňyşlyklara gözegçilik we synlamanyň netijeleriniň ynamlylygy;

e) alnan maglumatlar toplumyny işläp geçmek, pähim eleginden geçirmek we düşündirmek.

Synlamanyň zerur şerti we taryhy esasy barlagçynyň - synlaýjynyň we barlag obýektiniň özara täsirleşmesi we adam tarapyndan predmetler dünýäsiniň , özgerdilmegidir.

Synlama prosesinde predmetiň dine bir şekili, we sesi bellige alynman, iň esasy zat, olaryň gatnaşygy, özara baglylygy, üýtgemegi hem bellenilýär. Netijede synlaýjy tebigat barada obýektiw maglumat alýär. Synlamanyň netijeleri diliň serişdeleri (adaty dil, fizikanyň dili we ş.m.) arkaly empiriki pikir aýtmak görnüşinde bellige alynýar.

Empiriki pikir aýtmak mazmuny boýunça obýektiwdir we synlanylýan wakany gözegçilik edip bolýan usul bilen aňladýar. Emma empiriki teklipleriň obýektiwligini we birmeňzeşligini gazanmak empiriki ylmy akyl ýetirişiň beýleki usullaryny deňeşdirmäni, ölçemegi we barlagy ulanmazdan mümkin däldir.

Bu usullara seretmezden öňürti synlamanyň fundamental gnoseologik hyzmatyny bellemek gerek. 01 synlanylýan zadyň obýektiw ýagdaýdan, obýektiwlikden aňlamaga (aňa) degişli ideal bir zada öwrülmegine getirýär.

Synlamanyň peýdaly bolmagy üçin ony gurnamak zerur. Gurnamagyň usullarynyň biri deňesdirme bolup durýar. Aragatnaşyklaryň köpdürlüligi we predmetleriň, hadysalaryň arasyndaky gatnaşyklar abstraksiýanyň berlen çäklerinde deňeşdirmegi talap edýär. Ony diňe, birmeňzeş deňeşdirmek, gabat (deň) getirmek ýa-da tapawutlandyrmak mümkin. Belli bir bütewilige getirmek deňeşdirme işiniň zerur şertidir. Ylmy

akyl ýetirişiň empiriki derejesiniň usuly hökmünde deňeşdirme käbir hiliň çäklerinde ähmiýetlidir.

Ylmy akyl ýetiriş işinde predmetleriň gabat gelýän, birmeňzeş, deňeşdirilýän we ş.m. bolýan gatnaşyklaryny göz öňünde tutmak zerur.

O1 obýektiw ýaşaýar, Deňeşdirme geçiren synlaýjy obýektiw ýagdaýy-ýagny, deňeşdirme geçirilýän çakleri anyklamalydyr. Bu ýagdaý operasional ýagdaý adyny alýar. O1 aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Predmetleriň synlanylýan alamatlaryny deňeşdirmäge mümkinçilik berýan gatnaşyklary bölüp görkezýär.
2. Deňeşdirme geçirilýän şertleri bilmek şeýlelikde, deňeşdirme synlamanyň akyl ýetirijilik, öwrenijilik gymmatlygyny artdyrýar we semantik (many) hyzmaty ýerine ýetirýär, ýagny biziň tassyklamalarymyzyň manysyny ýüze çykarmaga kömek edýär.

Empiriki barlagyň indiki usuly-ölçeg (ölçeme). O1 obýektleriň hem hadysalaryň diňe bir hil däl, eýsem mukdar häsiýetnamasyny hem bellige almaga mümkinçilik berýär. Ölçeme prosedurasyny ýerine ýetirmek üçin ululyk birliginiň masştab ölçeg prosesiniň düzgüniniň (algoritm) hem-de ölçeg guralynyň (enjamynyň) bolmagy zerur. Ölçeme munuň özi etalon (nusga) hökmuňde kabul edilen bir ululyk arkaly başga birini kesgitlemek prosedurasydyr. Birinji ululyk ölçenilýän ululyk, ikinjisi – ölçeg birligi.

Ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, ölçeme – bu iki ululygyň deňeşdirilmek prosedurasy, onuň netijesinde ölçelinýän ululygyň we birlik hökmünde kabul edilen ululygyň, ýagny etalonyň (nusganyň) arasyndaky gatnaşyk barlag esasynda kesgitlenilýär.

Häzirki zaman tejribe esasynda tebigaty öwreniş ylymlary özüniň gülläp ösmegini diňe ölçeme usulyny ulanmak netijesinde gazandylar.

Akyl ýetirme, öwrenme serişdesi hökmünde ulanylýan ölçeme her bir anyk ýagdaýda ynandyryjy bolmalydyr. Şol sebäpden, ölçemäniň zat görkezijisine - ölçege berk talaplar

edilýär. Ölçeg arkaly alnan maglumatlar obýektiw netijeleri üpjün etmelidir.

Islendik ölçeg prosedurasynyň möhüm meselesi ölçemegiň usuly hakyndadyr. Onuň üç sany esasy aspekti (ugry) bar:

1. ölçeme birligini saýlap almak we oňa laýyk gelýän ölçegler toplumyny kesgitlemek;
2. ölçenilýän ululyk ölçegini deňeşdirmek düzgünini we ölçegleri goşmak düzgünini kesgitlemek;
3. deňeşirmäniň geçişini beýan etmek.

Akyl ýetirişinde göni we gytaklaýyn (goşmaça) ölçemek usuly uly praktiki hem teoretiki ähmiýete eýedir.

Göni ölçeme ölçenilýän ululygy nusga bilen gönüden-göni deňeşdirmek arkaly netije çykarmagy üpjün edýär. Onda ölçeniş enjamlary ulanylýar. Gytaklaýyn ölçemede ölçelýän ululygyň gös-göni özi ölçelmän, onuň bilen meňzeş alamatlary bolan başga bir ululyk ölçelýär, şonuň esasynda başlangyç ululyk kesgitlenýär. Şeýlelik bilen, ölçeme usulyny ulanyp, barlagçy ululyklaryň arasyndaky aragatnaşygyň bellige alnyşyndan kanunyň kesgitlenşine (bellenilişine) geçýär.

Obýektiň käbir alamatlarynyň tebigy şertlerde oňa mahsus bolmadyk ýagdaýyny öwrenmek zerurlygy ýüze çykýan wagty hem bolýar. Şonda barlagçy eksperiment geçirmeli bolýar. Alym eksperiment geçirilýän döwürde predmete täsir edýän belli bir şertleri döredýär, netijede alym predmetiň ylmy barlagy üçin zerur bolan ýagdaýyny döredýär.

Eger-de eksperiment usulyny synlama bilen deňeşdirseň, onda örän wajyp ýagdaýy ýüze çykarmak bolýar. Eksperiment döwründe iki maksat yzarlanylýar:

1. predmetiň ylmy barlag üçin zerur ýagdaýyny gazanmak;

2. ony şol ýagdaýda synlamak.

Eksperiment döwründe barlag geçirýän alym iki sany meseläni çözýär:

1. ylmy-barlag eksperimentini. Ol obýektiň birnäçe ölçegleriniň arasyndaky belli bolmadyk garaşlylygyň gözlegi bilen baglanyşyklydyr;
2. gaýtadan barlap görmek eksperimenti. Ol teoriýanyň ol ýa-da beýleki netijelerini tassyklamak ýa-da inkär etmek üçin ulanylýar.

Empiriki gözlegiň usullaryna seredip, enjamlaryň gnoseologik (akyl ýetiriş, öwreniş) hyzmatyny bellemek zerur. Olaryň akyl ýetiriş prosesinde ulanylmagy aşakdaky faktlar bilen şertlenýär:

1. duýgy agzalaryň çäkliligini ýeňip geçmek;
2. Şekile, duýgy şöhlelenmesine elýeter (mümkin) bolan gözleg geçirilýän obýekt hakyndaky maglumatyň täzeden döredilmegi;
3. obýekti ýüze çykarmak üçin gözleg şertleriniň döredilmegi;
4. obýektiň-de ýa-da beýleki häsiýetnamasynyň mukdar aňlatmasyny almak;

Obýekt hakyndaky peýdaly maglumaty almagy üpjün edýän enjamlar adam tarapyndan herekede getirilýär.

**Teoretiki akyl ýetiriş.** Teoretiki akyl ýetirişiň häsiýetli aýratynlygy empiriki akyl ýetirişiň toplan maglumatlaryny seljermekden we umumylaşdyrmakdan ybaratdyr. Şonuň esasynda öwrenilýän obýektiň düýp mazmunyny, içerki kanunlaryny açmakdan ybaratdyr.

Teoretiki akyl ýetirişiň ýene bir aýratynlygy akyl ýetiriş prosesiniň özüni öwrenmekdir, onuň formalaryny, usullaryny, tärlerini, düşünjelerini öwrenmekdir. Teoretiki akyl ýetirişiň esasy düzüm bölegi abstrakt pikirlenmekdir. Abstrakt pikirlenmegiň üç sany esasy formasy bar:

1. düşünje (ponýatiýe)
2. pikir ýöretmek (sujdeniýe)
3. akyl netijesini çykarmak (umazaklýuçeniýe).

Düşünje pikirleniş formasy bolup, ol predmetleriň we hadysalaryň tapawutlaryndan ünsi sowup, olaryň umumy we düýpli sypatlaryny, alamatlaryny aňladýar. Düşünjeler dilde

aýratyn söz bilen ýa-da sözler topary bilen aňladylýar. Meselem, “adam”, “ösümlik”, “üç burçlyk”, “parallel göni çyzyklar”.

Düşünjeler empiriki barlaglaryň, duýgulaýyn synlamagyň maglumatlary esasynda ýüze çykýar, emma olardan tapawutlanyp, düşünjeler görnüp duran diňe bir predmete degişli däldir, olar predmetleriň umumy, meňzeş sypatlaryny şöhlelendirýär. Meselem, belli bir ösümligi göz öňüne getirip bolar, emma umuman ösümligi göz öňüne getirip bolmaz.

Her bir ylymda düşünjeleriň tutuş sistemasy bar. O1aryň kömegi bilen ylmyň açýan kanunlary beýan edilýär. Meselem, fizikada elektron, proton, atom, massa, energiýa ýaly ylmy düşünjeler bar.

Düşünjeleriň kömegi bilen ylym bolup geçýän üýtgemeleriň sebäbini, olaryň düýp mazmunyny düşündirýär, ol üýtgemelere getirýän kanunlary açyp görkezýär.

Hakykata mundan beýläkki akyl ýetirmegiň serişdesi bolup hyzmat edýän düşünjeleriň akyl ýetirişdäki ägirt uly gymmaty şundan ybaratdyr.

Düşünjeler abstrakt pikirlenmegiň ikinji formasynyň - pikir yöretmegiň düzüm bölekleridir. Pikir ýöretmegiň sinonimi, manydaş termini degşirmedir. Pikir ýöretmek arkaly, degşirme arkaly predmetleriň, hadysalaryň arasyndaky baglanyşyklar, gatnaşyklar, olaryň kanunlary açylyp görkezilýär. Meselem, madda çalşygy janly tebigatyň esasy kanunydyr diýen degşirmede, pikir ýöretmede ähli janly organizmleriň daşarky dünýä bilen birsyhly we düýpli baglanyşygy açylyp görkezilýär, janly tebigatyň esasy obýektiw kanuny teswirlenýär.

Bir ýa-da birnäçe pikir ýöretmeler esasynda ozal belli bolmadyk, täze bir ylmy netije çykarmaga hyzmat edýän pikirleniş usulyna akyl netijesini çykarmak ýa-da akyl netijesi diýilýär. Belli bir netije çykarmaga daýanç bolýan pikir ýöretmelere esas diýilýär, täze alnan pikir ýöretmä bolsa akyl netijesi ýa-da netije diýilýär.

Akyl netijesini çykarmagyň kömegi bilen haýsydyr bir düzgünleriň hakykylygy ýa-da galatlygy, ýalňyşlygy esaslandyrylýar, ýagny olar subut edilýär ýa-da ýalana çykarylýar, anyklanan faktlara düşündiriş berilýär, tebigatyň we jemgyýetiň akyl ýetirilen kanunlary esasynda ylmy taýdan öňden görmeler amala aşyrylýar.

Akyl netijesini çykarmagyň iki esasy görnüşi bar. Induksiýa we deduksiýa, induktiw akyl netijesi we deduktiw akyl netijesi. Bularyň ikisi hem ylymda giňden ulanylýar we täze ylmy açylyşlar etmäge hyzmat edýär.

Induktiw akyl netijesini çykarmak adamyň pikiriniň mälim bolan ýekeleýin zatlar esasynda belli bolmadyk, nämälim umumy zadyň üstüni açmaga tarap hereketini aňladýar.

Deduktiw akyl netijesini çykarmak belli bolan umumy kanunyň esasynda nämälim ýekeleýin zadyň üstüni açmagy aňladýar. Akyl netijesini çykarmagyň iki görnüşini hem ylmy açyş etmekde netijeli ulanmagyň mysaly hökmünde beýik rus himigi D.I. Mendeleýewiň ylmy açyşlaryny görkezmek bolar. 01 ozal mälim bolan ýekeleýin himiki elementleriň hemmesini öwrenip, bir sistema salyp, himiki elementleriň periodiki kanunyny açdy. Soňra öz düzen himiki elementleriň periodiki sistemasynyň umumy teoriýasyna daýanyp, ylymda heniz üsti açylmadyk ençeme himiki elementleriň bolmalydygyny öňdengörüjilik bilen aýtdy, olaryň periodiki sistemadaky ornuny, atom agramyny, häsiýetlerini kesgitledi. Soňky döwürde ylym ol elementleriň üstüni açdy.

Teoretiki akyl ýetirişiň problema, gipoteza, teoriýa, idealizasiýa, formalizasiya, matematiki modelirlemek ýaly formalarynyň hem bardygyny bellemek gerek.

Problema ylmyň heniz çözüp bilmedik, emma jemgyýet üçin çözülmegi derwaýys meseledir. Problemanyň iki esasy basgançagy bolýar:

1. problemanyň çözmek zerurlygynyň esaslandyrylmagy;
2. problemanyň çözgüdiniň tapylmagy.

Meselem, häzirki zamanyň global problemalary dine bir jemgyýetiň däl, eýsem ylmyň hem çözgüdini tapmaly iňňän derwaýys meseleleridir.

Gipoteza teoretiki bilimiň formasy bolup, ol problemany çözmegiň barşynda ýüze çykýar. 01 problemany çözmäge degişli birnäçe faktyň, maglumatyň esasynda öňe sürülýän ylmy çaklamadyr. Ony mundan beýläk öwrenip, subut etmeli bolýar.Gipotezanyň dogrydygyny ýa-da ýalňyşdygyny kesgitlemegiň aýgytlaýjy esasy praktikadyr.

Praktikada barlamaklygyň barşynda gipotezalaryň birleri hakyky ylmy teoriýa öwrülýär, ikinji birleri üýtgedilýär, anyklaşdyrylýar, üçünji birleri bolsa, ýalňyşdygyna göz ýetirilip, zyňlyp, taşlanýar. Meselem, belli fizik Lude Broýlyň elementar bölejikleriň korpuskulýar we tolkun häsiýetleriniň bardygy baradaky gipotezasy soňky praktiki we ylmy-logiki barlaglar arkaly subut edilip, ylmy teoriýa öwrüldi. Emma „flogiston", „teplorod", „efir" baradaky gipotezalar ýalňyş düşünjeler hökmünde zyňlyp taşlandy.

Teoriýa ylmy bilimiň örän çylşyrymly we ösen formasydyr. O1 dünýäniň belli bir ugrundaky kanunalaýyk we düýpli baglanyşyklary tutuşlaýyn şöhlelendirýär. Ylmy teoriýanyň aýdyň mysaly hökmünde I. Nýutonyň klassyky mehanika teoriýasyny, A.Eýnşteýniň otnositellik teoriýsyny görkezmek mümkin.

Meşhur alym A.Eýnşteýniň pikirine görä, islendik ylmy teoriýa şu aşakdaky talaplara laýyk gelmelidir:

a). tejribäniň maglumatlaryna ters gelmeli däldir;

b). bar bolan tejribäniň maglumatlary esasynda barlanyp görülmegi mümkin bolmalydyr;

ç). esasy düşünjeleri logiki taýdan esaslandyrylmalydyr;

d). esasy düzgünleri sazlaşykly bolmalydyr;

e).praktikada giňden ulanar ýaly bolmalydyr;

f). täze, has umumy teoriýany döretmegiň ýoluny görkezmelidir.

Teoretiki akyl ýetirişiň möhüm usullarynyň biri ideallaşdyrmakdyr. Ideallaşdyrmak hakykatda ýok, bolmagy

hem mümkin däl obýektleri pikirlenmek arkaly döretmekden ybaratdyr. Adam obýektiw dünýäniň kanunlaryna daýanyp, tebigatda we jemgyýetde ýok obýektler baradaky düşünjeleri öz pikir-hyýalynda döretmäge ukyplydyr. Idealizasiýa netijesinde döredilen düşünjeleriň mysaly hökmünde „nokat", „göni çyzyk", „tegelek", „absolýut gaty jisim" ýaly düşünjeleri görkezmek bolar. Idealizasiýa netijesinde döredilen şeýle düşünjelere ideallaşdyrylan obýekt diýilýär. Ideallaşdyrylan obýektler dürli teoretiki shemalar we logiki modelleriň elementi hökmunde u1anylýar we geçmişde bolan, häzirki döwürde bolýan ýa-da geljekde bolmagy mümkin obýektleri ylmy taýdan öwrenmekde ulanylýar.

Formalizasiya-teoretiki akyl ýetirişiň möhüm usullarynyň biri. Öwrenilýän obýektleriň, predmetleriň mazmunyndan ünsüňi sowup, esasan olaryň formalarynyň umumylaşdyrylmagyna formalizasiya diýilýär. O1 ylmyň ähli pudaklarynda hem belli bir derejede ulanylýar. Emma esasan matematikada, logikada, kibernetikada, fizikada, himiýada giňden ulanylýar. Şonda predmetleriň formalary, belli bir derejede mazmuny hem şertli belgilerde, nyşanlarda, simwollarda, matematiki, himiki, fiziki formulalarda aňladylýar. Şonda aňladylýan sypatlar, alamatlar örän takyk aňladylýar. Meselem, tebigy dilde „suw" düşünjesi dürli manyda (gaýnan suw, doňan suw,hapa suw we. ş. meň!) ulanylyp bilner. Emma himiki belgide $H_20$ diňe bir manyda ulanylýar.

Formalizasiya usuly ylmyň birnäçe pudagynda giňden ulanylýan bolsa-da, onuň formal belgileriniň mazmunyna düşündiriş bermeli bolýandygy bellidir. Formalizasiya usuly öwrenilýän obýektleriň mazmunyna çuňňur düşünmäge ýardam edýär.

Teoretiki akyl ýetirişiň möhüm usullarynyň biri matematiki modelirlemekdir. Haýsydyr bir hadysany ýa-da predmeti gös-göni öwrenmek mümkin bolmadyk halatynda onuň logiki modeli döredilýär we öwrenilýär.

Öwrenilýän predmet onuň tebigy ýa-da emeli, logiki kopiýasy, nusgasy bilen çalşyrylyp öwrenilende, oňa modelirlemek diýilýär. Öwrenilýän predmetiň möhüm aýratynlyklaryny görkezýän, olaryň hakyky nusgasy bolan islendik predmet model bolup biler. Eger-de original bilen modeliň fiziki tebigaty bir meňzeş bolsa oňa fiziki modelirlemek diýilýär. Originalyň modeli matematiki deňlemeler arkaly beýan edilýän bolsa, onda oňa matematiki modelirlemek diýilýär. Modeli öwrenmek netijesinde alnan maglumatlar soňra original barasynda, oňa degişli edilip ulanylýar. Munuň özi originaly gös-göni öwrenip bolmadyk halatynda, onuň häsiýetli aýratynlyklarynyň düýp mazmunyna, obýektiw kanunlaryna akyl ýetirmek üçin uly ähmiýete eýedir.

Teoretiki akyl ýetirmegiň iň çylşyrymly we ösen usuly metateoriyadyr. (Grekçe meta-soňky, teoriýa-teoriýa). Başgaça aýdylanda, munuň özi teoriýanyň özi baradaký teoriýadyr. Metateoriýa we metaylymlary XX asyrda döredi we ösdi. Metateoriýa ylmy teoriýalaryň düzümini, olary formulirlemegiň usullaryny we ösüş ýollaryny öwrenýär. Metateoriýa ylmyň dürli pudaklarynda, ylaýta-da logikada, matematikada giňden ulanylýar. Mateteoriýa teoriýanyň mazmunyny däl-de, esasan formasyny öwrenýär. Bir ýa-da birnäçe dogry teoriýadan aksiomalardan täze teoriýa almagyň ýollaryny öwrenýär. Häzirki döwür üçin dürli teoriýalaryň intigrasiýasy, birleşdirilen teoriýalaryň döredilmegi häsiýetlidir. Bu bolsa logikany, matematiki logikany ösdürmegi talap edýär.

## Soraglar.

1. Empiriki akyl ýetirmegiň mazmuny nämeden ybarat?
2. Empiriki akyl ýetirişiň esasy formalary haýsylar?
3. Teoretiki akyl ýetirişiň häsiýetli aýratynlygy näme?
4. Abstrakt pikirlenmegiň esasy formalary haýsylar?
5. Teoretiki akyl ýetirişiň formalaryny sanap beriň?

**Ylmyň strukturasy (düzümi) we derejeleri.** Ylym jemgyýetçilik aňynyň 7 esasy formasynyň biri bolup, onuň örän çylşyrymly we köp taraply düzümi bar. Ylmyň esasy üç tarapy, üç jäheti bar:

1)Ylym dünýä akyl ýetirmegiň bir görnüşidir, dünýä, onuň predmetleri, hadysalary barada dogry bilimleri döretmäge gönükdirilen işjeňlikdir, şol bilimleriň sistemasydyr.

2) Ylym jemgyýetçilik institutydyr, edarasydyr, guramasydyr. Meselem, ylmy-barlag institutlary, laboratoriýalary, alymlaryň guramalary, jemgyýetleri.

3) Ylym ruhy medeniýetiň bir sahasydyr.

Ylmy akyl ýetirişiň dört sany düzüm bölegi bar:

1. Ylmyň subýekti. O1 ylmy barlag geçirýän aýratyn adam ýa-da ylmy bilelesik, ylmy kollektiw görnüsinde bolýar. Ylmy akyl ýetirişi amala aşyrmak üçin subýektiň ýörite taýýarlygynyň gerekdigini bellemek gerek.
2) Ylmyň obýekti, öwrenýän predmeti. Şunda ylmyň obýekti bilen predmetini tapawutlandyrmak gerek. Şol bir obýekti öwrenýän dürli ylymlar üçin ol obýektiň dürli taraplary ylmyň predmeti bolýar. Meselem, adam ençeme ylymlaryň öwrenýän obýektidir. Emma ol ylymlaryň predmeti adamyň dürli taraplarydyr. Onuň bedeniniň gurluşy anatomiýa ylmynyň predmeti, onuň synalarynyň işleýşi fiziologiýa ylmynyň predmeti, onuň keselleri we olary bejermegiň ýollary lukmançylyk ylymlarynyň dürli pudaklarynyň predmetidir. Adamyň jemgyýetçilik gatnaşyklary bolsa sosial-gumanitar we ykdysady ylymlaryň dürli pudaklarynyň predmetleridir.
3) Ylmyň her bir pudagy üçin akyl ýetiris usullary we tärleri häsiýetlidir.
4) Ylmyň her bir pudagynyň öz toplan bilimlerini beýan edis dili bolýar. Ylymlaryň köpüsi öz döreden bilimlerini tebigy dilde beýan edýär. Meselem, türkmen, rus, özbek we beýleki dillerde beýan edýär. Emma birnäçe ylmy pudaklar öz toplan bilimlerini emeli dilde, ýagny dürli emeli

nysanlarda, simwollarda, formulalarda beýan edýär. Meselem, matematiki deňlemeler, himiki formulalar.

Ylmyň düzümi, strukturasy barada gürrüň edilende, onuň ylaýta-da häzirki zamanda ýüzlerçe ylmy pudaklara bölünýändigini bellemek gerek. Ylymlary toparlara, pudaklara bölmegiň ençeme görnüşi bar.

1.Öwrenýän predmeti we akyl ýetiriş usuly boýunça ylymlar 5 sany esasy topara bölünýär.

a) Tebigat baradaky ylymlar: fizika, himiýa, biologiýa, geologiýa, geografiýa we beýlekiler.
b) Jemgyýet baradaky ylymlar: taryh ylmy, dilşynaslyk, edebiýatşynaslyk, ykdysady ylymlar we beýlekiler.
c) Akyl ýetiriş, pikirleniş baradaky ylymlar: dialektiki logikä, formal logika, gnoseologiýa.
d) Tehniki ylymlar: fizikanyň, himiýanyň, matematikanyň teoriýalaryna daýanyp, dürli maşynlary, mehanizmleri döretmegiň we ulanmagyň ýollaryny öwrenýän ylymlar.
e) Matematika.

Öz nobatynda bularyň her biri ençeme ylmy pudaklara bölünýär.

2.Ylymlary praktika, durmus bilen baglanyşyk derejesi boýunça iki sany uly topara bölmek mümkin:

a) Fundamental, düýpli teoretiki ylymlar: matematika, umumy fizika ýa-da teoretiki fizika, umumy himiýa, umumy biologiýa, umumy geologiýa, astronomiýa. Bular praktika bilen, gündelik durmuş bilen gös-göni baglanyşykly däl. O1ar durmuş, praktika bilen amaly ylymlar arkaly baglanyşýarlar we amaly ylymlaryň teoretiki esasyny düzýärler. Amaly ylymlar teoretiki, fundamental ylymlara daýanyp ösýärler.
b) Amaly, prikladnoý ylymlar. Tehniki ylymlar, oba hojalyk ylymlary, lukmançylyk ylymlary amaly ylymlardyr. O1ar fundamental ylymlaryň gazanan netijelerine daýanyp, maddy önümçiligi ösdürmek, adamlaryň saglygyny goramak meseleleri bilen meşgullanýarlar.

3. Tebigaty öwrenis ylymlaryny olaryň öwrenýän obýektleri boýunça birnäçe topara bölmek mümkin:

a) materiýany öwrenýän ylymlar: fizika, himiýa, himiki fizika;

b) janly tebigaty öwrenýän ylymlar: biologiýa, botanika, zoologiýa;

ç) adamy öwrenýän ylymlar: anatomiýa, fiziologiýa, ewolýusion taglymat, genetika, gen inženerçiligi;

d) ýer planetasyny öwrenýän ylymlar: geologiýa, mineralogiýa, paleontologiýa, fiziki geografiýa we Yeri öwrenýän beýleki ylymlar;

e) älemi öwrenýän ylymlar: astronomiýa, astrofizika, astrohimiýa we beýlekiler.

4. Sosial-gumanitar ylymlary hem öwrenýän obýektleri boýunça birnäçe pudaklara bölmek mümkin: taryh ylmy, arheologiýa, etnografiýa, ykdysady teoriýa, politologiýa, medeniýetsynaslyk, ykdysady geografiýa, sosiologiýa, sungatsynaslyk we başgalar.

5. Ylmyň strukturasy hakynda gürrüň edilende onuň empiriki we teoretiki derejelerini tapawutlandyrmak gerek.

**Ylmy bilimleri bir bitewilige birleşdirýän esaslar.**Her bir taryhy döwürde ylmyň dürli pudaklarynyň toplan bilimlerini ylym diýen bir bitewilige birleşdirýän esaslar bolýar. O1ara ylmy bilimleriň esaslary diýilýär. O1 esaslar ylmy bilimleri bir bitewilige, tutyslyga birlesdirmek bilen çäklenmän, eýsem geljekki ylmy barlaglaryň baş ugruny, strategiýasyny kesgitleýärler hem-de täze döredilen ylmy bilimleriň öz taryhy döwrüniň ruhy medeniýetine goşulmagyny üpjün edýärler.

Ylmy bilimleriň esaslarynyň üç sany esasy düzüm bölekleriniň bardygyny aýtmak bolar. 1) Ylmy akyl ýetirişiň ideallary we kadalary. 2) Dünýäniň ylmy şekili. 3) Ylmyň filosofik esaslary.

Ylmy akyl ýetirişiň ideallary we kadalary alymlaryň, ylym bilen mesgullanýan adamlaryň işlerini düzgünleşdiriji wezipäni ýerine ýetirýärler. 01ar ylmy barlaglaryň

maksadyny, nähili ylmy problemalary çözmelidigini kesgitleýärler.

Ideallaryň we kadalaryň sistemasyna şu aşakdykalar goşulýar: 1) öwrenilýän obýektleri düşündirmegiň we beýan etmegiň ideallary we kadalary; 2) bilimleri subut etmegiň we esaslandyrmagyň ideallary we kadalary; 3) bilimleri teswirlemegiň we gurnamagyň ideallary we kadalary; 4) bilimleriň ýönekeý, sada, netijeli, sazlaşykly bolmagy.

Ylmyň ähli pudaklarynyň esasy idealy, maksady we gymmatlygy hakykylygy, istinany açmakdyr, jemgyýetde nähili syýasatyň we ideologiýanyň bardygyna garamazdan, dogruçyl, obýektiw bolmakdyr.

Ylmy akyl ýetirişiň ideallary we kadalary ýakyn baglanyşyklydyr. Emma olaryň belli bir tapawutlarynyň bardygyny bellemek gerek. Kada ylymda tipiki, hökmany ýerine ýetirmeli düžgündir. Ideal bolsa öwrenilýän obýekt bilen baglanyşykly maksady, ýokary nusgany aňladýar. Kada her günde we hemme ýerde ýerine ýetirilmelidir, ideal bolsa gözükme, ýörelge bolup hyzmat edýär.

Ylmyň ideallarynyň we kadalarynyň anyk taryhy sertlere garaşlydygyny nygtap aýtmak gerek. Meselem, XIII asyrda Parižde, Oksfordda dörän ilkinji uniwersitetlerde erkana ylmy gözlegler mümkin bolmady, sebäbi teologik-dini dünýägaraýyş agalyk edýärdi.

XVI-XVIII asyrlarda klassyky ylym döwründe ylmyň subýektini öwrenilýän obýektden we akyl ýetiriş serişdelerinden üzňelesdirmek kada bolupdy. XIX asyrda -XX asyryň başlarynda klassyky däl ylym etapynda eýýäm başga kada ornaşdy. Indi ylmyň subýekti bilen obýektiniň, akyl ýetiriş serisdeleriniň baglanyşygyny hasaba almak kada boldy.

Dünýäniň ylmy şekili ylmyň fundamental, düýpli esasy hasaplanýar. Ozalky umumy okuwymyzda hem bellenişi ýaly, dünýäniň ylmy şekili jansyz we janly tebigat, adamzat jemgyýeti, onuň ruhy dünýäsi baradaky ähli ylmy pudaklaryň esasy, iň möhüm teoriýalaryny, gipotezalaryny, faktlaryny özünde jemleýär we dünýägarayşyň özenini emele getirýär.

Dünýäniň ylmy şekiliniň taryhy häsiýetlidigi hakynda hem öňde gürrüň edilipdi. Onuň klassyky, klassyky däl we häzirki zaman formalarynyň bardygy bellidir. XVII-XVIII asyrlarda we XIX asyryň ortalaryna çenli dünýäniň klassyky ylmy şekili agalyk etdi, ol mehanistik häsiýetlidi. Termodinamikanyň döredilmegi we ylmyň beýleki üstünlikleriniň täsiri netijesinde XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda dünýäniň klassyky däl ylmy şekili agalyk edýär. Bu ylmy şekilde determinizmiň, sebäplilik gatnaşyklarynyň has çeýe sistemasy ornaşýar, obýektiw zerurlyk bilen birlikde tötanligiň roly hem ykrar edilýär.

Dünýäniň häzirki zaman ylmy şekili uniwersial ewolýusionizm we sinergetika taglymatlaryna esaslanýar. Bu ylmy sekil häzirki zaman rasional dünýägaraýsyň esasyny düzýär.

Ylmyň filosofik esaslary ylmy bilimleri bir bitewilige birlesdirmegiň örän möhüm serisdesidir.

Filosofiýa, ozaly bilen, ylmyň ontologik esasyny isläp düzýär. Filosofiýa maddy dünýäni onuň ähli alamatlarynyň, hereket ediş formalarynyň we ähliumumy kanunlarynyň bir bitewiliginde söhlelendirýär. Dünýäniň şeýle filosofik şekili, dini, mifologik we beýleki şekillerinden tapawutlylykda, dünýäniň fiziki, himiki, biologik we beýleki hususy ylmy şekillerini işläp düzmegiň deslapky şertidir. Munuň özi ylmyň ilkinji möhüm filosofik esasydyr.

Ikinjiden, filosofiýa ylmyň umumy gnoseologik esasyny işläp düzýär. Basgaça aýdylanda, filosofiýa ylmy işgärleri, filosofiýa bilen gyzyklanýan adamlary akyl ýetiriş prosesiniň özüniň umymy kanunlary baradaky, hakykylygy (istinany) açmagyň ýollary we formalary baradaky taglymat bilen ýaraglandyrýar.

Üçünjiden, filosofiýa ylmyň umumy metodologiýasyny işläp düzýär. 01 metodologiýa ylmy barlaglaryň umumy usuly bolup hyzmat edýär. Filosofiýanyň möhüm bölegi bolan dialektiki metodologiýanyň ähliumumy kanunlary, kategoriýalary, prinsipleri, ýörelgeleri ylmy barlaglaryň

ähliumumy kadalary, talaplary bolup hyzmat edýärler. Elbetde, dialektiki metodologiýa ylmy pudaklaryň özleriniň hususy barlag usullaryny aradan aýyrmaýar, olaryň ornuny tutmaýar, ol umumy gollanma hökmünde ulanylmalydyr.

Dördünjiden, filosofiýa alyma, ylmy işgäre şonuň bilen birlikde ähli adamlara belli bir dünýägaraýyş gymmatlyklaryny, durmuşyň manysy baradaky ýörelgeleri berýär. Şeýlelikde, filosofiýa ylmy işgäriň dünýä baradaky garaýyşlarynyň bitewi sistemasynyň, ynamlarynyň, ideallarynyň, bähbitleriniň, ahlak ýörelgeleriniň kemala gelmegine täsir edýär.

Ylmy akyl ýetirişde filosofiýanyň ägirt uly ähmiýetiniň bardygyny ylmyň ähli pudaklarynyň ösüşi tassyklaýar. Meselem, meşhur alym A.Eýnsteýn özüniň otnositellik teoriýasyny işläp düzende, gözegçilik etmek, giňişligiň we wagtyň otnositelligi ýaly filosofik ýörelgelerden ugur alandygy mälimdir. Meşhur fizik alymlar M.Plank, P.Dirak, Nils Bor we beýlekiler kwant teoriýasyny döredenlerinde, olaryň dialektiki garşylyk, bütewilik, sebäplilik, determinizm, akyl ýetirişde subýektiň işjeňligi ýaly filosofik prinsipleri gollanandyklary bellidir.

Filosofik metodologiýanyň ylymda ewristiki wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin onuň metodologik bilimleriň beýleki derejeleri, ýagny umumyylmy we hususyylmy derejeleri bilen bilelikde ulanylmalydygyny aýtmak gerek. Meselem, filosofiýanyň zerurlyk bilen tötänligiň mynasybeti baradaky prinsipi ähtimallyk teoriýasynyň, maglumatlar teoriýasynyň, kibernetikanyň, sinergetikanyň tötänlik baradaky prinsipleri göz öňünde tutulan mahalynda netijeli boljakdygy jedelsizdir.

Ylmyň we praktikanyň ösmegi netijesinde ylmyň filosofik esaslarynyň baýlaşýandygyny, kämilleşýändigini bellemek gerek. Sinergetikanyň, uniwersal ewolýusionizm we beýleki täze ylmy taglymatlaryň netijesinde dünýäniň häzirki zaman ylmy-filosofik şekilinde köpnusgalylyk we dolanuwsyzlyk ideýasy ornaşdy we dünýä bir wagtyň özünde dowam edýäň köp dürli mümkinçilikleriň meýdany hökmünde

göz öňüne getirilýär. Dünýäniň häzirki zaman ylmy - filosofik sekilinde hadysalaryň stihiýalaýyn-birdenkä ýüze çykmagy, baş-başdaklykdan, dagynyklykdan (haosdan) tertibiň döremegi baradaky sinergetik garaýyşlar esasy garaýyşlara öwrüldi, köpnusgalylyk we geljegi doly suratda kesgitläp bolmaýandygy baradaky ideýa bütin barlygyň häsiýetli alamaty hasap edilýär. Şeýlelikde, biz ylmy akyl ýetirişiň strukturasyny, düzümini, onda empiriki we teoretiki derejeleriň ornuny, olaryň akyl ýetiriş usullaryny, ylmy bilimleri bir bitewilige birleşdirýän umumyylmy we filosofik esaslary gysgaça gözden geçirdik.

**Ylmy usul (metod) we metodologiýa düşünjeleri.** Ylmy metod bilen ylmy teoriýanyň özara baglanyşygy. Metodologik bilimlerin köp derejeliligi.

Adamyň işleriniň islendik görnüşiniň netijesi ol işi diňe kimiň ýerine ýetirýändigine, onuň nämä gönükdirilendigine bagly däldir. O1 şol işi ýerine ýetirmek üçin nähili usulyň, nähili tärleriň, nähili serişdäniň ulanylýandygyna hem baglydyr. Munuň özi usul (metod) meselesidir.Metod (grekçe methodos) adamyň islendik görnüşindäki iş usuly, kadasy, düzgüni diýmekdir. Metodologiýa (usulyýet) düşünjesiniň iki manysy bar: a) adamyň işiniň ol ýa-da beýleki görnüşinde (ylymda, syýasatda, hojalyk işlerinde, sungatda we.ş.m.-lerde) ulanylýan usullaryň, tärleriň, kadalaryň ulgamy (sistemasy); b) şol usullaryň ulgamy hakyndaky taglýmat, umumy teoriýa.

Metodyň esasy wezipesi ol ýa-da beýleki obýekte akyl ýetirmegi ýa-da praktikada özgertmegi guramakdan we düzgünleşdirmekden ybaratdyr. Hut şonuň üçin metod akyl ýetirmegiň we praktiki iş bitirmegiň belli bir düzgünleriniň, usullarynyň, kadalarynyň, talaplarynyň toplumyndan ybaratdyr. O1 hakykylygy, istinany gözlemegi düzgünleşdirýär, güýçleri we wagty tygşytlamaga, maksada ýetmek üçin iň ýakyn we amatly ýoly saýlap almaga mümkinçilik berýär. Hakyky metod akyl ýetirýän we hereket edýän subýekte dogry ýol salgy berýän özboluşly kompasdyr.

XVII asyrda ýaşan iňlis filosofy F. Bekon özüniň „Täze Organon (gural)" diýen eserinde dogry metody ýolagçynyň garaňky gijede ýoluna ýagty salýan çyra bilen deňeşdiripdir. O1 metod dogry ýoldur, dogry ýol bilen ýöräp barýan hatda agsak adam ýolsuz, çarkandakly ýerden ylgap barýan adam bilen deňeşdirende öz maksadyna has çalt ýeter diýip belläpdir. Şeýle dogry metod diýip, ol induktiw akyl ýetiriş usulyny hasap edipdir. Onuň pikirine görä, ylym diňe empiriki analize, gözegçilige we eksperimente daýanyp, hadysalaryň sebäplerini we kanunlaryny açyp biler.

XVIII asyrda ýasan fransuz matematigi we filosofy R.Dekart takyk we ýönekeý düzgünleri metod hasaplapdyr. O1ar bilimleri köpeltmäge,dogry bilimleri ýalňyş bilimlerden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär diýip, hasap edipdir.Onuň pikirine görä, deduktiw-rasionalistik metod hakykylygy açmagyň esasy usulydyr.

Metod we metodologiýa meselesini işläp düzmäge XVIII-XIX asyrda ýaşan nemes filosoflary uly goşant goşdylar. Belli nemes filosofy G.W.Gegel idealistik dialektika metodyny, K.Marks materialistik dialektika metodyny işläp düzdüler.

Metod we metodologiýa problemalary häzirki zaman filosofiýasynda, ylaýta-da onuň ylmyň filosofiýasy, pozitiwizm, neopozitiwizm, postpozitiwizrn, strukturalizm, analitiki filosofiýa, germenewtika, fenomenologiýa ýaly akymlarynda möhüm orun eýeleýär.

Ylmy barlaglarda metodyň we metodologiýanyň ähmiýetine düşünmekde ötegeçmeleriň hem bardygyny bellemek gerek. Onuň iki görnüşi bar.

a) metodologik negatiwizm. Bu nukdaý nazaryň tarapdarlary metodologiýa bilen meşgullanmak hakyky ylmy barlagdan alymlaryň ünsüni sowýar, ylmyň özi özüniň metodologiýasydyr diýýärler. Şeýlelikde, olar metodologiýa kembaha garaýarlar.

b) metodologik eýforizm. Bu nukdaý-nazaryň tarapdarlary metodologiýanyň ähmiýetine aşa ýokary baha

berýärler. O1aryň pikirine görä, ylmy metod ähli problemalaryň uniwersal açarydyr.

Ylmy barlaglarda ylmyň metodyny umumy gollanma hökmünde ulanmak gerekdigi düşnüklidir. Ylmy metod ähli faktlar, hemme problemalar barada taýýar galyp, taýyn ülňi hökmünde ulanylsa, peýdaly netije bermejekdigi aýdyňdyr. Metody ylmy işde hem, durmuşyň beýleki taraplarynda hem öz ýerinde we oýlanyşykly, akylly-başly ulanmagy başarmak gerek „Hiç bir metodologik ýörelge, meselem, ylmy barlagyň barşynda petige direlmegi aradan aýryp bilmez" diýip, sinergetikanyň düýbüni tutujy alymlar Prigožin we Stengers nygtap aýdýarlar.Islendik metodyň esasy wežipesi belli bir metodologik ýörelgeleriň, talaplaryň, kadalaryň esasynda ylmy ýa-da praktiki problemalaryň üstünlikli çözülmegine, dogry bilimleriň köpelmegine, ol ýa-da beýleki obýektleriň göwnejaý hereket etmegine we ösmegine ýardam etmekden ybaratdyr.

Ylmy metod bilen ylmy teoriýa biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Her bir ylmy metod belli bir ylmy teoriýa esasynda işlenip düzülýär. Diýmek, ylmy teoriýa ylmy metodyň deslapky şertidir. Ylmy teoriýanyň esasynda indiki ylmy barlaglaryň ýörelgeleri, düzgünleri, talaplary işlenip düzülýär. Meselem, elementar bölejikleriň korpuskylýar we tolkun häsiýetleriniň bardygy hakyndaky ylmy teoriýanyň esasynda ol bölejikleri öwrenmäge olaryň tebigatynda korpuskylýar we tolkun häsiýetleriniň bardygyny göz öňünde tutup çemeleşmelidir.

Teoriýa bilen metodyň esasy tapawutlary: a) teoriýa ozalky akyl ýetiriş işiniň netijesidir, metod bolsa indiki akyl ýetirişiň we praktiki işleriň gollanmasydyr, ugur alyş nokadydyr; b) teoriýanyň esasy wezipesi hakykylygy, sebäpleri açmak maksady bilen hadysalary düsündirmekden we olaryň geljegini öňünden görmekden ybaratdyr. Metodyň esasy wezipesi akyl ýetiriş we praktiki isleri düzgünlesdirmekdir, gözükdirmekdir; w) teoriýa obýektleriň diýp mazmunyny, kanunlaryny aňladýan ideal şekilleriň,

düşünjeleriň, pikir ýöretmeleriň, akyl netijeleriniň sistemasydyr, metod bolsa akyl ýetiriş we praktiki işleriň düzgünleriniň, kadalarynyň, taraplarynyň sistemasydyr; g) teoriýanyň maksady öňde duran problemanyň çözgüdini tapmakdyr, belli bir predmetiň ýa-da hadysanyň düýp mazmunyna göz ýetirmekdir, metodyň bolsa maksady predmetleri we hadysalary öwrenmegiň we özgertmegiň usullaryny, tärlerini, tilsimlerini işläp düzmekdir.

Diýmek, ylmy teoriýalar, kategoriýalar, ylmy düşünjeler we beýleki ylmy abstraksiýalar entek metod däldir. 01aryň metoda öwrülmegi üçin olaryň düşündiriş, beýan ediş düzgünleriniň esasynda akyl ýetiriş we praktiki işler üçin gollanma bolar ýaly kadalaryň, usullaryň, tilsimleriň, ýörelgeleriň işläp düzülmegi gerekdir.

Metodlar barada gürrüň edilende, olaryň köp görnüşiniň we köp derejesiniň bardygyny aýtmak gerek. Ozaly bilen, ruhy, şol sanda ylmy işleriň metodlaryny praktiki işlerde ulanylýan metodlardan tapawutlandyrmak gerek.

Ylmyň metodlary hem birnäçe topara bölünýär. Ylmy akyl ýetiriş prosesinde eýeleýän ähmiýetine görä olar empiriki we teoretiki metodlar, fundamental we amaly metodlar, ylmy barlag metodlary we beýan ediş metodlary ýaly toparlara bölünýär.

Häzirki zaman ylmynda metodologik bilimler filosofik metodlar, umumyylmy metodlar, hususyylmy metodlar, pudaklarara ylmy metodlar ýaly esasy toparlara bölünýär.

## Soraglar

1. Ylmyň esasy üç tarapy, üç jäheti haýsylar?
2. Ylmy akyl ýetirişiň dört sany düzüm bölegi haýsylar?
3. Ylmyň filosofik esaslary haýsylar?
4. Metodyň esasy wezipesi näme?
5. Teoriýa bilen metodyň esasy tapawudy nämeden ybarat?

**Akýl ýetirişiň umumy ylmy metodlary we çemeleşmeleri.** Ylmy akyl ýetirişiň ençeme umumyylmy metodlary bar. O1ar barada ylmy bilimleriň strukturasy, dereieleri, empiriki barlaglaryň we teoretiki akyl ýetirişiň usullary barada öňki umumy okuwda gürrüň edilipdi. Ylmyň metodologiýasy hakynda gürrüň edilende hem, meseläni doly göz öňüne getirmek üçin olar hakda belli bir derejede gürrüň etmeli bolýar. Şonuň üçin olary ýene bir gezek diňe umuman ýatlap geçmek maksada laýykdyr.

Ozaly bilen, ylmy akyl ýetirişiň birinji basgançagynyň, ýagny empiriki barlaglarýň usullaryny ýatlap geçeliň. O1ar gözegçilik, deňeşdirmek, ýazyp beýan etmek, ölçemek we eksperiment, tejribe geçirmekdir.

Ylmy akyl ýetirişiň ikinji derejesiniň esasy umumy ylmy usullary formallaşdyrmak, gipoteza, induksiýa we deduksiýa, analiz we sintez, idealizasiýa, logiki modelleşdirme ýaly usullardyr. 01ar ylmyň ähli pudaklarynda ulanylýar. Şonuň üçin olara umumyylmy usullar diýilýär. Bularyň dialektiki metodologiýanyň usullaryndan tapawudy nämeden ybarat? Dialektiki metodyň usullary diňe bir ylmyň ähli pudaklarynda däl, eýsem praktiki işleriň hem ähli görnüşlerinde, ýagny syýasatda, hojalyk işlerinde, sungatda we ş.mlerde hem ulanylýar. Umumy ylmy metodlar diňe ylmyň ähli pudaklarynda ulanylýar.

Umumy ylmy metodlar ähliumumyylmy dialektiki metodlary ylmyň aýry-aýry pudaklarynyň hususy ylmy metodlary bilen baglanyşdyrýarlar, olaryň arasynda özboluşly köpri wezipesini ýerine ýetirýärler.

Ylmy akyl ýetirişiň umumy ylmy metodlarynyň birnäçesine umumyylmy çemeleşmek diýilýär. O1ar baradaky öňki umumy okuwlarda gürrüň edilmedi. O1ary, gysgaça bolsa-da, gözden geçirmek maksada laýykdyr. O1ar öwrenilýän obýektlere sistemalaýyn çemeleşmek, düzümleýin-wezipeleýin çemeleşmek we ähtimallaýyn – statistik çemeleşmek ýaly metodlardyr.

Sistemalaýyn "çemelleşmek umumy ylmy metodlaryň möhüm görnüşleriniň biridir. Munuň özi umumyylmy metodologik talaplaryň toplumydyr. Bu metod öwrenilýän obýekti belli bir sazlaşykly sistema hökmünde seljermeklige esas bolýar.

Sistemalaýyn çemeleşmek ylymda we praktiki durmuşda kompleksleýin problemalary çözmek zerurlygy bilen ýüze çykdy. Ol XX asyrda, ýlaýta-da XX asyryň II ýarymynda ylymda giňden ornaşdy; Aslyýetinde islendik obýekt tebigatda-hem, jemgyýetde hem ony emele getiryän elementleriň, düzüm bölekleriniň belli bir sazlaşykly sistemasydyr. Her bir sistema has uly sistemanyň düzüm bölegidir, şol bir wagtda ol ençeme podsistemany, kiçi sistemany öz işine alýar. Meselem, adam organizmi ençeme kiçi sistemalardan ybaratdyr: ýürek-gan-damar sistemasy, nerw sistemasy, süňk-sklet sistemasy, myştsalar sistemasy, mazler sistemasy, öýjükler sistemasy we başgalar.

Sistemalaýyn çemeleşmegiň ençeme talaplary bar:

1) sistemanyň her bir elementiniň onuň sistemada tutýan ornuna we ýerine ýetirýän wezipelerine garaşlydygyny anyklamaly;

2) sistemanyň aýry-aýry elementleriniň aýratynlyklarynyň we sistemanyň gurluşynyň onuň özüni alyp barşyna edýän täsirini seljermeli;

3) sistema bilen daşarky gursawyň biri-birine edýän täsirini öwrenmeli;

4) öwrenilýän sistema mahsus bolan gurluş basgançaklarynyň häsiýetini anyklamaly;

5) sistemany hemmetaraplaýyn öwrenip, yazyp beýan etmeli;

6) sistemany dinamiki ösýän bitewilik hökmünde gözden geçirmeli.

Sistemalaýyn çemeleşmegiň ähmiýeti onuň ylmy barlagçyny ösýän obýektiň bir bitewiligini açmaga, ol bitewiligi üpjün edýän mehanizmleri anyklamaga; Ösýän çylşyrymly obýektiň köp dürli baglanyşyklaryny ýüze

çykarmaga we şeýlelikde obýektiň bitewi teoretiki sekilini döretmäge gönükdirmekden ybaratdyr.

Sistemalaýyn çemeleşmegiň örän möhüm düşünjesi "öz-özüňi guramak" düşünjesidir. Bu düşünje çylşyrymly, açyk, dinamiki, öz-özünden ösýän sistemanyň döremek we kämilleşmek prosesini aňladýar. Şeýle sistemanyň elementleriniň arasyndaky baglanyşyk kesgitli däldir, eýsem ähtimallyk, takmynylyk häsiýetlidir. Janly öýjük, janly beden, biologik populýasiýa, adamlar kollektiwi şeýle sistemanyň mysalydyr.

Häzirki zaman ylmynda öz-özünden guralýan sistemalary öwrenýän ýörite ylmy pudak döredi. Oňa sinergetika diýilýär. Sinergetika öz-özüňi guramagyň umumyylmy teoriýasydyr.

Düzümleýin wezipeleýin çemeleşmek çylşyrymly bitewi sistemalaryň düzüm böleklerini, elementlerini aýyl-saýyl edip, olaryň özara durnukly gatnaşyklaryny we olaryň sistemada ýerine ýetirýän wezipelerini öwrenýär. Bu metod köplenç sistemalaýyn çemeleşmegiň bir görnüşi hasap edilýär.

Ähtimallaýyn-statistik çemeleşmek hem umumy ylmy metodlaryň görnüşidir. Obýekti öwrenmäge şeýle çemeleşmek ähtimallaýyn - statistik metodlar diýip köplük sanda aýdylýar.

Bu metodlar yzygiderli ýygylykda gaýtalanýan köp sanly tötänlikleriň hereketini, täsirini hasaba almaklyga esaslanýar. Şeýle çemeleşmek köp sanly tötänlikleriň toplumynyň täsiri netijesinde ýüze çykýan zerurlygy, kanunalaýyklygy açmaga mümkinçilik berýär. Bu usullar ähtimallyk teoriýasyna daýanýar. Bu teoriýa tötänlikler baradaky ylmy hem diýilýär.

Ähtimallyk belli bir şertlerde haýsydyr bir hadysanyň, wakanyň ýüze çykmak mümkinçiliginiň mukdar taýdan ölçegidir. Ähtimallyk teoriýasynyň esasy wezipeleriniň biri tötänlikleriň biri-birine täsiri netijesinde hereket edýän kanunlary anyklamakdan ybaratdyr. Ähtimallyk-statistiki çemeleşmegiň düýp mazmunyna düşünmek üçin "dinamiki

kanunalaýyklyklar" we "statistiki kanunalaýyklyklar" diýen düsünjeleri gözden geçirmek gerek.

Dinamiki kanunalaýklyklar bilen statistiki kanunalaýykyklary tapawutlandyrmak üçin olaryň netijesini öňünden görmegiň aýratynlygy esas bolup hyzmat edýär. Dinamiki kanunalaýyklar öwrenilýän sistemanyň elementleriniň her birinde ýüze çykýar we ol elementleriň her biriniň hereketiniň netijesini öňünden kesgitlemegi mümkinçilik berýär. Dinamiki kanunlar az sanly elementlerden ybarat bolan we biri-birinden otnositel aýrybaşga hereket edýän sistemalarda ýüze çykýar. O1arda ençeme tötänleýin faktorlardan abstragirlenmäge mümkinçilik bar bolýar. Şeýle sistemalar esasan mehanikanyň, astronomiýanyň, klassyky fizikanyň öwrenýän obýektleridir. Meselem, astronomiýada dinamiki kanunlary öwrenmek esasynda Günüň, Aýyň tutulmagyny hasaplap hatda birnäçe ýyl öňünden görüp aýtmak bolýar. Başga bir mysaly mehanikadan alyp göreliň. Hereket edýän jisimiň kanuny, onyň koordinatlary we tizligi belli bolsa, onda islendik wagtda onuň näçe aralygy geçjekdigini we nirede boljakdygyny öňünden görüp aýtmak mümkindir.

Statistiki kanunalaýyklyklarda öňünden görmeklik takyk häsiýetli bolmayar, eýscm diňe ähtimallyk häsiýetde bolýar. Statistik kanunalaýyklyklar köpsanly tötänleýin faktorlaryň, hadysalaryň biri-birine täsirinde ýüze çykýar. Şonda sistemany emele getirýän elementleriň her biriniň netijesini öňünden görmek mümkin bolmaýar, eýsem sistemanyň elementleriniň tutuş toplumynyň hereketiniň netijesini öňünden görmek belli bir ähtimallyk derejesinde mümkin bolýar. Meselem, bir gaba salnan gazyň her molekulasynyň hereketiniň netijesini bilmek mümkin däl, emma olaryň hemmesiniň tutuşlygyna hereketiniň netijesini belli bir derejede öňünden görüp kesgitlemek mümkin. Başga bir mýsal. Türkmenistanda birnäçe ýylyň dowamynda her ýylda näçe çaganyň dünýä inýändigi baradaky maglumatlara esaslanyp, haýsy maşgalada çaga boljakdygyny öňünden

aýdyp bolmaz, emma tutus yurt boýunça şu ýyl, ýa-da indiki ýyl näçe çaganyň dünýä injekdigini, olaryň takmynan ýarsynyň gyz, ýarsynyň bolsa oglan boljakdygyny öňünden görüp aýtmak bolar.

Diýmek, ähtimallyk-statistiki metodlar ylmyň ençeme pudaklarynda, meselem, kwant mehanikasynda, statistiki fizikada, sinergetikada, sosiologiýada tölänleýin hadysalaryň uly toplumlaryny ylmy taýdan öwrenmekde, olaryň netijelerini- ylmy öňden görüjilik bilen aýtmakda möhüm ähmiýete eýedir.

**Ylmy barlaglaryň hususy ylmy we pudaklarara ylmy metodlary.** Hususy ylmy metodlar ylmyň aýry-aýry pudaklarynda ylmy-barlag işlerinde ulanylýan tärlerden. usullardan ybaratdyr. Baryp XVI-XVII asyrlardan başlap hususyylmy pudaklaryň-mehanikanyň, fizikanyň, himiýanýň, taryh ylmynyň we beýleki ylmy pudaklaryň döremegi esasynda olaryň hususy ylmy-barlag metodlaryny işläp düzmeklik hem başlandy.

Ylmyň metodologiýasy boýunça görnükli hünärmen A.S. Krawesiň bellemegine görä aýry-aýry anyk ylmy ugurlaryň çaklerinde ylmy akyl ýetirişiň metodlary we formalary barada oýlanmak we olary öwrenmek amala aşyrylýar. Ylmyň özünde biri-biri bilen baglanyşykly iki ugur barha kesgitli ýüze çykýar: öz öwrenýän obýektleriniň alamatlaryny seljermek (däp bolup gelýän ugur) we ylmy akyl ýetirişiň usullaryny we formalaryny öwrenmekligi aňladýar.

Krawesiň bellän ikinji ugry, ýagny ylmy pudagyň akyl ýetiriş metodlaryny işläp düzmek ylaýta-da häzirki döwürde kämillik derejesine ýeten ylymlarda - fizikada, biologiýada, himiýada barha işjeň ösdürilýär. Bu meselä gümanitar ylymlarda hem barha uly üns berilýär. Meselem, taryh ylmynda taryhyň metodologiýasyny özbaşdak pudaga öwürmek hakynda mesele öňe sürülýär.

Bu meselä Türkmenistanyn taryhçy we filosof alymlarynyň hem uly üns berýändiklerini bellemek gerek. Baryp 1982-nji ýylda SSSR Ylymlar akademiýasynyň

Prezidiumynyň ýanyndaky metodologik seminarlaryň merkezi soweti bilen Türkmenistanyn filosofiýa jemgyýeti we Türkmenistanyn Ylymlar akademiýasynyň taryh instituty bilelikde taryh we arheologiýa ylymlarynyň filosofik we metodologik meseleleri boýunça ýörite ylmy-teoretiki konferensiýa geçirdiler. Oňa Moskwanyň we Petrogradyň. Özbegistanyň, Ermenistanyň we beýleki respubukalaryň görnükli filosoflary, taryhçy we arheolog alymlary, şol sanda gadymy Türkmenistanda Altyndepe siwilizasiýasyny açan meşhur arheolog W.Ý.Masson hem gatnaşdy.

Mysal hökmünde sosial-gumanitar ylymlarda filosofik we umumyylmy metodlar bilen birlikde bu ylmy pudaklaryň öwrenýän predmetiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup özboluşly akyl ýetiriş metodlarynyň, serişdeleriniň ulanylýandygyny aýtmak gerek. O1 usullaryň birňäçesini belläp geçmek maksada laýykdyr:

I) Ideografyk metod – aýry-aýry taryhy faktlaryň we wakalaryň özboluşly aýratynlyklaryny ýazyp beýan etmek;

2) Dialog, sorag-jogap usuly;

3) Düşünmek we paýhasalaýyk (rasional) düşündirmek;

4) Dokumentleriň mukdar we hil taýdan seljerilmegi (kontent-analiz);

5) Soraşmak, gürrüňleşmek. Ýüzbe-ýüz gepleşmek, interwýu almak ýa-da gaýybana gepleşmek (anketa ýaýratmak, poşta ýa-da telefon arkaly gepleşmek). Köpçülikleýin ýa-da ýoriteleşen gepleşmek, soraşmak görnüşleri hem bar. Soňky görnüşde maglumat beriji esasy çeşme hökmünde ýörite taýýarlygy bolan ekspertler ulanylýar;

6) Taslama metodlary (proýektiw metodlar). Bu metodlar esasan psihologiýada ulanylýar. 0l usullar arkaly adamyň şahsy ukyplary onuň öndürijilikli işleriniň netijeleri boýunça öwrenilýär. Şonda şahsyýetiň ukyplary islegleri, höwesleri hakýnda onuň psihologiýa taýdan ösüşiniň aýratynlygy hakýnda netije çykarylýar;

7) Ylmy barlagda testler ulanmak. Esasan psihologiýada we pedagogikada ylanylýar. Testler standartlasdyrylan

tabşyryklardyr. Olaryň ýerine ýetirilmegi şahsyýetiň käbir aýratynlyklaryny-bilimini, başarnygyny, ýatkeşligini, ünsini we ş.m.-leri ölçemäge mümkinçilik berýär. Testleriň üç esasy topary bar: a) intellektual osüs testleri (meshur iş koeffisiýenti); b) üstünlikleriň testleri (hünärini ýokarlandyrmakdaky üstünlikler, sportdaky üstünlikler we ş.m.);

w) ukyplaryň, başarnyklaryň testleri, ýagny umumy pslhologik ukyplaryň we ýoriteleşen matematiki, çeperçilik we ş.m. ukyplaryň testleri. Testler bilen islenende, ahlak jähetiniň ähmiýeti örän möhümdir. Betpälli ýa-da başarnyksyz barlagçy testleri ulansa, onuň şahsyýete uly zyýan ýetirmegi mümkindir;

8) Sosiometriýa metody – jemgyýetçilik hadysalaryny öwrenmekde matematiki metodlary ulanmak. Köplenç „kiçi toparlar" we olardaky şahsyýetleriň özara gatnaşyklary öwrenilende ulanylýar;

9) Oýnamak metodlary. Olar dolandyryş çözgütlerini işläp düzmekde ulanylýar. Haýsydyr bir möhüm işleriň edilişini meňzeş görnüşde gaýtalamak, öýkünmek oýunlary ýa-da standart däl ýagdaýlary seljermek üçin, ony oýun görnüşinde gaýtalamak.

Häzirki wagtda oýnamak metodlary diňe bir gumanitar ylymlarda däl, eýsem matematikada. kibernetikada we beýleki ylymlarda hem giňden ulanylýar. Bu ylmy pudaklarda ýörite oýun modelleri we oýun ýazgylary, shemalary taýýarlanyp. çylşyrymly prosesleriň geçişi, ylmy we praktiki problemalaryň çözülişi oýun görnüşinde dürli nusgalarda barlanyp görülýär. Munuň özi ol hadysalara ylmy taýdan akyl ýetirmekde möhüm rol oýnaýar. Hut şonuň üçin häzirki zaman filosofiýasynda we ylymda abraýly, täsirli ugurlarda oýun metodyna akyl ýetirmegiň özbaşdak usuly hökmünde ýokary baha berilýär. Meselem, germenewtikada (Gadamer), filosofik antropologiýada (Fink).

Metodologik nukdaý-nazardan oýun metody real durmuşda bar bolan ýa-da bolmagy mümkin bolan

gatnaşyklaryň, gipotezalaryň, teoriýalaryň, iş kadalarynyň, anyk şahsyýetleriň aýratynlyklarynyň we. ş. mleriň oýun görnüşinde gaýtalanyp ylmy taýdan öwrenilmegidir.

Häzirki zaman ylmynda kömpleksleýin problemalary çözmek üçin ençeme ylmy pudaklaryň gatnaşmagy talap edilýar. Şu mynasybetli pudaklarara ylmy barlag usullaryny işläp düzmek möhüm ähmiýete eye bolýar. Bu metodlar birnäçe sintetiki, integratiw usullaryň toplumydyr. Olar metodologiýanyň dürli derejeleriniň elementlerini utgaşdyrmagyň, birleşdirmegiň netijesinde emele gelýär we esasan dürli ylmy pudaklaryň sepgidindäki problemalary öwrenmekde ulanylýar. Meselem, kiernetikada, sinergetikada, kosmos barlaglarynda ýa-da ykdysadyýeti ösdürmegiň, şäher gurluşygynyň kompeksleýin programmalaryny düzmekde we durmuşa geçirmekde ulanylýar.

Häzirki döwürde ylmyň jemgyýetdäki ähmiýetiniň we ornunyň barha ýokarlanmagy netijesinde ylmyň özüni dürli tarapdan öwrenýän ylmy pudaklar döredi. Meselem, ylmyň filosofiýasy, ylmyň sosiologiýasy, ylmyň psihologiýasy, ylmyň politologiýasy, ylmyň ykdysadyýeti, ylmyň etiki-ahlak problemalary. Bu ylmy pudaklaryň döremegi we ösmegi ylmyň öndüriji güýç hökmünde maddy we ruhy gymmatlyklary döretmekdäki, döwletiň syýasy gurluşyny kämilleşdirmekdäki, medeniýetiň ösüşine täsiriniň ýokarlanmagyndaky ähmiýetiniň barha artýandygy bilen baglanyşyklydyr. Şu mynasybetli jemgyýetçilik fenomeni hökmünde ylmy öwrenýän ençeme ylymlaryň pudaklarara metodologiýasyny işläp düzmek zerurlygy ýüze çykýär. Bu möhüm iş entek ýaňy başlangyç etapyndadyr.

Şeýlelikde, ylmy barlaglaryň ähli görnüşlerinde ylmy metodologiýanyň hemme derejeleriniň metodlaryny-filosofik metodologiýany hem, umumyylmy metodlary hem; hususy ylmy metodlary hem; pudaklarara metodlary hem başarnykly, ýerlikli, pähim-paýhasly ulanmak ylmyň mundan beýläk ilerläp ösmeginiň ynamdar kepilidir.

## Soraglar

1. Ylmy akyl ýetirişde ulanylýan empiriki barlaglaryň usullary haýsylar?
2. Ylmy akyl ýetirişiň esasy umumyylmy usullary haýsylar?
3. Sinergetika diýlip nämä aýdylýar?
4. Ähtimallaýyn – statistik çemeleşmek haýsy metodlaryň görnüşi?
5. Sosial – guminitar ylymlarda akyl ýetirişiň haýsy metodlary ulanylýar?

## Sosial filosofiýa we onuň düzümi.
## Adam, jemgyýet we tebigat.

**Sosial we taryhy filosofiýanyň döreýşi.** Ol jemgyýetiň ösüşini öwrenýär. Sosial filosofiýa sosiologiýadan tapawutlylykda sosiologiýa empiriki ylym bolup, sosial filosofiýa sosiologiki maglymatlary peýdalanyp, ony umumylaşdyrýar we jemgyýetiň umumy kanunlaryny öwrenýär.

Sosial filosofiýa, jemgyýet näme? Onuň öňünde adamyň borjy nämeden ybarat? Diýen soraglara jogap berýär.

Sosial filosofiýa taryh filosofiýasy bilen birlikde jemgyýetiň umumy ösüş kanunlaryny adamzadyň bütindünýä taryhynyň kanunlary esasynda jemgyýetçilik ylymlaryna daýanýan, öňi bilen sosiologiýa, ekonomika, politologiýa, etika, estetika ylymlarynyň netijelerini umumylaşdyryp jemgyýetiň, tebigatyň özara gatnaşyklary barada pikir ýöredýär. Şeýlelikde sosial we taryhy filosofiýanyň gysgaça ösüş taryhyna göz aýlamagy zerur hasaplaýarys.

Ilki taryhy filosofiýa adamzat jemgyýetiniň emele gelip başlan döwründe döräp başlapdyr. Topar-topar bolup ýaşan adamlar diňe özüniň ýaşaýan ýerlerinde eşiden zatlary barada pikirlenip başlapdyrlar. Adamlar ol ýa-da başga sebäplere görä beýleki toparyň adamlary bilen gatnaşyk açypdyrlar. Ilki

durmuş toparlaýyn ýaşan adamlar taryh we gelejek barada oýlanyp bilmändirler. Geçmiş olar üçin ýitip gidipdir, geçmişiň tejribesi ilki durmuş adamlaryna ýat bolupdyr, gelejek barada pikir bilmändirler. Tire-taýpa ýaşaýyşy yň çylşyrymlaşmagy maşgalanyň, tireleriň geçmişi barada pikir etmek zerurlygyny döredipdir. Öz maşgalasy barada pikir etmekde dil uly rol oýnapdyr. Taryhy hakykaty ýatdan çykarmazlyk üçin ýazuwyň ýüze çykmagy uly ähmiýete eýe bolupdyr, geçmişiň wakalaryny indiki nesle taryhy filosofiýanyň döremegine mümkünçilik döredipdir.

Taryh bu adamzadyň jemgyýetçilik ýadydyr, adamyň öz-özüne akyl ýetirmegidir, özüni aňlamakdyr, geçen zatlar adamlaryň aňynda ýaşaýar.

Geçmiş bilmeseň, gelejegi bilip bolmaz, çünki häzirki döwür geçmiş tarapyndan taýýarlanýar, gelejek häzirki ýagdaý bilen baglydyr. Şeýlelikde jemgyýete akyl ýetirmek yzygiderli, üznüksizdir.

Taryhyň atasy hasaplanýan Gerodot taryh diňe adamlaryň hereketini beýan etmek bilen çäklenmän ösüşiň sebäbini ýüze çykarmagy talap edipdir.

Fukidit taryhda hakykaty gözläp tapmagy, taryhy hadysalaryň gaýtalanýandygy ýöne adamlaryň tebigatynyň üýtgemeýändigini we adamlaryň häkimiýete dalaşýandygyny ýöne adamlar azatlyga ymtylýandygyny tekrarlapdyr. Jemgyýetçilik hereketiniň sebäbini açyp görkezmegi esasy wezipe hasaplapdyrlar. (Demokrit, Aristotel, Lukeresiý ýar) jemgyýetiň döremeginde adamlaryň birleşip ýaşamak islegi uly rol oýnapdyr. Lukeresiý jemgyýetiň döremeginde materiýal medeniýetiň kesgitleýji rol oýnandygyny tassyklapdyr. Orta asyr akyldarlary jemgyýet hudaý tarapyndan döredilipdir, taryh hudaý tarapyndan kesgitlenendir diýip hasaplapdyrlar. XVII-XVIII asyr alymlary orta asyr filosoflary jemgyýetiň ösüşini hudaý bilen baglaşdyrýan garaýyşlaryny tankytlap, jemgyýetiň ösüşini tebigat bilen baglanyşdyrypdyrlar. Dünýäniň uniwersal ösüş kanunyny, tebigy kanunyny öwrenjek bolupdyrlar. Tebigatda

atom ilkinji başlangyç bolýan bolsa jemgyýetde adam bolupdyr diýip tassyklapdyrlar. Jemgyýetiň tebigatyny mehanikanyň kanunlaryny esasynda düşündirjek bolupdyrlar. Adamlaryň hereketleri kanun esasynda amala aşyrylýar diýip hasaplapdyrlar.

XVIII asyr filosoflary taryhy progress düşünjesini girizipdirler. Medeniýetiň taryhyny adama geografiki we sosial şertleriň täsirini esaslandyrypdyrlar (Ş.Llonteske, J Russo). Russo Jan Jak (1712-1778) – fransuz alymy, jemgyýetde sosial deňsizligiň sebäbini hususy eýeçilik hasaplapdyr. Ol jemgyýetiň çalyşmagynyň taryhy zerurlyk hadysalarydyr. Jemgyýetçilik durmuş we regres düşünjesini girizen Russodyr. Ol halka hyzmat etmeýän medeniýete jemgyýetde deňsizligi emele getirýän medeiniýet hasaplandyr. Jemgyýetde ylym medeniýet ösmegi, emma ondan öň jemgyýete raýatyň gerekdigini nygtaýar. Sözümizi jemläp aýtsak Russo yususy eýeçilige, deňsizligi goraýan döwlete, garşy bolup adalatlylygy, deňligi ornaşdyrmagyň ýollaryny aýdyňlaşdyryp bilmändir. Şonuň üçin Russonyň jemgyýetçilik deňligi baradaky pikirleri arzuwlygyna galýar. Sen-simon (1760-1825). Ol feodal gurluşyga garşy göreşipdir. Jemgyýetiň kanunalaýykly ösýändigini tassyklan jemgyýetiň ösüş basgançaklaryny kanuny hasaplanýar we jemgyýetiň ösüş kanunlaryny adama garaşsyz hasaplansoň, adamlaryň şol kanunlary amala aşyrmak üçin serişdedir diýýär.

Sosial filosofiýanyň esasy wezipesini, onuň taryhy hadysalaryndan netije çykaryp, geljegi görmäge adamlara mümkinçilik bermekdir diýýar. Başga bir fransuz alymy Sen-simon (176-1825) öz öňünde täze filosofiýany döretmegi wezipe edip goýupdyr. Ol täze filosofiýanyň esasy meselesi adam baradaky ylymy ösdürmegidir diýip hasaplaýar. Filosofiýa diňe Teoretiki umymylaşdyrýan ylym bolman, ol praktika üçin ugur alynýan ylymdyr. Täze filosofiýa durmuşy guramak üçin zerur diýip hasaplanýar. Sen – Simonyň jemgyýetçilik syýasy garaýşy özüniň aktiwligi bilen tapawutlanýar. Esasy mesele özüniň döwründe

filosofiýanyň iň aňsat jemgyýetçilik sistemsyny döretmekdir diýip hasaplaýar. Sen – simonyň garaýşy sosialistik garaýyş däldir, çünki ol taryhylygy, sosial adalatlylygy, gumanizm dini garaýyş bilen baglan, jemgyýetiň gurluşy adamyň bähbidi üçin gurulan bolmagyny arzuw edipdir.

Karl Marks (1818-1883) we Engels (1820-1895) Karl Marks esasy ykdysady meseleleri işläp düzüp F. Engels "Tebigat dialektikasy" diýen isini ýazyp tebigy ylymlarynyň gazanan üstünliklerini umumylaşdyrdy. Olar Gegeliň idealistiki filosofiýasyny materiýal dünýäniň dialektikasyna öwrülmegi başardylar. Jemgyýetiň ösüş kanunlarynyň ýa-da taryhy materializmi işläp düzüpdirler. Biz gysgaça sosiologik meseleleriň taryhyna göz aýladyk.

Adamlaryň hereketiniň iteriji güýji neneňsi kesgitlenýän, jemgyýetçilik gatnaşyklary nähili düşündirilýän bolsa şol esasda hem jemgyýetiň durmuşynyň we umuman taryhy ösüşiň manysy açylyp görkezilýär. Eger adamlaryň hereketleriniň esasyny delilleriň we maksatlaryň kesgitleýändiginden ugur alynsa onda jemgyýetçilik ösüşini idealistik düşündiriş bolýar.
Eger-de adamlaryň hereketiniň delili we maksady jemgyýetçilik barlygynyň şertleri bilen kesgitlenýänliginden ugur alynsa, onda jemgyýetiň özgerişiniň we ösüşiniň aňlanylşyny materialistik garaýyş kesgitleýär. Bu garaýyşlaryň ikisi hem jemgyýetde bolup geçýän hadysalary ylmy esasda düşündirmeklige ähmiýetli bolýarlar.

**Sosial filosofiýanyň esasy meselesi.** Sosial filosofiýanyň esasy meselesi adamlaryň barlygynyň we aňynyň özara täsiri baradaky sorag bolýar. Bu ýerde, bir tarapdan, adamlaryň maksatlary, delilleri, ykdysady, syýasy, ahlak we başga ýörelgeleri çykyş edýän bolsa, beýleki tarapdan olaryň ýaşaýşynyň we hereketiniň obýektiw şertleri çykyş edýärler.

Bu soragyň jogaby jemgyýetiň ösüşiniň many-mazmuny bilen kesgitlenýär. Sebäbi ol ösüş adamlaryň oýlanşykly, maksadalaýyk hereketleri bilen üpjün edilýär. Esasy mesele olaryň hereketlerindäki obýektiw we subýektiw şertleriň,

maddy we ruhy barlyklaryň özara täsiri bolýar. Şu ýerde ýüze çykýan soraglara ýa yzygiderli idealistik, ýa-da materialistik nukdaý-nazardan jogap berse bolar. Birinjide ähli zadyň sebäbi adamlaryň aňy ýa-da dünýäniň ruhy bilen baglanylsa, ikinjide, şol sebäp bolup adamlaryň ýaşaýyş şertleri çykyş edýänliginden ugur alynýar.

Umuman, idealizm adamlaryň öz hereketlerini oýlanşykly guraýandyklaryndan, bir iş etmezden öň, olaryň bu işi göz öňüne getirýändiklerinden ugur alýar. Bu bolsa edilmeli işiň ideal nusgasynyň, onuň amal edilmeginden öňde bolmalydygyny aňladýar. Şonda aňyň herki hereketde ilkinjiligi barada netije çykarylýar. Galan zatlar bolsa oňa degişlilikde ikinji nobatda bolýarlar. Ahli maddy we ruhy gymmatlyklara aňyň miwesi hökmünde garalýar. Bu ýerde delil hökmünde akyl zähmetiniň el zähmetinden aýrylmagy, akylyň we ruhuň döredijiligi kesgitleýänligi görkezilýär.

Dogrudan hem adamyň, jemgyýetiň we onuň medeniýetiniň ösüşinde ruhy başlangyçlaryň ähmiýetini inkärläp bolmaz. Oňa idealistik garaýyşlaryň tarapdarlarynyň öňe süren örän ähmiýetli pikirleri şaýatlyk edýär. Häzirki sosial filosofiýa Kantyň we Gegeliň, Dýurkgeýmiň we Weberiň jemgyýet barada öňe süren pikirleri bolmadyk ýagdaýynda örän garyplaşardy.

Materializm hem sosial filosofiýanyň taryhynda wajyp orun eýeleýär. Bu garaýşyň tarapdarlary her jemgyýetiň ýaşaýşynyň obýektiw esaslaryny açyp görkezmeklige çalyşýarlar. Marksistler, mysal üçin, şu maksat bilen taryhy materialistik nukdaý-nazar bilen düşündirýän jemgyýetçilik-ykdysady formasiýa taglymatyny öňe sürdiler. Bu taglymaty işläp düzende K. Marks öz degşirmeleriniň başlangyç pursaty hökmünde, adamlaryň ýaşamaga mümkinçilik almak üçin hemişe azyk, geýim-gejim, ýaşaýyş jaý we başga zatlary öndürmeli bolýarlar diýen esasdan ugur alýar. Olar şu zatlary öndürmek işinde biri-biri bilen dürli gatnaşyklara girýärler. Bu ýerde şol gatnaşyklaryň içinde önümçilik-ykdysady

gatnaşyklaryň esasy we başga gatnaşyklaryň hemmesini kesgitleýän gatnaşyklar bolýanlygy görkezilýär.

Jemgyýetçilik önümçiligi iki tarapy: öndüriji güýçleri we önümçilik gatnaşyklary öz içine alýar. Öndüriji güýçler jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky maddy gatnaşyklary häsiýetlendirýär. Oňa işlenilýän zatlar, iş gurallary we serişdeleri, adamlaryň özleri hem girýärler. Adamlar maddy baýlyklary öndürmeklik üçin önümçilik gatnaşyklara girýärler. Bu gatnaşyklaryň esasyny önümçilik serişdelerine bolan eýeçilik düzýär. Öndüriji güýçleriň we önümçilik gataşyklaryň dialektiki arabaglanyşygy jemgyýetiň ösüşini kesgitleýär. Öndüriji güýçler ösüp, onuň ösüşine önümçilik gatnaşyklary päsgelçilik döreden ýagdaýynda marksistik taglymata görä, olar güýç bilen aradan aýrylyp, ösüşe esas döredýän täze gatnaşyklar gurnalýar. Bu taglymatyň tarapdarlarynyň aýtmagyna görä, şeýle özgerişler esasynda ähli halklar iru-giç bäş formasiýa ösüş ýoluny geçmeli.

Görşümiz ýaly, marksizmde jemgyýetçilik önümçiligi sosial ösüşi kesgitleýär. Jemgyýetçilik aňy bu ýerde sosial determenistik arabaglanşykdan aýrylmaýar, ol önümçilik gatnaşyklaryndaky özgerişi durmuşa geçirmeklige gatnaşýar, ýöne olary kesgitlemeýär. Tersine önümçilik hereketi aňy kesgitleýär.

XIX - XX asyrlarda sosial filosofiýanyň iň täsin ugurlarynyň biri pozitiwizm (lat. positiwis - oňaýly) boldy. Ony fransuz alymy Ogýust Kont (1798-1857) esaslandyrýar. Onuň pozitiw filosofiýasynyň merkezi meselesi jemgyýetiň ösüşiniň we onuň ilkinji esasynyň kanunalaýyk häsiýete eýe bolýandygy. Kont adamzadyň intelektual ösüşiniň beýik kanunynyň barlygyny we akyl ýetiriş işiniň taryhda üç: teologiki, metafiziki we pozitiw basgançagy geçenligini belleýär. Teologiki basgançakda dini-mifologiki aň agdyklyk edýär. Metafiziki basgançakda ilki bilen düşünjelere esaslanylýar, ýöne ylym-bilimiň gowşak bolanlygy sebäpli bu düşünjeler howaýy häsiýete eýe bolýarlar. Pozitiw basgançagynda jemgyýetiň esaslaryny anyklamakda ylmy

gözegçilikden ugur alynýar Şonda kem-kemden dünýä akyl ýetirmekligiň teologiki we metafiziki çemeleşmeleri, onuň kanunlaryny açmak we derňemek çemeleşmeler bilen çalşylýar. Bu kanunlar gözegçilik edilýän hadysalaryň arasyndaky durnukly gatnaşyklar bolýarlar. Jemgyýetiň ähli ugurlarda oňaýly ösüşini şol kanunlary ele alýan adamlaryň intelektual ewolýusiýasy kesgitleýär.

Kontuň pozitiw filosofiýasy iňlis filosofy G. Spenser (1820-1903), Dýurkgeým (1858-1917), nemes sosiology M. Weber (1864-1920) we başgalar tarapyndan ösdürildi. Spenser jemgyýetiň ewolýusion ösüşi baradaky taglymaty öňe sürýär. Sosial ewolýusiýa, onuň pikiriçe, jemgyýetiň sadalykdan çylşyrymlylyga, birmeňzeşlikden dürli görnüşlilige, kesgitsizlikden kesgitlilige geçýänligini aňladýar. Bu jemgyýetiň oňaýly ösüşi, onda-da onuň sosial edaralarynyň kämilleşmek ýoly bilen ösüşi bolýar.

Dýurkgeým sosial hadysalaryň tebigatyny düşündirmeklige çalyşýar. Adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň, olaryň dürli hili hereketleriniň başlangyç pursaty, onuň pikiriçe, adamlaryň, sosial toparlaryň wc olaryň degerli sosial edaralarynyň ulgamy bolan jemgyýet bilen bagly. Adam birleşmeleriniň aňy tarapyndan ahlak, syýasy, hukuk, dini we beýleki düşünjeleriň, kadalaryň we gymmatlyklaryň işlenip düzülmegi aýratyn adamy belli bir ugur boýunça hereket etmeklige iterýär. Şeýlelikde, olar sosial hadysalaryň we sosial ewolýusiýanyň sebäbi bolup çykyş edýärler.

M.Weber jemgyýetiň ösüşinde adamyň hereketliliginiň aýratyn ornuny açyp görkezýär. Jemgyýet, onuň pikiriçe, başga adamlara gönükdirilen hereketiň, ýagny sosiallylygyň miwesi bolan adamlaryň özara täsiri. Sosiallylyk bu ýerde adamyň gerekli ähliumumylyk hereketini ele almaklyk ukyby bolýar. Weberiň sosial filosofiýasynyň esasy manysy XX asyrda Günbataryň ösen döwletlerinde öz beýanyny tapan ykdysady rassionallyk bolýar. Öz şöhlelenmesini hojalyk gurşawynda ýokary rassional hereketi üpjün edýän we

ykdysady netijeliligi gazanmaklyga mümkinçilik berýän rassional dini (protestan dini), hukuk we dolandyryş rassionallygy (rasional býurokratiýa), rassional maliýa ulgamyny we başg. özünde jemleýär.

Ulgam özara baglanşykda bolan we belli bir derejede kadalaşdyrylan bölekleriň bitewiligi. Her bir ulgamyň manysyny onuň gurnalyşy we bölekleriniň düzümi kesgitleýär.

Sosial ulgam – esasy bölekleri bolan adamlary, sosial toparlary, olaryň baglanşygyny, özara gatnaşygyny we täsirini öz içine alýan bitewilik bolýar. Bu baglanyşyklar, özara täsirler we gatnaşyklar taryhy özgerişiň dowamynda täzeden kemala getirilýär. O1ar durnukly häsiýete eýe bolup, nesillerden-nesillere geçirilýär.

Şeýleleikde, jemgyýet köp sanly aýry-aýry adamlardan, sosial toparlardan, olaryň baglanşyklaryndan, özara täsirlerinden we gatnaşyklaryndan durýar. Ýöne, jemgyýeti şu bölekleriň ýönekeý jemi hökmünde häsiýetlendirmek bolarmy? Ýok, bolmaz. Jemgyýet ýönekeý, mehaniki jem bolman, bitewi ulgam bolýar. Bu bolsa jemgyýetçilik derejede aýry-aýry baglanşyklaryň we gatnaşyklaryň täze hiliniň, ulgamynyň kemala gelýändigini aňladýar. Ulgamlaýyn hil aýratyn hil ýagdaýy bolanlygy sebäpli oňa bölekleriň ýönekeý jemi hökmünde garap bolmaz. Bu ýerdäki baglanşygy we gatnaşyklary korelasion (correus-latynça gatnaşyga girmek) görnüşde häsiýetlendirýärler.

Ol bolsa ulgama girýän bölekleriň koordinasiýasyny we subordinasiýasyny aňladýar. Koordinasiýa bu ýerde bölekleriň belli bir derejedäki ylalaşygy bolýar. Şol ylalaşyk baglanşyklara aýratyn häsiýet berip, sosial ulgamyň bitewiligini üpjün edýär. Subordinasiýa bölekleriň ähmiýetine görä aýatyn ýerlerini görkezýän aşakly-ýokarly baglylygy we geçirilýän baglylygy bolýar.

Şeýle baglanşyklaryň täsiri bilen jemgyýet, özüniň hiç bir bölegine aýratynlykda mahsus bolmadyk häsiýete eýe bolan bitewi ulgam häkmünde çykyş edýär. Şonda sosial ulgam bolan jemgyýet täze integral hile eýe bolanlygy sebäpli öz

böleklerine degişlilikde belli bir derejede özbaşdaklygy gazanýar. Ol bolsa jemgyýetde ösüşiň täze usulynyň döremegine getirýär. Filosofiýada sosial ulgam filosofiýa nämäni öwrenýär diýen sowalyň jogaby ýönekeý ýaly bolup görünýär. Ol jemgyýeti öwrenýär. Emma jemgyýeti köp ylymlar derňeýärler. Sosial filosofiýanyň şol ylymlaryň arasyndaky ornuny we onuň öwrenýän meselesiniň özboluşlylygyny kesgitlemeklik gerek. Jemgyýeti, bilşimiz ýaly, sosiologiýa, syýasaly öwreniş, hukukgy öwreniş, taryh, ykdysadyýet we beýleki ylymlar öwrenýärler. Jemgyýeti öwrenýän ylymlaryň köpdürliligi jemgyýetçilik durmuşynyň baýlygy we köpdürliligi bilen bagly. Şol ylymlaryň her biri jemgyýeti belli bir tarapdan öwrenýär. Munuň özi olaryň özüniň barlaýan aýratyn meselesi (predmeti) bilen bagly bolýar. Sosial filosofiýa jemgyýeti öwrenýän ylymlar bilen berk baglanşykda bolýar, jemgyýeti häsiýetlendirmekde olaryň gazananlaryna esaslanýar. Şol bir wagtda-da onuň öz aýratynlygy bar. Sosial filosofiýa jemgyýeti bitewilikde öwrenýär we onuň ösüş aýratynlyklaryny hem-de hereketlendiriji güýçlerini ýüze çykarýar. Bu bolsa sosial filosofiýanyň özüne kysymdaş ylymlardan tapawutlanýanlygyny görkezýär.

Onuň jermgyýeti filosofiki taýdan öwrenmekligiň özboluşlylygy adam bilen dünýäniň. özara täsirini ýörelgelerini, onuň pikirleriniň, hereketiniň aýratynlygy bilen kesgitlenýändigini bellemeli. Jemgyýeti bitewi görnüşde açmaklyk üçin sosial filosofiýa adam azatlyklarynyň çäklerini, sosial hadysalara akyl ýetirmegiň aýratynlygyny, dünýäni özleşdirmegiň dürli görnüşlerini, ýagny dini, sungaty, ahlagy göz öňünde tutmaly bolýar. Bu ýerde sosial bitewilik subýekt-obýekt bitewiligi hökmünde maddy we ruhy, aýratyn we umumy, şahsy we birleşme gapma-garşylykly filosofiki garaýşyň meselesi bolup çykyş edýär. Şol sebäpli sosial filosoliýa jemgyýetiň şu we beýleki ugurlarynyň özara täsirini köp taraplaýyn derňäp, ony bitewi ulgam görnüşinde öwrenýär. Bu filosofiýa „sosial", „sosiallylyk" düşünjeleri

giňden ulanýar. „Sosial" sözi dar manyda jemgyýetiň sosial durmuşy bilen baglanylýan bolsa, giň manyda „jemgyýet" diýen düşünje hökmünde ulanylýar. „Sosiallylyk" düşünjesi bolsa jemgyýetde bolup geçýän hadysalaryň tebigatda bolup geçýän zatlardan tapawutlydygyny görkezýär. Şonuň ýaly-da bu düşünje indiwiduallyk düşünjesine garşydaş manyda ulanylýar.

Sosial filosofiýa jemgyýeti ýokarly-aşakly baglanşykda bolan ulgam görnüşinde (ykdysady, syýasy, sosial, ruhy) açyp, oňa bir bitewi organizm hökmünde garap, onuň hereketiniň aýratyn adama bagly däldigini görkezýär. Bu ýerde sosial filosofiýanyň şahalary bolup ykdysady filosofiýa, syýasy filosofiýa, medeniýet filosofiýasy, ylmyň filosofiýasy, etika we estetika çykyş edýärler.

Sosial ulgam – esasy bölekleri bolan adamlary, sosial toparlary, olaryň baglanşygyny, özara gatnaşygyny we täsirini öz içine alýan bitewilik bolýar. Bu baglanyşyklar, özara täsirler we gatnaşyklar taryhy özgerişiň dowamynda täzeden kemala getirilýär. O1ar durnukly häsiýete eýe bolup, nesilden-nesile geçirilýär.

Şeýlelikde, jemgyýet köp sanly aýra-aýra adamlardan, sosial toparlardan, olaryň baglanşyklaryndan, özara täsirlerinden we gatnaşyklaryndan durýar. Ýöne, jemgyýeti şu bölekleriň ýönekeý jemi hökmünde häsiýetlendirmek bolarmy? Ýok, bolmaz. Jemgyýet ýönekeý, mehaniki jem bolman, bitewi ulgam bolýar. Bu bolsa jemgyýetçilik derejede aýry-aýry baglanşyklaryň we gatnaşyklaryň täze hiliniň, ulgamynyň kemala gelýändigini aňladýar. Ulgamlaýyn hil aýratyn hil ýagdaýy bolanlygy sebäpli oňa bölekleriň ýönekeý jemi hökmünde garap bolmaz. Bu ýerdäki baglanşygy we gatnaşyklary korelasion (correus–latynça gatnaşyga girmek) görnüşde häsiýetlendirýärler.

O1 bolsa ulgama girýän bölekleriň koordinasiýasyny we subordinasiýasyny aňladýar. Koordinasiýa bu ýerde bölekleriň belli bir derejedäki ylalaşygy bolýar. Şol ylalaşyk baglanşyklara aýratyn häsiýet berip, sosial ulgamyň

bitewiligini üpjün edýär. Subordinasiýa bölekleriň ähmiýetine görä aýatyn ýerlerini görkezýän aşakly-ýokarly baglylygy we geçirilýän baglylygy bolýar.

Şeýle baglanşyklaryň täsiri bilen jemgyýet, özüniň hiç bir bölegine aýratynlykda mahsus bolmadyk häsiýete eýe bolan bitewi ulgam häkmünde çykyş edýär. Şonda sosial ulgam bolan jemgyýet täze integral hile eýe bolanlygy sebäpli öz böleklerine degişlilikde belli bir derejede özbaşdaklygy gazanýar. O1 bolsa jemgyýetde ösüşiň täze usulynyň döremegine getirýär.

Adam we adamzat jemgyýeti tebigatdan daşarda ýaşap bilmeýär. Şonuň üçin tebigat biziň öýümiz diýýär. Tebigat näme? Tebigat bu jemgyýete çenli ösüşiň basgançagydyr. Jemgyýet bolsa materiýanyň iň ýokarky basgançagydyr. Emma tebigat we jemgyýet bir bitewilikdir, çünki jemgyýet tebigat başyndan döredilýär. Emma tebigat we jemgyýet özüne mahsus bolan kanunlar esasynda ösýär.

1) Tebigat kanunlary köre-körlük bilen hereket edýär.
2) Tebigat kanunlary bakydyr.
3) Tebigatda dinamiki we stastistiki kanunlar hereket edýär.
4) Jemgyýetiň kanunlaryna akyl ýetirmek kyn, çünki olar adamlaryň hereketinde ýüze çykýar.

Tebigat adamyň ýaşamagy üçin esasy şerti döredýär. Jemgyýet hemme sarp edýän zatlaryny tebigatdan alýar. Ol tükeniksiz däldir. Öz gezeginde adamzat öziniň ýaşamagy üçin oňaýly bolan tebigaty döredýär. Beýle diýildigi adam tebigatyň üstünden doly agalyk edip biler diýildigi däldir. Çünki biz tebigat bilen bile onuň kanunlary boýunça ýaşamalydyrys. Sebäbi tebigatyň kanunlarynyň garşysyna hereket etseň ol adam hereketiniň netijelerini we adamyň özüni ýok edip biler. Häzirki zaman tehnikasynyň ösüşi tebigaty giň we çuň öwrenmeklige mümkinçilik döredip adamyň täsiriniň netijeleri tebigata zyýan ýetirip biler. Häzirki zaman ekologiki problemalar barada aýratyn temada durup geçeris.

**Jemgyýetiň ykdysady ulgamy we onuň filosofik mazmuny.** Bu meseleler bilen esasan ykdysady ylymlar meşgul bolýarlar. Emma ykdysady durmuş, jemgyýet we daşky gurşaw bilen baglanşykly meseleler sosial filosofiýanyň hem meseleleri bolýar. Sosial filosofiýa bu ýerde: umuman jemgyýet bilen ykdysady durmuşyň özara baglanyşygy; ykdysady durmuşyň ösüş çeşmeleri; ykdysady durmuşyň obýektiw we subýektiw taraplary; ykdysady aň we onuň ykdysady durmuşa täsiri; jemgyýetdäki adamlaryň ykdysady gatnaşyklary we ykdysady bähbitleri bilen baglanşykly soraglara garaýar. Bu ýerde neneňsi jemgyýetiň ykdysady durmuşyna we onuň ösüşine aňyň, şol sanda ylmyň üsti bilen täsir etmeklik mümkinçiligi baradaky sorag esasy ähmiýete eýe bolýar. Jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň ewolýusiýasy bilen ykdysady ewolýusiýanyň aragatnaşygy we olara döwletiň täsiri bilen baglanşykly soraglary hem aradan aýryp bolmaýar.

Şu we şuňa meňzeş beýleki soraglar jemgyýetiň ýaşaýşy bilen bagly bolup, diňe bir ykdysady däl, eýsem, sosial-filosofiki ähmiýete hem eýe bolýarlar.

**Önümçilik usuly jemgyýetiň ýaşaýyşynyň maddy esasydyr.** Jemgyýetiň ykdysady durmuşyna ilki bilen önümçilik, paýlamak, dürli zatlary alyp-çalyşma we ulanmak ýaly ugurlar girýärler. Olar maddy baýlyklary, şol sanda azyk, geýim-gejim, jaý, ulag we aragatnaşyk serişdeleri ýa-da hyzmatyň görnüşleri bolan saglygy goraýyş we bilim bolup bilerler. Ruhy gymmatlyklary öndürmekligiň, paýlamaklygyň we çalyşmaklygyň hem ykdysady manysy bolýar, sebäbi olaryň öndürilmegine akyl we fiziki zähmet sarp edilýär.

Her bir önümçilik prosesi şu aşakdaky üç pursady: 1) adamyň maksada laýyk işini, ýagny zähmeti; 2) zähmet predmetini; 3) zähmet predmetine adam tarapyndan täsir edilýän zähmet gurallaryny nazarda tutýar.

Önümçilik prosesinde tebigata täsir etmek, tebigat predmetlerini öz isleglerine we maksatlaryna laýyklykda özgertmek bilen, adam zähmete öz endiklerini, öz önümçilik tejribesini, tebigatyň güýçlerini ele almak baradaky öz başarjaňlygyny kämilleşdirýär, öz tebigy ukyplaryny ösdürýär. Şonuň üçin mydamalaýyn önüm öndürmezden, jemgyýetiň bolmaýandygyna, ýoklugyna, ýaşap we dowam edip bilmejekdigine göz ýetirmek kyn däl. Jemgyýetiň ýaşamagy üçin adamlaryň üznüksiz we yzygiderli önüm öndürmelidigi düşnüklidir. Jemgyýetçilik önümçilik prosesinde maddy zatlary öndürmeklik ilkinji, kesgitleýji elementdir.

Jemgyýetde adamlaryň ýaşaýyş durmuşy üçin maddy nygmatlary öndürmeklik adamzat taryhynyň fundamental şertidir. Maddy nygmatlary öndürmeklik mydama jemgyýetçilik häiýete eýedir. Aýry – aýry adamlar toplumynyň bilelikdäki zähmeti öndürülýän önüme jemgyýetçilik häsiýetini berýär. Adam ýaşamak üçin, elbetde, ýaşaýşyň serişdelerini döretmegi gerek. Adam tebigatyň beren zady bilen kanagatlanmaýar. Adam öz zähmetini ilki bilen tebigatyň kanunlaryny öwrenmäge gönükdirip, tebigatyň zady esasynda, heniz tebigatda bolmadyk zady döredýär. Diýmek, maddy zatlary öndürmek bu adamlaryň döredijilik zähmetiniň miwesidir. Serişdeleriň kömegi bilen tebigatyň zatlaryny özgertmek esasynda öz zerurlyklaryny kanagatlandyrmakdyr.

Adamlaryň döredijilik işi haýsy bir ulgam boýunça bolsa hem, ol belli bir islege, zerurlyga esaslanýar. Sarp etmeklik organizm üçin, şahsyýet üçin, sosial toparlar, tutuş jemgyýet üçin ýaşaýyş zeruryýetdir. Bu proses, umuman, subýektiň obýektiw reallykdan almaly zady, adam üçin zerurlyk, ýaşaýyşy saklamagyň we tebigat bilen jemgyýetde deňagramlylygyň bolmagynyň esasy şerti. Şeýle bolan ýagdaýda belli bir maksat – isleg ýüze çykýar. Isleg durmuşyň gös-göni talaby, özi hem döredijiligiň mötiwidir. Munuň özi islegi kanagatlandyrmaklygyň kömekçisi bolup durýar.

Sarp etmek we isleg şahsy we jemgyýetçilik häsiýetde bolýar. Olar biologik we material , hat-da ruhy görnüşlerde bolýarlar.

Maddy nygmatlary öndürmekligiň iki tarapy bar. Olar öndüriji güýçlerden we önümçilik gatnaşyklaryndan ybaratdyrlar (bular barada soňrak gaýdyp geleris). Önümçilik prosesini durmuşa geçirýän adam zähmetiň subýekti bolýar. Adamlar öndüriji güýçleriň esasy we kesgitleýji agzalarydyr. Elbetde, önümçiligi durmuşa geçirmek üçin zähmet gurallarynyň bolmagy hem zerur. Zähmet gurallary adamlar tarapyndan döredilen predmetler bolup, olaryň üsti bilen adamlar daşky dünýä täsir edýärler, olary jemgyýetiň peýdasyna, islegine görä üýtgedýärler. Şu ýerde önümçiligiň derejesi zähmet gurallarynyň çylşyrymlylygy bilen kesgitlenilýär we jemgyýetiň ösüş derejesini aňladýar. Önümçilik üçin, şeýle hem önüm öndürmek üçin zerur bolan jaýlar, ambarlar, ulag we ş.m. gerek bolýar. Bular zähmet gurallary bilen birlikde zähmetiň serişdelerini düzýär. Serişdeler bilen zähmetiň predmeti önümçilik serişdelerini düzýär.

Adam bu düzümde kesgitleýji orna eýedir. Ol jemgyýetçilik önümçiligi bilen ruhlanan we adamzat taryhynyň tejribesini alandyr.

Diýmek, öndüriji güýçlere ilki bilen adamlar, geçmişiň tejribesi, olaryň önümçilik endikleri, jemgyýet tarapyndan döredilen önümçilik sreişdeleri, önümçiligiň tehnologiýasy we beýlekiler degişlidir.

Maddy nygmatlary öndürmeklik adamlaryň ýaşaýşy üçin zerurlyk bolup durýar. Elbetde, öň belleýşimiz ýaly, adam tebigatyň beren zady bilen kanagatlanmaýar. Adam özüniň zähmeti we deri bilen özüni kanagatlandyrar ýaly serişdeleri döredýär. Adam özüniň zähmeti bilen tebigatyň zatlaryny üýtgedýär hem-de heniz tebigatda bolmadyk zatlary döredýär.

Adamlaryň döredjilik işi jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy ulgamynda bolsa hem mydama öz islegi bilen aýrylmaz

baglanşykda bolýar. Isleg organizmiň durky üçin, şahsyýet üçin sosial toparlar üçin, tutuş jemgyýet üçin, olaryň ýaşaýyş şerti bolmak bilen durmuşlaryny işjeň ugra gönükdirmekleri üçin zerur şert bolup durýar.

Adam öz zähmetini ýeňilleşdirmegiň serişdesi hökmünde tehnikany döredýär. Tehnikanyň döremeginiň özi bolsa, adam zähmetiniň netijesi, onuň biliminiň ösüşidir. Tehnikanyň taryhy we ösüş prosesine üç esasy etap: el zähmetiniň gurallary, maşynlar, awtomatlar degişlidir. Tehniki progres zähmet öndürijiliginiň esasy faktory, şeýle hem öndürüji güýçleriň derejesini kesgitleýjidir. Ylmyň we tehnikanyň gazananlary häzirki döwürde öndüriji güýçleriň ösmeginiň möhüm şertidir. Ýöne bu prosesde, elbetde, kesgitleýji orun adama degişlidir, çünki ol tehnikany hem döredijidir.

Tehnika ylym bilen birlikde ähli halklaryň jemgyýetçilik, maddy we şonuň ýaly-da ruhy dünýäsinde kesgitleýji orun eýeläp, ýer ýüzüniň keşbini düýpgöter özgertmekligi däl, eýsem, hut şu gün tehnikanyň ýokary derejä çykan wagty, onuň düýp häsiýetleri aýdyň görünýänligi bilen bagly bolýar. Mysal üçin, tehnikanyň ösmekligi ylmyň käbir häsiýetnamalaryna we onuň tehnika bilen baglylygyna täzeçe garamaklygyň gerekligini ýüze çykardy. Tehnika kabul edilýän ykdysady, ekologiki, sosial, ylmy, syýasy çözgütleriň köpüsine kesgitleýji täsir edýär.

“Tehnika” düşünjesi “tehne” (grekçe-senetçilik, sungat, ussatlyk) sözünden gelip çykýar. Tehnika düşünjesiniň örän köp sanly kesgitlemesi bar. Olardan bir işi ýerine ýetirmeklik üçin ulanylýan usullaryň we düzgünleriň jemi; maddy dünýäni özgertmeklige we adamyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmaklyga alyp barýan hereket; gurallaryň we maşynlaryň ulgamy; önümçilik işiniň amal edilişini üpjün edýän ähli maddy şertler, ýagny giň manyda zähmet serişdeleri; we başgalar.

Biz öň belläp geçişimiz ýaly önümçilik usulynyň iki tarapy öndürüji güýçler we önümçilik gatnaşyklary bar.

Jemgyýet tarapyndan döredilen we özleriniň kömegi bilen maddy nygmatlar öndürilýän önümçilik serişdeleri, ozaly bilen bolsa, zähmet gurallary, şonuň ýaly-da belli bir önümçilik tejribesi esasynda önümçilik prosesini amala aşyrýan adamlar jemgyýetiň öndüriji güýçlerini emele getirýärler.

Önümçilik gatnaşyklary diýen düşünjä sözüň giň manysynda adamlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň hemme formalaryny öz içine alýar. Meselem önümçiligiň dürli pudaklarynda hususan-da mugallymlaryň, lukmanlaryň, işläp bejerýän senagatda işleýän adamlaryň we ş.m.leriň arasynda zähmetiň jemgyýetçilik bölünişi şonuň ýaly gatnaşyklardyr.

Önümçilik gatanaşyklarynyň häsiýeti ozaly bilen gös-göni öndürijileriň zähmete gatnaşygynda, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga olaryň gyzyklanyşynyň derejesinde ýüze çykýar. Täze önümçilik gatnaşyklary adatça ol ýa-da başga bir derejede işgärleriň zähmet öndürjüligini ýokarlandyrmaga gyzyklanmagyny güýçlendirýär.

Häzirki döwürde Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletimizde zähmete – erkinligiň berilmegi, marksistik filosofiýanyň "önümçilik gatnaşyklary isleg boýunça emele gelmeýär" diýen taglymatynyň çäkli nädogrydygyny açyp görkezmek bilen biziň ýurdymyzda Türkmenistanda her bir adam öz ukybyna, başarjaňlygyna, islegine, hünärine göre erkin zähmet çekip, iş saýlap önümçilik gatnaşyklaryny öz islegi boýunça emele getirip bolýanlygyny durmuş subut etdi.

Häzirki zaman önümçilik prosesinde guramaçylyk gatnaşygy esasy, kesgitleýji orna eýe bolýar. Önümçilik gatnaşyklaryndan guramaçylyk gatnaşygynyň öňe çykmagy häzirki zaman önümçilik prosesiniň esasy häsiýetidir. Ýöne öňki dünýägaraýyş bu meselede şeýle pikiri, ýagny önümçilik gatnaşyklary obýektiw adamyň aňyna bagly däl diýlen ýörelgäni öňe sürýärdi. Häzirki zaman önümçiligine degişli

bolan dürli baglanyşyklara we gatnaşyklara düýpli, çuňňur üns berilse, onda hakykatdan hem önümçilik bilen baglanyşykly ähli özgertmeler gös-göni adamynyň aňy, onuň paýhasy bilen baglydyr. Hatda önümçilik bilen bagly bolan önüme bolan isleg hem adamyň aňy, onuň maksatnamalary we meýilnamalary esasynda döreýär.

Önümçilik usuly, önümçilik gatnaşygy, önümçilik prosesi babatdaky üýtgeşmeler we özgertmeler dürli ýurtlar, döwletler, dürli welaýatlar hem-de etraplar bilen baglanyşykly ýagdaýda önümi öndürmek, önümçiligi gurnamak meselesinde belli bir özboluşlyklar bilen bagly ýüze çykýar. Munuň beýle bolmagy kanuny zat. Çünki tebigy şertler, topragyň düzümi, önümçilik gurallarynyň ulanyş mümkinçilikleri bularyň ählisi önümçilik prosesine isleseň, islemeseň, öz täsirini ýetirýär.
Önümçilik prosesinde eýeçilik meselesi ikinji derejeli bolýan hem bolsa, önümi öndürmekde, ony ýerlemekde guramaçylyk maksatnamalary we meýilnamalary, önümçilik prosesini gurnamakda esasy orna eýe bolýar.

**Eýeçilik we şahsyýetiň öz-özüni ykrar etdirmegi**. Ýokarda biz bu meseläniň käbir tarapynyň üstinde durup geçipdik. Bu ýerde gürrüňi „eýeçilik" diýen düşünjäni anyklamakdan başlalyň. Eýeçilik (önümçilik serişdelerine) önümçilige gatnaşýan aýratyn adamlaryň ýa-da toparlaryň arasyndaky önümçilik serişdelerine bolan gatnaşygynyň üsti bilen kesgitlenen, iň esasy ykdysady gatnaşyk bolýar. Eýeçilik önümçilik gatnaşyklarynyň esasy bölegi bolup, önümçiligi gurnamaklyk, öndürilen harytlary bölmeklik boýunça ykdysady we sosial-ykdysady gatnaşyklary döredýär we jemgyýetiň sosial düzümini kesgitleýär.
Eýeçiligiň dürli görnüşleri bolýar: hususy, toparlaýyn, döwlet we başgalar. O1ar hem eýeçiligiň subýektini kesgitleýärler. Olaryň hataryna: aýratyn adamlar, aksionerler, döwlet we olaryň dürli görnüşdäki birleşmeleri girýärler. O1ar hem öz gezeginde dürli hili bolýarlar. Eýeçiligiň obýekti emläk bilen bagly bolup: ýer, önümçilik serişdeleri, desgalar, jaý, pul, gymmat bahaly kagyzlar we başgada girdeji gazanmaklyga

mümkinçiligi döredip bilýän zatlary öz içine alýar. Häzirki döwürde eýeçiligiň obýektiniň bir görnüşi bolan halkara kapital hem ösen görnüşe eýe boldy.

Türkmen jemgyýetiniň häzirki özgerýän döwründe eýeçilik bilen bir hatarda „eýeçilik etmek" we „telekeçi" düşünjeleri örän ähmiýetli bolandyklary sebäpli biz olaryň üstünde durup geçeliň. Eýeçilik etmek öz zadyňa erk etmeklik bilen bagly bolýar. Eýeçi öz zadyny belli bir şertlerde başga kişä (mysal üçin telekeçä) eýeçilik etmäge hem berip biler. Şonda eýeçi bilen telekeçiniň arasynda emlägi hojalyk tarapdan ulanmaklyk gatnaşyklary ýüze çykýar. Telekeçi wagtlaýynça kesekiniň emlägini eýelemäge, ulanmaga we dolandyrmaga ýuridiki hukuk alýar.

Geçen döwürde „eýeçi" we „telekeçi" düşünjeleri biri-birinden kän tapawutlandyrylmandyr. Biziň halkymyz hem telekeçini peýda görmek ugrunda ykdysady töwekkelligi öz üstüne alýan eýeçi häkmünde häsiýetlendirýär. Eýeçiniň özi önümçiligi gurnaýar, meýilleşdirýär, onuň netijesini ulanýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösmegi we onuň bilen baglanşykly gymmatlyklaryň, has hem kredit gatnaşyklarynyň döremegi eýeçi bilen telekeçini biri-birinden tapawutlandyrmaklyga getirýär. Şeýle özgeriş paýdarlar jemgyýetiniň mysalynda aýdyň görünýär. Ozal eýeçilik hakyky emläk bilen bagly bolýan bolsa, indi paýdar gymmat bahaly kagyzyň, ýagny aksiýanyň eýesi bolýar. Bu özgeriş hususy eýeçilikden korporasiýanyň eýeçiligine geçilmegine, eýeçiligiň telekeçilikden aýrylmagyna getirýär. Kem-kemden telekeçi ykdysadyýeti ösdüriji esasy güýje öwrülýär.

Şeýle özgeriş türkmen jemgyýetinde özboluşly görnüşde geçýär. Hususy eýeçilik hem, telekeçilik hem ýurt garaşsyzlygyny alanyndan soňra täzeden döremeli boldy. Türkmen halky şonda bu gymmatlyklary inkärleýän jemgyýet gurluşyndan bazar ykdysadyýetiniň we hukuk döwletiniň gymmatlyklaryna esaslanýan jemgyýet gurluşyna geçmeli boldy.

Sosial – ykdysady dolandyryşyň düýp mazmuny we düzüm bölekleri. Jemgyýetiň ykdysady durmuşyny dolandyrmaklyga iki hili garaýyş şu wagta çenli täsirli boldylar. Ykdysadyýeti bazar bäsleşiginiň şertlerinde özakymyna döreýän giňişleýin düzgün esasynda gurnamak. Ösen ýurtlarynyň tejribesiniň görkezişi ýaly, bu düzgün ykdysadyýetiň netijeliliginiň wajyp şerti bolup çykyş edýär. Ykdysadyýeti dolandyrmaklyga bolan ikinji garaýyş, ony merkezden dolandyryp, ähli baýlyklary umumylykda ulanyp jemgyýetde adamlaryň gatnaşyklaryny oýlanşykly gurnamaklyga gönükdirilen ýörelgelerden ugur alýar. Ykdysaadyýeti dolandyrmaklygyň bu iki hili biri-birinden hem netijeliligi, hem-de aňladylşy bilen tapawutlanýarlar.

Merkezleşdirilen ykdysadyýetiň belli bir derejede täsirlilige eýe bolýanlygyny bellemeli. Onuň täsirliligi adamyň daşky isleglerine jogap berýänligi bilen bagly bolýar, Bu düzgüniň esasynda edilýän oýlanmalara görä eger adamlar öz hereketlerini ugrukdyryjy düzgünleri oýlap tapan bolsalar, onda olara ol düzgünlerden has gowy we özüne çekiji täze düzgünleri tapmak hem başardar. Ýöne, eger adamzat özüniň birleşip ýaşaýanlygy üçin takyk hereket görnüşlerine bagly bolýan bolsa, onda ol olary başga bir zat ýaly bolup görünýän hereket görnüşleri bilen çalşyp bilermi? Yok, çalşyp bilmez. Görşümiz ýaly, bäsleşige esaslanýan bazar düzgüniniň we merkezleşdirilen ykdysadyýetiň ýörelgeleriniň arasyndaky tapawut adamzadyň ýaşamaklyk mümkinçilikleri baradaky sorag bolýar. Köp ýurtlar, şol sanda Türkmenistan hem XX asyrda merkezleşdirilen ykdysadyýetiň içinde ýaşamaly boldy. O1aryň tejribesi ykdysadyýeti dolandyrmaklygyň bu görnüşiniň netijeliliginiň pes bolýandygyny görkezdi.

Şonuň üçin bu ýurtlaryň aglabasy täze döwürde bazar ykdysadyýetiniň gymmatlyklaryny özleşdirmäge girişdiler. Ykdysady galkynyşy adamlaryň we zähmet birleşmeleriň ähli görnüşleriniň işgärleriniň bazar bäsleşigi şertlerinde zähmet we telekeçilik işewirligini artdyrmak esasynda gazanmaklyga çalşyldy. Şonda köp ýurtlarda bazar ykdysadyýetiniň

şertlerinde amal edilýän şeýle özgerişi döwletiň kömegi bilen ýurduň ykdysady we ylmy-tehniki ösüşini hem-de adamlaryň durmuş goraglylygyny üpjün edip ýetip bolunjaklygy hem göz öňünde tutuldy. Bu ýurtlaryň ykdysadyýetinde geçýän özgerişler köp derejede özboluşly.

Türkmenistanda, mysal üçin, ykdysady meseleleri dolandyrmaklyga döwletiň gatnaşmaklygynyň gerekligi köp deliller bilen şertlendirýär. O1ar: adamlaryň sosial goraglylygyny üpjün etmek, ykdysadyýetde ösen ýurtlaryň yzyndan ýetmek, uly mäçberli sosial ykdysady taslamalary amal etmek we başg. Şu maksatlara ýetmeklik üçin jemgyýetiň özgerişi bilen bagly bolan gatnaşyklar we gymmatlyklar döwlet tarapyndan kesgitlenen üýtgetmeler esasynda girizilýär. Täze jemgyýetçilik gurulşygynyň başlangyç döwründe, heniz ýurtda bazar sazlaşykly ýörelgeleriniň, erkin bäsleşik şertlerindäki durmuş tejribesiniň berkemedik mahalynda bazar ykdysadyýetiniň esaslary ilki bilen döwlet düzgünleriniň kömegi arkaly berkarar edilýär. Geçiş döwri tamamlanyp jemgyýetiň demokratik häsiýeti güýjemegi bilen dolandyryşyň subýekti giňelýär. Bazar gatnaşyklarynyň berkemegi bilen ykdysadyýeti dolandyrmaklykda telekeçileriň, hünärmenleriň orny artýar. Bu işe ylmy edaralar, alymlar gatnaşýar. Bu döwürde ykdysady ösüşiň toplumlaýyn, uzak mähletleýin mümkinçiliklerini açmaklyga uly üns berilýär.

Türkmenistanda, mysal üçin, ýurduň ykdysadyýetini bazar gatnaşyklaryna geçirmekligiň türkmen modeli işlenip düzüldi. Onuň häsiýetli aýratynlyklary: Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlylygyny diwersifikasiýalaşdyrmak; dünýä ylmynyň gazananlaryny özünde jemleýän, halkara bazarlarynda bäsleşige ukyply taýýar önümleri öndürmek; daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmekligiň ykdysady we hukuk binýatlaryny halkara standartlarynyň derejesine getirmek; milli manadyň ýeke-täk bazar hümmedini girizmek; Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdeji binýadyny

berkitmek we şunuň netijesinde ýurduň sosial pudaklarynyň ösüşine uly möçberlerde maýa goýum serişdelerini gönükdirmek.

Belli bolşy ýaly, jemgyýete ornaşýan bazar ykdysadyýeti bada-bat pähim-paýhaslylygy we rasional ýörelgeleri özünde jemleýän netijeli zähmet edebini göriji adamlaryň önümçilikde giňişleýin ýaýramagyna hemaýat edip bilmeýär. Kähalatlarda jemgyýete ornaşýan täze gymmatlyklara ähli zady, şol sanda adamlara hem peýda berýän serişdä öwürýän güýç diýip düşünýänlere hem duş gelse bolýar. Özgerişe serişde hökmünde şu hili garamaklyk işewir telekiçileriň ugrukdyryjy düşünjesine öwrülen ýagdaýynda ykdysady bähbitden daşarky gymmatlyklara, milli we umumyadamzat ahlak gymmatlyklaryna kembaha garalmagy mümkin. Şol sebäpli özgerişiň özüne ýeterlikli gymmatlyk diýip düşünilmegi, ýagny oňa şahsyýetiň özüni kämilleşdirmäge dörän mümkinçilik hökmünde garamaklygy gerek. O1 bolsa bähbidi, gazanjy ruhy-ahlak ölçegler bilen ölçemekligi talap edýär, ýagny ykdysadyýetiň ahlak-psihologiki sütünleriniň döremekligi gerek.

Bazar gatnaşyklarynyň içinde ykdysadyýet we ahlaklylyk berk baglanşykda bolanda jemgyýet ynsanperwer ösüşe eýe bolýar.

## Soraglar

1. Jemgyýetiň ykdysady durmuşy nämäni aňladýar?
2. Adamlaryň ýaşaýyş durmuşynda maddy nygmatlary öndürmekligiň ähmiýeti barmy?
3. Maddy nygmatlyklary öndürmekligiň iki tarapy haýsylar?
4. Eýeçilik näme?
5. Sosial – ykdysady dolandyrşyň düýp mazmuny nämeden ybarat?

## Syýasy filosofiýa

**Syýasat düşünjesi we hukuk gymmatlygy.** Syýasat adamlaryň biri-biri bilen baglanşykda ýaşap, jemgyýeti emele getirmek üçin amala aşyrylýar. Ilki durmuş obşina jemgyýetinde syýasat bolmandyr, çünki adamlaryň bähbitleriniň çakyşmagynyň ykdysady esasy bolmandyr. Jemgyýeti düzýän adamlaryň bähbidi syýasy bähbit bilen kesgitlenipdir we mynasybetde bolupdyr. Opsiýet akademiýasynyň habarçy agzasy A.G.Spirkin öz okuw kitabynda ykdysady bazis bilen nastroýkasynyň birliginden ugur alyp ykdysady bazisiň kesgitleýji rolyny inkär etjek bolýar. Beýle garaýyş bilen ylalaşyp bolmaz. Çünki iki birligiň biri kesgitleýji, beýlekisi kesgitlenýän bolup biler.

Syýasat hukuk, kanun we etiki düşünjeler bolan adalat, azatlyk düşünjeleri bilen baglanşyklydyr. Jemgyýetiň syýasy gurluşynda hukuk sazlaşdyryjy orun tutýar. Hukuk köpçüligiň deň hukukly bolmagyny talap edip adamlaryň özleri deň bolmasada hukugyň öňünde deňdirler. Şeýlelikde köpçüligiň agzalary bilen azatlygyň çäklendirilmegi başga bir adamyň azatlygyny ykrar edýär we mümkinçiligini döredýär. Hukuk bilen kanun özara baglanşykly bolsa-da bir-birinden tapawutlydyr. Sebäbi hukuk däp-dessur bilen bagly ýagdaýda adamlaryň gatnaşmagyny sazlaşdyrylýan gural hökmünde sosial normalara degişlidir. Kanun bolsa döwletiň emel gelmegi bilen baglanşyklydyr. Hukuk hem-de kanun gadagançylykdyr. Ýöne gadagançylyk düşünjesi hukga degişlidigine hemme adamlaryň boýun bolmak ýagdaýynda amala aşýarlar. Emma kanunada hemme adam boýun bolmalydyr ýöne kanun mejburlykdyr. Şeýlelikde hukuk bir döwletiň çäginde adamlaryň özüni alyp baryş ölçegidir.

Hukuk beýleki adamlaryň hukugyny çäklendirmeli däldir. Öz azatlygyňy çäklendirmezden başga bir adamlaryň azatlygyny üpjün edip bolmaz.

Hukuk jemgyýetde adamlaryň azat bolmagynyň şertidir. Kanun adamlary goramak bilen çäklenmän, özüňi özüňden

goraýar. Biz azat bolmak üçin kanunyň guly bolmalydyrys. Adamyň kanuny bil mezligi ony jogapkärçilikden boşatmaýar. Borçsyz hukuk we kanun ýok. Borçsyz hukuk eden etdilige alyp barýar. Hukuk normalary bolmasa hiç bir döwlet, halk ýaşap bilmez. Şonuň üçin Türkmenistanda Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň ilkinjileriniň biri bolup hukuk instituty açyldy. Inistitut biziň ýurdumyzyň we döwrüň aýratynlygyny göz öňüne tutup Türkmenistanyň hukuk normalaryny işläp düzýär. Türkmenistanda dünýewi adalat jemgyýeti gurulýar. Şonuň üçin hukuk normalaryny işläp düzülende onuň adalatly hukuk normalary bolmalydygyna uly ünüs berýär. Biziň ýurdumyzda her kime zähmetine görä diýen şerti hususy eýeçilik gatnaşylaryna mynasyp çözülmegine çalyşmagy hormatly Prezidentimiziň gündelik işine öwrüldi.

**Döwletiň düýp mazmuny.** Jemgyýetiň syýasy gurluşynda döwlet esasy ýeri eýeleýär. Çünki jemgyýetde hereket edýän güýçleriň hemmesi döwletde jemlenýär.

Döwletiň esasy wezpesi jemgyýetçilik ýaşaýşynyň esasyny gorap jemgyýeti ösdümäge şert döretmekdir. Döwletiň emele gelmegi hususy eýeçiligiň ornaşmagy bilen baglydyr. Ilki durmuş obşina jemgyýetinde döwlete zerurlyk bolmandyr, sebäbi hususy eýeçilik ýüze çykmandyr. Şonuň üçin jemgyýetçilik meseleleri ähli agzalary tarapyndan çözülüpdir.

Filosofiýanyň taryhynda döwletiň düýp mazmuny barada pikirler öňe sürülipdir we bir-birine garşylykly pikirler bolupdyr. Bir näçe filosoflar absalýut syýasat demokratiýa bolmaly diýip tassyklaýarlar. Emma demokratiýa halk häkimiýeti bolýan bolsa şol häkimiýeti amala aşyrmaga şol halkyň syýasy, medeni derejeleri demokratiýanyň derejesine mynasybeti gerek. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Günbataryň demokratiýasyny şol durşuna kabul etmegi inkär edip, Türkmenistanyň içerki we daşarky ýagadaýlaryny göz öňüne tutup ýurtda kanunlaýyklary kem-kemden ornaşdyrýar.

Döwletiň gurluşynda aýratyn guramalar döwletiň borçlaryny ýerine ýetirýärler. Döwletiň teretoriýasy bolup şol teretoriýada ykdysady, syýasy, içki we daşky syýastyny amala aşyrýar.

Taryhda döwletiň dürli gurluşy ýüze çykandyr. Monarhiýa – bir adam tarapyndan häkimlik edilmegidir. Döwlet nesilden-nesle geçýär. Respublika görnüşi saýlawly döwlet görnüşidir. Başgada köp dürli döwlet gurluşy bolupdyr. Emma olaryň köp dürli bolmagy bilen döwletiň syýasy düzgüni ýada demokratik ýol bilen ýa-da totalitar ýol bilen amala aşyrylyp bilner.

Ilki döwlet düşünjesini edebiýata N. Leskise girizipdir. Döwlet – jemgyýetiň edaralarynyň yzgiderli gurluşydyr. Ol içki hukuk ýaşaýyşyny üpjün edýär. Öz raýatlarynyň hukugyny goraýar, häkimiýetiň hemme edaralarynyň işini kadalaşdyrýar. Kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, sud edaralarynyň işlerini guraýar. Döwlet öz halkyny goraýar, içki we daşary syýasaty alyp barýar. Ol jemgyýetiň materiýal we idealogiki ugurlaryny kesgitleýär. Şonuň üçin döwletsiz halk ýaşap bilmez. Döwlet aýry-aýry adamlaryň bähbidini üýtgaşdyryjy edaradyr.

Türkmenistan ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda halkyň material üpjünçiligi gün-günden ýokarlaýar halkyň aýlyk haky yzygiderli köpeldilýär. Jemgyýetiň ýagdaýy garrylaryň, çagalaryň ýaşaýyş derejesi bilen kesgitlenýär. Biziň ýurdumyzda uruş weteranlarynyň, tylda zähmet çekenleriň pensiýa hakynyň 20 göterim köpelmegi muňa şaýatlyk edýär. Çagalara tölenýän kömek puly hem yzgiderli köpeldilýär. Şu zatlaryň esasynda halkyň ahlak derejesi milli häsiýete eýe bolýar. Ýurdumyz abadan, Türkmen bitewiligi ornaşýar.

**Demokratik jemgyýetiň gurluşy. Syýasy gurluş.** Hemme jemgyýetde syýasy gatnaşyklar emele gelýär, ýagny syýasy gurluşlar partiýalar, syýasy pikirler ýüze çykýar. Syýasat grek sözi bolup (politike) döwleti dolandyrmak sungaty diýmegi aňladýar.

Jemgyýetiň syýasy gurluşyna döwlet edaralary, partiýalary, kärdeşler guramasy, jemgyýetçilik guramalary girýärler.

Syýasat ylmy we jemgyýetiň ahlak baýlyklaryna daýanýar. Alnyp barylýan syýasat ähli halk tarapyndan goldanýan bolsa şonda şol döwlet berkdir. Muňa Türkmen döwleti mysal bolup biler. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan syýasat (bitaraplyk syýasaty, açyk gapylar syýasaty, neşekeşlige garşy göreş syýasaty, daşary ýurt bilen dostlykly aragatnaşygy ösdürmegi we ş.m.) ähli halk tarapyndan gyzgyn goldanylýar. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda mizemez Türkmen döwleti, guruldy diýip kesgitli aýdyp bileris.

Syýasat ahlak çäkleri bilen ýýtgaşýar. Beýle üýtgaşmaklyk hukugyň esasynda amala aşyrylyp bilner. Ahlak bilen syýasatyň birligi demokratik jemgyýetde mümkindir. Biziň ýurdumyzda syýasat ahlak çäklerine daýanýar, biri-biriniň üstüni doldur[ýar.

Häkimiýet üç bölege bölünýär:

1) Kanun çykaryjy.
2) Ýerine ýetiriji.
3) Sud guramalary.

Häkimiýetiň şeýle bölnüşigi nädogry syýasaty aradan aýyrmak mümkinçiligini döredýär.

Döwletiň üç şahalary aralarynda doly ylalaşykda işlände hemme syýasy çäreler doly amala aşyrylýar.

Kanun çykaryjy şaha öz çykaran kanunlarynyň ýerine ýetirlişini seljerýär. Döwletiň ýerine ýetiriji şahasy bolsa bir adamyň ýolbaşçylygynda bolsa hemme syýasy çäreler tiz amal aşýar, çünki kanunlary ýerine ýetirmek üçin tiz çäre görmek zerurlygyny öňe çykarýar. Biziň ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylyk etmegi hemme çäreleriň tiz amala aşyrlyp ýurdumyzyň güýçli depginde ösmegini üpjün edýär.

Üçünji sud şahasy bolsa kanunlaryň ýerne ýerlişini saýgarýar. Biziň ýurdumyz ýaly demokratik dünýewi döwletde demokratiýanyň eden-etdilik bilen utguşmaklygyna garşy çäreler görülýär. Şonuň üçin Türkmen halkyna mahsus bolan, düşnikli bolan, demokratik gatnaşyklar ösdürilýär. Emma birnäçe Günbatar ýurtlary Günbatar demokratiýasyny ündeýärler. Biziň Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berimuhamedow Türkmen demokratiýasyny ornaşdyrmaga hemme çäreleri görüp ýurtda emele gelen demokratik gatnaşyklary göz öňünde tutup ýurdy öňe alyp barýar. Türkmenistanda bolşy ýaly, azat ýurtda konsitutsiýa höküm sürýär. Biziň konsitutsiýamyz hemme adamyň azat bolmagyny, olarayň hukuklaryny goramagy kanunyň öňünde hemmme adamyň deň bolmagyny üpjün edýär. Şeýlelikde demokratiýa jemgyýetiň baýlygyny döredýän azat raýatlary kanunyň çäginde azat hereketlerini aňladýar. Jemgyýetiň demokratik ýol bilen ösüşi, syýasatyň ahlak gatnaşyklaryna ýakynlaşyp ahlak gatnaşyklary syýasatyň bir bölegine öwrüler. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen däp-dessurlaryny, ahlak çärelerini dikeldip türkmen syýasatyny alyp barýar. Biziň hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynyň aýratynlygy ol hem sosial meselelere uly üns bermegidir ýa-da “Döwlet adam üçindir” diýen düşünjäni öňe sürüp döwleti adamyň hyzmatynda goýdy. Beýle diýmek döwlet halkyň islän syýasatyny amala aşyrýar. Şonuň üçin biziň ýurdumyzda alnyp barylýan syýasat halkyň islegine gabat gelýär. Munuň şeýledigine Türkmenistanda höküm sürýän parahatçylyk, agzybirlik, halkyň hal-ýagdaýynyň barha gowylaşmagy muňa şaýatlyk edýär.

**Demokratik däl syýasy düzgünler.** Jemgyýetiň taryhynda demokratiýa ornaşýança birnäçe demokratik däl düzgünler orun alypdyrlar. Sebäbi döwletiň görnüşleri, syýasy düzgünleriň orun almagy, jemgyýetiň ösüş basgançagy bilen kesgitlenýär, ýagny halkyň häsiýetine, ahlak derejesine, sowatlylyk derejesine, ýaşaýyş ýagdaýyna baglydyr. Gul

eýeçilik jemgyýetinde patyşa öz häkimiýetini islegine görä amal edipdir, çäklendiriji kanun bolmandyr. Demokratik däl gurluşa awtoritar gurluş girýär. Bu häkimiýete gürrüňsiz boýun bolmakdyr. Beýle gurluşyň höküm süren wagty adam hukugy barada gürrüň bolup bilmez.

Totalitar döwletde diňe şol gurluşyň bähbidine garaşly bolmakdyr. Totalitar gurluşyň aýylganç görnüşi faşistik gurluşdyr. Ol hemme demokratik ugurlary basyp ýatyrýar.

Totalitarizim adamlary gorky astynda saklan olaryň ruhyny depeleýär. Häzirki zamanda gurluşyň erbet görnüşleri taryhda galyp esasan demokratik gurluşlar ornaşýar. Türkmenistan jemgyýetiniň taryhynda demokratik gatnaşyklar türkmen halkynyň ruhynda orun alypdy. Garaşsyzlygymyzy alandan soň türkmen ruhyna mahsus bolan demokratik garaýyşlar dikeldildi we hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda giňden ýaýbaňlanýar.

## Soraglar.

1) Demokrartiýa sözüni düşündiriň.
2) Döwletiň gurluşyny aýdyp beriň.
3) Hukuk we kanun düşünjelerini düşündiriň.
4) Syýasy gurluşyň ahlak gatnaşyklary bilen mynasybeti.
5) Demokratik däl döwlet gurluşyň görnüşlerini sanaň, häsiýetlerini aýdyp beriň.

## Jemgyýet we adamzat, millet we maşgala.

**Jemgyýet we bileleşik**. Sosial filosofiýanyň özi belli bir derejede ol jemgyýet baradaky ylym diýip aýtmak mümkin.Ýöne jemgyýet bilen sosial filosofiýa birmeňzeş däldir. Sosial filosofiýa jemgyýet üçin hem jemgyýet bilen baglanyşykly beýleki ylymlar üçin hem teoriýa hem metod bolup durýar. Öň bellap geçişimiz ýaly, jemgyýet bu sosial organizm bolup, ol ykdysady, syýasy, sosial we ruhy ugurlary özüne birleşdirýär.

Jemgyýet bitewi durmuşy-medeni ulgam bolup çykyş edýär. Jemgyýet bimäçe ulgamlardan durýar, olar bitewileşdiriji, ulgam dörediji häsiýetlere eýe bolýarlar. Şol ulgamlaryň biri bolup durmuşy (sosial) birleşik çykyş edýär.

Durmuşy birleşme – bu belli bir häsiýetdäki durmuşy hereketiň subýekti bolup, hakykatda bar bolan adamlaryň bitewi birleşigi gömüşde çykyş edýär. Diýmek, durmuşy birleşik:

– hyýaly däl-de, hakyky, onda-da barlap bolýan birleşik bolýar;
– adamlaryň, sosial toparlaryň ýönekeý (mehaniki) jemi bolman, özünde ulgamlaýyn häsiýetleri jemleýän bitewilik bolýar;
– durmuşy özara täsiriň subýekti bolýar. Bu bolsa olaryň özüniň ösüşiniň we öz hereketiniň hereketlendirijisi bolýanlygyny aňladýar.

Durmuşy birleşmeler özüniň köpdürli görnüşliligi bilen tapawutlanýarlar. Iki adamy özünde jemleýän kiçi toparlardan başlap, köpsanly halkara syýasy we ykdysady hereketler onuň dürli görnüşleri bolýarlar. Birleşmeleri kadalaşdyrmaklyk üçin ondan başga has düýpli ulgamdörediji ol ýa-da beýleki görkeziji hem ulanylýar. Şolaryň esasynda teritorial, etniki, demografiki birleşmeleri tapawutlandyrsa bolýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, sosial birleşmeler jemgyýetiň bitewileşmeginde, adamlaryň öňünde duran meseleleri çözmeklikde wajyp orun eýeleýärler. Olaryň jemgyýetiň durmuşyndaky ornunyň ykrarlanmagy raýat jemgyýetiniň döremegine esas bolýar.

Raýat jemgyýeti baradaky ideýa öz gözbaşyny antiki döwürden alyp gaýdýar. Rimli akyldar M. Siseron (b.e. öüki 106-43 ý.) raýatyň ýönekeý, durmuşy meseleden başga zada eli ýetmeýän adamdan tapawudyna ünsi çeken. Soňra bu meseläniň üstünde T. Gobbs, DZ. Lokk, G. Gegel, K. Marks we başgalar işleýärler. Häzirki döwürde raýat jemgyýeti syýasy häkimiýetden aýralykda hereket edýän we soňka täsir

etmäge ukyply jemgyýetçilik edaralaryň we jemgyýetçilik guramalaryň toplumy häkmünde göz öňüne getirilýär.

M. Weberiň pikirler akymynda raýat jemgyýeti hakykylykdan has daşda bolan akyl ýetiriş abstraksiýasy, ideal tip bolýar. Ýöne pikiriň özinde belli bir many bar. Onuň manysy, ýokarda bellenilişi ýaly, häkimiýeti, jemgyýeti we şahsyýeti sazlaşdyrmak bilen baglanşykly. Şeýle sazlaşyk gazanylanda häkimiýeti amal edýän döwletiň hökmany suratda kanuna daýanýan hukuk döwleti bolmaklygy wajyp. Şonda jemgyýet hem özgermeli. Oňa dürli görnüşli assosiasiýalar, köpçülikleýin hereketler, partiýalar häsiýetli bolmaly. Şolaryň kömegi bilen ýerli öz-özüňi dolandyryş täze derejä galyp belli bir şertlerde döwletiň täsiri çäklendirilmeli. Raýatyň hem bu ýerde orny düýpgöter üýtgeýär. 0lar indi öz wezipesine yhlasly, jogapkärligi duýýan, borçlaryny ýerine ýetirýän adamlar. Başga sözler bilen aýdylanda, olar ýokary hukuk, ahlak, syýasy aňly, hukuk medeniýetli adamlar. Şeýle häsiýetlere eýe bolan adamlar köpelip jemgyýetde kem-kemden artýan kuwwatly orta gatlak döremeli.

Bu zatlar ajaýyp. Şol bir wagtda bu ýerde hyýalylykdan ýokary galmaklyk wajyp. Mesele ýeňil däl. Bu jemgyýetde hemme adamlar eýeçiler bolup çykyş etmeli we bol-elin ýaşamaly. Ýöne adamzadyň şu güne çenli toplan tejribesi biriniň baýlyk toplamaklyga bolan nebsini we beýlekiniň mugthorlykda ýaşamak pikirini aradan aýryp bilmedi. Netijede, ýetmezlik meselesini hem çözüp bilmedi. Bu birinjiden. Ikinjiden, ähli adamlaryň kanuna boýun raýatlar bolmaklygy hem göz öňüne getirilmegi örän kyn mesele. Şu ýeňil bolmadyk meseleleriň çözgüdi döwletiň, jemgyýetiň we adamyň sazlaşygyny adamyň pähim-paýhasynyň üsti bilen tapyp bolar. Diýmek, täze adamyň ýetişmegi, adamyň özüne akyl ýetirmegi we özünde adamçylygy açmaklygy şol çözgüde barýan ýollar bolýarlar. Bu meselä biz aşakda ýene gaýdyp geleris.

**Jemgyýet we jemgyýetçilik gatnaşyklary, jemgyýetiň ýaşaýyşynyň esasy şertleri.** Jemgyýetçilik gatnaşyklary

esasan, sosial sistemany beýleki material sistemalardan tapawutlandyrýar.

Hereketiň sosial formasyny analiz edeniňde onuň özboluşly häsiýetini görýärsiň. Ol material (maddy) zat bilen ideal zadyň, obýektiw we subýektiwligiň, stihiýalaýyn we meýilnamalaýynlygyň belli bir derejede birliginde bolup geçýär. Elbetde, jemgyýetde bolup geçýän hadysalar adamlaryň aňy we olaryň erki bilen bolup geçýär.

Elbetde, jemgyýetde hadysalar, prosesler adam aňy we onuň döredijilik işi esasynda bolup geçýär. Jemgyýetiň hemrasy zähmetdir. Aslynda “zähmet adamy döretdi” diýlip aýdylýan parasatly pikirdir. Dogrudan hem, jemgyýetde adamyň zähmeti ölçeg hökmündedir. Şonuň ýaly hem adam diňe bir zähmet prosesi bilen çäklenmän ol ähli beýleki sosial gatnaşyklary hem ýöredijidir.

Jemgyýetiň özboluşlylygyny jemgyýetçilik durmuşynda onuň esasy meselesi bolan "jemgyýetçilik durmuş" bilen "jemgyýetçilik aňyň" teswirlenişi bilen hem-de olaryň haýsysynyň haýsa baglydygy bilen jemgyýeti kesgitlemekde olaryň haýsysynyň esasy orna eýe bolýandygy bilen görkezmek bolar. Jemgyýetçilik aňynyň jemgyýetçilik durmuşyna baglygyny taryh subut etdi. Bu teswirlemede material zat bilen ideal zadyň gatnaşygy ýüze çykýar.

Jemgyýetiň material esasyny, material (maddy) jemgyýetçilik gatnaşyklary, onuň ideologik jemgyýetçilik gatnaşyklary beýan edilende olaryň jemgyýetiň "bazisi" we jemgyýetiň "nadstrovkasv"diýen düşünjeler bilen aýrylmazdygy aýan bolýar. Bular jemgyýetiň sosial durmuşynda haýsysynyň ilkinji, haýsysynyň ikinjidigini görkezijidir. Elbetde, jemgyýetiň maddy, material gatnaşyklary jemgyýetiň bazisini düzýär. Jemgyýetdäki ideologik jemgyýetçilik gatnaşygy, onuň nadstrovkasvnv aňladyar.

Adamzat jemgyýetiniň taryhy gös-göni tebigat bilen baglanşyklydyr Ýöne adamzat jemgyýeti ilkibaşdan dörän däldir, adamzadyň özüniň döreýiş taryhy bar. Adam ilkibaşda

özüniň zähmeti we birek-birek bilen sözleşmek, gepleşmek netijesinde sosial hadysa hökmünde döreýär.

Adamzat jemgyýetinde zähmetiň kesgitleýji häsiýeti bardyr, onuň köpçülikleýin guramaçylygy jemgyýetçilik mazmuna eýedir. Zähmetiň ilkinji alamaty zähmet gurallaryny taýýarlamakdan durýar. Zähmet guraly köpçiilik bolup taýýarlanyp, köpçülik bolup ulanylýar. Köpçülik zähmet guralyna ýaşaýşyň manysyny berýär. Adamzat jemgyýeti özüniň ýaşaýşy üçin, şeýle hem adamynyň kämilleşmeginde onuň tebigy organlarynyň gurallara, zähmet serişdelerine uýgunlaşmagy bilen baglydyr. Elbetde, adamyň zähmeti iň ösen haýwanlaryň edýän hereketlerinden kän esse ýokarydyr. Adam özüniň işjeň hereketi bilen tebigata täsir edýär. Ikinjiden, ol mydama zähmet gurallaryny ulanýar we olary täzelemek bilen bolýar. Üçünjiden, adamyň zähmeti aňly-düşünjeli maksada gönükdirilendigi bilen tapawutlanýar. Dördünjiden, ol turuwbaşdan jemgyýetçilik häsiýetinde bolýar, ony jemgyýetsiz göz öňüne getirmek hem mümkin däl. Sosial ösüş biologik ösüşden başga häsiýete eýe bolýar. Adam biologik häsiýetlerini düýpli üýtgetmezden, sosial hadysa hökmünde ösýär. Jemgyýetiň ösüşinde adamynyň biologik ösüş tarapy haýallanýar, elbetde, ol belli bir organlarynyň kämilleşmegi esasynda, bolup geçýär. Ýöne welin jemgyýetiň ösüş taryhy çaltlaşýar, hatda bu ösüş käbir durgunlyklaryň we yzagidişlikleriň bolmagy bilen hem bolup biler. Öň bellap geçişimiz ýaly, jemgyýet halk köpçüligi bilen bagly, çünki köpçüliksiz jemgyýeti göz öňüne getirmek mümkin däl. Şonuň ýaly hem geografik sredanyň täsiri esasynda jemgyýet ösýär we özgerýär. Zähmet gurallarynyň hereket etmegi üçin, zähmet serişdeleri we önümçilik serişdeleri zerur Zähmet serişdeleriniň kömegi bilen zähmetiň predmetine täsir edilýar Zähmetiň predmetleri we zähmet serişdeleri bilelikde önümçilik serişdelerini düzýär.

Adamzat jemgyýeti örän çylşyrymly sosial organism. Bu sosial organizmde kesgitleýji orun adama degişlidir. Adam jemgyýeti döredýär, ony ösdürýär we özgerdýär.

Adamyň düýp manysy ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumy bilen aňladylýar. Diýmek, adamyň adam sypatyna girmeginiň özi hem jemgyýetiň döremegidir. Adamzat jemgyýetiň dürli etaplaryny başdan geçiryär. O1 ilkinji başlangyç döwründen siwilizasiýanyň döremegine getirýär.

Adamzat jemgyýeti tebigatyň belli bir böleginde, ýagny geografik sredada bolup geçýär. Oňa derýalar, şeýle hem adamyň döredijilik işi bilen bagly döredilen kanallar, tokaý we tebigy tokay zolaklary, meýdanlar, mal bakylýan örüler we ş.m. degişlidir.

Geografik sreda jemgyýetiň durmuşy üçin zerury şertdir. Adamzat jemgyýetiniň döremegi bilen geografik sreda mydama üýtgeýär.

Geografik sreda degişli bolan bir akym ol hem geografik determinizmdir. Bu akymyň wekilleri adamlaryň psihiki aýratynlyklary, özboluşlylyklary olaryň durmuşynyň ähli taraplary we umuman, jemgyýetdäki durmuş tebigy şertlere bagly diýen ideýa gulluk edýärler.

Başga bir akym bolan geopolitika akymy bolsa, adamyň ýaşaýyş giňişligi baradaky garaýyşdyr. Bu akymyň garaýşyna görä,ýaşamak üçin ýer, ýurt edinmeli diýen pikiri öňe sürýär. Bu mesele ylmy taýdan dogry edilip iş alnyp barylsa, onda bu garaýyş özüniň obýektiw zerurlyk manysyny açar.

**Jemgyýetiň sosial gurluşy.** Geçen sapaklarymyzda biz belli bir derejede sosial ulgam barada 'az-kem maglumat alypdyk. O1ardan jemgyýetiň ösüşiniň dört ugrunyň biri sosial ugur, ýene-de maddy nygmatlary, medeni baýlyklary döredijiler hem sosial toparlardyr. Elbetde, biz bu bölümimizde sosial ulgamyň teoretiki taraplaryna garap geçeris.

Her bir häzirki jemgyýetde sosial birleşmeler – sosial toparlar we gatlaklar hem-de milli umumylyklar hereket edýärler. Olar ykdysady, sosial, syýasy, medeni gatnaşykda bolýarlar. Olaryň aragatnaşygy we özara täsiri jemgyýetiň sosial düzümini emele getirýärler.

Jemgyýetiň sosial düzüme bölünmekliginiň esasyny zähmet bölünişigi önümçilik gurallaryna we onuň önümine bolan eýeçilik gatnaşyklary düzýär. Zähmet bölünişigi esasynda synplar, hünär toparlary we beýleki sosial toparlar, şonuň ýaly-da şäher we oba ýaşaýjylary, akyl we el zähmeti bilen meşgul bolýan uly adam toparlary döreýärler. Eýeçilige bolan gatnaşyklar jemgyýetiň, onuň sosial düzüminde bolan şeýle içki bölekliligi ykdysady taýdan berkidýär.

Jemgyýetiň sosial düzüminiň esasy böleklerine: synplar; şäher we oba ilaty; akyl we el zähmetiniň wekilleri; gatlaklar we şuňa meňzeşler degişlidir. Bu düşünjelere dogry analiz bermek üçin jemgyýetçilik ykdysady formasiýa, önümçilik usuly, bazis we nadstroýka, zähmet bölünişigi, jemgyýetçilik durmuşy we jemgyýetçilik aňy ýaly jemgyýetçilik hadysalarynyň tutýan ornuna baha bermeli. Çünki her bir kesgitli önümçilik usuly özüne degişli jemgyýetiň sosial ulgamy bolýar. Jemgyýetçilik ykdysady formasiýanyň üýtgemegi bilen onuň sosial ulgamynda hem üýtgeşmeler bolýar.

Jemgyýetiň her bir ykdysady ösüş etabynda özüne degişli sosial düzümi bar. Jemgyýetde özüniň tutýan ornuna, ýaşaýyş ýagdaýyna görä hem sosiäl toparlar bolýar. O1 sosial toparlaryň döreýşi barada taryhda dürli pikirler bolupdyr, ýagny birleri adamlaryň ruhy taýdan, başga birleri olaryň psihik taýdan aýratynlygy, ýene-de birleri dini garaýyş bilen bagly edip görkezilýär.

Synplaryň we synpy gatlaklaryň döremeginiň ilkinji döwri ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy bilen baglydyr. Bu dargaýyş synpy jemgyyetiň döremegine getirdi. Synplaryň döremegine öndüriji güýçleriň ösmegi we zähmet bölünişigi sebäp bolýar. O1aryň ilkinjisi, bir söz bilen aýdanyňda, maldarçylygyň ýer eýelerinden aýrylmagydyr. Senetçiligiň ýer eýeçiliginden aýrylmagy ikinji zähmet bölünişigidir. Üçünji zähmet bölnüşigi akyl zähmetiniň fiziki zähmetden aýrylmagydyr. Zähmetiň bu görnüşleriniň arasyndaky birek-

birege bolan terslik, gapma-garşylyk gatnaşyklary geljekde esasy sebäp bolup çykyş etdi.

Synpa bolan kesgitleme W.I.Lenin tarapyndan berildi.Onuň kesgitlemesine görä, synplar bu adamlaryň uly topary bolup, olaryň önümçilik sistemasynda tutýan orny, önümçilik serişdelerine bolan gatnaşygy, zähmeti guramakdaky roly, paýlaşykda, jemgyýetçilik baýlygyndan alýan paýy bilen kesgitlenilýär. Synplar adamlaryň toplumy bolup, olardan biri beýlekiniň zähmetini özüne geçirýär. Elbetde, bu kesgitleme jemgyýetde synpy gatnaşyklaryň bolan ýerine degişlidir. Synpy jemgyýetçilik formasiýalaryna degişli bolan synplary şeýle häsiýetlendirse bolar. Gulçulyk jemgyýetine gullar we gul eýeleri, feodalizm jemgyýetine daýhanlar we ýer eýeleri feodallar, kapitalizm jemgyýetine işçiler we kapitalistler degişlidir.

Buržuaziýa jemgyýeti bilen bagly bolan işçiler we kapitalistler arasynda gapma-garşylykly göreş, ýagny synpy göreş has güýçli, ýokary derejede bolýar. Şonuň üçin hem bu jemgyýetçilik formasiýasynda synplar arasyndaky göreşi üçe bölýärler: ykdysady, syýasy we idealogik. O1ar proletariatyň, işçiler synpynyň burjuaziýanyň garşysyna bolan göreşleriniň formalarydyr. Bu göreşleriň formalarynyň her birine degişli özboluşly häsiýetleri bar.

Elbetde, her bir jemgyýetde onuň synpy taraplaryndan başga hem dürli sosial toparlary-da bolýar. O1ardan intelligensiýany we gullukçylary görkezmek bolar. Bu sosial klassifikasiýany absolýutlaşdyrmak hem bolmaz, çünki belli bir sebäplere görä "sosial migrasiýa" esasynda, olar synpy we sosial topar, sosial gatlak görnüşinden başga bir sosial görnüşe geçip biler.

Ýöne XXI asyrda synp düşünjesine öňki berlen kesgitleme doly gabat gelmeýär. Edil şol kesgitlemä görä, edil şol manyda synplary tapmak, toparlara bölmek örän kyn.

Hususan häzirki zaman jemgyýetlerinde "sosial gatlaklar", "sosial toparlar" düşünjesi ylmy düşündiriş taýdan dogry bolsa gerek. Hakykatdan hem hut öňki many-

mazmundaky "arassa" synpy gatlagy tapmak aňsat bolmasa gerek.

## Soraglar.

1. Durmuşy birleşme näme, onuň görnüşleri haýsylar?
2. Raýat jemgyýeti baradaky ideýa haçan döredildi we nämäni aňladýar?
3. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşleri haýsylar?
4. Adamzat jemgyýetinde zähmetiň orny nähili?
5. Jemgyýetiň sosial düzüminiň esasy bölekleri haýsylar?

**Halkyýet we millet düşünjeleriniň düýp manysy. Millet, millilik, milletçilik düşünjeleri.** Adamzat jemgyýetinde ilkinji ýüze çykan taryhy umumylyk tiredir. O1ar gandüşer garyndaşlyk gatnaşyklary birleşdirýär. Tireler bilelikde zähmet çekip, öz bähbitlerini bilelikde goraýarlar. O1ar diliniň, däp-dessurlarynyň, adatlarynyň umumylygy bilen tapawutlanýarlar. Birnäçe tireleriň birleşmeginden taýpa döreyär. Bular ilkinji etniki umumylyk we adamlaryň sosial guramasy hasaplanylýar. O1ara umumy terretoriýa-çäk, ykdysady umumylykda köpçülikleýin aw awlamak, diliň emele gelşinde umumylyk we gandüşer garyndaşlyk baglanyşygy degişli bolupdyr. Taýpalar birleşmeleriniň döremegi, olaryň arasynda durmuş we medeni baglanyşyklaryň güýçlenmegi, harby çaknyşyklaryň bolmagy, göçüp-gonmaklygyň çaltlaşmagy hususy eýeçiligiň we synplaryň döremegine getirýär. Bularyň ählisi täze bir taryhy umumylygyň formasy bolan halkyýetiň döremegine alyp barypdyr. Halkyýet gulçulyk we feodalizm bilen baglanyşykly ykdysady önümçilik usulynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly döreýär. Döwletiň döremegi bolsa halkyýetiň berkemegine getirýär.

Kapitalistik gatnasyklarynyň ösmegi bilen ykdysady hem-de medeni baglanyşyklaryň ýokarlanmagy esasynda milli bazar döreýär we halkyýet millete öwrülýär. Millet – bu

kapitalistik jemgyýetiniň döreden taryhy umumylygydyr. Bu ykdysady taýdan umumylykdyr we olaryň territoriýa çäk taýdan, diliniň birligi taýdan, psihiki aýratynlygy taýdan, durmuş we medeni däp-dessurlaryndan has ýokary umumylykdyr. Bu umumylykda kesgitleýji orun ykdysady faktorlara degişlidir.

Her bir jemgyýetde millet wajyp orun tutýar. Millet belli bir teritorial çäklerde taryhyň dowamynda kemala gelen adamlaryň durnukly birleşmesi bolup, oňa bitewi dil, din, däp-dessur, medeni we psihiki umumylyk, şonuň ýaly-da onuň agzalaryna özlerini başgalardan tapawutlandyrýan bitewilige degişlidiklerini aňlamaklyk häsiýeti mahsus bolýar. Milletiň döremekligi üçin tebigy esas bolup birek-birek bilen pikir alyşmaklyga we bitewileşmeklige mümkinçilik berýän tereritorial umumylyk hyzmat edýär. Milletiň döremekliginiň ýene bir şerti bolup dil umumylygy çykyş edýär.

Dören milleti birikdiriji, görkeziji bolup milli aň çykyş edýär. Bir millete degişliligini we ykbalyň birligini aňmaklyk adamlarda millilik duýgusyny berkidýär. Millet döränden soňra bitewi organizm hökmünde hereket edýär, ol içerki nikalar we nessilleri terbiýelemek işi bilen öz – özüni täzeden döredýär. Has durnukly ýaşamaklyk üçin millet döwlet görnüşindäki özüniň sosial – teritorial guramasyny döretmeklige çalyşýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, her bir milletiň döremekliginde ruhy medeniýetiň wajyp bölegi bolan, özüni rowaýatlaýyn we dini garaýyşlary alyp gaýdýan dünýagaraýyş aýratyn orun eýeleýär. Bu garaýyşlaryň tebigy we runy başlangyçlaryň tebigy we adamyň ruhy-ahlak dünýäsiniň birleşdiriji güýji bolup geçen nesilleriň ynançlary uly ähmiýete eýe bolýar. Türkmen milletiniň dünýägaraýşy ýekehudaýlyk pikirleriniň esasynda kemala gelip, irki döwürlerde özüniň şöhlelenmesini rowaýatlarda, ertekilerde tapdy. Bütin halk üçin ýeke-täk ynanjyň, bitewi gymmatlygyň ýüze çykarylmagy milletiň akyl we duýgy, beden we köňül kuwwatynyň peýda bolmagyna getiripdi.

Türkmen milleti bilen baglanyşykly käbir aýratynlyklary bellemek gerek. Türkmen milleti ynanjaň,adamsöýüji, kalby arassa, ynsanperwer halkdyr. Her bir millet özüniň hakyky millilik duýgularyny özünde jemlände, ol mydama öňe tarap barýandyr. Millet bakydyr, tire-taýpa bolsa wagtlaýyndyr.

Şu ýerde halkyýet bilen, halk bilen, millet bilen baglanyşykly käbir özboluşlyklary aýan etmek gerek. Halk umumylyk, millet bolsa bitewilikdir, çünki belläp geçişimiz ýaly, milletiň döremegi bu taryhy prosesdir. Elbetde, milletiň döremegi bilen onuň döwleti döreýär. Netijede, milli döwlet emele gelýär. Milli döwlet öz milletiniň milli bähbitlerini göz öňünde tutup, ýurduň milli baýlyklaryny halka siňdirmek üçin döwrebap çäreleri durmuşa geçirýär. Türkmen milleti babatynda aýdanymyzda, milli bähbidi milletara bähbitleri bilen utgaşdyrmakda Hormatly Prezidentimiz uly halkara derejesindäki işleri alyp barýar. Hut Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu ýörelgesi häzirki zaman milli we milletara gatnaşyklary üçin şu günki günüň täze filosofik nazaryýetidir – taglymatydyr.

Türkmeniň milli aňynyň berkemeginde yslam dini aýratyn orna eýe bolýar. Türkmen aňynyň esasy aýratynlyklary we türkmen aňynyň hem-de ýaşaýşynyň ähli taraplary belli bir derejede yslam dininiň ýörelgeleriniň maddy we ruhy ýüze çykmasy bolýar. Orta asyrlarda türkmeniň milli aňyna dünýewi gymmatlyklar ornaşyp güýçli täsir edip başlaýar. Şeýlelikde berkän türkmen milleti özüniň sada sagdynlygy, gaýduwsyzlygy we ynsanperwerligi bilen tapawutlanýar. Baknalyk döwründe olary gowşatmaklyga meýiller edildi.

XX asyryň ahyrynda türkmen halkynyň öz garaşsyzlygyny almaklygy bilen şu ajaýyp häsiýetler täzeden dikeldilip, türkmeniň döredijilik hyjuwynyň artmaklygyna täze esaslar döreýär. Türkmeniň aňyna umumyadamzat gymmatlyklary we äheňleri tebigy suratda ýakyn bolýar. Türkmen özüni beýleki milletlerden tapawutlandyrýan sypatlary däl-de, özüni özgelere ýakynlaşdyrýan ölçegleri ileri

tutýar. Türkmen halky adamlary biri-birinden çetleşdirýän synpy, dini, milli we beýleki ýörelgelerden daşda durup, adama we adamzada dereje berlip gelen. Şonuň üçin hem türkmen milletiniň uýýan ýörelgeleri çuňňur ynsanperwer häsiýete eýe bolýar. Diýmek, türkmeniň milliligi milletçilige getirmeýär. Türkmen beýleki milletleri beýgeldip beýgelýär.

Milli meselede ýüze çykýan bir ugur ol hem milletçilikdir. Munuň düýp manysy gysgaça aýdanyňda, bir millet beýleki milletiň garşysyna goýmakdyr. Milletçiligiň soňy şowinizme getirýär.

Milli gatnaşyklaryň barşynda birek-birege hoşgylaw, hoşniýetli gatnaşyklar bolsa internasionalizmi döredýar. Bu dürli milletleriň wekilleri bolup, ol ýa-da beýleki döwletde birek-birege hormat goýup, bir maksada gulluk edip ýaşamakdyr. Ýöne internasionalizmi öňe sürmek oňa watansöýüjiligiň garşysyna goýmak däldir, çünki öz watanyňa bolan söýgi ol we beýleki millet üçin iň ýokary derejedir. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwleti babatda söhbet açylanda bolsa, önuň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Gazanylan üstünlikleriň ählisiniň aňyrsynda adamlaryň halal zähmetiniň, olaryň işe höwesiniň, öz Watanyna söýgüsiniň duryandygyny ýatlatmak zerurdyr. Şonuň üçin hem biziň geçirjek işlerimiziň hemmesi akýürekli zähmetkeşleriň bähbitlerine gönükdirilendir” diýip, bellemegi türkmen milletiniň her bir raýatynyň Watanyny gözüniň göreji ýaly görmelidigini taglymat ýörelgesidir.

Türkmen halkynyň millete öwrüliş taryhy bir geňlikdir. Biziň milletimiziň gözbaşynda Oguz han nesilbaşymyz durandyr. O1 bäş müň ýyl mundan owal türkmenleri milli-syýasy bitewilige öwürmegiň hötdesinden gelen beýik şahsyýetdir. Türkmen milleti Oguz han Türkmenden başlanýar. Oguz han türkmenden, Gorkut atadan, Görogly türkmenden, Magtymguly atamyzdan bize türkmen ýoluny mukaddes tutmak wesýeti, türkmen milletiniň jebisligi, bitewiligi barada ençeme öwüt-ündewler galypdyr. Bu öwüt-ündewlere syn etsek, onda milletimize buýsanç, guwanç

duýgusy her bir türkmeniň kalbyna dolýar. Bu milletiň esasy aýratynlyklarynyň biri hem ol öz topragyny mukaddes saýyp, topragyny keramat bilip, Watanyny başyna täç edinipdir. Eger-de türkmen milletiniň internasional duýgusyny beýan etmek gerek bolanda, onda Türkmenistan ýöne bir türkmen ýurdy, türkmen Watany bolman, tutuş ondaky raýatlaryň aramyzda ýaşaýan beýleki doganlyk halklaryň beýik maksatlarynyň, arzuw-isleglериniň durmuşa geçýän ýurdudyr. Türkmen milleti bir ojagyň, bir saçagyň başynda jem bolan halkdyr.

"Dostluk, doganlyk, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýoly bilen ýöräp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany kuwwatly, beýik Döwlete öwürmekde mähriban halkyma bil baglaýaryn" diýip, döwlet baştutanymyz nygtap geçdi. ürkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu parasatly pikirlerinde türkmen halkynyň, şol sanda ähli türkmenistanlylaryň dostluk-doganlygyň saýasynda beýik özgerişleri amal edýändigini görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiziň bu parasatly pikirlerindäki "halkym" sözi örän çuň mana eýe bolup,Türkmenistanda ýaşaýan dürli milletleriň bir bütewiligini aňladýar. Hakykatdan hem Türkmenistan Watany dürli milletleriň wekilleriniň bir maksada gulluk edýän ýurdudyr.

Haýsy ýurtda halklaryň, halkyýetleriň, milletleriň erkana ýaşamagy, işlemegi, özüni şol ýurduň bir ülgüşi kimin saýmagy üpjün edilen bolsa, bu ýurduň abadan, asuda, agzybirliginiň alamatydyr. Eger-de ýurduň syýasatynda milli meselede her bir milletiň we halkyýetiň maksady göz öňünde tutulýan bolsa, onda ol ýurtda milletçiligiň alamatlarynyň ýüze çykmagyna ýol ýokdur. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan ähli babatlarda şeýle ýurtdur. Milli we internasional duýgularyň ösmegi we olar arasyndaky baglanyşygyň güýçlenmegi umumyadamzadyň geljegidir. Munuň özi häzirki döwürde taryhy prosesdir.

**Söýgi, nika maşgala we olaryň özara baglanyşygy.** Adamzat jemgyýetinde şeýle bir özboluşly sosial gatnaşyklaryň biri ol hem maşgala gatnaşyklarydyr. Maşgala munuň ozi nesli dowam etmegiň serişdesidir, ilkinji adamlaryň sosial umumylyklarynyň formasydyr. Bu şeýle bir uly bolmadyk topar birligi bolup, ilki bilen adamzadyň nesliniň dowam etdirilmegini şertlendirýär we kesgitleýär. Hut maşgalada adam ilkinji durmuşy tejribä, özüni jemgyýetde alyp barmaklyk endiklerine eýe bolýar. Ol bu ýerde bilimiň esaslaryny alýar. Maşgalanyň ýuridiki esasy aýal bilen erkegiň nika baglanyşygynyň düzgünleşdirilmesidir. Nikany jemgyýetçilik tarapyndan makullanan, maşgalany düzýän iki ýa-da köp adamlaryň maşgala bolmaklaryna kömek berýän özüňi alyp barmaklygyň nusgalary diýip kesgitlese bolar. Nika baglanşygy diňe bir nesil öndürmeklik üçin gerek bolman, eýsem, ýene-de ençeme hukuk we borç kadalaryny göz öňünde tutýar. Şonda her bir jemgyýet özüniň maşgalada adamlaryň özüni alyp barmaklygyň nusgalyk ulgamyny döredýär.

Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde maşgala kesgitli sosial meseleleri çözmekligi maksat edinýän edaralaýyn düzüm hökmünde ösýär. Ol bu ýerde dürli wezipeleri ýerine ýetirýär. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Jemgyýetiň täze nesilleri öndürmek we adamy milli we umumyadamzat gymmatlyklaryna girişdirmek, pikir alyşmak we duýgy isleglerini kanagatlandyrmak we beýlekiler.

Öz düzümi we hili zerarly maşgala adamlaryň duýga bolan isleglerini kanagatlandyrýan esasy çeşme bolýar. Garyndaşlyk we ýanýoldaşlyk gatnaşyklary adamlara şeýle mümkinçilikleri döredýärler. Maşgala-da terbiýelenen her bir adam maşgala agzalaryndan miras hökmünde ony häsiýetlendirýän dürli derejeleri alýar. Jemgyýetiň ähli görnüşlerinde maşgala öz agzalarynyň fiziki, ykdysady we psihologiki goraglylygyny üpjün edip, maşgala agzalary bilelikde hojalyk ýöredip, öz agzalarynyň arasynda berk

ykdysady baglanyşygyň bolmagyna hemaýat edýärler. Maşgala jemgyýetiň iň berk ykdysady topary bolýar.

Maşgalada är-aýal gatnaşygynda iň ýokary kanun hökmünde özüni alyp barmaklygyň kada-kanunlary ýatýar. Bu babatda iň ýokary derejäni özünde saklaýan zat söýgüdir, bu bolsa söýgüsiz nikalaşmazlygy aňladýar. Onsuz baglaşylan nika maşgala gurmaklykda kanunyň bozulmagydyr. Söýgi çuň we durnukly ahlak estetiki duýgudyr.

"Söýgi" düşünjesi örän çuň we giň düşünje. Umuman, söýgi we nika birleşmesinde döreýän söýgi birmanyly däldir, çünki söýgi dürli görnüşlerde we dürli gatnaşyklarda bolup biler. Milli söýgi duýgulary hem belli bir derejede beýleki halklaryň milletleriň söýgi duýgularyndan tapawutlanýar. O1 duýgular dini we milli däp-dessurlary bilen baglanyşykly duýgudyr.

Türkmemň milli söýgi pelsepesi hem çuňňur many-mazmuna eýedir. O1 söýgini Ylahy we Zemin söýgüsine bölýärler.

Ylahy söýgi has uly taraplaryň arasyndaky, ýagny Ýaradan bilen Ýaradylanyň arasyndaky söýgüdir, arabaglanyşykdyr.

Türkmeniň filosofik dünýägaraýşynda söýgüni üç görnüşe bölýärler. O1ar mähir, yşk we muhabbetdir. Mähir-ten, duýgy ýokundysy bolmadyk söýgi. Söýgüniň bu görniişi örän giň manyny öz içine alýar. Ata-enäniň perzende, perzendiň ata-enä, doganlaryň bir-birine,adamyň Watanyna we milletine bolan söýgüsi mähirdir. Türkmen şonuň üçin hem mähriban ene, mähriban dogan, mähriban Watan diýen çuň manyly düşünjeleri pähimleri ulanýar.

Maşgala gurmak, maşgalany döretmek, nika meselesi bilen baglanyşykly söýgi erkek bilen aýalyň arasyndaky duýgy gatnaşyklary we baglanyşyklarydyr.

Maşgala bu taryhy hadysa. O1 adamzat jemgyýetiniň döremegi we ösmegi bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr. Yöne ol jemgyýetiň ösüşinde dürli jemgyýetçilik formasiýalarynda üýtgeşmeleri başdan geçiren taryhy hadysadyr.

Adamzat ösüşiniň "wagşyçylyk" eýýamyna köpçülikleýin nika mahsus bolupdyr. Adamzat siwilizasiýasynyň döremegi bilen är-aýal, monogamma nikasy döreýär.

Maşgalanyň döremegi bilen oňa degişli birgiden sosial funksiýalar döreýär. Maşgala agzalarynyň arasynda geljekki nesli terbiýelemek, öý hojalyk işlerini alyp barmak, durmuşda birek-birege kömek bermek ýaly jemgyýetçilik-sosial funksiýalar ýüze çykýar. Maşgala jemgyýetiniň demografik binýady bolup çykyş edýär. Şeýlelikde, maşgala şahsyýetiň döremeginiň we ösmeginiň sosial taýdan ojagy bolup galýar. Çaga ýetginjeklik ýaşyna barmagy bilen ol maşgalada zähmetiň iň ýönekeý endiklerini, özüni alyp barmaklygyň düzgünlerini, dil öwrenmekligi we pikirlenmäni öwrenip, umumadamzat medeniýetiniň gazananlaryna aralaşýar, jemgyýetçilik hadysasy hökmünde durmuşa düşünmäge başlaýar. Şeýdip hem jemgyýet adamsy funksiýasyna girişýär. Elbetde, jemgyýet üçin durnykly maşgala zerurlykdyr.

Dogry, maşgala baradaky filosofik pikirleriň çäginde türkmen maşgalasyna mahsus bolan käbir özboluşlylygy aýtman bolmaz. Türkmen maşgalasynda ata-ene şahsyýeti ýetişdirmekde tükeniksiz güýç-kuwwaty sarp edýär. Türkmen maşgalasynda ata-enäniň perzendiniň; perzendiň hem ata-enesiniň öňündäki borjy aç-açandyr. Şolardan ata-enäniň borjy perzendine at dakmak, edep bermek, bilim bermek, hünär öwretmek, öýermek, öýli-işikli etmek, Watanyň hyzmatyna bermek ýaly edilmeli işler türkmen maşgalasynda ata-ene bilen bagly zerury borçlardyr. Aslynda bu sanap geçen häsiýetlerimiz türkmen maşgalasy üçin düzgüne giren möhüm zerurlyklardyr. Türkmen perzendine her bir işi diýip etdirmän, edip, görkezip terbiýeleýär, ýerine ýetirdýär. Bu türkmen maşgalasynyň ozeniniň düýp manysydyr.

**Häzirki zaman dünýäsi we demografik mesele.** Adamzat jemgyýeti üçin ýer togalagynda adamlaryň ýerleşişi, ýagny ilatyň gürlügi, olary düzgünleşdirmek häzirki zamanyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Aslynda jemgyýetiň ýaşamagy we dowam etmegi üçin ilatyň bolmagy,

zerurlykdyr. Bu mesele boýunça sosiologlar dürli pikirleri öňe sürýärler. O1ardan rus sosiology M.M.Kowalewskiý ilatyň sanynyň köpelmegi önümçiligiň ösmegine alyp barýar,ýagny olaryň köpelmegi bilen ýaşamak üçin dürli ýollary, çeşmeleri gözlemäge mejbur edýär diýip tassyklaýar. XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başlarynda ýaşan iňlis ykdysatçysy Maltus düýpden başga pikirleri öňe sürýär. O1 adamlaryň sanynyň köpelmegi jemgyýetçilik nogsanlyklaryň çeşmesidir diýen pikiri orta atýar.

Maltus öz pikirini esaslandyrmak üçin, şeýle ýörelgäni, ýagny ýaşaýyş serişdeleri arifmetiki progress bilen ösýän bolsa, adamlaryň ösüşi geometriki progres bilen bolýar, şol esasda açlygyň, işsizligiň, garyplygyň döremegine getirýär diýen netijä gelýär.

Elbetde, ilatyň sanynyň köpelmegi we ýaşaýyş serişdeleri mydama deň we gabat gelip durmaýar. Ýöne tehniki progres ýaşaýyş serişdeleriniň öňe geçmegine getirýär. Biz häzir adam başyna düşýän önümiň köpelýändigini we köpdügini görýäris.

Adam sanynyň ýer togalagy boýunça köpelmegi önümçiligi täzeçe guramaga getirip biler. Yöne adamlaryň sany ol we beýleki jemgyýetde önümçiligiň ösüşine bagly. Neolit döwrüniň, ýagny 10 müň ýyl owal ilkidurmuş taýpalary ähli materiklerde ýerleşip, birnäçe million adama barabar bolupdyr. Biziň eýýamymyzyň başlarynda Ýer togalagynda adamlaryň sany 150-200 million bolan bolsa, 1000-nji ýylda – biziň eýýamymyzda ol san 300 milliona ýakyn boldy, 1850-nji ýylda 1 milliarda, 1989-njy ýylda 5,2 milliard adama ýetdi, 2025-nji ýylda çen bilen 8,5 milliard adam bolmagy göz önünde tutulýar.

Geljekde ilatyň sanynyň köpelmegi bilen ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin, öňünden ýaşaýyş üçin zerur serişdeler hem-de ilatyň sanynyň köpelmegi bilen bagly bolan maksatnamalaryň hem meýilnamalaryň düzülip, olaryň ylmy taýdan çözgüdini gözlemeli.

## Soraglar.

1. Adamzat jemgyýetinde ilkinji ýüze çykan taryhy umumylyk näme?
2. Birnäçe tireleriň birleşmginde näme döreýär?
3. Millet, millilik, milletçilik düşünjeleri nämeni aňladýar?
4. Söýgi, nika, maşgala diýmek näme, olaryň özara baglanşygy nähili?
5. Demografik mesele nähili mesele?

## Jemgyýetiň ruhy medeniýeti we durmuşy.

**Jemgyýetçilik aňynyň düýp mazmuny we manysy.** Ilki bilen jemgyýetçilik aňa tutuşlygyna jemgyýetiň ruhy durmuşy hökmünde garap, onuň jemgyýetiň ýaşaýşynda we ösüşinde wajyp orna eýe bolýanlygyny belläliň.

Jemgyýetçilik aňy adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň şöhlelenmesidir. Adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy taraplarynyň ýa-da haýsy pursatlarynyň olaryň aňynda şöhlelenýändigine, bu şöhlelenmäniň häsiýetiniň ýa-da usulynyň nähilidigine laýyklykda, jemgyýetçilik aňy aňyň aýry-aýry spesifik formalaryna (ideologik formalara): jemgyýetçilik teoriýalaryna we garaýyşlaryna (şol sanda syýasy we hukuk ideologiýasy) dini filosofiýa, ylma, estetika, etika (ahlaga) bölünýär. Aňyň her bir formasy özüniň jemgyýetçilik funksiýa ýerine ýetirýär.

Birnäçe filosoflar we sosiologlar jemgyýetçilik durmuşy bilen jemgyýetçilik aňyny aýny bir zat hökmünde seredýärler.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşy bilen aýny bir zat bolup bilmez, sebäbi jemgyýetçilik aňy ikinjidir, jemgyýetçilik durmuşyndan gelip çykýandyr, onuň şöhlelenmesidir. Ol jemgyýetçilik durmuşyndaky garaz bir hili üýtgeşiklikler durmuşyň özünde ýüze çykmazyndan öň, şol üýtgeşikleri şöhlelendirip bilmez. Durmuşyň şöhlelenmesi bolan aň adatça durmuşyň ösüşinden yza galýar. Teoretiki aň, elbetde, durmuş üýtgeşiklikleriniň kanunlaryny açyp biler,

jemgyýetçilik ösüşiniň umumy ugruny öňden görüp biler we şeýlelik bilen adamlar üçin işde gollanma bolup hyzmat edip biler. Emma şonda ol durmuşyň özüniň faktlaryna, jemgyýetçilik durmuşynyň şertlerinde bolan real üýtgeşiklere daýanýar, ol şol üýtgeşiklikleri diňe düýp esasy zatda öz içine alyp bilerdi.

Jemgyýetçilik durmuşy jemgyýetçilik aňyna garaşsyz ýaşaýar. Adamlaryň jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşy tarapyndan döredilendir we şertlendirilendir, ol jemgyýetçilik durmuşyny şöhlelendirýär. Şonuň üçin jemgyýetçilik çeşmesini ideýalaryň özünde gözlemeli däl-de, jemgyýetiň maddy durmuşynda ozaly bilen bolsa adamlaryň ykdysady gatnaşyklaryda gözlemeli. Ykdysady gatnaşyklaryň üýtgemegi bilen syýasy, ýuridik, filosofik, ahlak we beýleki jemgyýetçilik edeýalary, teoriýalary, garaýyşlary we olara laýyk gelýän edaralar hem azy-köp dereje-de çalt üýtgeýärler. Bu bolsa jemgyýetçilik durmuşyny aktiw (işjeň) diýip ony birinji ýerde goýup, jemgyýetçilik aňyny passiw ikinji ýerde goýmaklygy aňlatmaýar.

Jemgyýetçilik aňy hem, aýratyn adamyň aňy hem adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynyň şöhlelenmesi bolup, ony köre-körlik bilen kabul etmeýär. Ol belli bir derejede özbaşdaklyga, onda-da ep-esli derejedäki özbaşdaklyga eýe bolýar.

Jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň ýöne bir yzyna düşmän, ony aňlaýar, jemgyýetdäki özgerişleriň manysyny açýar. Ýöne, ol jemgyýetçilik ösüşinden yza galýar. Özgerişleri olar doly ýüze çykyp öz ýetjek derejesine ýeten halatynda düýpli alamatlyk mümkin bolýar. Şol bir wagtda-da jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşyndan öňde-de bolup biler. Jemgyýetde bolup geçýän ol ýa-da beýleki hadysalaryň derňewine esaslanyp, onuň ösüşiniň mümkingadarlygyny görse bolýar we şonuň esasynda özgerişleriň geljekde mümkin bolup biljek gidişini öňünden aňlap bolýar. Muňa mysal Türkmenistanda kabul edilen “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan

ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin “Baş ugry” milli maksatnamasy we hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň çykyşlary, görkezmeleri jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşi bolup, jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşini kesgitleýär.

Jemgyýetçilik aňy baý mana eýe bolan ýagdaýynda adamlaryň durmuşynda oňaýly ruhy atmosferany, gowy ahlaky – psihologiki şertleri döredýär. Başga bir ýagdaýlarda jemgyýetiň ruhy durmuşy garyp, täsirsiz bolmagy mümkin. Jemgyýetiň ruhy durmuşynyň mazmunynda onuň hakyky adamçylyk manysyny ýüze çykýar. Ruh, ruhylyk diňe adama degişli bolup, ony dünýäniň beýleki zatlaryndan beýgeldýär.

Aýratyn adamyň aňy we jemgyýetçilik, aňy biri-biri bilen bagly bolýarlar. Aýratyn adamyň aňynda onuň jemgyýetde ýaşaýşynyň we hereketiniň özboluşlylygy, şonuň ýaly-da onuň häsiýetiniň, onuň ruhy medeniýetiniň derejesi ýüze çykýar. Aýratyn adamyň aňy we jemgyçilik aňy özara täsirde bolýarlar. Köp adamlaryň özboluşly aňy täsin obrazlar, ideýalar bilen jemgyýetçilik aňyny baglaşdyrýarlar. Şol bir wagtda-da her bir adamyň aňy jemgyçilik aňyň täsiri bilen kemala gelýär we ösýär.

Aýratyn adamyň aňynda özboluşly, goý ol üýtgemeler esasynda kabul edende hem onuň jemgyýetde ýaşap özleşdiren öz aňynyň üstünden geçiren göz öňüne getirmeleri, garaýyşlary, ters pikirleri bar bolýar. Şahsyýet öz halkynyň, adamzadyň ruhy baýlygyny näçe köp özleşdirse şonça-da ruhy tarapdan baý bolýar. Jemgyýetçilik aňynyň wezipeleri köpdürli. Olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň. Olaryň birinjisi akyl ýetirmeklik funkisiýasy. Jemgyýetçilik aňy adamlaryň gös-göni amaly işiniň hem ylym äleminde amala aşyrylýan akyl ýetiriş işiniň hem netijeleriniň tebigat biliminde, jemgyýetiň durmuşyna akyl ýetirmeginiň netijeleri bolsa jemgyýetçilik taglymatlara umumylaşdyrylýar.

Sosial toparlaryň, gatlaklaryň şunuň bilen birlikde umuman döwletiň bähbitlerini beýan etmeklik jemgyýetçilik aňyň wajyp wezipesi bolýar. Jemgyýetçilik ösüşiniň irki

döwürlerinde munuň özi urugyň we taýpanyň bähbidine düşunmek görnüşinde ýüze çykypdyr, şoňa görä-de ol adatlar, däp-dessurlar we beýleki görnüşlerde berkidilipdir. Häzirki döwürde bu wezipe idealogiýanyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Her bir döwrüň talabyna görä ideologiýa döreýär. Täze ideologiýanyň ýa-da ideýalaryň näme üçin peýda bolýandygyna düşünmek üçin, jemgyýetiň ykdysadyýetinde bolup geçýän real proseslere ýüzlenmek gerek.

Jemgyýetçilik hadysalaryna akyl ýetirmekde, durmuşy bähbitleri beýan etmeklikde ideologiýanyň we jemgyýetçilik psihologiýasynyň esasy wezipesi bolan sosial – amaly wezipäni amala aşyrmak üçin zerurdyr. Olar jemgyýeti birleşdirmäge, adamlary ol ýa-da beýleki maksatlary gazanmaga gönükdürmäge we şonuň bilen bolsa durmuşy hereketleri düzgünleşdirmekde işewir orun eýelemeklige ukyplydyrlar. Ynanç köpçüligiň kalbyna ornan mahalynda ol adamlary döredijilige gönükdirýär. Jemgyýetçilik aňynyň belli bir derejedäki özbaşdaklygy, onuň öz ösüşinde adamzadyň paýhasyna, ylmyna, sungatyna, olaryň gazananlaryna daýanlygy sebäpli hem mümkin bolup bilýär. Şeýle ýagdaý jemgyýetçilik aňynyň yzygiderligi bilen bagly. Şonuň esasynda durmuşyň dürli ugurlarynda ýygnanan nesilleriň ruhy mirasy ösýär. Bular bolsa jemgyýetçilik aňynyň diňe bir jemgyýetçilik durmuşyny şöhlelendirmek bilen çäklenmän, onuň öz ösüşiniň içerkilogikasynyň, özüniň ýörelgeleriniň we däpleriniň bardygyny aňladýar.

Jemgyýetçilik aňynyň belli bir derejedäki özbaşdaklygy, onuň jemgyýetçilik durmuşyna işewir täsir etmekliginiň üsti bilen hem ýüze çykýar. Dürli görnüşdäki pikirler, taglymatlar, syýasy doktrinalar, ahlak ýörelgeleri, sungat eserleri, din jemgyýetiň ösüşinde oňaýly täsir edibem biler, oňaýsyzam. Bu ýagdaý olaryň jemgyýetiň ruhy durmuşyny baýlaşdyryp, onuň jebisleşmegine edýän täsiri bilen bagly bolýar. Indi bolsa aňyň aýratynlyklary häsiýetlendirmek üçin onuň düzümine garalyň.

**Jemgyýetçilik aňynyň düzümi.** Jemgyýetçilik aňyň çylşyrymly düzümi bolýar. Onuň düzüminde her haýsy belli bir dereje-de özbaşdak we şol bir wagtda-da onuň beýleki

taraplary bilen gönümel ýa-da aralyklaýyn baglanşyga girýän ruhy düzümleri tapawutlandyryp bolýar. Gutarnykly ýagdaýda jemgyýetçilik aňyny aýratyn taraplary biri-biri bilen baglanşykda bolan düzümleýin bitewilik hökmünde göz öňüne getirse bolýar.

Häzirki döwrüň sosial filosofiýasy jemgyýetçilik aňyň düzüminde aşakda getirilen taraplary tapawutlandyrýar:

– adaty we nazaryýet aňy;
– jemgyýetçilik psihologiýasy we idealogiýa;
– jemgyýetçilik aňyň görnüşleri.

Şu düzüm bölekleri häsiýetlendirmek üçin ilki bilen biz jemgyýetçilik aňynyň derejeleri bilen baglanşykly meseläniň üstünde durup geçeliň. Jemgyýetçilik aňy iki sany dürli garaýyşlardan: şöhlelendirilýän zadyň nukdaý-nazaryndan we şöhlelendirmegiň derejesi nukdaý-nazaryndan seljerilip bilner. Bu ýerde bir tarapdan, tebigat we onuň kanunalaýyklyklary, beýleki tarapdan bolsa, jemgyýet we onuň ýörelgeleri şöhlelendirilýän zat hökmünde çykyş edýärler. Tebigatyň-da, jemgyýetçilik durmuşynyň-da şöhlelendirilişi, öz nobatynda, dürli derejede ýa adaty-amaly aňyň görnüşinde, ýa-da nazaryýet aňyň görnüşinde amala aşyrylyp bilner. Bularyň birinjisi ozaly bilen adamlaryň we sosial toparlaryň adaty, gündelik durmuşynyň şertleri arkaly kemala gelýän düşünjeleriň, endikleriň, pikirleriň, sosial meýilleriň jemi hökmünde çykyş edýär. Şoňa görä-de adamlar şol garaýyşlaryň nireden peýda bolýandyklary we olary döreden jemgyýetiň nämeden ybaratdygy barasynda pikirlenmeýärler.

Adaty-amaly aň taryhy taýdan jemgyýetçilik aňynyň ilkinji görnüşidir. Jemgyýetiň kämilleşmekligi, zähmet bölünşiginiň güýjemegi adamlaryň gündelik işinden aýrybaglanşan nazaryýet pikirlenmäniň döremegine getirdi. Sosial gatlaklaryň we döwletiň peýda bolmagy, olar bilen bilelikde bolsa syýasatyň we hukugyň ýüze çykmagy jemgyýetçilik durmuşyny çylşyrymlaşdyrdy. O1ar özüniň beýanyny aňyň gurşawynda hem tapdylar.

Adaty we nazarýet aňy jemgyýetçilik aňynyň iki aşakky we ýokarky derejeleri bolýarlar. Olar biri-birinden jemgyýetçilik hadysalary aňlamaklygyň düýpliligi, olara düşünmekligiň derejeleri bilen tapawutlanýarlar.

Adaty aň ähli adamlara mahsus bolýar. Ol adamlaryň her günki işleriniň, olaryň tejribeleriniň esasynda kemala gelýär. Ol köplenç adamlaryň durmuşy maglumatlary öz akymyna şöhlelendirmekleri esasynda ýüze çykýar. Haçanda adamlar ol ýa-da beýleki hadysalara ylmy taýdan düşünmedik ýagdaýlarynda, olar barada özleriniň adaty aňynyň derejesinde pikir ýöredýärler. Şeýle ýagdaýlar her bir adamyň we adam toparlarynyň tejribesinde hem az duşuşmaýar. Sebäbi biz köp zatlar barada ylmy esasda pikir ýöretmeýäris.

Adamlaryň bilimi näçe derejede pes bolsa şonça hem olar jemgyýetiň durmuşyndaky hadysalar barada adaty aňyň derejesinde pikir ýöredýärler. Ýöne, ýokary sowatly adam hem ähli zat barada ylmy esasda pikirlenmeýär. Şol sebäpli adaty aň giň meýdanda ulanylýar. Ol „sagdyn manyda" jemgyýetçilik durmuşynyň köp hadysalary barada pikir aýtmaga we umuman dogry çözgütleri tapmaklyga esas bolýar. Şonuň bilen hem adaty aňyň adamlaryň durmuşyndaky we jemgyýetiň ösüşindäki orny kesgitlenýär.

Ýaşaýyş tejribesine esaslanýan adaty aňda adamlaryň durmuşyň çylşyrymly ugurlarynda dogry gözükmekleri üçin gerek bolan örän köp sanly peýdaly maglumatlar toplanan. Şol bir wagtda hem adaty aňda hyýaly, örän howaýy, çen bilen aýdylýan, kähalatlarda ýalňyş pikirler, ters pikirler hem az däl. Olaryň esasynda hem jemgyýetçilik pikiriniň üsti kähalatlarda “eşitmişler” (“myş-myşlar”) bilen hem ýetirilýär. Şonuň üçin jemgyýetiň durmuşynda nazaryýet aňyň artmagy zerur.

Nazaryýet aňy adaty aňdan tapawutlylykda jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalarynyň many-mazmunyny we olaryň ösüş kanunlaryny aňlaýar. Bu jemgyýetiň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna degişlilikde hem amal edilýär. Şonuň üçin bu aň adaty aňdan has ýokarda bolýar. Nazaryýet aňy logiki taýdan arabaglanşykly kadalaryň ulgamy hökmünde çykyş edýär. Diýmek, ol jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki taraplary bilen bagly belli bir ylmy taglymat bolýar. Nazaryýet aňy döredijiler bolup ylmyň dürli ugurlarynda işleýän alymlar, hünärmenler çykyş edýärler.

Adaty we nazaryýet aňy özara täsirde bolýarlar. Netijede bolsa olaryň ikisi hem baýlaşýar. Mysal üçin, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlary bilen baglanşykly ylmy maglumatlaiyň goşulmagy bilen adaty aň baýlaşýar. Şu nukdaý-nazardan häzirki jemgyýetçilik aňy mundan bir, iki asyr öňki aňdan tapawutlanýar, türkmen jemgyýetçilik aňynyň garaşsyzlykdan öňki ýyllardaky aňdan köp derejede üýtgändigini aýtsa bolar.

Jemgyýetçilik idealogiýanyň we jemgyýetçilik psihologiýasynyň üstünde durup geçeliň. Idealogiýa, bilşimiz ýaly, adamlaryň durmuşy hakykata we biri-birine gatnaşyklaryny, durmuşy meseleleri we gapma-garşylyklary aňlamaklyga we bahalamaklyga hem-de bar bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmeklige ýa-da üýtgetmeklige gönükdirilýän durmuşy maksatlary (maksatnamalary) öz içine alýan garaýyşlaryň we pikirleriň ulgamy bolýar. Jemgyýetde idealogiýa adamyň hereketini manylaýjy we gözükdiriji ulgam, adamy syýasy herekete iteriji we adamlary birikdiriji güýç wezipeleri ýerine ýetirýär. Syýasy idealogiýa, birinjiden, isleg bildirýän jemgyýetiň nusgasyny beýan edilşi we ikinjiden, ösüşe we ony amal ediliş usulyna bolan garaýyş bilen tapawutlandyrylýar.

Jemgyýetçilik psihologiýasynda jemlenen jemgyýetçilik durmuşynyň gatnaşyklary we hadysalary özlerini diňe bir adamlaryň gereklilerinde we bähbitlerinde ýüze çykarman, eýsem, dürli görnüşli duýgylarda, meýillerde, gylyk häsiýetlerde, adatlarda, däplerde, şonuň ýaly-da olaryň maksatlarynda, pikirlerinde we ymtylmalarynda hem aňladýarlar. Bu ýerde jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän hadysalara düşünmek we olara bolan adamlaryň ruhy gatnaşygyny aňladýan belli bir duýgy we paýhas hyjuwy bolýar.

Jemgyýetçilik psihologiýa adamlaryň öz ýaşaýyş şertlerine we jemgyýetçilik durmuşyna duýgy we paýhas gatnaşyklarynyň jemi bolup çykyş edýär. Ony sosial toparlaryň we milli birleşikleriň psihiki häsiýetleriniň ýüze

çykmasy hökmünde häsiýetlendirip bolar. Milli psihologiýa, mysal üçin, şu hili. Ol halkyň milli häsiýetinde bolup biler. Jemgyýetçilik psihologiýasy durmuşy we oňa bolan gatnaşygy kabul etmekligiň ynançlary, durmuşy ýörelgeleri bolup ýüze çykýarlar. Durmuşy psihologiýa jemgyýetde gymmatlyklaýyn gözükdirme we sebäpli-ugrukdyryjy wezipeleri ýerine ýetirýär.

Şeýlelikde, biz jemgyýetçilik aňyny seljerýän mahalymyzda onuň derejeleriniň her birinde (nazaryýet derjesinde hem, adaty-amaly derejesinde hem) adamlaryň sosial durmuşyna degişli bölegini tapawutlandyryp, ony şol derejelere laýyklykda idealogiýa we jemgyýetçilik psihologiýasy hökmünde aňladýarys. Durmuşda idealogiýa bilen jemgyýetçilik psihologiýanyň arasy biri-birinden geçip bolmajak çäk bilen bölüngi däldir, olar biri-biri bilen ysnyşykly utgaşýarlar, biri-birine täsir edýärler.

Jemgyýetçilik ýaşaýşynyň şöhlelendirilmesiniň we jemgyýetiň durmuşyna jemgyýetçilik aňynyň yzyna täsir etmeginiň hakykatdan hem amala aşyrylmagyna hut özleri maý berýän özboluşly görnüşleri derňemezden jemgyýetçilik aňy barada dogry düşünje edinip bolmaz.

**Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri.** Häzirki döwrüň sosial filosofiýasynda jemgyýetçilik aňyň syýasy, hukuk, ahlak, estetiki, dini, ylmy we filosofiki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Olaryň her biri jemgyýetçilik durmuşynyň degişli taraplaryny şöhlelendirýärler we olary ruhy taýdan ýüze çykarýarlar. Şonda jemgyýetde bolup geçýän syýasy, ykdysady we beýleki özgerişleri ol ýa-da beýleki derejede täsir edýän jemgyýetçilik aňyň ähli gömüşleriniň belli bir özboluşlygy saklanýar.

Jemgyýetçilik aňyň gömüşlerini tapawutlandyrmagyň we çäklendirmegiň ölçegleri nämeler bolýarlar?

Ilki bilen olar olaryň garaýan zatlary bilen tapawutlanýarlar. Olaryň her birinde jemgyýetçilik durmuşynyň ol ýa-da beýleki tarapy şöhlelendirilýär. Şu hem çäklendirmekligiň esasyna goýulan. Mysal üçin, syýasy aňda

beýleki taraplardan has giň möçberde adamlaryň syýasy hereketlerini we şonde ýüze çykýan gatnaşyklary özünde jemleýän jemgyýetiň syýasy durmuşy şöhlelendirilýär. Hukuk aňda hukuk kadalaryny we kanunçylyk namalary işläp düzmeklik we ulanmaklyk bilen baglanşykly jemgyýetiň hukuk durmuşynyň dürli pursatlary şöhlelendirilýär. Ahlaklylyk aňy jemgyýetde bar bolan ahlak gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Özüniň ýüze çykmasynyň bir görnüşi. Sungat bolan estetiki aň bolsa adamlaryň özlerini gurşap alýan dünýä bolan estetiki gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň özara baglanşykda bolany sebäpli jemgyýetçilik aňyň her bir görnüşiniň olary gönileýin ýa-da gytaklaýyn şöhlelendirjekligi düşnükli. Ýöne "öz" meselesini ol beýlekilerden has doly şöhlelendirýär we ruhy taýdan özleşdirýär.

Jemgyýetçilik aňyň görnüşleri sosial barlygyň degişli taraplaryny şöhlelendirmegiň görnüşleri we usullary bilen hem tapawutlanýarlar, diýmek, çäklenýärler hem ylym, mysal üçin, dünýäni düşünjeler, gipotezalar, nazaryýet ulgamlary, taglymatlar görnüşinde şöhlelendirýär. Şonda ol akyl ýetirmäniň tejribe, modelleşdirme, pikir ýöretmeklik, eksperiment usullaryna ýüzlenýär. Estetiki aňyň ýüze çykmasy görnüşinde sungat dünýäni çeper obrazlaryň üsti bilen şöhlelendirýär. Ahlak aňy özüňi alyp barmaklygyň ahlak kadalarynda we ýörelgelerinde, şonuň ýaly-da däplerde, adatlarda we başgalarda öz beýanyny tapýan ahlak başdan geçirmeler we garaýyşlar gömüşde jemgyýetde bar bolan ahlak gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklary syýasy we dini garaýyşlarda hem özboluşly şöhlelendirilýär.

Ahyrynda, jemgyýetçilik aňyň görnüşleri jemgyýetiň durmuşynda tutýan orunlary we ähmiýetleri bilen hem tapawutlanýarlar. Şu ýagdaý olaryň her biriniň jemgyýetde ýerine ýetirýän wezipeleri bilen kesgitlenýär. Bu ýerde gürrüň jemgyýetçilik aňyň dürli görnüşleriniň ýerine ýetirýän akyl ýetirmek, estetiki, terbiýeçilik we idealogiki wezipeleri, şonuň

ýaly-da adamlaryň özüni alyp baryşyny we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ahlak, syýasy we hukuk taýdan sazlaşdyrmak wezipeleri barada barýar. Ylymda, sungatda, ahlakda, hukuk, din we filosofiki aňda jemgyýetiň ruhy mirasyny saklamak wezipesi barada hem aýtmak gerek. Şonuň ýaly-da ylmyň, filosofiýaň we jemgyýetçilik aňyň beýleki görnüşleriniň öňünden görüjilik wezipesini hem bellemeklik gerek. Jemgyýetçilik aňyň her bir görnüşinde ýokarda görkezilen wezipeleriň belli bir toplumy jemlenýär. Şolary amal etmeklik bilen olaryň jemgyýetdäki orny kesgtlenýär.

Jemgyýetçilik aňyň syýasy, hukuk, ahlaky, estetiki, dini we beýleki gürnüşleri özara baglanşykda we özara täsirde bolýarlar, sebäbi olarda gönümel şöhlelendirilýän jemgyýetçilik durmuşynyň taraplary biri-birine täsirli bolýarlar. Şeýlelikde, jemgyýetçilik aňy jemgyýetçilik durmuşynyň özüniň bitewiligini açyp görkezýän bitewilik bolýar.

Jemgyýetçilik aňynyň şu hili düzüm bitewiliginde adamlaryň adaty we nazary aňy, olaryň jemgyýetçilik psihologiýasy we idealogiýa, şonuň ýaly-da ýokarda görkezilen jemgyýetçilik aňyň gömüşleri biri-birine täsir edýärler.

O1 ýa-da beýleki döwürde dörän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetine we jemgyýetde çözülýän meselelere görä jemgyýetçilik aňynyň ol ýa-da beýleki görnüşi-syýasy, hukuk, ahlak, ylmy ýa-da dini aň öňe çykmaklygy mümkin.

Häzirki Türkmenistanyň täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe jemgyýetde syýasy, hukuk, ahlak, dini aňyň we aňyň beýleki görnüşleriniň ähmiýeti artýar. Jemgyýetiň syýasy ulgamynyň täze gömüşe eýe bolýan döwründe adamlaryň syýasy aňynyň ähmiýeti ýokarlandy. Täze jemgyýetçilik gatnaşyklaryna geçilýänligi we hukuk döwletiniň gurulmagy bilen, hukuk döredijilik işiň işewirleşýänligi sebäpli hukuk aňy hil taýdan özgermeli bolýar. Ahlak, estetiki we dini aňyň omy hem beýgelýär. O1ar

halkyň ruhy medeniýetiniň baýamagyny we adamlaryň özara gatnaşygyny ynsanperwerleşmegini üpjün edýän ahlak we estetiki gymmatlyklary toplamaklyga hyzmat etmeli.

Jemgyýetiň ösüşinde täze derejä we hile çykmaklygy, onuň demokratik häsiýetleriniň işewir açylmagy we ýaşaýşyň täze görnüşlerine geçilmegi adamlaryň döredijilik işewirligini artdyrmaklygy talap edýär. Bu işewirlik düýpli aňlanyp, aýdyň maksatlara we ynançlara esaslanmaly. Şeýlelikde, jemgyýetçilik aňynyň ähli görnüşleriniň ähmiýeti artýar. Aňyň bu görnüşleriniň çäginde jemgyýetçilik durmuşynyň özgerişi we hadysalary aňlanylýar hem-de olar işewir täsir etmekligiň usullary işlenip düzülýär.

## Soraglar.

1. Jemgyýetçilik aňy nämäni aňladýar?
2. Jemgyýetçilik aňynyň düzümi haýsylar?
3. Adaty we nazary aňy diýip haýsy aňlara alýar?
4. Jemgyýetçilik psihologiýasy we idealogiýasy nämäni aňladýar?
5. Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri haýsylar?

## Halk köpçüliginiň we şahsyýetiň taryhdaky roly. Taryhyň manysy we taryhy progress ideýasy.

**Halk taryhy esasy döredijі güýç hökmünde.** Halkyň taryhyndaky kesgitleýji ornuny nygtaýan taglymatlar bilen bir hatarda, bu orny şahsyýetler bilen baglaýan taglymatlar hem az däl. Bu ýerde taryhy hereketlendiriji güýç hökmünde - "absolýut" meni (M. Ştirner), "belent şahsyýetler" (T. Karleý1), "ýokary adamy" (F. Nisse), "döredijі elitany" (W. Pareto, G. Mö.sko), "tehnokratik ýa-da dolandyryjy elitany" (Dž. Býornhem, G. Lassuel), "beýik-şahsyýetleri" (häzirki zaman liderlik taglymaty) öňe sürýärler. Şahsyýetiň taryhdaky orny barada örän ýerlikli pikirlere täzeleniş döwrüniň fransuz

taryhçylary O. Týerriniň, F.Gizonyň, F.Minýeniň eserlerinde görmek bolýar.

Halk köpçüliginiň taryhdaky kesgitleýji ornuny nemes filosolary K. Marks we F. Engels kesgitlemeklige çalşypdyrlar. Maddy önümçiligi adamzat ýaşaýşynyň ähli beýleki görnüşlerini kesgitleýji ugur hökmünde tapawutlandyryp, halk köpçüligini jemgyýetiň esasy öndüriji güýji diýip, häsiýetlendiripdirler. Halk maddy gymmatlyklary dörediji bolup, sosial rewalýusiýalary işewir durmuşa geçiriji güýç bolar, diýen pikiri nemes filosoflary nygtaýarlar. Şonuň ýaly-da olar halkyň dili we ruhy medeniýeti döretmekdäki ornuny hem görkezýärler. Marksistik taglymat halk köpçüliginiň taryhdaky ornunyň güýjeýänligini we ýokarlanýandygyny belleýär. Onda-da onuň aňlanyşykly hereketiniň artýandygyny nygtaýarlar.

Görşümiz ýaly, bu ýerde halkyň taryhy ösüşdäki orny ilki bilen onuň jemgyýetiň esasy öndüriji güýjüni düzýänligi bilen kesgitlenilýär. Şu manyda halk hakykatdan hem taryhy dörediji bolýar. Ýöne halk köpçüliginiň orny diňe maddy önümçilik bilen çäklenmeýär. Ol ruhy medeniýetiň hem esasyny döredýär. 0lara halk sungatynyň eserleri, halkyň arhitektura-binagärlik nusgalary mysal bolup bilerler. Halk milli dili goraýar we ösdürýär, ajaýyp milli ruhy gymmatlyklary dörediji we göteriji bolýar. Halk köpçüiliginiň taryhdaky orny dürli döwürlerde üýtgän, özgeren.

Halkyň taryhy dörediji güýje öwrülmegi üçin, onuň milli aňyýetiniň, guramaçylyk ukyplarynyň artmaklygynyň gerekligi baradaky pikir köp eselerde öňe sürülýär. Onuň üçin bolsa halk bilen şahsyýetiň jebis baglanşyga bolmaklygy olarda bellenilýär. Taryhyň ösüşiniň kesgitleýji pursatlarynda taryhy şahsyýetleriniň halky öňe alyp gitjek güýje öwrülmekleri üçin olar milleti öňe alyp gidýär. Görşümiz ýaly, maşgala jemgyýetiň ähli sosial edaralarynyň esasy bolýar. Şonuň üçin maşgalanyň ösüşi göz öňüne gelýär. Jemgyýetiň beýleki edaralary kimin maşgala hem jemgyýetde ähmiýetli? wezipeleri ýerine ýetirmeklik üçin düzgünleri ulgamy gerek

bolýar. Ol çagalary terbiýelemekligi we beýleki jemgyýetiň gereklilikleriiü üpjün edýän nika bilen birikdirilen topar ýa-da garyndaşlyk hökmünde kesgitlenýär;

Demokratik däl syýasy düzgünlere totalitarizm we awtokratizm girýärler. Totalitarizm demokratiýanyň garşydaşy bolany sebäpli biz şu düzgüniň üstünde durup geçeliň. Totalitarizm (totalis latynça tutuşlaýyn) jemgyýetiň syýasy, ykdysady ruhy talaplaryna döwletiň doly gözegçilik etmekligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde adamlaryň oý-pikirleri hem gözastynda boiýar."Başgaça pikirlenýän" diýen düşüňje oňa şaýatlyk edýär. XX asyryr döwründe adamlaryň aň-düşüňjesi bir ölçegiň esasynda gurnaljak bolundy. Adamlaryň aňy galypa salynanda, olaryň ruhy weýran bolýar. Sebäbi raýaiiaryň üstünde doly gözegçilik köpçülikleýin maglumat serişdeleriniň, radionyň, telewideniýanyň döremegi bilen mümkin boldy. Totalitarizmde adam döwlet maşynynyň öňünde ýeke-täk galyp, oňa boýun bolýar.

Türkmen döwleti häzirki täze Galkynyş eýýämynda özüniň demokratik mümkinçiliklerini giňişleýin açyp, kanuny hökmirowanlygy berkidip, adamyň ähli taraplaýyn gorawlylygyny üpjün edip, döredijilige, gurujulyga gerekbolan şertleri döredýär. Bu döwlet "Döwlet adam üçindir" diýen ýörelgeden ugur alýar. Jemgyýet bitewi durmuşy-medeni ulgam bolup çykyş edýär. Jenigyýet birnäçe ulgamlardan durýar, olar bütewileşdiriji, ulgam döredijі häsiýetlere eýe bolýar. Şol ulgamlaryň biri bolup durmuşy (sosial) birleşik çykyş edýär.

Durmuşy birleşme – bu belli bir häsiýetdäki durmuşy hereketiň subýekii bolup, hakykatdan bar bolan adamlaryň bitewi birleşigi görnüşde çykyş edýär,

Diýmek, durmuşy birleşik:

– hyýaly däl-de, hakyky, onda-da barlap bolýan birleşik bolýar;
– adamlaryň, sosial toparlaryň ýönekeý (mehamki) jemi bolman, özünde ulgamlaýyn häsiýetleri jemleýän bitewilik bolýar;

– durmuşy özara täsiriň subýekti bolýar.

Bu bolsa olaryň özüniň ösüşiniň we öz hereketiniň hereketlendirijisi bolýanlygyny aňladýar. Durmuşy birleşmeler özüniň köpdürli görnüşliligi bilen tapawutlanýar. Ilki adamy özünde jemleýän kiçi toparlardan başlap köpsanly hälkarä syýasy we ykdysady heretlerri onuň dürli görnüşleri bolýarlar. Birleşmeler kadalaşdyrmaklyk üçin ondan başga has düýpii dörediji ol ýa-da beýleki görkeziji hem ulanylýar. Şolaryň esasynda territorial, etniki, demografiki birleelşmeleri tapawutlandyrsa bolýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, sosial birleşmeler jemgýýetiň bütewileşmegine, adamlaryň öňünde duran meseleleri çözmeklikde;

Halk özüniň däp-dessury, dili, ruhy boýunça häsiýetlendirilýär. uly güýçdir, çünki jemgyýeti öňe iterip ösdürýär, ol zähmet guralyny döredýär. Halk medeni baýlyklary döredip nesilden-nesle ýetirýär. Iň görnükli şahslar halka köp zat öwredip bilmeýär, tersine beýik şahslary halk döredýär.

Halk köpçüligi taryhy döredijidir. Ýöne her hili taryhy ýagdaýlarda, halk bir hili orny eýeleýär. Halkyň özi hem ýalňyşmagy mümkin. Demokratik däl jemgyýetde ýokardan edilýän basyşlaryň netijesinde halkyň aktiwligi peselýär Adamzat jemgyýetiniň ösdigi saýyn, halkyň kesgitleýji güýjüniň artýandygy belli, çünki şonuň üçin şertler döreýär.

Halk köpçüligi bilen şahsyýetiň ruhy arabaglanşygy, mysal üçin, Ruhnama kitabynda şeýle beýan edilýär: "...taryhyň bir döwründe jemgyyetde ýygnanan gujur indiki bir döwürde milletiň kemala getiren şahsyýetinde tebygy suratda döremelidir, özem şol ýerde doňup galmak üçin ýa-da ýitip gitmek üçin däl-de, taryhy herektiň üçünji nokadynda täze hilde milletiň öňüne gaýdyp; gelmek we ony täze belentliklere çykarmak üçin döremelidir". Şu hili arabaglanyşygyň döremekligi üçin milletiň özi ösen häsiýete eýe bolmaly. Şol derejede millet ruhy we maddy medeniýeti döredip, olary nesillerden-nesillere kämileşdirip geçirmeklik ukybyna eýe

bolýar. Bu derejä bitewileşen millet we jebis sosial toparlar çykyp bilýärler.

**Mähelle we onuň psihologiýasy.** Mähelle – giňişlikdäki gönümel ýakynlygy, haýsy hem bolsa daşky täsiriň we duýgulaýyn umumylyk esasýnda az wagtlaýyn birleşen, içki taýdan gurnalmadyk adamlaryň köpçüligi bolýar. Eger sosial birleşme düzüm böleklere bölünip bir bütewilige öwrülmedik ýagdaýynda, ol oňaýly herekete ukypsyz mähelle bolýar. Ylymda mähellä bolan dürli garaýyşlar bar. Köplenç mähellä aňsyz, gözsüz weýran ediji güýç hökmünde garalýar. Fransuz alymy G.Leban (1841-1931) mähelläniň düzümine sosial toparlaryň dürli görnüşlerini, hatda syýasy partiýalary hem goýup oňa örän giň häsiýetnama berýär. Ol XX asyryň başlangyç döwrüni "mähelläniň zamanasy" diýip atlandyrýar.

Şu meseläni belli ispan filosowy Ortega Gasset (1883-1955) özuniň "Mähelläniň gozgalaňy" atly eserinde düýpli derňeyär. Onuň aýtmagyna görä "mähelle" düşünjesi göze görnüp duran we hil häsiýetli düşünje bolýar. Ony alym sosiologik nukdaý-nazardan derňeýär. Jemgyýet, onuň pikiriçe iki zadyň; azlygyň we köpçüligiň hereketli birligi bolýar. Azlyk - adam ýa-da adamlaryň topary bolup mähelleden hil taýdan tapawutlanýar. Köpçülik - hil taýdan bir-birinden kän bir tapawutlanmaýan adamlaryň mähellesi bolýar. Mähelläniň esasy hil häsiýeti, Orteganyň aýtmagyna görä, bu köpçülik, başgaça aýdylanda, jemgyýeti aşak alyp barýan ýük bolýar.

Köplenç mähelle başlangyç islegleri, pikirleri, ýaşaýyş obrazlai bolan adamlardan kemala gelýär. Alymyň pikiriçe, şeýle ýagdaý nä derejede adamlar oňa saýlananda hem her bir jemgyýetçilik toparynda bolup geçýär. Ýöne mähelläni saýlanan azlykdan tapawutlandyrýan häsiýetli aýratynlyk bar.

Mähelle ýa-da köpçülik bolmadyk toparlarda olary düzýän adamlary berekete getirýän islegler, pikirler, kämillik ölçegler gabat gelýärler. Bu ýagdaý bolsa köpçüligi döredip bilmeýär. Dürli işler bilen meşgul bolýan kiçi topar döremezden ozal, oňa girýän adamlar özboluşly häsiýete eýe bolup, haýsy hem bolsa bir sebäbe görä mähelleden

aýrylmaklygy gerek bolýar. Onuň kämillik nusgalarynyň we gözükmeleriniň şol kiçi topary döredýän beýleki adamlaryň gözükmeleri bilen gabat gelmekligi ilkinji esas bolýar, çünki olaryň her biriniň, onuň üçin öz sebäbi bar.

Märeke – bu adamlaryň tötäni toplumydyr. O1ar geçip gidýän wagtlaýyn bähbitlerde birleşýärler.

Psihologiýa nukdaý-nazardan märeke akylly başly hereket edip bilmeýärler. O1ar köpçülikde batyr hereket edip, aýry-aýrylykda gorkak bolýar. Märeke ýolbaşçysyz hiç zada ukyply däldir. Märekäniň hereketi hiç hili maksada ýetip bilmeýär. Sebäbi olaryň hereketinde guramaçylykly hereket bolmaýar. Ýeke bir adama garalanda hem onuň köpçülik adamsy bolanlygyny ýa-da bolmaýanlygyny aýtsa bolar. Adam-köpçülik, Orteganyň aýtmagyna görä, ol dürli sebäplere görä ýagşy ýa-da üaman tarapdan özüni bahalap bilmeýän, özüni "ähli kişi" ýaly duýup onuň üçin müýn bolmaýar. Onuň üçin özüň-özüňi "başgalar ýaly" öwrenerlikli, dürli sebäplere görä, mysal üçin, özüniň ukybyny bilmeklik üçin öz-özüne baha berjek bolýan ýönekeý adamy göz öňüne getirsek we onuň özünde şol ukyby görüp bilmedik ýagdaýyna garasak ol adam özüni ýöntem, ukypsyz, ýönekeý duýmagy mümkin, ýöne özüni "adam-köpçülik" kimin duýmaz. Şu we beýleki esaslar mähelläni pähimli-paýhasly topardan tapaw utlandyrýar. Bu ýerde mähelläni köpçülikden hem tapawutlandyrmak gerek.

Fransuz alymy G.Tard (1843-1903), mysal üçin, mähelläniň däl-de köpçülikleýin birleşmeleriň (gazýet, žurnal okyjylaryň, sportyň görnüşlerini söýüjileriniň we başgalaryň) ornunyň ösýändigini belleýär. Häzirki döwurjde alymlar mähelläniň kemala gelişi, onuň görnüşleri we wezipeleri bilen baglanşykly soraglary derňemeklige üns berýärler.

1). Tötänleýin;
2). Şatlyk, gynanç, garşylyk duýgularyny ýüze çykarýan röwşenli;
3). Takyk ýa-da göz öňünde tutulýan kadalara we düzgünlere esaslanýan şertleýin;

4). Hereket edýän.

Soňkyny öz gezeginde gazaply, gaçyp sypýan, ekstatik (ekstaz ýagdaýdaky) görnüşlere bölýärler. Adamlaryň mähellede özlerini alyp barşy ynandyrma, öýkünme we sosial-psihologiki täsire düşme, ýokary duýgurlyk esaslarda güýjeýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

**Taryhda şahsyýetiň orny.** Belli bir şertlerde şahsyýet jemgyýetçilik durmuşyna belli bir täsir edip bilýär. Şol şertleri häsiýetlendirjek bolalyň. O1 ýa-da beýleki adam taryhy hadysalara belli bir sosial toparyň, bütin halkyň bähbidini şöhlelendirip, olaryň goldawyna eýe bolup bilen ýagdaýynda. Şeýle şahsyýet eger özüniň döredij iliginde öz döwrüniň gerekliligini şöhlelendirip, ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini berip bilen ýagdaýynda. Beýik adam öz döwrüniň wäjyp jemgyýetçilik gerekliliklerine gulluk etmäge ukyply bolan ýagdaýynda beýgelýär. Şu nukdaý-nazardan ýurt Ýolbaşçysynyň strategiki akyly, hasiýeti we erki, taryhy döwür üçin örän ähmiyetli bolýar.

Taryhyň kesgitleýji pursatlarynda halky täze sepgitlere gönükdirmeklik üçin özboluşlylygyny, aýratynlyklaryny kesgitlemeklik gerek bo1ýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň "26-njy sentýabrynda geçen nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynda eden çykyşynda: "Türkmenistanda sowet döwlet we jemgyýet guruluşyndan demokratik gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň, onuň ornuna Beýik Galkynyş eýýamy geldi" diýip ýurduň özbaşdaklyga eýe bolany bäri geçilen ýoly, ýetilen sepgitleri we gazanylan netijeleri aýdyň görkezdi we ozüniň eserlerinde täze Galkynyş eýýamynyň taglymatyny işläp düzdi. Milleliň ruhy galkynyşyny gazanmaklyk örän wajyp, şol bir wagtda hem çylşyrymly mesele.

Döwür näçe çylşyrymly bolsa, şonça-da geljege akyl ýetirmegi, geljegi görmekligi talap edýär. Şeýle görüş bolsa diňe ylmy taglymat arkaly mümkindir.

Käbir alymlar beýik şahslaryň, döwlet ýolbaşçylarynyň karollaryň roluny kesgitleýji zat hökmünde düşündirjek

bolýarlar. Beýik şahslaryň taryhda roly uly, emma kesgitleýji däldir.

Taryhy ýagdaýlar esasynda we olaryň hususy başarnygy esasynda taryhyň basgançaklaryna çykarlan adamlardyr. Taryhy şahslar taryda ýüze çykan zerurlygy amala aşyrýarlar. O1ar halkyň görmedik zerurlygyny görüp, ony amala aşyrmak üçin halky öz yzy bilen alyp gidýär. Sebäbi adamlar taryhy şahslaryň yzyna eýerip öz pikirlerini ödäris diýip pikir edýärler.

Halk akylly ýolbaşçylary arzuw edýär. Plotonyň aýdyşy ýaly adamlar diňe akylly ýolbaşçylar ýolbaşçy bolanlarynda bagtly bolup bilerler. Taryhy şahslar halk howplary görmän, hereket edenlerinde, olar halky ol howpdan gutarýar, hatda iň erbet ýagdaýlary hem halkyň peýdasyna çözüp bilerler.

Taryhy şahs derejesinde adamyň öňe sürülmegi tötänlikdir. Zerurlyk bolsa emele gelen taryhy ýagdaýlardan gelip çykýar.

Demokrit bolsa "Tötänden belent wezipeleri eýelejek bolmaň, özüňi tanamasaň, özüňe meňzemersiň " diýýär.

Taryhda görnükli şahslar, halkyň islegini ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin biziň Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Meniň esasy daýanjym halkymdyr" diýýär.

Taryhy şahslar jemgyýetçilik hadysalaryna garaşlydyr. Haçan-da halkyň ykbaly syýasy pese düşmeklige ýakynlaşsa, diňe geniler, halky, halas edip biier. Gurhanda aýdylyşy ýaly, "Kime köp berilse, ondan köp sorarlar".

Jemgyýetiň ösüşine akylly, talantly adamlar, şahslar ylymda, edebiýatda we ş.m. uly açyşlar edip jemgyýetiň ruhy baýlygyny döredýärler.

Adamzat olaryň atlaryny mydama şöhratlandyrýarlar, meselem: Gerakalit, Demokrit, Magtymguly, Nowaýy, Puşkin.

Geniler jemgyýeti ösdürýär. Wolteriň aýdyşy ýaly, "ýetmezçilik puluň ýetmezçiliginde däl, döwleti gowşadýan zat genileriň ýetmezçiligidir". Geniler täze zady döredýärler.

Harizmatiki taryhy şahslar ruhy baý, akylly şahslardyr. Olar adamzat taryhyndan adaty däl adamlar diýlip hasaplanýarlar. Weteriň aýdyşy ýaly, harizmatiki şahsy hökümi çensiz goldawa onda-da begençli goldawa esaslanýar.

Şeýlelik-de harizmatiki şahslar gizlin syrlara eýedir. Ol soňuna çenli düşnükli bolmaýar.

Köpçüligi yzyna düşürmek üçin harizmatiki şahs, däp bolan zatlary goldaw edip, gizlin syrlardan peýdalanýarlar.

Döwletiň baştutanlygyna taryhda emele gelen ýagdaýlar, ol ýa-da başga bir adamy öňe sürýär. Ol köp zatlary amala asyrýar, emma hemme zady kesgitläp bilmeýär. Halk nähili bolsa, onuň saýlan şahsy özüne mynasypdyr.

Adamlar aýratyn täsirlilik, adamlary özüňe çekijilik diňe bir ýurt Ýolbaşçysyna degişlilikde däl, eýsem, her bir ýolbaşçy üçin hem gerekli Ýolbaşçynyň aýratyn täsirliligi bilen baglanyşykly meselä garalanda "harizmatik şahsyýet" baradaky döşünjäni hem açyp görkezmeli. Harizma (grekçe harisma-merhemet, Allanyň peşgeşi). Şahsyýeti häsiýetlendirmekde bu düşünjäni nemes akyldary M.Weber giňişleýin ulanýar. Lidere "belent wezipäni" amal etmeklige mümkinçilik berýän, oňa mahsus bolan seýrek duş gelýän häsiýet köpçülik bilen lideriň aragatnaşygyna bu ýerde duýgulaýyn mistiki häsiet berilip, onuň özüňi doly açmaklygy, çäksiz ynanjy we goldawy talap edýänligi bellenilýär. Bu hili aragatnaşyk "mertligi", "merdanalygy", "yzygiderligi edermenligi" göz öňünde tutýar. Harizmatiki taryhy şahsyýet, täsirli bolýar.

**Taryhyň manysy we taryhy progres hakynda.** Taryhy akyl ýetirmeklik meselesi elmydama adamzady tolgundyryp gelen. Şolara ilkinji jogaplary garaýyş, ony taryhy rowaýatlaryň üsti bilen beýan etmek esasynda bermeklige getirýär. Rowaýatlar, mysal üçin, Oguznamalar geçmişi belli bir derejede aňlamaklyga käbir esaslary döretdiler. Olarda taryhy maglumatlar berilip, taryhy wakalar beýan edilýär. Ýöne, olarda taryhy tejribäniň düýp manysy bolan paýhas

pikirler berilmeýär. Olarda garalýan pursat agalyk edip, wagt ölçegi duýulmaýar. Ähli wakalar bir giňişlikde berilýär.

Ilkinji taryhçy Gerodot hasaplanýar. Onuň "Taryhynda" şindi ösüş, özgeriş görkezilenok. Beýan edilýän zatlar aýry-aýry şekillere bölünip, olar yzygiderli bitewiligi berip bilmeýärler. Onuň taryhynyň yzygiderli fantastiki häsiýete eýe bolýar. Ýöne Gerodot diňe bir wakalary gyzykly beýan etmän, onuň taryhy eseri örän peýdaly durmuş sapaklaryny hem öz içine alýar. Gerodotyň eserlerinden taryhy filosofiki esasda aňlamaklyga täsir eden üç zady bellemek mümkin: taryh diňe syýasy ýa-da harby taryh bolup biler; döwlet işewir azlykdan we köplükden durýar; halkyň taryhynda kem-kemden amal edilýän gizlin syr bar.

Fukidid we soňky taryhçylar Gerodotdan tapawutlylykda taryhy esaslara daýanýarlar. Fukididiň eserlerinden soňra taryha adamlaryň häkimýet we döwletde täsirlilik üçin göreşini hem-de döwletiň agalyk üçin göreşini şöhlelendirýän wakalar hökmünde aňlamaklyk döredi. Ýöne, taryhy filosofiyanyň ilkinji wekili hökmünde italýan akyldary Wikony görkezse bolar. Onuň "Täze ylym" atly kitaby taryha adamlaryň dil, kada-kanun, hökümet we başga ulgamlary döredýän özgerişi hökmünde garaýar. Wiko taryhda adamzat jemgyýetiniň we onuň edaralarynyň döreýşiniň we kemallaşyşynyň özgerişini görýär. Taryh Wikonyň pikiriçe, geçmiş bilen diňe geşmiş hökmünde meşgul bolmaýar. Ol ilki bilen biziň öz ýaşaýan jemgyýetimiziň hakyky düzümi, bize mahsus bolan gylyk-häsiýetler, däp-dessurlar we bizi gurşap alýan adamlar bilen meşgul bolýar.

Wikonyň pikiriçe, taryhda umumy häsiýetlere eýe bolan döwürler bolýar. Ol häsiýetler her bir zada meňzeş öwüşgün berip beýleki bir döwürlerde gaýtalanýar, şonda irki döwür hem öz tebigaty boýunça bir-birine meňzeş bolýarlar. Dogrudan hem taryhda Wikonyň bu pikirini tassyklaýan mysallar bar. Onda-da oňa mysal diňe bir Ýewropanyň taryhynda däl, eýsem türkmen halkynyň taryhyndan hem, Oguz hanyň we Seljuklaryň döwrüni getirip bileris. Olaryň

umumy häsiýetleri hökmünde: harby serkerdeleriň agalygyny, oba hojalyk önümçiligini, şahsy batyrlyga we ynama esaslanýan ahlagy we başgalary görkezse bolar.

Wikonyň taryhynda meňzeş döwürler şol bir yzygiderlikde gaýtalanmak häsiýete eýe bolýarlar. Gahrymançylykly döwürlerde soňra klassiki döwürler gelip, ol ýerde paýhas hyýaly oýlanmalardan, senagat oba hojalygyndan, parahatçylyga esaslanýan ahlak, söweşe esaslanýan ahlakdan agdyklyk edýär. Ondan soňra pese düşmeklik häsiýetli bolýar. Taryh gaýtalanýan, sikliki hereket görnüşinde bolýar. Sikliki hereket şonda ýöne bir tegelek boýunça hereket bolman, eýsem, burum-burum ýol boýunça hereket bolýar. Diýmek, her bir täze siklde ösüşiň täze derejesine galynýar.

Görşümiz ýaly, Wiko XIX asyrda ýüze çykan taryhy-filosofiki taglymatlary peýdalanýar.

Gegel, Marks we käbir beýleki taryhçylar adamzat taryhyny bitewi görnüşde häsiýetlendirip, ähli halklaryň – biri ir, beýlekisi giç – bir maksada barýandyklaryny belleýärler. Progress ýoluna düşen halklaryň maksadyny her bir filosof özüçe kesgitleýär.

Gegel adamzadyň taryhy hereketi öz bähbidine eýerýän aýratyn adamlaryň herektiniň jemi bolýar diýip adalatly belleýär. Ýokarda biz bu meseläniň üstünde durup geçipdik. Ähli erkleriň we gözükmeleriň jemi her bir adamyň garaşýan netijesinden düýpgöter başga netijä getirýär. Diýmek adamlar haýsy hem bolsa has ýokary we olaryň bilmeýän zadynyň gurallary bolýarlar. Taryhda haýsy hem bolsa bir ruh, Dünýäniň ruhy her bir halkyň ruhynda aňlanýar. Halkyň ruhy ony aňlamaklyga çalyşýar, beýgelýär, ýöne ol soňra pese düşüp öz ornuny beýlekilere, has ýaş halklara bermeli bolýar.

Ösüş ýokary galýar. Bu ýerde progressiň ölçegi bolup erkinligi aňlamaklyk çykyş edýär. Adamzat ösüp kem-kemden erkinligi has çuňňur aňlamaklyk ýoluna düşýär. Gegeliň dünýä ruhy ýer ýüzüni gezip öz-özüni aňlamaklygyň belentliklerine galýar. Gadymy Gündogar – onuň çagalyk döwri, Gresiýa

ýetginjekligi, Rim-kämilligi, german dünýäsi-garryllygy, gujuryň we paýhasyň berjaý bolmagy.

Şeýlelikde, taryh Gegeliň pikiriçe – dünýäniň paýhasynyň progressiw ösüşiniň taryhy bolýar. Adamzat erkinligiň agalygynyň basgançaklaryna (ol basgançaklar bolup aýry-aýry ýurtlaryň we halklaryň erkinligi gazanmaklary bolýar) galýar.

Adam taryhy öwrenip, öz-özüne göz ýetirýär. Ruhy baýlygyň belentliklerine galyp, häzirki ýagdaýa we gelejek barada pikir ýöredýär. Taryha akyl ýetirmek özüňe we döwre akyl ýetirmekdir, ol biziň durmuşymyzyň bir bölegine öwrülýär. Taryhda bolup geçmeýän zat ýok. Akyldarlar tarapyndan döredilen zatlardan akyl toplaýarlar, erbet zatlardan netije çykarýarlar.

Taryhyň obýektiw mazmuny barada aýtsak, ol öz ösüşinde obýektiw maksat yzarlaýar. Baky zat ýok biziň ýaşaýşymyzyň haçan gutarjagyny bilýän adam ýok mundan başga-da taryhda köp zatlar öz akymlaýyn bolup geçýär. Taryh bize, biziň öwrenmeli zatlarymyzy öwredýär.

Adamzat jemgyýeti ösýär. Emma şol ösüş ýolunda yza gaýtmaklyk, weýran bolmaklarynyň üstünden geçip öňe gidýän ösüş göz öňünde tutulýar. Taryhda birnäçe ganly uruşlar bolup geçipdir. 6 müň ýylyň dowamynda 20 müň uruş bolup, millionlarça adam pida bolupdyr. Taryhçylaryň hasaplamagyna görä, 3600 ýylyň dowamynda bary ýogy 296 parahatçylykly ýyl bolup geçipdir. Jemgyýetçilik progress diýlende ykdysadyýet, tehnikanyň ösüşi barada gürrüň etse bolar.

1. Emma adamlar, adamlardan akyllymy?
2. O1aryň ahlagy barada progress diýip aýdyp bolarmy?
3. Ýa-da sungat, edebiýat barada aýdyp bolarmy?
4. Hany Magtymgula, Nowaýy, Puşkin?
5. Ekologiýanyň bozulmagy adamlaryň bejerip bolmaýan keseller bilen kesellemegi adamzadyň ýok bolmak howpynyň ýakynlaşýanlygyny aňladýarmy?

6. Progress bu ösüşdir. Emma bu ösüş erbetlige getirmejegine şaýat geçip bolarmy?

Progressiw ösüşiň oňat we erbet taraplaryny tapawutlandyrmaly. Progress üçin tölemeli material, pul dünýäsinde biziň durmuşymyzyň erbet taraplaryna garşy durup bilmeris.

Jemgyýetde tötänlikler şu gün gazanylan zatlary ýoga çykarmazmy? Taryh köp siwilizasiýalaryň dargap ýok bolanyny gördi.

Progressiw ösüşiň görkezijisi adamdyr. Sungatda progress birnäee kynçylyk döredýär. Ykdysadyýet, ylym ösýär, emma ahlak barada beýle diýip boljak däl.

Adamlar aňly düşünjeli bolansoň bu ýokardaky aýdylan kynçylyklary düzetmegiň ýoluny taparlar. Göwni çökgün bolmaly däl.

Marks hem, özünde Gegeliň güýçli täsirini duýup, adamzat taryhyny bitewi hasaplaýar. Ähli halklar öz ösüşlerinde jemgyýetçilik-ykdysady ösüşiň formasiýasyny: ilki durmuş obşina, gul eýeçilik, feodal, kapitalistik we ş.m. formasiýalary geçmeli.

Marks taryhda adamlaryň aňyna we erkine bagly bolmadyk, obýeklk kanunlar agalyk edýär diýip belleýär. O1 bu netijäni taryhda gaýtalanmanyň barlygyna esaslanyp çykarýar. Marksyň pikiriçe, eger taryhda kanunlar har bolsa, onda olara akyl ýetirip adamzadyň taryhy ösüşini ol ýa-da beýleki takyklykda dolandyryp bolýar.

Marks, Gegelem adamzadyň ösüşiniň maksadyny – Zeminde paýhasyň we azatlygyň dabaralanmagynda görüpdir. Şu maksada-da ähli halklaryň geljegine ynananlar. Marksyň taglymaty öz sadalygy bilen özüne çekiji boiup birnäçe döwletler ony özlerine "dini ynanç" hökmünde kabul etdiler. XX asyr ortalaryna kommunistik döwletleriň halkara birleşmesi ýüze çykyp, şol asyi aýaklaryna ol birleşme dargady. Oňa giren halklar täzeden ösüş ýolum gözlemeli boldylar. Ony biz Türkmenistanyň mysalynda görýäris.

Progres barada ýokarda görkezilen taglymatlardan başga-da köp, sanly garaýyşlar bar. Ösüşiň derejeleri taglymaty. "Kommunistik däl manifest" adyny alan amerikan alymy U.Rostouň (1916) "Ykdysady ösüşiň derejeleri" kitaby marksyň taglymatyna garşy ýazylan hem bolsa, ol ondan kän tapawutlanmaýar. Bu ýerde hem bir ugurly ösüşiň shemasy berilip formassiýanyň ýerine "dereje"' sözi ulanylýar. Rostou ähli adamzat taryhyny tehnikanyň kämilleşmeklik taryhyna syrykdyrýar. Yewropanyň ösen ýurtlarynyň we ABŞ-nyň ösüşi bu ýerde öňünden kesgitlenen, Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasynyň ýurtlar bolsa Rotouň taglymatynda taryhdan daşary ýagdaýda garalýar.

Şonuň ýaly-da köp ugurly ösüşiň we sikliki ösüşiň taglymatlary hem bar. Nemes alymy K.Ýaspersiň (1883-1969) "Taryhyň başlangyçlary we onuň maksady" atly kitabynda köp ugurly ösüş taglymaty beýan edilýän bolsa,nemes alymy O.Şpengleriň (1880-1936) "Ýewropanyň ýaşmagy", şonuň ýalyda iňlis alymy A. Toýnbiniň (1889-1975) "Taryha akyl ýetirmek" atly düýpli işinde taryhyň sikilleýyn ösüş taglymaty berilýär.

Görşümiz ýaly, ösüş barada taglymatlar az däl. Yöne, ähli ýurtlar we halklar üçin birmeňzeş nusgalyk ösüş taglymaty ýok, durmuşyň görkezişi ýaly ol bolup hem bilmez. Her bir ösüş ýoluna düşen döwlet öz milletiniň geçeri taryhy ýoluny we umumy adamzat ösüş ýoluny düýpli öwrenip, ösen ýunlaryň bu ugurda toplan tejribesini özleşdirip öz geljegini kesgitlemeli bolýar. Biziň türkmen döwletimiziň häzirki ösüş ýoly Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren täze Galkynyş eýýamynyň taglymaty esasynda kesgitlenýär. Bu taglymat giňişleýin "Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy" atly kursda açylyp görkeziler.

## Soraglar

1. Taryhyň filosofiýasynyň predmeti ?
2. Jemgyýetçilik progresiniň mazmuny ?

3. Jemgyýetde halk köpçüliginiň orny ?
4. Jemgyýetde şahsyýetiň orny ?

## Filosofiýanyň ösüş taryhy

**Gadymy filosofiýa. Irki ellinizm filosofiýasy.** Adamzat jemgyýeti öz taryhy ösüşinde dürli döwürleri başdan geçirýär. Jemgyýetiň ösüşinde her bir döwür özüniň ösüş aýratynlyklary bilen tapawutlanypdyr. Her eýýamda adamzadyň durmuşynda öz döwry üçin filosofik meseleleri goýupdyr we ony özüçe çözüpdir. Täzeden dörän taglymat belli bir derejede öňkini inkär edýän hem bolsa, ýöne köneden täze dünýägaraýşa geçmeklik häsiýeti saklanypdyr. Filosofiýanyň taryhyny göz öňüne getirsek, onda bir tarapdan, filosofik garaýyşlar gitdigiçe köpelmek bilen bolýar. Beýleki bir tarapdan geljege gelişmejek forma we mazmun özüni üýtgedip, başga bir hala girýär, ýöne käbirleriniň bolsa geljekki garaýyşda özüne orun tapmaýan halatlarynyň bolýandygy hem geň galdyryjy hadysa däldir. Ýöne käbir ýagdaýda könäniň netije bermän galmagyna garamazdan saklanyp galypdyr. Şonuň üçin geçmişiň taryhyna ser salsak, onda biz birgiden filosofik düzümleri, taglymatlary, ugurlary, garaýyşlary göreris. Filosofiýanyň taryhynda birgiden dürli ugurlardan iki ugur – materializm bilen idealizm saýlanyp galyp, olar Demokritiň hem-de Platonyň liniýasyny döredýärler. Şeýle hem bu iki ugruň arasynda dialektika bilen metafizikanyň arasynda ilkibaşdan göreş dowam edipdir. Bu bolsa Geraklit bilen Aristoteliň liniýasy diýilýär.

Filosofiýanyň ösüş taryhynda garşylykly filosofik ideýalaryň dowam etmegi netijesinde öňe gidiş prosesinde, birgiden ýokary galmalar we gaýtgynlar bolup geçdi. Geçmişiň filosofik garaýşy adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak paýhasnamadyr. Onda öňe sürlen pikirleri bilmek, olardan netije çykarmak, häzirki zaman ylmynda peýdalanmak möhümdir.

Adamzat jemgyýetiniň ilkinji taryhy eýýamynda – ilki durmuş obşina jemgyýetinde esasan dürli rowaýatlaryň we hyýaly garaýyşlaryň toplumy bolan mifologik aň agalyk edipdir.

Mifologik aň ilkidurmuş eýýamynda jemgyýetçilik aňynyň uniwersal formasy, hemme zady öz içine alýan görnüşi bolup, ol öz döwrüniň adamlarynyň durmuşyny, dünýägaraýşyny, dünýä akyl ýetiriş derejesini, dünýäni aňlaýşyny, dünýäni göz öňüne getirişini beýan edipdir. Mifologik aňda her bir dünýä garaýyşyň düýpli meselelerine jogap bermäge özboluşly synanyşyk edilipdir.

Ilki durmuş obşina gurluşynyň dargamagy netijesinde, jemgyýetde fiziki zähmet bilen akyl zähmetiniň biri-birinden bölünip aýrylmagy, hususy eýeçiligiň we döwletiň döremegi netijesinde mifologik aň öz möwritini geçirýär, onuň ornuny indi din we filosofiýa eýeleýär. Indi jemgyýetde adamlaryň durmuş tejribesi esasynda döreýän ylmy bilimleriniň elementlerini filosofiýa öz içine alýar.

Filosofiýa ýönekeý, adaty tejribeleýin aňdan düýpgöter tapawutlanýar. Filosofiýa teoretiki pikirlenmegiň, adamyň pähim – paýhasynyň netijelerine daýanýar.

Käbir maglumatlara görä, filosof sözüni ilkinji gezek biziň eramyzdan öňki VI asyrda ýaşan grek matematigi we akyldary Pifagor ulanypdyr. Ol pähim – parasatlylyga we sagdyn ýaşaýyş durmuşyny beýan etmäge çalyşýan adamlara filosof diýipdir. Dünýä medenýetinde dünýägaraýyş manysynda filosofiýa termininiň ornaşmagy belli grek akyldary Platonyň, türkmençe aýdylanda, Elfatunyň ady bilen baglanşyklydyr.

Gadymy halklarda dünýäni duýmaklyk baradaky, dünýä düşünmek baradaky pikirler idealistik häsiýete eýedir. Zatlaryň häsiýetleri adamynyň psihikasynyň häsiýetindedir diýen düzgüne uýupdyrlar. Ýöne heniz bu zeýilli idealistik häsiýetdäki dünýä berilýän pikir filosofiýanyň öz manysynda bolup bilmändir. Filosofiýanyň başlangyjy bolup, ilkinji nobatda stihiýalaýyn materialism çykyş edýär. Ol özüniň

ilkinji ösüş döwründe psihiki idealizmden tapawutlylykda dünýäniň tükeniksiz zatlaryndan, aýratyn hem tebigatyň zatlaryndan kesgitli bir maddy zatlary gözläpdir.

Antik döwürde ylmyň we filosofiýanyň ösmegine goşant goşan akyldarlaryň hemmesi barada gysgaça bir işde gürrüň etmek mümkin däl. Şonuň üçin şu ýerde antik döwrüň filosofiýasynyň iň görnükli wekilleri barada gysgaça gürrüň etmek göz öňünde tutulýar.

Filosofiýanyň taryhynda belli bir yz galdyranlar hem gadymy grek akyldarlarydyr. Gadymy grek akyldary Fales Miletskiý ähli zatlar suwdan döreýär diýen pikiri aýdypdyr. Elbetde, bu filosofyň şu ideýasynyň biz üçin örän sada bolup görünmegi mümkin, emma welin taryhy ösüş nukdaýnazardan ol şol döwürde rewolýusiýa barabar bolupdyr. Çünki bu ideýa tebigaty düşündirişe ýol açypdyr. Onuň ideýasyny dowam etdiriji Anaksimendir. 01 ilki başlangyja haýsydyr bir anyk zat bilen seretmeýär, ilkinji zat apeyron-çäksiz tükeniksiz maddy zatlardan durýar diýip tassyklaýar. O1ar baky hereketde bolýarlar, ähli tükeniksiz zatlaryň köpdürlüligi we olaryň döreýşi apeýrondyr,özi hem garşylykly: gyzgynlyk we sowuklyk, öl we gury zatlaryň döreýşi bilen baglydyr diýen pikiri öňe sürýär. Şol döwrüň grek filosofy Anaksimen dünýäňiň ilki başlangyjy howa, Pifagor san, Parmenid “barlygyň” formasyny, Geraklit ody, Demokrit atomlary, Platon ideýalary hasap edipdirler.

Gadymy grek filosofiýasyndaky materialistik meýil Ýewropa ýurtlarynyňkydan öň, gadymy Gündogarda döräpdir. 01aryň dünýägaraýşyna öň ser salyp geçen hem bolsak, olary ýatlamak ýerlikli bolsa gerek. Gadymy hindi filosof-materialistlerinden ybarat bolan lokaýata akymy dünýäniň ilkinji başlangyjy dört elementden-ýerden, suwdan. otdan we howadan diýip bütin älemiň başlangyjy we ösüşi üçin olar başlangyç bolýar diýen bolsalar, Gadymy Hytaýda,şonuň ýaly elementleri-suw, ot, agaç, metal, ýer hasaplapdyrlar.

Filosofiýanyň döremeginiň ilkinji etapynda mifologiýa bilen stihiýalaýyn materializmiň ýa-da materializmiň

idealizme bolan garşy durmalaryny mälim etmek mümkin däldir. Antik materializmiň "stihiýalaýynlyk" häsiýeti materializmde idealistik-(mifologik) formada bolýandygy zerarly, olaryň, ýagny idealizm bilen materializmiň arasyndaky konflikt belli bir derejede filosofiýanyň ösmeginde içki güýç hökmünde çykyş edipdir. Bu konflikt öz gezeginde antik-dialektikanyň döremegine täsirini ýetiripdir. Elbetde, ilkinji stihiýalaýyn häsiýete eýe bolan llkinji akyldarlaryň pikirlerinde zatlaryň üýtgemeginiň ähliumumy häsiýetdeligi bellenipdir. Gadymy hytaý filosofy Lao-Szi (b. e. öň VII asyr) her bir zat belli bir ösüş derejesine barmak bilen özüniň gapma-garşylygyna öwrülýär we doly däl-doly bolýar, egri-gönelýär, boş-dolýar we tersine diyip öwredipdir. Bu gapma-garşylyga, hereketiň ähliumumy kanunalaýyklygynda zatlaryň bir ýeke-täk akym boýunça baky döremegi we ýok bolmagy baradaky pikir hökmünde garalypdyr.

Antik filosofiyada beýik dialektik hökmünde Geraklit Efesskiý ähli zatlar mydama bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçýär "ähli zatlar akyp, üýtgemek bilen bolýar" diýip öwredipdir. Onuň pikirine görä, dünýäde hereketsiz zat ýok: sowuk ýylaýar, ýyly sowaýar, çygly guraýar, gury çyglanýar we ş.m. döremek we ýok bolmak (ýaşaýyş we ölüm, dogulmak we ölmek, ýaşaýyş we ýaşaýyşyň ýoklugy) barada ol bu ýöne olar özara baglanyşykda bolýandygyny nygtaýar.

Geraklitden başlanýan gadymy grek filosofiýasynda materializm bilen idealizmiň aç-açan tendensiýadygy aýdyň görünýär. Atomistik taglymat dünýä bir bitewilik hökmünde garaýar.

Gadymy grek filosoflary Demokrit, Lewkipp we Epikur tarapyndan atomistik taglymatyň işlenip düzülmegi b. e. ö. V - IV asyrlarda ylmyň ösüşiniň iň beýik netijeleriniň biridir.

Atomlar baradaky taglamaty ilkinji bolup öňe süren gadymy grek materialisti Lewkipp bolupdyr (b. e. ö. 500 – 440). Lewkipp dünýädäki ähli zatlar bölünmeýän örän maýdajyk, kiçijik maddy böleklerden ybaratdyr. Olar

boşlukda hereket edýärler diýip hasaplapdyr. Lewkipp sebäplilik prinsipini hem esaslandyrypdyr. “Hiç zat sebäpsiz döremeýär, hemme zatlar haýsydyr bir esasda we zerurlyk netijesinde emele gelýär” diýip, Lewkipp aýdypdyr.

Lewkippiň taglymatyny beýik antik materialisti Demokrit (b.e. ö.460 – 370) has giňişleýin ösdüripdir. Demokrit hem, Lewkipp ýaly dünýäniň materiýalaýyn dünýädigini ykrar edipdir. Dünýä atomlardan we olaryň hereket edýän boşlugyndan ybaratdyr. Hemme predmetler atomlaryň dürli birleşmelerinden düzülýär diýip, Demokrit tassyklapdyr. Atomlar ebedilikdir. Atomlar hil taýdan birmeňzeş bolup, olar biri - birinden diňe mukdar taýdan tapawutlanýarlar diýip belleýär.

Demokritiň kosmos baradaky garaýyşynda, älem tükeniksizdir we ebedilikdir. Onda tükeniksiz köp dünýä bar, ol dünýäler kanunalaýyklyk zerurlyk esasynda döreýärler, ösýärler we ýok bolýarlar. Älemdäki dünýäler ebedi hereketdedir. Hereket bilen materiýa biri – birinden aýrylmazdyr.

Demokritiň ylmy filosofik garaýyşlarynyň ýene bir häsiýetli aýratynlygy determinizmdir. Başgaça aýdylanda ol tebigatyň hadysalarynyň obýektiw sebäplilik, kanunalaýyklyk netijesinde hereket edýändiklerini, bir görnüşden başga görnüşe geçýändiklerini tassyklapdyr.

Adamyň ruhy, Demokritiň garaýşyna görä atomlardan durýar, ýöne olar örän çalt hereketde, ownuk we togalak bolýarlar. Şeýlelikde, Demokrit ilkinji bolup antik filosofiýada materiýanyň we ruhuň arasyndaky garşy goýulmany ýeňip geçip, materiýa bilen pikirlenmäniň uniwersal tebigatyny aýan edýär. Lewkippiň we Demokritiň atomistik taglymatyny gorap, b. e. ö. IV asyrda - III asyryň başlarynda antik döwrüniň filosofiýasynyň görnükli wekili Epikur (b. e. ö. 341 – 270) çykyş edipdir. B. e.ö. 307 – nji ýylda ol Afinyda filosofiýa mekdebini açypdyr. Onuň pikirine görä, filosofiýanyň maksady tebigatyň kanunlaryny açmakdan we

adamlaryň bagtly ýaşamagyna ýardam etmekden ybarat bolmalydyr.

Ol atomistik taglymata birnäçe täzelik girizipdir. Eger-de Demokritiň pikirine görä, atomlar formasy, ululygy we eýeleýän ýagdaýy boýunça tapawutlanýan bolsa Epikuryň pikirine görä, olar agramy boýunça hem tapawutlanypdyrlar. Şeýlelikde, Epikur belli bir derejede atom agramynyň we atom göwrüminiň bardygyny bilipdir.

Epikur atomlaryň hereketi barada gürrüň edende, olaryň göni ugur boýunça hereketiniň göni ugurdan sowulmak hereketi bilen utgaşýandygyny belläpdir. Şonda göni ugurdan sowulmak, atomlaryň özüniň hereketiniň içerki sebäpleri, netijesinde bolýar diýip, ol hasaplapdyr. Bu pikir hem Demokritiň taglymatyndan düýpli tapawutly bolupdyr. Munuň özi materiýanyň hereketiniň içerki sebäbini tapmaga dialektiki synanyşyk bolupdyr. Bu şol döwrüň filosoflarynyň ýokary derejedäki ylmy açyşy bolupdyr.

Materializmiň, materialistik dünýägaraýyşyň garşysyna filosofik idealizm döreýär. Ony esaslandyran obýektiw idealist Platon bolupdyr (b.e.ö. 427-347). Afinyda Platon ýörite filosofiýa mekdebini açypdyr. Ol mekdep ýarym hudaý – ýarym adam Akademiň adyndaky bagda ýerleşipdir. Platon ol mekdebe Akedemiýa diýip at goýupdyr.

Platon obýektiw idealizm filosofik sistemasyny taryhda ilkinji bolup teoriýa taýdan esaslandyrypdyr. Ondan ozal idealistik garaýyşlar yzygiderli sistema salnan häsiýetli bolmandyr.

Filosofiýanyň esasy ontologik meselesini Platon obýektiw idealizm nukdaý-nazaryndan çözýär. Onuň taglymatyna görä, maddy predmetler geldi-geçerdir, olar döreýärler, üýtgeýärler we ýok bolýarlar, şonuň üçin olary hakyky barlyk hasap edip bolmaz. Ilkinji we hakyky barlyk ideýalardyr, olar üýtgemeýärler, ölmeýärler, ýitmeýärler, olar ebedilikdir.

Maddy predmetler ideýalaryň “kölegesidir”, önümidir. Olar ikinjidir, ideýalar bolsa birinjidir. Şonuň üçin hakyky

filosofik akyl ýetirişiň predmeti ideýalar bolmalydyr diýip, Platon hasap edipdir.

Platon ideýalar dünýäsi Hudaý tarapyndandyr, adam dogulmazdan ozal, onda ölmeýän ruh ornaşýar – diýen pikiri öňe sürýär. Akyl ýetirişi Platon ruh tarapyndan amala aşyrylýan ýatlamalar hasaplaýar. Dialektiki metod boýunça, Platonyň ýekeleýin we köplük, hereket we dynçlyk baradaky pikirleri obýektiw idealizm bilen birleşýär. Filosofiýanyň taryhynda idealizme Platonyň, ugry diýilýändigi ýöne ýere däldir.

Umuman, materializmiň hem-de idealizmiň liniýalary geljekde filosofik sistemany–düzümi döretmekde ylmy çeşme bolup durýar. Gadymy grek filosofiýasyny döreden genial, ensiklopedist – alym Aristoteldir (b.e.ö. 384 - 322). Ol öz döwrüniň ylmynyň ähli pudaklarynyň we filosofiýasynyň gazanan netijelerini umumylaşdyrypdyr. Aristotel öz eserlerinde filosofiýanyň, logikanyň, psihologiýanyň tebigat bilimleriň, taryhyň, syýasatyň, etikanyň, estetikanyň meselelerini ylmy taýdan işläp düzüpdir we ösdüripdir.

Özüniň filosofik garaýyşlarynda Aristotel idealizm bilen materializmiň arasynda yranyp durupdyr. Onuň filosofik garaýyşlary esasan “Matefizika”, “Jan hakynda”diýen eserlerinde beýan edilipdir.

Aristotel Platonyň ideýalar dünýäsi baradaky teoriýasyny tankytlapdyr. Platon ideýany zatlaryň “nusgasy” diýip yglan edýär. Aristotel bolsa zatlaryň ideýasy, düýp mazmuny zatlaryň özünden aýratynlykda, başga dünýäde ýaşap bilmez diýip netije çykarypdyr.

Emma materiýanyň, zatlaryň hereketi barada Aristotel garşylykly pikirleri aýdypdyr. Ol bir tarapdan öz “Fizikasynda” hereket zatlarda bolýar, zatlar bolmasa hereket bolmaz, hereket ebedilikdir, ol mydama bolupdyr we hemişe bolar diýýär. Beýleki tarapdan, öz “Matefizikasynda” ähli zatlaryň hereketine ilkinji itergi beriji hudaýdyr diýip, yglan edýär.

Akyl ýetiriş teoriýasynda hem Aristotel materializm bilen idealizmiň arasynda yranyp durupdyr. Ol dünýä akyl ýetirmekligi ösýän proses hökmünde göz öňüne getiripdir. Akyl ýetirmegiň duýgulardan başlanýandygyny ol ykrar edýär.

Akyl ýetirmegiň basgançaklary, Aristoteliň pikirine görä ten duýgulary, göz öňüne getirmek, duýgulaýyn tejribe, ýatkeşlik, sungat, ylym. Aristotel ylmy dünýä akyl ýetirmegiň ýokary derejesi hasaplapdyr. Gadymy antik filosofiýa filosofiýanyň taryhynda öçmejek yz galdyrdy, ol geljekki filosofik pikirler üçin ylmy çeşme bolup galýar.

**Orta asyr filosofiýasy. Täzeden döreýiş döwrüniň filosofiýasy.** Orta asyrlar Ýewropanyň taryhynda uzak döwri öz içine alýar. Ol Rim imperiýasynyň ýykylmagyndan tä Täzeden döreýiş eýýamyna – tas bir müň ýyla golaý wagta çenli uzaýar.

Bu döwrüň filosofiýasy, umuman, hristian dininiň dogmatlarynyň agalyk eden döwri hasaplanýar. Şol döwrüň filosofiýasy sholastika adyny alýar. Sholastika latyn sözi bolup, “mekdep”, ýagny “filosofiýanyň mekdebi” manyny aňladýar. Bu mekdep filosofiýanyň we bazisi hökmünde Platonyň we Aristoteliň garaýyşlaryny öz peýdalary üçin ulanypdyr. Sholastiki garaýşyň wekili monah-dominikançy Foma Akwinskiýdir.

Umuman, bütin orta asyr filosofiýasyna idealistik häsiýet degişli bolan bolsa-da filosofiýada Platon bilen Demokritiň liniýalarynyň arasynda göreş dowam edýär. Orta asyrda tebigat barada dörän jedel logikanyň we gnoseologiýanyň peýdasyna çözülýär.

Orta asyr filosofiýasy gnoseologiýanyň gelejekki ösüşi üçin düýpli täsirini ýetirdi. Ol logikanyň ähli ugurlary we taraplary boýunça rasional, empiriki we aprior-(tejribeden öňki bilim) düşünjeleriň özara gatnaşygynyň gelejekde tebigy ylymlaryň we filosofik bilimiň döremeginde fundament bolýar.

Senagatdaky, söwdadaky, deňizde ýüzmekdäki, harby işlerdäki ösüşler maddy önümçiligiň ösmegine alyp barýar. Bu ösüşler öz gezeginde tehnikanyň, tebygy ylymlaryň, matematikanyň, mehanikanyň ösüşine şert döredýär. Bularyň ählisi paýhasyň sholastikadan halas bolmagyna alyp barýar. Logiki problematikadan dünýä zatlaryna we adama bagly bolan has çuňňur tebigy ylmy dünýägaraýyşlara geçmeklige ýol açýar. Tendensiýanyň tarapdarlary Täzeden döreýiş döwrüniň beýik akyldarlary bolup, ol gumanizm ideýasynyň döremegine alyp barýar. Şol döwrüň wekilleriniň biri nemes filosofy, alym, dine gulluk ediji Nikolaý Kuzankiýdir(1401-1464). Ol adamyň akyl ýetirişiniň güýji barada, şeýle pikiri orta atýar: adam özüniň akyly bilen döretmeklik ukyby bilen hudaýa meňzeş diýmek bilen “adam aňy bilen adam” diýen pikiri öňe çykarýar. Ol tebigata akyl ýetirmekde matematiki düşünjeleri ulanmagyň mümkinçiligi barada filosofik pikirlerini beýan edipdir. N. Kuzanskiy filosofiýada garşylyklaryň biri-birine laýyk gelmegi barada pikiri öňe sürüpdir. Ol ähli garşylyklaryň çözgüdi hudaýda hasap edipdir.

Bu döwrüň görnükli polýak astronomy we filosofy N.Kopernikdir (1473-1543). Ol dünýäniň geliosentrik düzümi baradaky garaýyşy döredijidir. Onuň teoriýasy Ýeriň Günüň daşyndan we Ýeriň bir gije-gündizde öz okunyň daşynda aýlanyşy baradaky açyşy Ptolomeýiň dünýäniň geliosentrizm we geosentriz sistemasynyň garşysyna çykyş bolýar. Ptolomeýiň geosentrizm sistemasy boýunça Ýer gymyldamaýar, ol dünýäniň merkezi onuň daşyndan Gün, Aý, planetalar, ýyldyzlar aýlanýarlar. Bu sistema dini garaýyş esasynda dörän ideýadyr. Geosentrizm grek sözi bolup, “Ýer” diýmekligi aňladýar. N.Kopernik öz sistemasyny hemmetaraplaýyn işläp, matematiki taýdan esaslandyrýar. Geljekde Kopernigiň bu sistemasy anyklanylýar we Gün älemiň merkezi bolman, ol diňe gün sistemasynyňky. Onuň bu pikiriniň çäkli tarapy: Älem tutuş alnanda hereketsizdir. Ol gaty sferada bolup gutarýar, şol gaty sfera bolsa

hereketsiz ýyldyzlar berkidilendir. Bu sistemany esaslandyrmakda Galileý, Kepler, Nýuton uly rol oýnaýar. Bu sistemanyň ýeňişi ylmyň ösmegine uly badalga berdi. Galileo Galileý (1564-1642) italýan fizigi we astronomy, klassiki mehanikanyň esasyny goýujy, bu barada ylmy dünýägaraýyşy dörediji. Akyl ýetirişde aýratyn hem tebigat hadysalaryna akyl ýetirmekde ol ten duýgularyndan başlap, onuň teoretiki düşündürilişde iki usulynyň, ýagny analiz bilen sinteziň ulanylmagyny makullaýar. Ýeterlikli bilim diýip ol sinteziň, analiziň, duýgularyň we abstragirlemegiň birligindedir diýen ylmy pikiri akyl ýetiriş prosesine girizýär.

Täzeden döreýiş döwrüň ylmy açyşlary we ylmy pikirleri adamzadyň dünýä bolan garaýşyny üýtgetdi we adamyň ondaky orny görkezildi, bu bolsa geljekde ylmyň we filosofiýanyň ösüşinde yz galdyrdy. Bu döwür häsiýetlendirilende oňa antik filosofiýanyň ikinji gezek dogulyşy diýmek bolar.

Hakykatdan hem bu ylmy açyşlar we filosofik pikirler tebigy we guminitar ylymlar üçin itergi boldy, täze eýýamda tebigy ylymlaryň ösmegine esas goýdy.

## Soraglar

1.Filosofiýa haçan kim tarapyndan döredildi.
2.Mifilogiki aň nähili aň .
3.Atomlar baradaky taglymaty ilkinji bolup kim öňe sürüpdir.
4.Aristotel kim we haýsy ylymlary ösdüripdir.
5.Orta asyr filosofiýasy näme üçin sholastika adyny alýar.

**XVII-XVIII asyrlarda Günbatar Ýewropa filosofiýasy.** Ýewropa ýurtlarynda XVII-XVIII asyrlarda materializmiň prinsipleri ösdürlip we dialektikanyň elementleri döräp başlaýar. Ylmyň ösmegi bilen materializmiň hakykylygy we idealizmiň başlangyç ornuny inkär edilip, ýalana çykarmak ugrundaky synanyşyklar başlandy. Elbetde, bu döwrüň materializmi mehaniki we metafiziki häsiýetde

bolupdyr. Beýleki ylymlar, meselem, himiýa we biologiýa ýaňy ýüze çykyş ýagdaýynda we olar ylmy dünýägaraýyşa ýaňy aralaşyp başlapdyr. Akyldarlar mehanikada dünýäniň syrlaryna ýetmekligiň açaryny görüpdirler. Dünýäniň fiziki hadysalaryna akyl ýetirmekde mehaniki metod örän geň galdyryjy netijeleri berýär.

Iňlis filosofy F. Bekon (1561-1626 täze döwürde materializmiň esasyny goýujy hökmünde taryha girýär. Ol filosofiýa ilki bilen praktiki häsiýetde bolmalydyr, eger-de ol öňküliginde galsa, onda ol pikir-oýlar, sholastiki häsiýetde bolup hakyky däldir diýip tassyklaýar. Ylmy netijeler faktlar bilen esaslandyrmaly, şonda umumylaşdyrmany has giň ulanmagy öňe sürýär.

F. Bekan XVI – XVII asyrlarda başlanan “beýik differensiasiýany” öňünden äşgär görüpdir. Ol “deslapky ylmyň”, ýa-da ozal böleklere bölünmedik bilimler toplumynyň – filosofýanyň 2 uly şaha, pudaga bölünýändigini belläpdir. Ol 2 şaha: ylym bilen filosofiýadyr .

Bekonyň pikirine görä, adam ruhunyň üç ukyby: ýatkeşlik, arzuw hyýal we oýlanmak, pähim etmek ylymlaryň esasy şahalarynyň esasyny düzýär. Ýatkeşlik taryh ylmynyň, arzuw-hyýal poeziýanyň, oýlanmak, pähim etmek filosofiýanyň esasyny düzýär.

Dünýä akyl ýetirmegiň hakyky usuly diýip, ol induksiýany hasap edipdir. Deduksiýa kembaha garapdyr. F. Bekonyň tarapdary we ony goraýjy T.Gobbs (1588-1679) üçin materiýa baky. Aýratyn bölekler, zatlar wagtlaýyn, hereket zatlaryň orunlaryny üýtgetmegi bilen bagly, özi hem mehaniki häsiýetde diňe bir tebigatyň zatlary bilen çäklenmän, adama we jemgyýete hem degişlidir. Ol beýlekilerden tapawutlylykda dini doly kabul etmeýär we ol ylym bilen özara baglanyşykda bolup bilmeýär, ýöne jemgyýetiň durmuşynda adamlary boýun etmekde serişdedir, bilmeklik duýgular esasda amala aşýar diýen pikirleri öňe sürýär. Matematikanyň esasynda “Gobbs F. Bekonyň empirizmini belli bir derejede giňeldýär”.

Fransuz matematigi we filosofy Rene Dekart (1596-1650) ilkinji ýerde paýhasy goýýar, tejribäni diňe akylyň, pikiriň derejesi üçin gerek diýen tassyklamany ulanýar. Rasionalizm metody ähli ylymlara degişli bolup, adamyň aňynda döräp, akyl ýetirişiň köp halatda netijesidir. Ol tebigat mehaniki häsiýetde bolýar diýip tassyklaýar. Älem – bu bir giden mehanizm. Ol ewolýusion ideýany mehaniki häsiýetde işläp düzýär. Adam barada bolsa, olar haýwanlardan tapawutlylykda olarda paýhas we gepleýiş bar, olar mehanikanyň kanunlaryndan daşarda. Adam bu zeýilli düşündirişler bilen material substansiýa. Ol şeýle hem hudaý tarapyn pikirlenýän substansiýa. Umuman, Dekartyň filosofiýasynyň aýratynlygy dualizm (maddy we ruhy) häsiýetdedir. Bu teoriýa monizme garşy, öň belläp geçişimiz ýaly bu akym materializmi idealizm bilen ylalaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. Dekartdan galan" Men pikirlenýärin, diýmek, men bar!" diýen bir dana pikir bar. Onuň ylmy metody pikirde analiz etmekligi başarmakdyr, ýagny ol analitiki metody makul hasaplapdyr.

Induksiýa uly ähmiýet beren Bekondan tapawutlanyp, Dekart deduksiýa, pähim-paýhasa esasy orun beripdir.

Dekartyň taglymatynyň materialistik tarapyny ösdüren niderland filosofy B. Spinozadyr (1632-1677). Ol dualizmiň tersine materialistik monizmi goýýar. Pikirlenmäniň substansiýadygyny kabul etmeýär, ykrar etmeýär. Spinoza üçin hudaý, ideal we material zat ýeke-täk tükeniksiz substansiýa (naturalistik panteizm – hudaý) Spnoza ahyr soňunda özüniň filosfik garýyşynda tebigat onuň üçin hudaý, şeýle hem hudaý-tebigatdyr. "Azatlyk – bu zerurlygyň doly kabul edilmegidir" diýen klassiki teswirleme Spinoza degişlidir.

Iňlis filosofy D.Lokk (1632-1704) sensualizmi esaslandyryjy. Sensualizm duýgy, duýmak bilen bagly. Adam aňynda duýmaklykdan öň hiç zat bolmandyr – ine şeýle tezis Lokka degişli. Ol bilimiň, bilmekligiň üç görnüşlerini belleýär: başlangyç (duýgy) ýekeleýin zatlar barada bilmek;

pikir netijesiniň üsti bilen tezisi esaslandyrmak (deňeşdirmek we düşünjeleriň gatnaşygy esasda). Ýokary, üçünji görnüşi induktiw bilim-üns berip duýmaklyk, ýagny, ideýalara gös-göni paýhasyň orny bilen baha bermek. Ol pedagogikanyň geljekki ösüş ýoluny kesgitleýär.

Nemes filosofy G.Leýbnis (1646-1716ý) obýektiw idealizmiň ideýalaryny ösdüren alym. Onuň bitiren işleriniň artykmaçlygy birnäçe dialektiki häsiýetli çuň pikirleri aýdandygyndadyr. Dünýä Leýbnis üçin iň owunjak elementlerden düzülen. Onuň umumy we indiwidual zatlaryň dialektikasy baradaky hatda taglymaty idealistik esasda bolan hem bolsa, onuň bu pikirine dialektiki materializm tarapyndan ýokary baha berilýär. Leýbnis logika bilen iş salşyp, onuň rasional simwolikasyny işläp düzýär, subut etmä degişli kanunlary açýar. Bu bolsa rassional akyl ýetirişiň bir ýoly hökmünde orta çykýar. O1 häzirki simwoliki (formal) we matematiki logikanyň başlangyjyny goýan.

Angliýada XVII-XVIII asyrlarda idealistik sensualizm ýaýran, olaryň görnükli wekilleri D.Berkli (1685-1753) we D.Ýumdur (1711-1776). Berkli belli bir şertlerde realizme, hatda rasionalizme ýakynlaşýar, şeýle-de bolsa obýektiw idealizme bolan bu eglişik onuň subýektiw idealizminiň düýp manysyny üýtgetmedi. Berkliniň subýektiw-idealistik konsepsiýasyny Yum ösdürýär. Ýeke söz bilen aýdanyňda, daşky dünýä barmy diýilen soraga Ýum “bilmeýän”diýip jogap berýär.

XVIII asyryň ikinji ýarymy feodal we buržuaz dünýagaraýyşlarda konfliktiň has ösen döwri bolýar. Bu konflikt burjuaz rewolýusiýasy bilen baglanyşykdady. Burjuaz rewolýusiýalary ideologik taýdan taýýarlamakda fransuz filosoflary – magaryfçylarynyň Wolter (1694-1778), J.I.Russo(1712-1778), D.Didro (1713-1784), Lametri (1709-175l), K.A.Çelwesiý (1715-1771) we P.A,Golbah (1723-1789) hyzmaty uludyr. O1ar din bilen, şeýle hem Fransiýanyň şol wagtky sosial-syýasy düzgünleri bilen göreşipdirler. O1ar adamdaky kemçilikleri aýyrmak üçin adamlaryň polojitel

taraplaryny ösdürmek, daşky gurşawy özgertmek, ilki bilen jemgyýetçilik sredany özgertmek gerek diýen pikirleri aýdypdyrlar. 01aryň bu doktrinasy sosial utopistleriň filosofik doktrinasynda uly rol oýnapdyr.

**Nemes klassik filosofiýasy. Marksistik filosofiýa.** XVIII asyryň ahyry XIX asyryň başlarynda Germaniýa ykdysady we syýasy yzagalaklykdan çykyp, buržuaz rewolýusiýasyna ýakynlaşýar.

K.Marks nemes klassyk filosofiýasyna fransuz rewolýusiýasynyň teoriýasy ýaly garaýar. Matematika degişli ylmy açyşlar zadyň anyk mukdar tarapyna düşünmeklige alyp baran bolsa, fransuz alymy, Lamarkyň taglymaty organizmiň ösüşine daşky sredanyň täsiri, astronomik, geologik teoriýalar, şeýle hem adamzat jemgyýetiniň ösüş teoriýasy ilki bilen ösuş baradaky ideýany hakykata akyl ýetirmegiň teoriýasy hökmünde öňe çykarmagy talap edýär.

Adamzadyň beýik akyldarlarynyň we filosoflarynyň biri bolan Immanuil Kant (1724-1804) nemes klassiki idealizminiň düýbüni tutujy dialektika ideýasyny täzeden dörediji, ol täze döwrüň filosofiýasynyň ýaldyragy bolup doglan. Kant diňe bir filosofiýada däl, ylmyň beýleki görnüşlerinde aýratyn hem astronomiýa degişli fundamental ylmy ideýalary öňe sürendigi bilen bellidir. Kantyň bellemegine görä, akyl ýetirişiň zerury şertleri paýhasyň özündedir we şol hem bilimiň esasyny tutýandyr. 01 adam tarapyndan kabul edilen zatlar bilen heniz öz-özlüginde ýaşaýan zatlary tapawutlandyrýar. Kabul edilen zat bilen kabul edilmedik zadyň makullanylmagy bulaşyklyga, tertipsizlige getirýär diýip belleýär. Dünýä hadysalary heniz düýpli akyl ýetirilmezden, olar adamyň aňyna bagly bolman bilýär, şonuň üçin olar"öz-özlügindäki zat", "zatlar öz-özlüginde". Akyl ýetirmek absolýut bolup bilmeýär. 01ara diňe akyl üsti bilen ýetmek bolar, ýöne tejribäniň esasynda däl. Adam mälim bolan giňişlik we wagt hakyndaky bilinmeler baradaky ideýalar diňe kabul etmeleridir. Giňişlik we wagt ideal bolup, real däldir. O1 ylym bilen dini

ylalaşdyrmagy maksat edinip hut ynanja orun goýmak üçin bilimi çäklendirýär.

Nemes klassik filosofiýasy Kantdan soň görnükli filosoflar I.G.Fihte (1762-1814) we F.Şelling (1775-1854.) bolupdyr. Şelling gegelçiligiň obýektiw-idealistik dialektikasyna degişli kategoriýa ýüzleý analiz berýär.

Nemes klassik filosofiýasynyň iň ýokary dereje gazanmagy Gegeliň (1770-1831) dialektikasy bilen bagly boldy. Obýektiw idealistik esasda ol dialektikanyň kanunlary we kategoriýalary baradaky taglymaty ösdürdi. O1 ilki bilen dialektiki logikanyň esasy prinsiplerini işläp düzdi we pikirlenmäniň metafiziki metodyny tankyt etdi. Kantyň "zat öz-özlüginde" diýen pikire dialektiki prinsipi garşy goýdy we düýp many içki esas, hadysa düýp manyny aňladyjydyr, kategoriýalar hakykatyň obýektiw formalarynyň düýp manysydyr, onuň esasynda "paýhaslar dünýäsi," "absolýut ideýa" ýa-da "ruh dünýäsi" durýar diýip tassyklaýar. Onuň absolýut ideýasy pikirlenmede, maksat-triýada "tezis", "antitezis", "sintez". Bular barada biz akyl ýetiriş bilen bagly bolan sapaklarymyzda garap geçdik.

Marksizim-leninizm klassikleri Gegeliň idealizmini hemmetaraplaýyn tankyt etdiler, şeýle hem onuň položitel taraplaryna ýokary baha berdiler, ilki bilen hem onuň dialektikasyna mynasyp baha berdiler.

Nemes klassyky filosofiýasynyň ýene bir wekili bolan L.Feýerbah (1804-1872) marksistik eýýamdan önki ýokary derejeli materialistleriň biridir. Feýerbah Gegeliň obýektiw ldealizmini tankytlaýar. O1 tebigata materialistik garaýşy goldaýar we ony goraýar. Ýöne onuň Gegeli tankyt etmegi birtaraplydyr, ol Gegeliň dialektikasyna ýeterlik baha bermeýär. Feýerbahyň materializminiň häsiýetli tarapy antropologizmdir, ol hem adamy tebigatyň iň bir ýokary önümi hasaplaýandygy bilen baglydyr. Tebigat ruhyň esasy. O1 adamyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna, adamyň jemgyýetiň önümidigine düşünmändir. Adamlar arasyndaky gatnaşyklarda ilki bilen adama bolan söýgi, adamyny söýmek esasydyr.

Adamyň özi başga bir adam üçin hudaý diýen pikiri öňe sürýär.

Rus filosofiýasynyň döreýşinde ilki bilen rus akyldaryndan M.W.Lomonosowy (1711-1765) görkezmek bolar. Bu filosof hem alym-ensiklopedistdir. Onuň dünýägaraýşy we filosofiki garaýşy ilki bilen G.Galileýiň, R.Dekartyň, F.Bekonyň, I.Nýutonyň we beýlekileriň mehaniki materializminiň wekilleriniň ylmy işleriniň täsiri astynda kemala gelýär. Ol materiýa iň ownuk bölejiklerden-atomlardan durup, has çylşyrymlý formalary-korpuskullary (ýa-da molekulalary) aňladýar diýýär. Lomonosowyň, şeýle hem magaryfçylar döwrüniň akyldarlarynyň filosofiýasy deizmiň elementlerinden daşda däldir. Hudaý – dünýäniň baş "arhitektory" bolsa-da dünýä hadysalarynyň gelejekki gidişine goşulmaýar. Şonuň üçin ylym dinden aýry bolmalydyr. Sosial durmuşy düşündirmekde Lomonosow magaryfçylaryň garaýyşlarynda saklanýar.

Rus taryhynda we dünýä filosofiýasynda uly orna eýe bolanlaryň biri-de ýazyjy-gumanist F.M.Dostoýewskiýdir (1821-1881). Onuň filosofik pikiri ahlak-estetiki taýdan çuňlugy bilen tapawutlanýar, ol "gözellik dünýäni heläkçilikden saklar", diýen pähimi öňe sürýär özi hem bu ideýany dini garaýyş taýdan öňe çykarýar.

G.W.Plehanow (1856-1918) rus marksisti. Ol dialektiki metody jemgyýetiň durmuşynda ulanmany başarýar. Plehanow jemgyýetçilik durmuşynyň kanunalaýyklaýyn häsiýetde bolýanyny açyp görkezýär. Sosialistik rewolýusiýanyň kanunalaýyklygy we gutulgysyzlygy barada netijä gelýär.

Marksistik filosofiýanyň K.Marks (1818-1883) we F.Engels (1820-1895) tarapyndan filosofik garaýyşlaryny W.I.Lenin (1870-1924) döredijilikli ösdürýär. Marksizmiň döremegi filosofiýadaky rewolýusion öwrülişik hasaplanylýar.

XIX asyryň ortalary eýýäm buržuaz rewolýusiýalaryň geçen dowry hasaplanylýar. Kapitalizm indi güýçli ösüp başlaýar.

Uly senagat kärhanalary döreýär. Işçiler synpynyň rewolýusion işjeňligi güýçlenýär.

Beýik ideýalar ýöne ýerden döremeýär. Marksistik filosofiýanyň döremeginiň tebigy ylmy esaslary bardyr, şol döwürdäki ylmy açyşlar, ýagny lomonosow we Maýer tarapyndan açylan energiýanyň öwrülmek we saklanmak kanuny, janly organizmiň öýjük gurluşy, şeýle hem Ç.Darwiniň ewolýusion taglymaty şeýle açyşlardyr. Onuň teoretiki çeşmeleri bolup nemes klassiky filosofiýasy, iňlis klassiky syýasy ýkdysadyýeti we fransuz utopik sosializmi degişlidir. Filosofiýada Gegeliň dialektikasy, iňlis ykdysadyýetinde A.Smitiň ideýalary. Fransuz utopistik sosializminden Ş. Žurýe, Sen-Simon, R.Ouen dagylaryň kapitalizmiň garşylyklarynyň düýpli we ýiti tankydy degişlidir.

Marksistik filosofiýa ilki başdan döredijilikli taglymat hökmünde orta çykýar. O1 Engelsiň aýtmagyna görä biziň taglymatymyz özüm we meniň beýik dostum baradadyr diýýär. Bular ylmy teoriýany praktika bilen utgaşdyrýarlar, şol esasda hem teoriýa we praktika baradaky taglymaty ösdürýärler.

Marksistik filosofiýanyň täze etapy W.I.Leniniň ady bilen baglydyr. O1 döwür kapitalizmiň imperializm stadiýasyna çykan döwri başlanýar. Halkara rewolýusion hereket özüniň iň ýokary derejesine barýar. Şu şertler filosofiýanyň öňünde hem täze meseleleri goýýar. O1 dialektiki we taryhy materializmiň esasy prinsiplerini döredijilikli ulanyp ylmy sosializmiň teoriýasyny filosofiki taýdan ýokary derejä göterýär.

W.I.Leniniň "filosofik depderler" işinde esasan dialektikanyň çuňlaşdyrylan ýagdaýyny işläp düzýär we onda dialektikanyň ýadrosy gapma-garşylygyň birligi we göreş kanunynda – diýen genial ideýany öňe çykarýar. Şunuň bilen ol Gereklitiň, Aristoteliň, Gegeliň filosofiýasyny barlagdan geçirýär. Lenin öz üns merkezinde akyl ýetirişiň, pikirlenmäniň dialektikasyny alýar.

W.I.Lenin taryhyň täze şertlerinde sosialistik rewolýusiýa baradaky rewolýusion teoriýa täzelik girizýär, ol sosialistik rewolýusiýanyň belli bir ýurtda, özi hem yza galak ýurtda ýeňmeginiň strategiýasyny we taktikasyny döredýär.

Şeýle hem marksistik–leninçilik taglymatda proletariatyň göreşiniň öňe sürlen üç formasyny, ýagny ykdysady, syýasy we ideologik formalaryny bellemek gerek.

### Soraglar.

1. XVII – XVIII asyrlarda Günbatar Ýewropa filosofiýasynyň wekilleri kimler?
2. Panteizm diýmek näme?
3. Nemes klassik filosofiýasynyň wekilleri kimler?
4. Marksistik filosofiýany döredijiler kimler?
5. Marksistik filosofiýanyň täze etaby kim bilen bagly?

**Gündogar filosofiýasynyň taryhy kökleri we olara goýulýan sarpa.** Biz filosofiýa ylymyna degişli ilkinji sapagymyzda, ýagny filosofiýanyň jemgyýetiň we adamzadyň durmuşynda tutýan orny barada söhbet açyp, onuň iň gadymy ylymlaryň biridigini, adamzadyň ruhy medeniýetiniň bir görnüşi bolandygyny belläpdik. O1 ylym hökmünde ilkinji bolup, gadymy Gündogarda, Hindistanda, Hytaýda (Çynma-Çynda) ýüze çykypdyr we soňraky asyrlarda jemgyýetçilik aňynyň berk formasyna öwrülýär. Hindistanda dörän lokaýata taglymatynyň, ilkibaşdaky görnüşiniň çarwaklar bolandygyny belläpdik.

Dünýä medeniýetiniň ösüşinde Aziýanyň, şol sanda Merkezi Aziýanyň alymlary, filosoflary uly goşant goşupdyr. Olardan dünýä ylmynyň dürli pudaklarynyň ösüşine uly goşant goşan alymlarynyň biri Muhhammet ibn Musa al-Horezmidir (780 – 850) Köneürgençli alym al-Horezminiň matematika, astronomiýa ylmyna goşan goşandy uludyr. Horezmi dünýä ylmyna algebrany beren beýik alymdyr.

Muhammet Horezmi astronomiýa ylmyna hem möhüm goşant goşupdyr. Alym Maryda ýaşan ýyllarynda, şol ýerdäki

observatoriýada ylmy barlaglar geçiripdir. 829-njy ýylda Bagdatda Horezminiň hut özüniň gatnaşmagynda uly abserwatoriýa açylypdyr.

Gündogar filosofiýasyny ösdürmekde we dünýä ýaýratmakda uly goşant goşan alymlaryň biri al-Farabydyr (870 – 950).

Faraby 160-dan gowrak ylmy işi miras goýupdyr. Ol eserler onuň ýaşan döwräki ylmyň ähli pudaklaryny diýen ýaly öz içine alypdyr. Faraby gadymy grek ensiklopediýaçy alymy Aristoteliň esasy eserlerini grekçeden arap diline terjime edip, olara düşündirişler ýazypdyr. Öz döwründe Aristotele birinji mugallym diýipdirler. Faraba bolsa "Gündogaryň Aristoteli" ýa-da ikinji mugallym diýip at beripdirler.

Faraby özüniň filosofik garaýyşlarynda Aristoteliň filosofik däplerini dowam etdiriji, baýlaşdyryjy, ösdüriji hökmünde çykyş edýär. Oňa Gündogar peripatelizminiň (aristotelizminiň) düýbüni tutujy diýilmegi ýöne ýerden däldir. Filosofiýanyň esasy ontologik meselelerini ol naturalistik panteizm ruhynda gözden geçirýär we çözýär.

Farabynyň pikirine görä tebigaty hem, jemgyýeti hem Alla ýaradypdyr. Soňra hudaý öz ýaradan tebigat we jemgyýet hadysalaryna birleşýär, siňýär. Maddy dünýä hem hudaýyň özi ýaly bakydyr. Dünýä baky bolsa, onda materiýa we forma hem bakydyr. Çünki dünýä materiýa bilen formanyň bir bütwiligidir diýip, ol hasap edipdir. Akyldarlaryň garaýşyna görä, dünýäde hemme zat üýtgeýär, ösýär. Dünýäniň hereket etdiriji güýji onuň öz içindedir, ol güýç tebigy determinizm, tebigy sebäplikdir. Elbetde, Faraby hudaýa ynanypdyr. Ýöne onuň dini garaýyşlary özboluşly häsiýetlidir.

Farabynyň filosofik garaýyşlarynyň üç sany möhüm alamaty bar. 1). Dünýäniň ebedilikdigini ykrar etmek. 2). Dünýädäki özgerişlerde tebigy determinizmi esaslandyrmak. 3). Dünýä akyl ýetirmekde rasionalizm ýörelgesinden ugur almak, adam paýhasynyň möhüm ähmiýetini nygtap bellemek.

Farabynyň goýup giden baý ylmy – filosofik mirasy Gündogarda hem Günbatarda hem ylmyň we filosofiýanyň ösüşine uly täsir edipdir.

Al-Horeziminiň we al-Farabynyň progressiw ylmy we filosofik däplerini görnükli alym we filosof al-Biruny (972-1048) dowam etdiripdir.

Birunynyň soňky nesillere galdyran ylmy mirasy 150-den hem köp eserden ybaratdyr. Olara öz döwrüniň ylmynyň ähli pudaklaryny öz içine alýar.

Biruny 995-nji ýylda 23 ýaşynda ýeriň globusyny öz eli bilen ýasapdyr. Rus alymlary, professor P. G. Bulgakowyň, I. Timofeýewiň bellemegine görä, munuň özi bütin dünýäde ilkinji globusdyr. Ýewropada şunuň ýaly globus bäş asyr soňra 1492-nji ýylda peýda bolupdyr.

Biruny ýeriň şar şekillidigini, onuň älemiň merkezi däldigini, eýsem günüň töwereginde aýlanýandygyny hem öz eserlerinde ýazypdyr.

Birunynyň ylmyň ösmegi üçin filosofiýanyň ähmiýeti, ylmy işgärleriň filosofiýany öwrenmeginiň zerurlygy hakynda aýdan pikirleri häzir hem öz aktuallygyny saklaýar. Onuň pikirine görä, her bir alym ähli ylymlary jikme-jik bilmegi mümkin däl, ol anyk bir ylmy pudagy içgin öwrenmek bilen birlikde filosofiýany çuňňur bilmelidir. Sebäbi filosofiýa ähli ylymlaryň esasy netijelerini umumylaşdyrýar, olaryň umumy teoretiki mazmunyny özünde jemleýär.

Beýik akyldar Biruny ylmyň ençeme pudaklary boýunça soňky nesillere ägirt uly miras goýupdyr.

Merkezi Aziýada ylmyň ösüşine uly goşant goşan alymlaryň biri Abu Ali ibn Sinadyr (980-1037). Ibn Sinanyň ýazan eserleriniň sany 450-den gowrak bolupdyr. Olaryň bize gelip ýeteni 240 çemesi bolup, 150-si filosofiýa, 40-sy lukmançylyga, 50-si beýleki ylymlara degişlidir.

Abu Ali ibu Sinanyň ylmy-medeni mirasynda esasy orny onuň lukmançylyk ylmyna we praktikasyna bagyşlanan eserleri eýeleýär.

Ibn Sina ylymlary toparlara bölmek, olaryň dünýägaraýyş, filosofik esaslary, din bilen gatnaşygy baradaky meselelere hem uly ünüs beripdir. Bu meselelerde ol hem Faraby, Biruny ýaly Aristoteliň taglymatyny dowam etdiripdir. Şu manyda Ibn Sina hem Gündogar peripatetizminiň, aristotelizmiň görnükli wekili diýmek bolar. Özüniň filosofik garaýyşalaryny ol "Danyşnama" ("Bilim hakynda taglymat") diýen ensiklopedik häsiýetli kitabynda beýan edipdir.

Ibn Sina bilimleriň biri bitewi sistemasyny döretmäge çalşypdyr. Filosofiýa ähli bilimleri, ylymlary öz içine alýar, birleşdirýär diýip, hasap edipdir.

Ibn Sinanyň metafizikasynda emanasiýa (çogup çykmak) teoriýasy esasy orun eýeleýär. Älem, maddy dünýä hudaýdan zerurlyk hökmünde çogup çykýar. Hudaý maddy dünýäni döretmek mümkinçiligi bolmasa, ony döredip bilmezdi. Şeýle mümkinçilik materiýadyr. Materiýa maddy dünýä däl-de, onuň mümkinçiligidir. Şol mümkinçiligi peýdalanyp, hudaý maddy dünýäni ýaradypdyr. Şeýlelikde, hudaý we materiýa ebedi bar bolupdyr.

Görşümiz ýaly Ibn Sinanyň filosofiýasy dualistik häsiýetde bolupdyr. Özüniň jemgyýetçilik – syýasy garaýyşlarynda Ibn Sina adalatly döwlet gurluşynyň tarapdary bolupdyr. Şeýle döwletde adamlar gurply, bolelinlikde hem azatlykda ýaşamalydyrlar. Her bir adam jemgyýetde peýdaly zähmet çekmelidir diýip belläpdir.

Ibn Sina adamyň ruhy baýlygyny artdyrmakda, onuň ruhybelentligini üpjün etmekde ynsan ömrüniň manysyny açyp görkezýän filosofiýa ylmyna uly ähmiýet beripdir. "Filosofiýa oýlanmak sungatydyr, adam bu sungatdan özüniň ýaşamagynyň näme maksadynyň barlygyna düşünmegiň we öz kalbyna asyllylyk guýmak, ony kämilleşdirmek üçin öz işini nämä gönükdirmek gerekdigininiň sapagyny alýar" diýip ýazypdyr.

Beýik Türkmek Seljuk döwletiniň dowam eden döwründe ýaşan Omar Haýýam (1040-1123) matematikany,

astranomiýany we filosofiýany ösdürmäge uly goşant goşupdyr.

Omar Haýýam öz döwrüniň ýiti filosof alymy hem-de ýokary çeperçilik we çuň manyly rubaglary bilen dünýäde meşhurlyk gazanan şahyr bolupdyr. Onuň filosofiýa bagyşlanan işlerinde peripatetizmiň – aristotelizmiň täsiri duýulýar.

Omar Haýýamyň filosofik garaýyşlary panteistik we dualistik häsiýetli bolupdyr. Onuň pikirine görä, dünýäni ilkinji dörediji hudaýdyr. Dünýäni döredenden soň hudaý tebigatdan ýokarda däl-de, tebigatyň özüne siňýär, tebigatda ýaşaýar. Tebigat hudaý bilen bir bitewi barlyk bolup, edil hudaý ýaly ebedidir we obsalýutdyr. Tebigata hem, hudaýa hem diňe paýhas arkaly akyl ýetirip bolýar.

Filosofiýanyň wezipesi ähliumumy barlyga akyl ýetirmekden ybaratdyr. Ol bolsa ebedi üýtgeýär we ösýär, bir hil ýagdaýdan başga ýagdaýa geçýär diri zat ölýär, öli zat janla öwrülýär diýip beýik filosof hasap edipdir. Bu garaýyşlarda dialektiki pikir ýöretmegiň barlygy äşgärdir.

Omar Haýýam filosofik garaýyşlaryny öz goşgularynda – rubagylarynda adamzadyň maddy dünýädäki ösüşiň iň ýokary basgançagydygyny, bu ýagdaýyň onuň akyl-huşundan ybaratdygyny nygtamak bilen ynsanperwerlige, watançylyga, zähmetsöýerlige, ýokary ahlaklylyga, şu dünýäniň eşretlerinden peýdalanmaga, ruhybelentlige çagyrypdyr, terkidünýäligi, zalymlygy adalatsyzlygy ýazgarypdyr.

Seljuk Türkmenleriniň agalyk eden döwrüniň medeniýeti, ylmy barada gürrüň edilende, ylahyýet we filosofiýa ylymlaryna möhüm goşant goşan Abu Sahyt Abu Haýyr Mäneli (969-1048) barada ýatman geçmek bolmaz. Türkmen halkynyň arasynda ol Mäne baba ady bilen meşhurdyr.

Mäne baba gadymy grek filosofy Sokrat ýaly, öz pähimlerini, taglymatyny ýörite kitap görnüşinde çap etdirjek bolmandyr. Emma onuň taglymaty, garaýyşlary, öwüt-

ündewleri ýazan rubagylary ýurduň ruhy durmuşyna uly täsir edipdir.

Mäne baba öz eserlerinde adamlar bilen söhbetdeşliginde hoşniýetliligi, halallygy, erkin pikirlenmegi, ynsanperwerligi, beýleki dinleriň wekillerine dostlukly garamagy ýadawsyz wagyz-nesihat edipdir. Mäne baba Abu aly Ibn Sina bilen ýakyn gatnaşyk edip, bir-birini hormatlapdyrlar.

Mäne baba barada Abu Aly Ibn Sina berlen sowalda şeýle diýilýär: “Siz Şyhy nähili gördüňiz diýip soranlarynda, ol: “onda gören keramatlarymyzyň we halatlarymyzyň pelsepe nukdaý-nazaryndan çözgüdini tapdym, ýöne birnäçe ýagdaýy hernäçe ünsli synlasamda, olara düşündiriş tapmadym. Meselem, diwara urulýan çüýi gördüm, kakyp duran daşam gördüm, ýöne daşy urup duran eli görmedim. Garaňkylykdy, hiç kim çyrany ýakmasa-da çyra öz-özünden ýandy. Täret kylandan soň, ol boş kündügi goýupdy, men ýerimden turup, täret kylmak üçin kündigi aljak bolanymda, hiç kim oňa suw guýmasa-da, doly duranyny gördüm. Men şuňa meňzeş başga-da birnäçe zatlary gördüm we olara pelsepe nukdaý-nazaryndan düşündiriş tapmaga ejiz geldim” diýip, Lukman Hekim aýdýar. Mäne babadan Ibn Sina barada soranlarynda bolsa, Ibn Sina meniň pikir eden zadymy ol öňünden görýärdi diýip, jogap beripdir. “Bu akyldarlar” adamzadyň ruhy medeniýetinde öz ylmy we filosofiki garaýyşlary bilen yz galdyrypdyrlar.

XVIII – XIX asyrlarda Türkmenistanda täze filosofiki jemgyýetçilik – syýasy hem-de edebi-çeperçilik garaýyşlar döreýär. Ol akyldarlardan we şahyrlardan Döwletmämet Azadyny, Şabendäni, Andalyby, Magtymgulyny, Keminäni, Seýdi, Zelilini, Mollanepesi we beýlekileriň işlerinde ideal döwlet döremetgiň arzuwyny edipdirler.

Merkezi Aziýanyň halklarynyň geçmişde ýokary derejä göterilen maddy we ruhy medeniýetini dürli beýleki halatlarynyň taryhçylary we sosiologlary inkär etmek we bütündünýä medeniýetinden aýryp taşlamak maksady bilen köp sanly synanşyklar etdiler we ol halklaryň hamala ebedi

yza galmaklyga” sezewar bolandyklaryny “subut etmäge” az ymtylmadylar. Orta Aziýanyň halklaryny özbaşdak döredijilige ukyply bolmadyk salpaýak, kütek beýnili halk hasaplapdyrlar. Buržuaz filosoflary Gündogaryň akyldarlarynyň we alymlarynyň eserlerini Ýewropa halklarynyň dillerine terjime etmekde ep-esli iş eden-de bolsalar, “ýewrosentrizm” diýen pikiriň labyryndan çykyp bilmeýärler. Olar “filosofiýa diňe Günbatarda döräp biler” diýen ideýany öňe sürüp, Gündogar halklarynyň filosofiki pikiri ösdürmekde oýnan we oýnaýan roluny äsgermeýärler. Olar bu halklary “taryhy” we “taryhy bolmadyk” diýen ýaly sagdyn akyla sygmaýan toparlara bölýärler. Emma orta Aziýa halklarynyň geçmişde ylma we medeniýete siňdiren bütündünýä ähmiýetli goşandyny buržuaziýa propandistleriň her hili “ylmy düşündürmesi” we “filosofiki esaslandyrmasy” inkär edip bilmez.

Geçmişiň taryhyndan diňe bir mysal almak, ýagny “Ýyldyzlar kitaby” we onuň ýazary Şemseddin Merwezi Haraky barada we onuň ylmy açyşlarynyň dünýä ylmynda tutýan orny barada aýtmak hem ýeterlikdir.

Şemseddin Haraky Merwezi hem Soltan Sanjaryň köşgünde kämillige ýetişen meşhur türkmen alymlarynyň biridir. Ol Merwiň eteginde ýerleşen gadymy obalaryň biri Harakda 469-1077-nji ýylda dogulýar we 533-1139-nji ýylda dünýäden ötýär. Alymyň doly ady Bahaweddin (ýa-da Şamseddin) Abu Berk Muhammet Ibn Ähmet Ibn Abu Bişir Huseýni Harakydyr.

1216-1219-nji ýyllarda Merwde üç ýyllap ýaşan meşhur syýahatçy alym Ýakut Hamaýu şeýle diýýär.” Harak – Merwiň bag-bakjaly we abadan uly obasydyr. Bu obadan çykan alymlaryň biri Abu Bekir Muhammet Ibn Ahmet Ibn Abu Bişr Harakydyr”.

“Ýyldyzlar kitaby”: Asmanlaryň umumy gurluşy, olaryň ahwallary we biri-birinden tapawutlary”, “Ýeriň gurluşy we onuň ilatly we ilatsyz böleklere bölünişi” atly iki bölümden ybaratdyr. Bölümlerde jisimleriň we asmanlaryň umumy

görnüşleri, Gün asmanynyň gurluşy, Aý asmanynyň gurluşy, beýik derejeli ýyldyzlaryň peleklериniň sany we olaryň hereketleri, beýik derejeli ýyldyzlaryň ini, Günüň we Aýyň tutulmagy, Ýeriň umumy gurluşy, Ýeriň yklymlara bölmek usulýeti, kyblanyň ugryny kesgitlemek hakynda özüne çekiji ylmy pikirler, çyzgylaryň we dellileriň üsti bilen beýan edilýär. Alymyň pikirleri soňky döwrüň alymlarynyň ýörelge mekdebine öwrülipdir.

Kitapda gyzykly taglymatlar diýseň köp. Alym: "Aýyň özünde ýagtylyk ýokdur" diýýär. Ýazar Aýa ýagtylygy Günüň berýändigini belleýär. Şu döwrüň okyjylary üçin, alymyň baryp şol wagtlar her sagat 60 bölege bölünýär. Bu bölekleriň her birine (minut) diýilýär. Minut hem öz gezeginde 60 bölege bölünýär, bu bölekler sany (sekunt) diýlip atlandyrylýar. Sekunt hem bölege bölünýär. Ol bölekleriň birine "salisa" (tersiýa) diýilýär diýip, wagt ölçeglerini iň bir ownuk birliklerine çenli kesgitlemegi has-da özüne çekijidir. Şol döwürde Soltan Sanjaryň köşgünde türkmen alymlarynyň ençemesi bolupdyr. Olar ylmyň dürli ugurlary boýunça iş alyp barypdyrlar.

Merkezi Aziýa halklarynyň paýhasyndan bu ýerde tebigaty öwrenmek bilen, şonuň ýaly hem matematika, fizika, astranomiýa, himiýa, lukmançylyk, biologiýa we dürli beýleki ylymlaryň ugurlaryna degişli açyşlar diýseň ýeterlikli bolupdyr.

**Garaşsyzlygyň öň ýanyndaky döwürde Türkmenistanda ylmyň we filosofiýanyň ýagdaýy.** Sowet totalitar düzgüni döwürde ylmyň dürli ugurlarynda bolşy ýaly, sosial – gumanitar ylymlarda şonuň bilen birlikde filosofiýada howaýy kommunistik idealogiýanyň agalyk edendigi, ol ylymlaryň içinden eriş-argaç bolup geçendigi sebäpli bu işde birnäçe kemçilikler, nogsanlyklar göýberildi. Ol nogsanlyklar, ozaly bilen, Türkmenistanyň Sowet imperiýasynyň elagrama çet gyrasy bolmaklygy bilen, şol sebäpli-de onuň ylmy, filosofiýany ösdürmek mümkinçiligi türkmen alymlaryna bagly bolman, SSSR-iň Ylym we tehnika

baradaky döwlet komiteti hem-de SSSR ylymlar akademiýasynyň Prezidiumy tarapyndan çözülýändigi bilen baglanyşykly boldy. Şonuň üçin ylmy işgärleriň, alymlaryň arasynda ýerli ilatyň – türkmen halkynyň wekilleriniň sany tä XX asyryň 60-njy ýyllaryna çenli juda azdy, olary barmak basyp sanaýmalydy.

Jemgyýeti öwreniş ylymlary, ylaýta-da filosofiýa, sosialogiýa barada aýdylanda bolsa, olar boýunça ýazylýan ylmy işleriň içinden howaýy-hyýaly kommunistik idealogiýanyň çäkli, synpylyk, partiýalaýynlyk taglymy eriş-argaç bolup geçýärdi. Hamana, ylym Türkmenistanda diňe sowet döwründe dörediıldi diýip hasap edilýär.

Geçmişde dünýä ylmyna uly goşant goşan ençeme türkmen alymlarynyň, akyldarlarynyň ylmy mirasy öwrenilmeýär diýen ýalydy. Meselem, XI-XII asyrlarda Beýik Seljuk türkmen imperiýasynda we Köneürgenç türkmenleriniň döwletinde ýaşan hem-de dünýä ylmyna we filosofiýasyna önjeýli goşant goşan alymlar Abdyrahman al-Hazynynyň, Owhadeddin Enweriniň, Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň, Mahmyt Zawah şarynyň, Farheddin al-Rozynyň, Muhanmmet ibn Najyp Bekarynyň, Mahmut al-Jagmyny al-Horezminiň we ençeme beýleki alymlaryň atlary tas unudylmaga çenli baryp ýetipdi. Olaryň atlary ýurdumyzyň ilatyna diňe garaşsyzlyk gazananymyzdan soň mälim boldy.

SSSR-iň döwründe filosofiýa, sosoiologiýa ylymlarynyň ýagdaýy öwerli däldi. Türkmenistanda filosofiýa boýunça ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlaýan hiç hili okuw mekdebi ýokdy. Merkezi ýokary okuw mekdeplerine girip okaýanlaryň sany bolsa hatda XX asyryň 60-njy 70-nji ýyllarynda-da ujypsyzja, az sanlydy. Şol sebäpli, filosofiýa boýunça ylmy işgärler ýokary bilimli taryhçy, edebiýatçy we beýleki hünärleriň hasabyna taýýarlandy. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda ülkede filosofiýa ylymlarynyň 1 doktary we ylymlaryň kandidatlarynyň 4-si işleýärdi.

Ýurtda filosofiýa boýunça ylmy barlaglaryň alnyp barylmagynda 1951-nji ýylda Ylymlar akdemiýasynyň

düzüminde filosofiýa bölümçesiniň, soňra onuň esasynda 1959-njy ýylda filosofiýa we hukuk döredilmegi, ýokary okuw mekdeplerinde 1950-1960-njy ýyllarda filosofiýa kafedralarynyň açylmagy möhüm ähmiýete eýe boldy.

Bu ýagdaý Türkmenistan döwletiniň durmuşynyň dürli ugurlary boýunça düýpli işleri alyp barmaklyga has real mümkinçilikler berdi. Eýýäm 1981-nji ýylda 120 filosof, şol sanda 4 ylymlaryň doktory we 60 sany ylymlaryň kandidatlary jemgyýetçilik sosial-syýasy ugurlary boýunça ylmy işleri alyp bardylar. Ol alymlardan G. Akmyradowy, H. Bekmyradowy, G. Mülliýewi, T. Hydyrowy, G.B. Akinyýazowy, Ý. Hojaýewi, N. Kullyýewi, N. Baýramsähedowy we beýlekileri bellemek ýerliklidir. Olaryň ylmy işleri ylmyň dürli ugurlary etika, estetika, filosofiýanyň taryhy bilen baglanyşykda bolan jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşy bilen dahylly işler hasaplanylýar.

Sowet döwründe Türkmenistan döwleti üçin ylmy kadrlary taýýarlamakda we ylmy işleri alyp barmakda doganlyk respublikalaryň ylmy merkezlerinde we olaryň ýokary okuw jaýlarynda türkmen milli ylmy işgärlerini taýýarlamakda olaryň goşan goşandy diýseň ýokarydyr.

Hakykatdan hem TSSR-de, onuň ilkinji ýyllarynda syýasy-jemgyýetçilik ylymlary boýunça iş alyp barmak üçin heniz ýeterlik baza ýokdy. Şol zerarly jemgyýetçilik ylymlary boýunça hatda hünärmenleri taýýarlamak üçin dürli beýleki doganlyk respublikalaryň ýokary okuw jaýlarynda okamaly bolýarlar. Meselem, akademik G. O. Çaryýew Moskwanyň Lomonosow adyndaky uniwersitetiň filosofiýa fakultetinde ýokary bilim alýar. Ol soňra filosofiýa ylmy boýunça ýokary derejeli alym bolup ýetişýär. Doganlyk respublikalaryň alymlarynyň türkmen ylmynyň ösdürilmeginde goşan goşantlaryny ýatdan çykmak mümkin däl.

Garaşsyzlygyň öň ýanyndaky döwürde, ýagny sowet düzgüniň agalyk eden döwründe Türkmenistanda ylmy barlaglaryň ýagdaýynda uly nogsanlyklaryň, kemçilikleriň bolmagy bilen birlikde, jemgyýetiň ösüşi, halkyň durmuşynyň

oňatlaşmagy üçin belli bir peýdaly, oňyn netijeleriň hem gazanylandygyny aýtmak gerek.

**Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe Türkmenistanda filosofiýany ösdürmäge gönükdirilen çäreler.** Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda 2007-nji ýyldan başlap ylma, şeýle hem jemgyýetçilik ylymlaryna degişli bolan ylmy işleri alyp barmaklyk ýola goýuldy.

2008-2009 okuw ýyllarynda ýokary okuw mekdeplerine filosofiýanyň, sosiologiýanyň syýasaty öwreniş, ykdysadyýetiň teoriýasynyň okuw sapaklary bolup girizilmegi, ýaş alymlary taýýarlamak üçin aspiranturanyň we doktoranturanyň dikeldilmegi, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň açylmagy bolsa jemgyýetiň dürli ugurlary bilen baglanyşykly ylmy işleri alyp barmaga itergi berdi.

XXI asyr adamzat jemgyýeti üçin bir giden global meseleleri ýüze çykardy. Özi hem bu meseleleriň çalt çözgüdini tapmak bilen baglanyşykly meseleler durmuşyň dürli ugurlarynda döreýär. Bu meselelere filosofik analiz bermek we olaryň düýpli sebäplerini ýüze çykarmak häzirki zaman filosof alymlar üçin garagoýulmasyzdyr. Dünýä derejesinde ekologik mesele umumy adamzat üçin şu günüň çözgüdini tapmaly meselesidir. Daşky gurşawy goramak, oňa hemaýat etmek, adamzadyň ýaşaýşynyň geljegini kesgitlejek faktor bolup durýar.

Dünýä ylmy bu hadysalardan çetde durup bilmez. Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda dünýäniň global meselelerinden çetde durmaýar. Munuň subutnamasy hökmünde global energitika howpsyzlygynyň umumy adamzat üçin zerur bir mesele bolup durýanlygy zerarly Aşgabatda 2009-nji ýylda ýokary derejedäki “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty” atly halkara maslahaty geçirildi. Onda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň sözlän sözünde şeýle bellenilýär, elbetde, biziň başlangyjymyz tarapdan döremedi.

Ol dünýädäki umumy ýagdaýlaryň, dürli faktorlaryň oňa ýetirýän täsiriniň çuňňur we obýektiw seljerilmeginiň, şol sanda energetika boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň, onuň ösüş boýunça umumy maksatlara ýetmekde perspektiwalara, şonda ýurdumyzyň diňe bir energetika çig mala uly möçberlerde däl-de, eýsem beýlekiler bilen birlikde adamzat siwilizasiýasynyň ykbalyna jogap berýän döwlet hökmündäki ähmiýetine we orna baha bermegiň netijesine öwrüldi. Biz şu başlangyç bilen çykyş edip, häzirki zaman halkara gatnaşyklaryna konstruktiw çözgütleriň tapylmagyna gönükdirilen yzgiderli proses hökmünde garalmagyna, şol gatnaşyklaryň subýektiwleriniň dar praktisizmiň, gysga wagtlaýyn peýda gazanmaga çalyşmagyň çäklerinden çykyp, şu meselä bütindünýä derejesindäki ýagdaýlar bilen baglylykda has giňişleýin garamaga ukyplylygyna bil bagladyk diýip, bellemegi bu meseläniň geosyýasy manysyny görkezdi.

Türkmenistan döwleti halkara derejesinde geçirilýän we öňe sürülýän çäreleri göniden-göni milli we umumy adamzat bähbidini bir bitewilikde alyp barýar. Bu zatlaryň ählisi häzirki zaman türkmen jemgyýetinde şu günki günüň möhüm filosofik meslelesi bolup durýar. Dünýä bir ýeket-täk, ondaky bar bolan global meseleler diňe bir ýeke-täk döwlet üçin bolman, ol bütin adamzada degişlidir.

Dünýä derejesinde döreýän umumy adamzat üçin gaýragoýulmasyz çözgüdini tapmak baradaky meselede Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýdanlary umumy adamzadyň geljegi üçin biziň ýurdumyzyň ilkinji bolup çykyş edýändiginiň subutnamasydyr.

## Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary.

**Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary.** Häzirki zaman filosofiýasy diýlende XX asyrda

esaslandyrylan şu wagt ösdürilen filosofiýa göz öňüne tutulýar.

XX asyrda jemgyýet durnukly ösüp, ylaýta-da ykdysadyýetde uly üstünlikler gazanyldy. Iki sany jahan uruş bolup geçdi. Şu zatlar dünýäde global meseleleriň ýüze çykmagyna getirdi. Elbetde şu ýagdaýlar, häzirki zaman filosofiýasyny krizisden çykmagyň ýolyny gözlemäge mejbur etdi.

XIX asyryň ortalarynda emele gelen filosofiýa klassiki filosofiýa diýilýär. Ol filosofiýa teoretiki pikiri ösdürdi. Klassiki filosofiýanyň aýratynlygy, onuň adamyň aňyna, ukybyna uly ynam bildirip, rasional (pikiri aňyň çeşmesi hasaplaýar) akyl ýetiriş, ylmy adamzadyň öňünde keserip duran meseleleri gözlemeklige mümkinçilik döreder diýen ynama esaslanypdyrlar.

Klassiki filosofiýanyň aýratynlygy ol adamy we taryhy öwrenip, azatlyk, gumanistik meselelere ünüs berip, umumy adamzat maral pikirlerin posianal alyp ýetirmelidigine uly ünüs berdi.

XX asyryň filosofiýasyna köp ugurlar mahsusdyr. Neotomizm (düşündiriji), ekzistensionalizm (ýaşaýyş filosofiýasy) neozitiwizm (filosofiýany pretmetiki inkär edýär) neofreýdizm (ishologiki ugur) neotomizm (täze tomizm) personalizm, pragmatizm strukturalizm, Fenomologiýa, antropolgiýa XX asyryň filosofiýasy bütin dünýä filosofiýasyna öwrüldi.

Personalizm – şahs

Pragmatizm – peýdaly hereket

Strukturalizm – gurluşyny öwrenmek

Fenomologiýa – hadysa baradaky ylym

Antropologiýa – adamlar baradaky ylym.

Häzirki zaman filosofiýasy rosianal akyl ýetirmekden ýüz öwrüp irrosinal (aňsyz, akyla sygmaýan) akyl ýetirmeklige ünüs berýär. Rosianal akyl ýetirmeklige, ynamy instinkiti garşy goýýar irrosionalizm XIX asyrda emele geldi; XX asyrda ol agalyk ediýän garaýyşa öwrülip

pikirlenmek filosofiýasyny ýaşaýyş filosofiýasy bilen çalyşýar.

XX asyr filosofiýasyna antropolgiki taglymat (adam baradaky taglymat) häsiýetlidir. Ol adamy hemme zadyň ölçegi hasaplanýar.

XX asyr filosofiýasynda ylma bolan gapma-garşy garşylyklar emele geldi, ýa-da bilim, ylym we antisentizm. Sientizm (bilim ylym) adama ýol görkezýän ylym diýip hasaplapdyr. Antisientizm ylmyň çäklenmegini ykrar edip ylmy-tehniki ösüşe zyýan ýetiriji hasaplaýar.

XX asyr filosofiýasynda dini garaýyşlar ösdi. Emma dini filosofiýanyň çäginde-de adamzat medeniýetine täsir edýän taglymatlar ösüp başlady.

XX asyr filosofiýasynyň ugurlary Marksizimiň filosofiýasyny tankytlamak bilen meşgul bolupdylar. Çünki Markistik filosofiýa jemgyýetiň idalogiýasyna we syýastyna öwrüldi. Filosofiýanyň meselelerini gözlemekden öňürti biri-birini tankyt etmek bilen meşgullandylar. Şeýlelikde XX asyr filosofiýasy idealogiýanyň tebigat ylmynyň, hatda ylmyň täsirinden çykmaga dalaş edipdirler. XX asyr filosofiýasynyň köp alymlarynyň içinde irrosional, gumanistik, dini akymlar filosofiýanyň ösüşini häsiýetlendirýär. Häzirki zaman filosofiýasyna irrosanal – gumanistik ugur häsiýetlidir.

Bu ugur XIX asyr bilen XX asyryň çatrygynda emele geldi. Esaslandyryjy A. Şopengauer (1788-1860) ol dünýäde aň uly rol oýnanok esasy dünýä meselelerini adam tarapyndan gözlemän, taryha göz ýetirmeli. Soňra bu alym filosofiýanyň garyşmagyndan häkimiýete bolan Erk ady bilen ösdürilýär. Ýaşaýyş materiýa bilen ruhyň bölünşigi hasaplanýar. Akyl we aň ikinji derejeli bolup harasatlardan goranmak üçin gerek diýýiýärler. Hemme hereketleriň ýaşaýyşy aňsyz hereket diýýär. Ol hökümdarlyk erkini dünýäniň kanuny hasaplap täsir etmäge we agalyk etmäge ymtylmaýar diýip tasyklaýar. Dünýä wezipe üçin garşy göreş iň, beýlekiden artykmaçlyga ymtylmagyň meýdanydyr. Wezipeparazlyk hemme adamlara mahsusdyr. Ýöne bir adamda köp, başga adamda azdyr

diýýär. Adamlar wezipe üçin hereket edýärler. Adalatsyzlyk we ezmeklik tebigy zatdyr. Ideany hristiýan dininiň garşysyna öňe sürüpdir. Öz gezeginde bu ideany Faşistler ulanypdyrlar.

Ýaşaýyş filosofiýasynda ruhy düşündiriş bolmaýar. Ýaşaýyşa akyl ýetirip bolanok, diňe ýakynlaşyp bolýar diýýär. Zemininiň ýaşaýyş ölüm bilen göreşdirýär. Şkengir üçin ýaşaýyş ykbaldyr medeniýetiň şahasydyr.

**Döremeklik ewelýusiýa konsepsiýasy.** Bu ugry esaslandyran Fransuz alymy Begson. Ol ýaşaýyşy danap zat hökmünde däl-de döretmekçi proses. Materiýa durmuşyň hil başlangyjydyr, ol ýaşaýyşa garaşlydyr diýip tassyklaýar. Adam dörediji jandardyr, intuisiýa gös-göni hakykaty synlamakdyr. Intuisiýa pikirlenmäge esaslandylar. Emele gelmek, predmetiň intum mazmunyna aralaşmakdan ýüze çykýar. Begrson intuisiýanyň ruhuň ýaşaýyşynyň esasy hasaplaýar. Filosofiýanyň wezipesi adamlaryň intuiýasyny ösdürmäge kömek etmelidir. Fenomologiýa esaslandyryjy Tusserl Fenomen bu ýüze çykýan zatlarydyr. Fenomon duýgyny kabul etmegi, göz öňüne getirmegi we pikiri öz içine alýar diýýär. Ýöne arassa aň abstragirlenen aňdyr. Gusdil ideallaşdyrmak ekzistentizm bu akym XIX asyryň ortasynda Kerekor tarapyndan esaslandyryldy XX asyryň 20-nji ýylynda ekzistensiýa adamyň ýaşaýyşy diýen düşünjäni ösdürdi. Akyl ýetirmegiň pretmeti garaşsyz dünýä dälde iki dünýäsidir diýip hasaplaýar. Ekzitensializmiň esasy wezipesi adam ýaşaýşynyň mazmunyny açyp görkezmekdir diýip hasaplaýar.

Ýaşaýyş problemasy eksistensiýanyň ýaşaýyşyň esasly düýp adam ykbalynyň gaýtalanmaýan mazmunyny aňladýar. Ekzistensiýa adam ýaşaýyşynyň mümkinçilklerini görkezýär. Ol adamyň saýlap alyp bilmekligini ündeýär. Adamyň we dünýäniň durmuşy baradaky mesele; klassiki filosofiýa adamyň durmuşyny obýektiwligini ykrar etse adamy we onuň durmuşynyň esasy edip goýýar. Adamyň islegini kesgitläp obýektiw hakykaty estetiki hakykata öwürýär. Azatlygy adamyň nämäni saýlap almagy bilen baglaýar. Oňa saýlanan

azatlygy hökmünde garalýar. Meselem gul hem azat bolup biler, eger-de gul özüni azat hasaplaýan bolsa Adam özüniň dünýä bolan garaýyşlaryny üýtgetmelidir. XX asyrda pisihologiki filosofiýada ýa-da freýdizm akymy emele geldi. Bu akym fiziki Freýdiň ady bilen baglydyr. Ol pisihi analizi bilen we şowhun esasynda adamyň subýektiw ýaşaýşyny öňe sürýär. Aňsyz islegi aýal bilen erkegiň gatnaşmagynda öňe sürüp oňa kesgitleýji zat hökmünde garaýar. Freýdiň garaýşyny analiz edip täze Freýdizm akymy emele getirýär. From Freýdiň sosial pessimizminiň we biologiýazimi takyk edip psihki analiz sosial filosfiýa öwürýär. Fromm Markizmi psihologiýa bilen baýlaşdyrjak bolýar.

Häzirki zaman filosofiýasynyň pozitiwistik meselesi. XX asyrda postiwizm esaslandyran Fransuz alymy Kont. Ol dünýä akyl ýetirmek duýgusyny, adamyň tejribesini öwrenmekden başlanýar diýip hasap edýär.

XIX asyryň ikinji ýarymynda şwesar fizigi Mahyň ady bilen bagly pozitiwizmiň ikinji etaby başlaýar. Eger birinji etapdaky potzitiwizm filosofiýany jemleýji ylym hasaplan bolsa, ikinji poztiwizm filosofiýany akyl, ýetirmäge syrykdyrdy. Poztiwizmiň esasy manysy onuň duýgusyny öwrenmekdir, başga hemme zatlar duýgynyň belligidir diýip tassyklaýar. XX asyrda täze pozitiwizm (neopozitiwiwizim) emele gelip ol logiki pozitiwizmi Semantiki poztiwizm öz içine alýar. Logiki pozitiwizm filosfiýada ýörite ylmy-bilmi tertipleşdirmegi ündeýär. Semastiki pozitiwizm diňe dili aňsyz etmek bilen çäklendirýär.

**Häzirki zaman filosofiýasy.** Häzirki zaman dini filosofiýanyň esasy akymy Tomus Marksyň ady bilen bagly neopozitiwizm akymydyr. Neopotiwizmiň esasy meselesi ynam bilen akylyň ylalaşygydyr. Emma şonuň bilen birlikde akylyň ynama garyşlydygyny tassyklaýarlar. Olar filosofiýanyň köp meselelerini hudaý bilen baglanyşdyrýarlar. Eger dünýäde hereket edýän zatlar ýaşaýan bolsa, onda ilkinji itergini hudaý berendir, eger hemme zatlar sebäp

netijesinde emele gelýän bolsa ilkinji sebäbi hudaý döredendir diýip tassyklaýarlar.

Häzirki zaman dini filosofiýa ylmyň gazanan üstünliklerini peýdalanyp öz garşylyklaryny esaslandyrjak bolýarlar, ylym bilen aňyň birleşmegini ündeýärler. Jemgyýeti guramagynyň esasyny ideadan gözläp üýtgemekden gözleýärler.

Häzirki zaman dini filosofiýa adamyň jemgyýetiň merkezinde durýan, esasy meselesini gözleýän adam diýip tassyklaýar. Ylym bilen dini ýakynlaşdyrmak häsiýetine elter. Medeniýetiň adamsöýüjilik taglymatlaryny ösdürmmkeligi ündeýrler. Jemgyýetiň ösüşini tizleşdirmäge kömek etmegi tassyklaýarlar. Türkmenistan ýurdumyzda kanun boýunça din döwletden, döwlet dinden aýrylypdyr. Ýöne her bir adam öz garşysyny saýlap almaga hukugy bar. Türkmenistan dini garaýyşlara sazlaşdyrmaga kömek edýär. Biziň ýurdumyzda yslam dini türkmeniň däp-dessurlary bilen ýakynlaşyp, däp-dessurlar görnüşinde halkyň arasynda ýaýrapdyr. Häzirki zaman yslam dininiň aýratynlygy dünýewi meselelere üns çekýänligidir we adamlary terbiýelemäklige kömek edýär. Neopozitizmiň esasy wezipesi hudaýyň barlygyna ynanmak we esaslandyrmagydyr.

Marksistik filosofiýa. Adamzadyň 150 ýyl ykbalyna uly täsir etdiren Markisistetik filosfiýa 19-njy asyryň 40-njy ýyllarynda K. Marks we F. Englis tarapyndan işlenip düzüldi. Markisistik filosofiýanyň ýüze çykmagynyň ykdysady syýasy we tebigy esaslary şol döwürde emele gelipdi. XVIII–XIX sosial ykdysady esas bolup kapitalizmiň ösmegi hasaplanýar. Şol döwürde maşyn gurluşygy amala aşyrylýar we şol sebäpli senagat proletariaty emele getirlipdir. Işçileriň syýasy meýdana çykmagy şeýlelikde işçileriň syýasy hereketi ylmy teoriýany talap edýär. Şonuň ýaly ylmy teoriýa hökmünde Marksizm emele gelýär.

Tebigy ylmy şertler a) esasy bolup şol döwürde 3 kanun hyzmat edýär. Olar energiýanyň saklamak we öwdürmek kanuny. Bu kanun materiýanyň we hereketiň emele gelmän

we ýok bolman, bakylygy baradaky filosofiýa taglymatyny esaslandyrdy. Janly tebigatyň ösümlik, haýwanat öýjüklerden ybaratdygynyň açmagy bu kanun hemme janly tebigatyň birligi onuň öýjüklerden düzülendigi diýen filosofiki taglymaty ylmy esasda tassyklady.

Darwiniň eweliosiýon teoriýasy bolsa janly tebigatyň üznüksiz ösüşiniň esasynda adamyň emele gelmeginiň filosofiki kanunalaýyklygyny tassyklaýar tebigy ylymlaryň gazanan üstünlikleri K. Marks, F.Engels tankydy göz bilen seredip, Gegeliň dialistikasyny ösüş baradaky ylma öwürdiler. Feýberbahyň antrologiki materializmini täzeden işlediler.

2-nji çeşme bolup iňlis syýasy ykdysadyýeti hyzmat edip K.Marks gaýtadan işläp, kantitalizimiň ösüşiniň kanunalaýykdygyny esaslandyrdylar.

3-nji çeşme bolup Fransuz sosial upitinistleri senflosofu Furunynyň işlerini gaýtadan işläp sosoializm ideýasyny ösdürdiler. Markisistik filosofiýanyň aýratynlygy onuň dialektiki materiýalizmi işläp düzmekdedir. Gegel dialektikasyny K. Marks. F. Engils bize garaşsyz dünýäniň ösüş kanunyna öwürdiler.

# Edebiýatlar


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. 1 tom. –Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy Wakalaryň senenamasy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze Galkynyş we beýik özgerişler syýasatynyň üstünlikleri. (Halkara maslahatda çykyşlaryň ýygyndysy). – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008, 1tom.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap.– Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009, 2 tom.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme

mejlisinde sözlän sözi (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2009.
12. Stepin W.S Filosofiýa nauki. Obşie problemy. – M., 2007.
13. Filosofiýa. – M. Gardariki, 2007.
14. Spirkin A. G. Filosofiýa. – M., Gardariki, 2008.

**Mazmuny.**

**I. Filosofiýa we onuň jemgyýetiň hem-de adamyň ýaşaýyş durmuşyndaky orny we ähmiýeti.**

1. Filosofiýanyň predmeti we onuň ylmy bilimler sistemasyndaky orny..................................8-11
2. Filosofiýa we dünýägaraýyş..................................11-13
3. Filosofiýanyň esasy meselesi we onuň iki tarapy..13-16

**II. Barlyk hakynda taglymat.**

1. Barlyk hemme zady öz içine alýan reallyk hökmünde.................................................17-17
2. Barlyk kategoriýasyna taryhy taýdan aň ýetirilişi..17-21
3. Men barlyk.......................................................21-22
4. Dialektika we metafizika barada umumy düşünje...23-24
5. Metafiziki metodologiýanyň häsiýetli alamatlary.....24-26
6. Dialektiki metodynyň häsiýetli alamatlary .............26-29
7. Materiýa barada düşünje…………………………...30-36
8. Hereket we onuň esasy formalary…….…………36-38
9. Giňişlik we wagt, olaryň hereket edýän materiýa bilen özara baglanyşyklary……………..38-41
10. Ýekeleýin, aýratyn, umumy kategoriýasy………....41-43
11. Sebäp we netije……………………………….....44-45
12. Mazmun we forma………………………………46-47
13. Düýp mazmun we hadysa……………………….47-49
14. Zerurlyk we tötänlik……………………………….49-50
15. Mümkinlik we hakykat…………………………..….51-53
16. Gapma-garşylyklaryň birligi we göreş kanuny…...54-58
17. Mukdar we hil üýtgemeleriniň biri-birine geçişi…58-65
18. Inkär etmäni inkär etmek kanuny…………………65-70

**III. Adam we onuň dünýädäki barlygy.**

1. Adam hakynda umumy düşünje............................71-72
2. Adam we adamzat. Häziriki zaman adamysyna degişli alamatlar.................................73-74
3. Adam we şahsyýet, şahsyýet we onuň ösüşindäki meseleler..................................74-78

**IV. Ruh, aň we paýhas.**
1. Ruh hakynda umumy düşünje. Jan we ten, olaryň birligi. Ruh we ruhy gymmatlyklar…………………………..78-81
2. Aň we onuň düýp manysy………………………81-86
3. Dil, söz we pikirlenme…………………………..86-88

**V. Akyl ýetiriş teoriýasy**.
1. Akyl ýetirişiň teoriýasyna umumy garaýyş...........88-91
2. Akyl ýetirişiň mümkinçilikleri. Optimizm skeptisizm, agnostisizm.......................91-93
3. Akyl ýetirişiň subýekti we obýekti.......................93-95
4. Akyl ýetirişde praktikanyň ähmiýeti....................95-97
5. Akyl ýetirişde bilmekligiň içki logikasy………97-98
6. Hakykylyk, onuň obýektiwligi we düýp mazmuny…………………………………...98-99
7. Hakykat, ýalňyşmaklyk we ýalan…..…………99-100
8. Otnositel we obsolýut hakykat…………………100-102
9. Empiriki akyl ýetiriş…………………………102-109
10. Teoretiki akyl ýetiriş……………………….....109-114
11. Ylmyň strukturasy (düzümi) we derejeleri.....115-117
12. Ylmy bilimleri bir bitewilige birleşdirýän esaslar.......................................117-121
13. Ylmy usul (metod) we metodologiýa düşünjeleri.....................................................121-124
14. Akyl ýetirişiň umumy ylmy metodlary we çemeleşmeleri...........................125-129
15. Ylmy barlaglaryň hususy ylmy we pudaklarara ylmy metodlary...........................129-133

**VI. Sosial filosofiýa we onuň düzümi. Adam, jemgyýet we tebigat**
1. Sosial we taryhy filosofiýasynyň döreýşi...........133-136
2. Sosial filosofiýanyň esasy meselesi....................136-143

**VII. Ykdysady filosofiýa.**
1. Jemgyýetiň ykdysady ulgamy we onuň filosofik mazmuny.............................144-144
2. Önümçilik usuly jemgyýetiň

ýaşaýşynyň maddy esasydyr...............................144-149
3. Eýeçilik we şahsyýetiň öz-özüni ykrar etdirmegi.................................................149-153
**VIII. Syýasy filosofiýa.**
1. Syýasat düşünje we hukuk gymmatlygy...........154-155
2. Döwletiň düýp mazmuny.................................155-156
3. Demokratik jemgyýetiň syýasy gurluşy............156-158
4. Demokratik däl syýasy düzgünler.....................158-159
**IX. Jemgyýet we adamzat. Millet we maşgala.**
1. Jemgyýet we bileleşik.....................................159-161
2. Jemgyýet we jemgyýetçilik gatnaşyklary, jemgyýetiň ýaşaýyşynyň esasy şertleri..........161-164
3. Jemgyýetiň sosial gurluşy...............................164-167
4. Halkyýet we millet düşünjeleriniň düýp manysy. Millet, millilik, milletçilik düşünjeleri......................................167-171
5. Söýgi, nika, maşgala we olaryň özara baglanyşygy..........................................172-174
6. Häzirki zaman dünýäsi we demografik mesele............................................................174-176
**X. Jemgyýetiň ruhy-medeni durmuşy.**
1. Jemgyýetçilik aňynyň düýp mazmuny we manysy.......................................................176-179
2. Jemgyýetçilik aňynyň düzümi..........................179-183
3. Jemgyýetçilik aňynyň görnüşleri....................183-186
**XI. Halk köpçüliginiň we şahsyýetiň taryhdaky roly. Taryhyň manysy we taryhy progres ideasy.**
1. Halk taryhy esasy dörediji güýç hökmünde.......186-190
2. Mähelle we onuň psihologiýasy.......................190-192
3. Taryhda şahsyýetiň orny.................................192-194
4. Taryhyň manysy we taryhy progres hakynda....194-200
**XII. Filosofiýanyň ösüş taryhy.**
1. Gadymy filosofiýa. Irki ellinizm filosofiýasy..200-207
2. Orta asyr filosofiýasy. Täzeden döreýiş döwrüniň filosofiýasy…………………………………207-209
3. XVII-XVIII asyrlarda Günbatar

Ýewropa filosofiýasy......................................209-213
4. Nemes klassik filosofiýasy.
Marksistik filosofiýa.......................................213-217
5. Gündogar filosofiýasynyň taryhy
kökleri we olara goýulýan sarpa………………217-224
6. Garaşsyzlygyň öň ýanyndaky döwürde
Türkmenistanda ylmyň we filosofiýanyň
ýagdaýy………………………………………..224-227
7. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe Türkmenistanda filosofiýany ösdürmäge gönükdirilen çäreler. ………………………………………..227-228
**XIII. Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary.**
1. Häzirki zaman filosofiýasynyň esasy ugurlary..228-232
2. Häzirki zaman filosofiýasy..............................232-234